**B. Meredow**

# MÜNGI ATLARYNYŇ SEÝISLENILIŞI WE SYNAG EDILIŞI

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby

*Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi*

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2017

UOK 636.1+798:378
M 41

**Meredow B.**
**M 41** **Müngi atlarynyň seýislenilişi we synag edilişi.** Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2017.

Atlary seýislemegiň, aýlawlarda synag etmegiň – çapdyrmagyň, netijede, ýyndam, güýçli we berk bedenli, türkmen atyna mahsus bolan häsiýetli, owadan atlary köpeltmek üçin seçip almagyň uly ähmiýeti bardyr. Seýislenen atyň syna-sypaty gowulaşýar, ýyndamlyk we beýleki gowy häsiýetleri ýüze çykýar. Bu bolsa atlaryň tohumyny yzygiderli kämilleşdirmäge mümkinçilik berýär. Okuw kitabynda bu barada täsirli gürrüň edilýär.

TDKP № 224, 2017 KBK 46.11 ýa73

© B. Meredow, 2017.



**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI**
**GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

# TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*

Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

# GIRIŞ

Ahalteke tohum atlary türkmen halkynyň milli mirasy, guwanjy, Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimiziň baýlygy bolup durýar. Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ahalteke we ýomut tohum atlary, türkmen atçylyk we seýisçilik sungaty täzeden dikeldildi. Ahalteke atlaryna bolan halkara islegiň artmagy türkmen at çapyşyklarynyň, at üstündäki milli oýunlarynyň, türkmen seýisçilik sungatynyň halkara derejesine çykmagyny talap edýär. Munuň özi türkmen atçylyk sungatynyň taryhyny, gadymdan gelýän türkmen seýisçilik ýollaryny öwrenmegi, ahalteke we ýomut atlaryny häzirkizaman ylmy jähtden dogry we maksadalaýyk seýislemegiň ýollaryny, usullaryny, olary köpeltmegiň we seýislemegiň, synag çapuwlaryny guramagyň we geçirmegiň öňdebaryjy tehnologiýalaryny türkmen atçylygynyň iş tejribesine ornaşdyrmagy talap edýär.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow «Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz» diýen kitabynda: «Biz özümize we öz döwletimize berk ynanýarys, bu ynam öz köklerini turkmen taryhynyň berekedinden we sahylygyndan, dünýäni aňk ediji hadysany – adam bilen atyň jana-jan dostlugyny döretmegiň hötdesinden gelen pederlermiziň pähim-paýhasyndan alyp gaýdýar. Sazlaşyk milli medeniýetimizde, şonuň ýaly-da dünýä medeniýetinde seýrek duş gelýän hadysa hökmünde özüniň öwrenilmegine garaşýar... Gadymy türkmen topragyna XXI asyrda gelen täze Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe ahalteke bedewi Türkmenistanyň dünýäniň arenasynda tutýan mynasyp ornuna we abraýyna laýyk gelýän hormat münberine çykýar» diýip, örän ýerlikli belleýär.

At we atçylyk türkmeniň geçmiş taryhynda ata Watanyny keseki basybalyjylardan gorap saklamakda, halkyň gündelik ýaşaýyş hem-de

hojalyk durmuşynda bahasyna ýetip bolmajak öňdebaryjy ýokary tizlikli harby we hojalyk ulag serişdesi bolup hyzmat edipdir.

Türkmenler öz döwründe kämil at tohumyny döretmegiň, atlary saklamagyň we köpeltmegiň, taýlary ösdürip ýetişdirmegiň, olary harby işlerde ulanmagyň, seýislemegiň we toýda-tomaşada at çapdyrmagyň tilsimlerini dünýä halklarynyň arasynda ilkinji bolup gowy bilipdirler. Atly ýörişler, at çapyşyklary, milli at üstündäki oýunlary, at eýer-esbaplary gadymy döwürlerde türkmenlerde ilki döräp, soňra dünýäniň beýleki ýurtlaryna-da ýaýrapdyr we dünýä belli türkmen atçylyk medeniýetini döredipdir.

At münmek, at çapmak ugurtapyjylygy, çalasynlygy, öz-özüňe erk etmegi, edermenligi we watansöýüjiligi terbiýeleýär, ynsana beden saglygyny gorap saklamaga kömek edýär. At münmek taýýarlygy Watan goragçylaryna, serhetçi esgerlere-de gerekdir. At bilen ysnyşykly aragatnaşykda bolmak bolsa, adamlarda ata bolan ýakyn duýgyny oýandyrýar. Häzirki döwürde atly syýahat, gezelençler etmek medeniýetli dynç almagyň bir görnüşidir.

Türkmenistanda ahalteke we ýomut tohum atçylygyna döwlet derejesinde ähmiýet bermek we bu ugurda işleri bir ýere jemlemek maksady bilen 1990-njy ýylyň noýabr aýynyň 26-synda Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen «Türkmen atlary» döwlet birleşigi döredildi. Birleşik ahalteke we ýomut atlarynyň doly tohumçylyk hasabatyny ýöredýär, seçgi-tohumçylyk işlerini alyp barýar, ahalteke we ýomut tohum atlarynyň Döwlet tohumçylyk kitaplaryny neşir edýär, atçylyk boýunça işleýän halkara guramalary bilen gatnaşyk saklaýar, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmenistanda atçylygy ösdürmek baradaky Kararlary boýunça atçylyga degişli bitewi döwlet syýasaty ýöredilýär.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň hut özi «Türkmen atlary» döwlet birleşiginiň meselelerini hemişe gözegçilikde saklaýar, ahalteke we ýomut tohum atçylygyny ösdürmäge, türkmen at çapyşyklarynyň, atçylyk sportunyň, milli at üstündäki oýunlarynyň, Türkmen atly sirkiniň halkara derejesine çykmagyna uly goldaw, hemaýat berýär.

Türkmen halkynyň taryhynda we milli medeniýetinde ahalteke we ýomut atlarynyň ägirt uly ähmiýetini göz öňünde tutup, Türkmenistanyň Prezidentiniň 1992-nji ýylyň fewral aýynyň 13-ündäki «Türkmenistanyň baýramçylyklary we däpleri» (№ 302) Karary bilen aprel aýynyň soňky dynç güni Türkmen bedewiniň güni diýlip yglan edildi. Bedew baýramçylygy her ýyl ýurdumyzda köpsanly dostlukly ýurtlardan myhmanlaryň gatnaşmaklarynda atly-sport ýaryşlary we aýdym-sazly şowhunly, uly dabara bilen bellenip geçilýär. Türkmen bedewiniň güni halkymyzyň milli baýramçylygyna öwrüldi.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň aladalary bilen Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe öňdebaryjy tehnologiýalar ornaşdyrylan we täzeden düýbi tutulan türkmen atçylygyny ähli welaýatlarda ösdürmäge, halkara ýaryşlara we atly dabaralara gatnaşmaga, şonuň ýaly-da milli at çapyşyklarymyzyň, milli at üstündäki oýunlarymyzyň bezegi bolan bedew atlarymyzyň şan-şöhratyny bütin dünýä giňden ýaýmaga ak ýol açyldy.

Türkmenistanda arassa ganly ahalteke we ýomut tohum atçylygyny ösdürmegiň meseleleri we geljegi «Türkmenistany durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň 2001 – 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Baş ugry milli Maksatnamasy» bilen kesgitlenendir. Milli Maksatnamada Garaşsyz döwletimizde 2020-nji ýyla çenli atlaryň umumy baş sanyny, şol sanda ahalteke we ýomut tohum atlarynyň baş sanyny köpeltmek, atlaryň hilini gowulandyrmak üçin seçgi-tohumçylyk işlerini döwrebap kämilleşdirmek, ösdürim taýlary, çapuw we sport atlaryny ösdürip ýetişdirmegiň öňdebaryjy tehnologiýalaryny önümçilige ornaşdyrmak, atlary halkara eksporta – bazara çykarmagyň, halkara atçylyk sporty ýaryşlaryna we at çapyşyklaryna seýisläp taýýarlamagyň ylmy nukdaýnazardan esaslandyrylan öňdebaryjy usulyýetlerini we tilsimlerini täze gurulýan we hereket edýän atçylyk sport toplumlaryna giňden ornaşdyrmak göz öňünde tutulýar.

Atşynas hünärmenleriň mertebesini saklamak, abraýyny galdyrmak üçin atçylygy ösdürmekde ýokary netijeliligi gazanan seýislere, atşynaslara Türkmenistanyň Prezidentiniň Permanlary bilen «Türkmenistanyň at gazanan atşynasy», «Türkmenistanyň halk atşynasy» diýen hormatly atlar dakylýar.

Dürli ýyllarda «Türkmenistanyň at gazanan atşynasy» diýen Hormatly ada mynasyp bolan seýisleriň, atşynaslaryň sanawy aşakda getirilýär:

1. Kiçiýew Annaguly – S.A.Nyýazow adyndaky ahalteke atçylyk athanasynyň seýsi;

2. Atamyradow Orazgeldi – Ruhabat etrabynyň Garadaşaýak obasynyň seýsi;

3. Kowusow Bajam – Gökdepe etrabynyň Babarap obasynyň atbakary;

4.Taýmazow Babaly – S.A. Nyýazow adyndaky ahalteke atçylyk athanasynyň seýsi;

5.Taýmazow Taýly – S.A. Nyýazow adyndaky ahalteke atçylyk athanasynyň seýsi;

6. Annalyýew Geldimämmet – Gökdepe etrabynyň Ahal obasynyň seýsi;

7. Galandarow Mirjan – Gubadag etrabynyň Amyderýa obasynyň seýsi;

8. Meredow Bazarbaý – «Türkmen atlary» döwlet birleşiginiň baş direktorynyň birinji orunbasary;

9. Ojyýew Ýazberdi – Mary welaýatynyň döwlet zawod athanasynyň seýsi;

10. Hydyrow Baýramgeldi – Tejen etrabynyň Agalaň obasynyň seýsi;

11. Sapargylyjow Garly – Sarahs etrabynyň Bereket obasynyň seýsi;

12. Abaýew Muhammetmyrat – Ruhabat etrabynyň Herrikgala obasynyň seýsi;

13. Durdymyradow Ýazowmyrat – Ruhabat etrabynyň Garadaşaýak obasynyň atçylyk athanasynyň müdiri;

14. Ataýew Rahym – S.A. Nyýazow adyndaky ahalteke atçylyk athanasynyň atbakary;

15. Ataýew Narly – Ruhabat etrabynyň Garadaşaýak obasynyň seýsi;

16. Agamyradow Ilmyrat – S.A. Nyýazow adyndaky ahalteke atçylyk athanasynyň seýsi;

17. Garrybaýew Aşyr – Ruhabat etrabynyň Bagyr obasynyň seýsi;

18. Agamyradow Kakamyrat – Türkmenistanyň Prezidentiniň ahalteke atçylyk toplumynyň seýsi;

19. Gazakow Amanguly – Türkmen döwlet aýlawynyň seýsi;

20. Babalyýew Orazguly – Türkmen döwlet aýlawynyň direktory;

21. Guljanow Suwhan – S.A. Nyýazow adyndaky ahalteke atçylyk athanasynyň atbakary;

22. Babaýew Halmyrat – S.A. Nyýazow adyndaky ahalteke atçylyk athanasynyň atbakary;

23. Rahymow Nuraly – Türkmenistanyň Prezidentiniň ahalteke atçylyk toplumynyň atbakary;

24. Agamyradow Rejep – Türkmenistanyň Prezidentiniň ahalteke atçylyk toplumynyň seýsi;

25. Muhammedow Mälikmuhammet – Türkmenistanyň Prezidentiniň ahalteke atçylyk toplumynyň seýsi;

26. Taýlyýew Mälikguly – S.A. Nyýazow adyndaky ahalteke atçylyk athanasynyň seýsi;

27. Ballyýew Bäşim – Türkmenistanyň Prezidentiniň ahalteke atçylyk toplumynyň seýsi.

Şonuň ýaly-da, türkmen milli at üstündäki we atly sirk oýunlaryň aşakdaky ussatlaryna «Türkmenistanyň at gazanan medeniýet işgäri» diýen hormatly at dakyldy:

1. Baýramdurdyýew Pygy – «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlary toparynyň ýolbaşçysy, ussat atçy türgen;

2. Useinow Allaberdi – «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlary toparynyň ussat atçy türgeni.

Biziň ýurdumyzda mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly ýyllary içinde arassa ganly tohum atlaryň sany köpelýär, hili gowulanýar. Munuň özi, geljekde atlary atçylyk sport toplumlarynda seýislemegi we at capyşyklarynda, atçylyk sportunda, milli at üstündäki oýunlarda, atly syýahat – gezelençlerde, milli baýramçylyklarda we ilatyň köpçülikleýin dynç alýan ýerlerinde giňden ulanmaga, milli toýlara atly hyzmatlary hödürlemäge uly mümkinçilikleri döredýär. Şonuň

bilen bir hatarda, ýurdumyzda at bilen işläp bilýän, at çapyşyklaryny, atly sport ýaryşlaryny guramaga we geçirmäge, dürli atly hyzmatlary guramaga başarnykly, atçylykda işleýän ussat seýisleriň, çapyksuwarlaryň, atşynas hünärmenleriň hem sanynyň artýanlygy aýratyn bellärliklidir.

Hormatly Prezidentimiz türkmen atlarynyň, seýisleriniň, çapyksuwarlarynyň, atçylyk sporty boýunça türgenleriň halkara at capyşyklaryna, atly sport ýaryşlaryna, atçylyk boýunça geçirilýän halkara sergilere we dabaralara gatnaşmagy üçin ähli şertleri döretmek bilen türkmen atçylygyna uly goldaw berýär, ahalteke bedew atlarymyzyň halkara abraýyny has-da belende göterýär. Bu bolsa halkymyzyň hormatly Prezidentine bolan guwanjyny, buýsanjyny artdyrýar.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe halkymyzyň buýsanjy bolan ahalteke bedewleriniň dünýädäki şan-şöhratyny belende galdyrmak, ýurdumyzda atçylyk pudagyny has-da ösdürmek, at çapyşyklaryny, marafon ýaryşlaryny, atly pasgelçiliklerden bökmek, şeýle hem at üstündäki oýunlary ýerine ýetirmek boýunça ussat türgenleri taýýarlamak maksady bilen, Türkmenistanyň Prezidenti 2013-nji ýylyň 18-nji iýulynda «Türkmen atlary» döwlet birleşiginiň Aşgabat atçylyk sport toplumynda Atçylyk boýunça okuw-türgenleşik merkeziniň binasyny we ýapyk maneži gurmak barada Karara gol çekdi. Atşynaslaryň okuw-türgenleşik merkezi türkmen atçylyk, seýisçilik sungatynyň, çapyksuwar ussatlygynyň, atçylyk sporty we milli at üstündäki oýunlarynyň ösüp-örňemegine we bütin dünýä ýaýramagyna uly goldaw berýär.

2014-nji ýylyň 7-nji sentýabrynda Aşgabat atçylyk sport toplumynda «At – myrat» ady bilen güýzki at çapyşyk möwsüminiň açylyş dabaralaryna hormatly Prezidentimiziň hut özi politrek garyndy düşelip, durky täzelenen çapuw ýodasynda ussat çapyksuwarlar I.Agamyradow we O. Babalyýew bilen atlaryna gezim berip, güýzki at çapyşyk möwsüminiň açylmagyna ak pata berdi. Ýaş şägirt çapyksuwarlaryň gatnşmagynda geçirilen birinji çapuwdan soňra Türkmenistanyň Mejlisiniň 2014-nji ýylyň 3-nji sentýabryndaky «Türkmenistanyň ussat halypa çapyksuwary» diýen hormatly ady



**Türkmen atçylary Türkmenistanyň Döwlet baýdagyny hemişe belende göterip, al-asmanda parladýarlar**

dakmak baradaky Karary esasynda Türkmenistanyň Prezidentiniň 2014-nji ýylyň 5-nji sentýabryndaky Permany bilen Agamyradow Ilmyrada we Babalyýew Orazgula «Türkmenistanyň ussat halypa çapyksuwary» diýen hormatly adyň nyşanlary dabaraly ýagdaýda gowşuryldy. Soňra atçylyk pudagyny, halypa-şägirtlik däplerini ösdürmekde, atlary seýisläp çapdyrmakda bitiren hyzmatlary we at çapyşyk ýaryşlarynda görkezen netijeleri üçin Türkmenistanyň Mejlisiniň 2014-nji ýylyň 3-nji sentýabryndaky Karary bilen Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowa «Türkmenistanyň ussat halypa çapyksuwary» diýen hormatly adyň dakylmagy mynasybetli onuň nyşany hormatly Prezidentimize dabara bilen gowşuryldy.

«Müngi atlarynyň seýislenilişi we synag edilişi» okuw kitabynyň maksady türkmen halkynyň döreden we dünýä siwilizasiýasyna goşandy bolan ahalteke we ýomut tohum atlarynyň taryhyny we häzirki döwürdäki halkara ähmiýetini nazara almak bilen müngi tohumly, ahalteke we ýomut atlaryny seýislemegiň ylmy taýdan esaslandyrylan, öňdebaryjy häzirkizaman tehnologiýalaryny öwrenmek bolup durýar. Bu meseleler öwrenilende türkmen atçylyk we seýisçilik sungatynyň has gadymylygyndan we dünýäniň medeni atçylygynyň ösmegine öz täsirini ýetirenliginden ugur alyndy.

Häzirki döwürde, dünýäniň ösen ýurtlarynda bolşy ýaly, biziň ýurdumyzda hem müngi çapuw atlaryny seýislemek we aýlawlarda synag etmek, atçylyk pudagyna innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmak Türkmenistanda senagat esaslarda ýola goýlandyr.

Atlary seýislemekde we çapdyrmakda haýsydyr bir atyň nesilden alan häsiýetini ýüze çykarmak bilen çäklenilmän, eýsem ol häsiýetler yzygider ösdürilýär we kämilleşdirilýär. Seýislemek we çapuwda synag etmek atyň ösüşini, işeňňirlik, ýyndamlyk ýaly çapuw häsiýetlerini gowulandyrmak boýunça zootehniki işleriň aýrylmaz bir bölegidir. Atçylyk boýunça ýokary bilimli hünärmenler atlary seýislemegiň usulyýetlerini, seýislenýän atlaryň fiziologik we anatomiki esaslaryny kämil bilmelidirler.

Atlary seýislemegiň, aýlawlarda synag etmegiň – çapdyrmagyň, netijede, ýyndam, güýçli we berk bedenli atlary köpeltmek üçin seçip-saýlap almagyň uly ähmiýeti bardyr. Seýislenen atyň syna-sypaty

gowulaşýar, ýyndamlyk we tohumçylyk işini gowulandyrmaga laýyk gelýän gowy häsiýetleri ýüze çykýar. Bu bolsa müngi atlarynyň seçgi-tohumçylyk işlerini, şol sanda ahalteke we ýomut atlaryny hil taýdan döwrebap, yzygider kämilleşdirmäge, türkmen atynyň at çapyşyklarynyň halkara derejesine çykmagyna uly mümkinçilikleri döredýär.

## I BÖLÜM. TÜRKMEN ATÇYLYGY BERKARAR DOWLETIN BAGTYYARLYK DOWRUNDE

Türkmen halkynyň bedew atlary ösdürip ýetişdirmek ya-da, aýdylyşy ýaly, atçylyk sungaty halkymyzyň taryhynda, halk döredijiliginde, «Gorkut ata», «Kowusnama» ýaly kitaplarynda, «Görogly» şadessanynda öz aýdyň beýanyny tapypdyr. Hormatly Prezidentimiziň «Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz», «Ganatly bedewler», «Älem içre at gezer», «Türkmenistan – sagdynlygyň we bagtyýarlygyň ýurdy», «Gadamy batly bedew» diýen nusgalyk eserlerinde türkmen atçylyk we seýisçilik sungaty atçylyk taglymaty derejesinde has belende galdyrylýar. Hormatly Prezidentimiziň atçylyk taglymaty diýlende, ozaly bilen, bu taglymatda ahalteke atlarymyzyň gözellik, maddy we ruhy baýlyk hökmünde, bagtyýarlyk döwrümiziň belent ruhy hökmünde düşünilýär. Ahalteke bedewiniň Türkmenistanyň Döwlet Tugrasynyň ortasynda ýerleşmeginiň şu hakykat bilen berk baglanyşygy bardyr.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe behişdi bedewlerimiz bu taryhy döwrüň belent ruhuny beýan etmekde taýsyz gymmatlyk bolup orta çykýar. Hormatly Prezidentimiziň atçylyk taglymaty – munuň özi, ýurdumyzda halkara we welaýat atçylyk sport toplumlary, atçylyk boýunça ýörite okuw jaýlary we atşynas okuw taýýarlygy, bedewlerimizi uly halkara aýlawlaryna çapuwlara, milli at üstündäki oýunlara çykarmak, atçylyk sportuny halkara talaplaryna laýyklykda ösdürmek ýaly işleri öz içine alýan binýatlaýyn bitewi taglymatdyr.

Hormatly Prezidentimiziň tagallalary bilen ahalteke atlarymyzyň 2007-nji ýylda Pýatigorskide, 2008-nj ýylda Don boýundaky Rostowda, 2009-njy ýylda Daşkentde geçirilen halkara at çapyşyklaryna, ahalteke atlarynyň halkara gözellik bäsleşiklerine gatnaşmagy we üstünlikli çykyşlar etmegi, «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlary toparynyň Türkiýede, Ukrainada, Belarusda, Russiýada, Täjigistanda, Italiýada, Hytaý Halk Respublikasynda üstünlikli çykyşlar etmegi bularyň aýdyň mysallarydyr we netijeleridir.

2009–2010-njy ýyllarda Özbegistanyň paýtagty Daşkent şäherinde geçirilen «Türküstanyň ýyldyzy» halkara ýaryşyna Türkmenistanyň ahalteke atlarynyň gatnaşmagy we 30, 60, 120 kilo-



**Türkmenistanyň Prezidentiniň Ahalteke atçylyk toplumynyň Ýanardag atly altynsow mele aty. 1991-nji ýylda doglan, 1084 Ýalkymly we 2158 Dabaraly diýen atlaryň neslinden. Ahalteke atlarynyň 1999-njy ýylda Russiýa Federasiýasynyň paýtagty Moskwada geçirilen halkara sergisinde çempion diýlip yglan edilýär. Ýanardag 2000-nji yyldan başlap Türkmenistanyň Döwlet Tugrasynda ýerleşdirilendir.**

metr uzak aralyga – marafon ýaryşlarynda we ýakyn aralyklara geçirilen at çapyşyklarda öňdäki orunlary eýelemegi ahalteke atlarynyň uly mümkinçilige eýedigini görkezdi. Polatly 2, Gerden ýaly atlarymyz bolsa «Türküstanyň ýyldyzy» sergi-gözellik bäsleşiklerinde ahalteke atlarynyň halkara çempiony diýen belent ada mynasyp bolup, ýörite Kuboklar we pul baýraklary bilen sylaglandylar.

2012-nji ýylda Türkmen bedewiniň baýramyna bagyşlanyp, Halkara atçylyk sport toplumynda geçirilen baýramçylyk at çapyşyklaryna Fransiýa, Russiýa Federasiýasy, Azerbaýjan, Çehiýa Respublikasy ýaly ýurtlardan gelen, dünýäniň köpsanly aýlawlarynda at çapan ady belli çapyksuwarlar hem gatnaşdylar. Olaryň ýurdumyzda ösdürilip ýetişdirilen ahalteke bedewlerini çapmaklary toplumda geçirilen ol

ýaryşlaryň halkara derejesine çykan çapuw ýaryşlary bolanlygyna şaýatlyk edýär.

Ahalteke atçylygynyň dünýä derejelerinde ösdürilmeginde hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň ýörite çakylyk bilen 2012-nji ýylyň 7-nji oktýabrynda Fransiýanyň Lonşan aýlawynda geçirilen «Ark de Triumf – 2012» atly halkara abraýly uly baýrak ugrundaky at çapyşygyna gatnaşmagy we ol ýeriň atçylyk ulgamyndaky tejribeler bilen tanyşmagy Fransiýada milli Liderimize we türkmen atçylygyna uly sarpa goýulmagynyň alamatydyr. Şol uly çapuwlara gabatlap, «Fransiýa galop» kompaniýasynyň çagyrmagy we hormatly Prezidentimiziň goldaw-hemaýaty bilen 2012-nji ýylyň 5–8-nji oktýabrynda türkmen atşynaslarynyň uly topary Fransiýanyň Lonşan, Şanti, Santa Klu aýlawlaryna baryp, müngi atlarynyň seýislenilişi, synag edilişi, atçylyk boýunça auksion satuwlarynyň guralyşy ýaly işler bilen tanşyp, atlary seýislemegiň öňdebaryjy tehnologiýalaryny öwrenmek bilen özara tejribe alyşdylar. Türkmen çapyksuwarynyň ol ýerde dünýäniň ökde çapyksuwarlary bilen at çapyşmagy türkmen atçylygynyň halkara derejesine çykmagynyň aýdyň şaýady boldy. Türkmen atçylarynyň Fransiýa sapary biziň ýurdumyzda atçylygyň, çapyksuwar ussatlygynyň Ýewropa ülňülerine laýyklykda ösdürilýändigini görkezdi.

2013-nji ýylyň 2–6-njy fewralynda türkmen atşynaslarynyň topary Germaniýa Federatiw Respublikasynyň Kýoln şäherinde atçylyk sporty boýunça «Spoga Horse spring – 2013» halkara sergisine we şol ýylyň 16–24-nji marty aralygynda Essen şäherinde geçirilýän «EKWITANA – 2013» iri Halkara atçylyk sergi-ýarmarkasyna gatnaşdylar, atçylyk, at esbaplary boýunça täze tilsimatlar bilen tanyşdylar.

Hormatly Prezidentimiziň atçylyk taglymaty, munuň özi, bu ajaýyp pudagyň milli däp-dessurlar esasynda rowaçly ösdürilmegidir.

2012-nji ýylda Garaşsyzlygymyzyň 20 ýyllygy mynasybetli geçirilen atly sport dabarasynda halypa çapyksuwarlaryň çapuw bäsleşiginiň guralmagy we çapuwyň jar çekdirilip, bije atmak esasynda geçirilmegi, ýaşulularymyzyň telpek ýatyryp, çapuwa badalga bermegi atçylyk sungatymyzyň milli öwüşginlere beslenip ösýänliginiň aýdyň subutnamasydyr. Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrün-

de hormatly Prezidentimiziň atçylyk taglymatyna eýermek bilen türkmen atçylygy ösüşiň belent sepgitlerine tarap ynamly barýar.

Türkmen milli at üstündäki we atly sirk oýunlary boýunça işlär ýaly ýokary bilimli hünärmenleri taýýarlamakda Türkmen döwlet medeniýet instituty, Türkmen döwlet sirki, atçylyk sportunyň nusgawy Olimpiýa görnüşleri boýunça tälimçi turgenleri taýýarlamakda Türmenistanyň Milli sport we syýahatçylyk instituty, atçylyk boýunça ýokary bilimli hünärmenleri taýýarlamakda S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersiteti, Aşgabadyň atçylyk sport toplumynyň ýanyndaky atçylyk boýunça merkezi okuw binasy bularyň hemmesi ýurdumyzda atçylyk boýunça ýokary derejeli hünärmenleri taýýarlamagyň mekdepleridir.

«Türkmen atlary» döwlet birleşiginiň ýanyndaky atçylyk sporty merkezinde, milli at üstündäki oýunlary boýunça «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlary toparynda we Halkara ahalteke atçylyk sport toplumynda atçylyk sportunyň nusgawy görnüşleri boýunça bölümler hereket edip, ol ýerde ýüzlerçe ýaşlar atçy türgen, çapyksuwar we milli at üstündäki oýunlary boýunça hünär ussatlyklaryny kämilleşdirýärler.

2010-njy ýylyň 25-nji aprelinde Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Türkmen milli sirkini at üstündäki oýunlary bilen çykyşlar edip, dabara bilen açmagy milli atly sirkiniň hem-de at üstündäki oýunlaryň uly geljeginiň alamatydyr. Häzirki wagtda türkmen atşynaslary atlary türgenleşdirip, dressirlemegiň täze usullaryny ulanyp, dürli çylşyrymly hereketli atly milli oýunlary ýerine ýetirmegi atlaryna öwredýärler, ýaş atçy turgenlerimiz bolsa at üstündäki oýunlary bilen özleriniň hünär derejelerini ýokarlandyrýarlar.

Berkarar döwletimizde türkmen ahalteke atçylygyny ösdürmekde edilýän işler, Halkara ahalteke assosiasiýasynyň döredilmegi we onuň Prezidentiligine Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň biragyzdan saýlanylmagy, assosiasiýanyň edara binasynyň gözel paýtagtymyz Aşgabatda ýerleşmegi milli at çapyşyklarymyzyň, at üstündäki milli oýunlarymyzyň, baýramçylyklarymyzyň we toý-tomaşalarymyzyň bezegi ahalteke tohumly bedew atlarymyzyň şan-şöhratyny bütin dünýä giňden ýaýmaga ýol açýar.

Halkara atçylyk sport toplumynda, Türkmenistanyň Prezidentiniň ahalteke atçylyk toplumynda, Aşgabadyň Merkezi atçylyk sport toplumynda we welaýat atçylyk sport toplumlarynda, Daşoguzyň, Marynyň we Lebabyň döwlet athanalarynda, ýüzlerçe döwlet we hususy atçylyk kärhanalarynda çapyksuwarlaryň, atçy türgenleriň, ata muşdak ýaşlaryň müňlerçesi at münmek, at işletmek, atlary sport ýaryşlaryna türgenleşdirmek we at çapmak ýaly işler bilen meşgullanýarlar, ata erk etmek babatda özleriniň hünär derejelerini yzygiderli kämilleşdirýärler. Halkara atçylyk sporty ýaryşlaryna, atly şüweleňlere, at çapyşyklaryna, at üstündäki milli we sirk oýunlary boýunça çykyşlara, milli atly sport baýramçylyklaryna we atly dabaraly ýörişlere atlaryny taýýarlaýarlar we üstünlikli çykyşlar etmek bilen bedewlerimiziň we eziz diýarymyzyň we onuň hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň abraýyna abraý, şöhratyna şöhrat goşýarlar.

Hormatly Prezidentimiziň özi yzygider at münmek, at çapmak we sportuň dürli görnüşleri boýunça turgenleşmek bilen ýaş nesle uly görelde görkezýär, «Geljekde buýsanjymyza buýsanç goşýan, köňüllerimize ylham berýän bedew atlarymyz hakynda döwlet derejesinde edilýän aladalar birjik-de gowşadylmaz» diýip belleýär.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2007-nji ýylyň sentýabr aýynyň 22-sindäki «Türkmenistanyň Merkezi döwlet aýlawynyň durkuny täzelemek hakyndaky» Karary bilen 2008-nji ýylyň oktýabr aýyna çenli aýlawyň durky halkara ülňülerine laýyk täzelendi, täze binalar guruldy. Aýlawyň ýanaşyk ýerleri abadanlaşdyryldy.

Hormatly Prezidentimiziň ak pata bermeginde 2009-njy ýylyň 26-njy aprelinde – Türkmen bedewiniň baýramynyň bellenýän gününde Köpetdagyň etegindäki ajaýyp jülgede sebitde iň uly Halkara ahalteke atçylyk sport toplumynyň düýbi tutuldy. Şol gün bir wagtyň özünde hormatly Prezidentimiziň ak pata bermeginde uly dabara bilen Balkan, Daşoguz, Mary we Lebap welaýatlarynda hem atçylyk medeni-sport toplumlarynyň düýbi tutuldy.

2011-nji ýylyň 24-nji aprelinde Türkmen bedewiniň baýramçylyk gününde hormatly Prezidentimiz uly dabara bilen Balkan, Daşoguz,

Mary we lebap welaýatlarynda gurlan häzirkizaman atçylyk sport toplumlarynyň ulanylmaga berilmegine ak pata berdi. Welaýatlarda gurlan atçylyk sport toplumlary türkmen halkynyň gadymdan gelýän ajaýyp däplerini – milli atçylyk we seýisçilik sungatyny, türkmen at çapyşyklaryny Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe täze belentliklere göterdi. Munuň özi ýurdumyzda ahalteke atlarynyň köpeldiliş çäklerini giňeltmäge we hemme welaýatlarda ahalteke atçylygyny ösdürmäge uly ýardam edýär. Hemme welaýatlarda höwesjeň atşynaslaryň, seýisleriň we çapyksuwarlaryň täze nesliniň kemala gelmegine uly itergi berýär.

2011-nji ýylyň 29-njy oktýabrynda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow ýurdumyzyň Garaşsyzlyk baýramçylygyna bagyşlanyp geçirilen dabaraly günde Halkara atçylyk sport toplumynyň ulanylmaga berilmegine ak pata berdi. Bu häzirkizaman ahalteke atçylyk sport toplumy 90 gektar meýdany tutýar. Halkara atçylyk sport toplumda athanalaryň 10-usy bolup, olarda çapuw we sport atlarynyň 400-si saklanýar. Köpetdagyň eteginde, ajaýyp jülgede ýerleşen toplumda halkara ülňülerine laýyk abzallaşdyrylan we enjamlaşdyrylan çapuw we seýisçilik ýodalary, tomaşaçylar, janköýerler üçin hemme amatlyklary bolan 7000 orunlyk munber, atçylyk sporty we milli at üstündäki oýunlaryň türgenleşik işlerini we ýaryşlaryny geçirer ýaly açyk we ýapyk meýdançalar, manežler, sirk jaýy bar. Şonuň ýaly-da bu ýerde çapuw we sport atlaryny gowy şertlerde saklap, ideg eder ýaly, seýisläp çapdyrmak we atlaryň saglygyny gözegçilikde saklamak üçin hemme şertler döredilendir.

Aşgabatda halkara ülňülerine laýyk gelýän Halkara atçylyk sport toplumynyň bolmagy türkmen atşynaslarynyň kämilleşmeginde, milli we halkara derejeli atly sport ýaryşlaryny, at capyşyklaryny guramakda, ýurdumyzda bellenip geçilýän milli baýramçylyklaryň has-da dabaraly geçirilmeginde bahasyna ýetip bolmajak ähmiýete eýedir. Ýurdumyzyň ilaty we diýarymyza dünýäniň dürli ýurtlaryndan gelýän myhmanlar, işewür adamlar bu ýerde behişdi bedewlerimiziň gözelligini ýakyndan synlap, egsilmez ruhy lezzet alýarlar. Halkara atçylyk sport toplumy ahalteke atçylygynyň bütin dünýädäki görelde mekdebine, halkara merkezine öwrüldi.




**Halkara atçylyk sport toplumynyň baş derwezesi**

Berkarar döwletimizde hormatly Prezidentimiziň tagallalary netijesinde türkmen atçylygy halkara derejesinde giň gerimlere eýe bolýar. Halkara ahalteke assosiasiýasyny döretmek boýunça 2010-njy ýylyň 14-15-nji awgustynda Aşgabatda ahalteke atçylygy boýunça geçirilen halkara maslahaty türkmen atçylygyny we onuň ösüşini täze hil derejesine çykardy. Maslahat dünýä ahalteke atçylygynyň taryhyna altyn sahypa bolup girdi.

Hormatly Prezidentimiziň maslahata gatnaşyjylara Ýüzlenmesinde «Ahalteke bedewleri hakykatda iň aňrybaş nusgalyk hökmünde dürli döwürlerde dünýäniň çar künjüne ýaýrapdyr. Munuň esasy sebäpleri bolsa, bir görende özüne bendi edýän, ýelden ýüwrük, gamyşgulak, düşbi, eýesine wepaly bedewlerimiziň gaýtalanmajak nusgalygyna uly hyrydarlygyň hiç wagt peselmänligidir.

Türkmen diýaryny ahalteke bedewleriniň Watany hökmünde bütin dünýä tanaýar. Dünýä meşhur ahalteke atlary halkymyzyň göz guwanjydyr, buýsanjydyr. Biz şeýle uly gymmatlyklarymyzyň bardygyna guwanmalydyrys we ony juda aýap saklamalydyrys» diýilýär.

Halkara ahalteke assosiasiýasynyň esasy maksady we türkmen halkynyň dünýä medeniýetine goşan baş gymmatlyklarynyň biri bolan ahalteke atlarynyň arassa ganlylygyny saklap galmak, dünýäde ahalteke atlarynyň şan-şöhratyny has-da artdyrmak, daşary ýurtlar-

daky ahalteke atçylyk assosiasiýalaryny bir gurama birikdirmek, daşary döwletlerde we ýurdumyzda bar bolan ahalteke atlarynyň gelip çykyşynyň şübhesizligini halkara derejeli barlaghananyň üsti bilen anyklamak, halkara derejesinde arassa ganly ahalteke atlarynyň takyk hasabatynyň ýöredilişine gözegçilik etmek, halkara atly-sport ýaryşlaryny guramak, şol ýaryşlara atşynaslaryň guramaçylykly gatnaşmaklaryna ýardam etmek, halkara atçylyk guramalary bilen tejribe alyşmak arkaly hünärmenleriň bilim, hünär taýýarlygyny ýokarlandyrmak, ahalteke atlarynyň syna-sypatyny has-da kämilleşdirmek üçin arassa ganly tohum atlaryň genefonduny gorap saklamak we nesil ugurlarynyň gerimini giňeltmek ýaly wezipelerden ybaratdyr.

Häzirki wagtda Halkara ahalteke assosiasiýasyna ahalteke atlary bilen iş salyşýan 27 ýurtdan we Türkmenistandan 141 gurama agza bolup durýar.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow «Türkmenistan – sagdynlygyň we bagtyýarlygyň ýurdy» kitabynda «Biziň ýöredýän syýasatymyzyň baş maksady jemgyýetde sagdyn durmuş ýörelgesini wagyz etmekden we sagdyn bedenli, belent ruhly nesilleri kemala getirmekden ybaratdyr. Biz sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurduny gurýarys» diýip, örän ýerlikli belleýär.

2013-nji ýylyň 22-nji aprelinde Köpetdagyň jülgelerini kesip geçýän Köpetdag şaýolunyň çatrygynda Polatly diýen (Pereň we Gaçgyr diýen atlaryň neslinden) ugurbaşy atlaryň biri bolan altynsow mele reňkli ata bagyşlanan heýkeller toplumynyň açylyş dabarasy boldy. Polatly dürli sergilerde, iki gezek Moskwada we bir gezek Türkmenistanda Oba hojalygynyň gazananlarynyň sergisinde çempion diýlip yglan edilen atdyr.

Ol at aýlaw çapuwlarynda ýyndamlykda iki gezek ýokary netije görkezdi. Polatly ýadygärlik heýkeller toplumynyň ýanynda halkara marafon ýaryşlaryny geçirmek üçin niýetlenen aýlaw gurlandyr. Onuň uzynlygy 15 kilometre deň bolup, agzalan aralykda 60, 90, 120 we 160 kilometr aralyklara halkara derejesinde marafon çapuwlaryny geçirmäge mümkinçilik berýär. Bu aýlawda her 30 kilometr aralygy geçenden soň, atlaryň fiziologiýa – kliniki görkezijilerini barlar ýaly weterinar gözegçiligi üçin weterinar nokadynda hemme şertler döredilendir. 2013-nji ýylda ol ýerde 60 kilometr aralyga geçirilen halkara



**Polatly atly meşhur ahalteke bedewine bagyşlanyp, Köpetdag şaýolunyň çatrygynda gurlan ýadygärlik heýkeller toplumy**

marafon ýaryşlarynda birinji orna Erekdag we Gaýtar diýen atlaryň neslinden bolan, Türkmenistanyň Prezidentiniň ahalteke atçylyk toplumynda ösdürilip ýetişdirilen Gülnar diýen akýal mele gysrak mynasyp boldy. Gülnaryň seýsine 2013-nji ýylda Türkmen bedewiniň baýramy güni dabaraly ýagdaýda daşary ýurt markaly ýeňil awtoulag gowşuryldy.

2014-nji ýylda Polatly aýlawynda 60 km aralyga geçirilen marafon çapuwynda birinji baýrakly orna Şagadam diýen gyr at (Gyrgyguş we Ýelmik diýen atlaryň neslinden, Garaderiň ugry) mynasyp boldy.

Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 22 ýyllyk baýramçylygynyň öňüsyrasynda «Türkmen atlary» döwlet birleşiginiň «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar topary, Türkmenistanyň Döwlet sirkiniň «Türkmen jigitleri» topary Russiýa Federasiýasynyň paýtagty Moskwa şäherinde 2013-nji ýylyň 11-13-nji oktýabrynda geçirilen IDOL sirk sungatynyň Bütindünýä festiwalynda birinji ýere we festiwalyň Altyn kubogyna mynasyp boldular. Şonuň ýaly-da «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlary topary Türkmenistanyň at gazanan medeniýet işgäri P. Baýramdurdyýewiň ýolbaşçylygynda 2014-nji ýylyň 16-27-nji oktýabrynda Italiýanyň Latina şäherinde ýigrimi ýurduň sirk artistleriniň wekilleriniň gatnaşmagynda geçirilen Halkara («Internasional sirkus Festiwal») sirk festiwalynda baş baýragy «Lati-

na – 2014» Altyn kubogyna, «Di Abacete», «Concegine il Premio», «Comune Di Latina» baýraklaryna we Italiýanyň Ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň diplomlaryna mynasyp boldy.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow 2015-nji ýylyň 31-nji martynda «Türkmenistanyň halk atşynasy» diýen hormatly ady döretmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunyna gol çekdi. Kanunda: «Türkmenistanyň Garaşsyzlyk ýyllarynda türkmen halkynyň milli buýsanjy, gözelligiň ajaýyp nusgasy bolan behişdi bedewlerimiziň dünýädäki at-abraýyny has-da belende götermekde, olaryň şan-şöhratyny dünýä ýaýmakda we seýisçilik sungatyny ösdürmekde uly hyzmatlary bitiren, türkmen bedewlerini seýislemekde we olaryň syna-sypatyny kämilleşdirmekde, atçylyk pudagyny, şol sanda atçylyk sportuny ösdürmekde aýratyn şahsy goşant goşan, at çapmagyň we bedewleri seýislemegiň inçe tälimleriniň nusgalyk usullaryny ýaş nesle öwretmekde uly işleri bitiren we ýokary netijeleri gazanan adamlara ol hormatly atlary dakmaly» diýlip bellenilýär.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe diňe bir türkmen halkynyň däl, eýsem bütin adamzadyň genji-hazynasyna öwrülen ahalteke bedewleriniň şan-şöhratyny belende götermekde, ýurdumyzda atçylyk pudagyny ösdürmekde bahasyna ýetip bolmajak uly işleriň



**Şagadam, gyr at. Gyrgyguş we Ýelmik diýen atlaryň neslinden. Garaderiň ugry**

amala aşyrylýanlygy, türkmen atşynaslyk sungatynyň kämilleşdirilmegi hem-de ösdürilmegi, onuň özboluşly däplerini gorap saklamak we şonuň bilen bilelikde atçylyk sportuny höweslendirmek, ony halkara derejesinde ösdürmek üçin degişli häzirkizaman düzümleriniň kemala getirilmegi bilen bu ugurda daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen netijeli işleriň alnyp barylmagy, ýurdumyzyň atçylyk sportunyň halkara abraýynyň hem barha artýanlygy, türkmen halkynyň milli buýsanjy, gözelligiň ajaýyp nusgasy bolan behişdi bedewlerimiziň dünýädäki at-abraýyny has-da belende götermekde, olaryň şan-şöhratyny dünýä ýaýmakda, atşynaslyk sungatyny kämilleşdirmekde we seýisçilik sungatyny ösdürmekde bitiren uly hyzmatlaryny, atçylyk pudagyny, şol sanda atçylyk sportuny ösdürmekde goşan aýratyn şahsy goşandyny, at çapmagyň we bedewleri seýislemegiň inçe tälimleriniň nusgalyk usullaryny ýaş nesle ýetirmekde sagdyn, giň ruhy dünýägaraýyşly, çuňňur bilimli, gujur-gaýratly ýaşlary terbiýeläp ýetişdirmekde bitiren uly işlerini göz öňünde tutup, Türkmenistanyň Mejlisiniň 2015-nji ýylyň 22-nji aprelindäki Karary bilen Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowa «Türkmenistanyň halk atşynasy» diýen hormatly at dakyldy.

2015-nji ýylyň 26-njy aprelinde Halkara atçylyk sport toplumynda watandaşlarymyzyň we belent mertebeli daşary ýurtly myhmanlaryň, Halkara ahalteke assosiasiýasynyň agzalarynyň, «Ahalteke bedewi we dünýäniň seýisçilik sungaty» halkara ylmy-amaly maslahata gatnaşýan daşary ýurtly atşynaslaryň gatnaşmagynda geçirilen Türkmen bedewiniň baýramçylygynda hormatly Prezidentimize «Türkmenistanyň halk atşynasy» diýen hormatly adyň nyşany we şahadatnamasy şowhunly el çarpyşmalarynyň astynda dabaraly ýagdaýda gowşuryldy.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2015-nji ýylyň 25-nji aprelindäki Permany bilen S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň uly mugallymy Bazarbaý Meredowa, hususy atşynas Amanguly Kazakowa «Türkmenistanyň halk atşynasy» diýen hormatly at dakylyp, adyň döşe dakylýan nyşanyny şol günki dabaraly pursatlarda hormatly Prezidentimiziň özi gowşurdy.

Garaşsyzlyk ýyllarynda ahalteke bedewleriniň şan-şöhratyny dünýä ýaýmakda bitiren işleri bilen özlerini görkezendikleri, atçylyk sportuny ösdürmäge ýardam berendikleri, ýurdumyzda geçirilýän at çapyşyklarynda seýislän bedewleri bilen ýokary ussatlyklaryny görkezip, baýrakly orunlara mynasyp bolandyklary, ýaş çapyksuwarlara at çapmagyň inçe tälimleriniň nusgalyk usullaryny öwredendikleri üçin, şeýle hem ýokary ussatlyklaryny we hünärine ezberliklerini nazara alyp, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň 2015-nji ýylyň 25-nji aprelindäki Permany bilen, Türkmenistanyň Prezidentiniň ahalteke atçylyk toplumynyň seýisçilik bölüminiň baş seýsi Kakamyrat Agamyradowa, S.A.Nyýazow adyndaky ahalteke atçylyk athanasynyň atçylyk bölüminiň müdiri Halmyrat Begmyradowiç Babaýewe, Türkmenistanyň Prezidentiniň ahalteke atçylyk toplumynyň seýisçilik bölüminiň seýsi Orazmyrat Baýramgeldiýewiç Annalyýewe, Balkan welaýatynyň Serdar etrabynyň ýaşaýjysy, hususy atşynas Akmämmet Nyýazmyradowa, Daşoguz welaýatynyň Boldumsaz etrabynyň ýaşaýjysy, hususy atşynas Ýollybaý Ýagşyýewe, Mary döwlet athanasynyň Lebap bölüminiň müdiri – zooweterinary Aýdogdy Açilowiç Rowşanowa, Mary welaýatynyň ýaşaýjysy, hususy atşynas Jumaberdi Ýazberdiýewe «Türkmenistanyň ussat halypa çapyksuwary» diýen hormatly at dakyldy we olara hormatly adyň nyşany we şahadatnamasy uly dabara bilen gowşuryldy.

2014-nji ýylyň 7-nji sentýabrynda Aşgabat atçylyk sport toplumynda at çapyşyklarynyň güýzki möwsüminiň açylyşyna bagyşlanyp geçirilen «At – myrat» atly baýramçylyk (at çapyşykly) çäresine gatnaşyjylar ýurdumyzda atçylyk pudagyna berilýän ünsüň has belent, döwrebap derejelere göterilýändiginiň şaýady boldular. Şol çärede hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow taryhy teklipler bilen çykyş etdi. Şol teklipleriň biri-de atçylyk sport toplumlarynda ýetginjek çapyksuwarlaryň arasynda yzygider, hepdede bir gün at çapyşyklaryny guramakdyr. Hormatly Prezidentimiz at çapmak boýunça ýaş ýetginjekleriň arasynda çapuw bäsleşiklerini geçirmegi teklip etmek bilen halkymyzyň atşynaslyk sungatyny diňe agtygynda däl, eýsem ýurdumyzyň ýaş ýetginjeklerinde-de höwes döredip, türkmen çapyksuwar ussatlygynyň kämilleşmegine dowamat berdi.



**Türkmenistanyň Prezidenti, Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň Prezidenti, Türkmenistanyň halk atşynasy, Türkmenistanyň ussat halypa çapyksuwary GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW**

Ählihalk tarapyndan bellenilýän Türkmen bedewiniň baýramynyň öňüsyrasynda 2015-nji ýylyň 25-nji aprelinde ýaş ýetginjek çapyksuwarlaryň arasynda däbe öwrülen çapuw bäsleşikleri geçirildi. Şol günki 7 çapuwyň dowamynda ýurdumyzyň ýaş çapyksuwarlary özleriniň çalasynlyklaryny hem-de ezberliklerini görkezip, baş baýraklar ugrunda bäsleşdiler. Däp boýunça 1200 metr aralyga geçirilen çapuwa üç ýaşar bedewleriň 7-si gatnaşdy. Ýaryşyň netijesi boýunça «Türkmenistanyň ussat halypa çapyksuwary» diýen adyň eýesi, milli Liderimiziň nusgalyk seýisçilik tagallalary bilen ýetişdiren agtygy hem-de şägirdi Kerimguly Berdimuhamedow birinji çapyşyga gatnaşyp, Dowamat diýen 3 ýaşar mele aty bilen görkezilen aralygy 1 minut 18,4 sekuntda geçmek bilen soňky 30 ýyl içinde gazanylan ýokary netije görkezdi. Munuň özi hormatly Prezidentimiziň milli atçylyk mekdebiniň ajaýyp ýörelgeleriniň üstünlikli ösdürilýänliginiň aýdyň şaýadydyr. Dowamat diýen atyna erk edişi, jylaw tutuşy, at bilen özara arabaglanyşykda ata söýget berip, at çapyşy, çapuwda çapýan atynyň bellenilen aralyga keýpihon çapmagyna maý bermegi, atyň güýjüni, energiýasyny toýhana pellesine çenli tygşytly peýdalanmagy Kerimgulynyň ussat, halypa seýis Arkadag Prezidentimizden tälim alan ezber çapyksuwardygyny görkezdi. Munuň özi Arkadag Prezidentimiziň kesp-käriniň dowamaty bolup, geljekki nesle dowam etjekdiginiň aýdyň tassyklamasy boldy.

Bularyň hemmesi hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow tarapyndan binýady tutulan Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwrüniň ajaýyp miweleridir, dowamatydyr.

## Turkmenistanyn Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyn «Gadamy batly bedew» kitabynyn ylmy, filosofiki, taryhy we hazirkizaman ahmiyeti

Hormatly Prezidentimiziň «Gadamy batly bedew» diýen kitaby taryhy, filosofiki we ylmy jähtden giň göwrümli, çuň manyly we öwrenilmäge mynasyp nusgalyk eserdir. Türkmen halkynyň milli mirasy we baýlygy bolan ahalteke bedew atlary barada ýazylan bu kitap, gadymy grek taryhçysy Gerodotyň Nusaý (ahalteke) atlary baradaky

ýazyp galdyran ilkinji taryhy ýazuw çeşmelerinden soň, türkmen halkynyň döreden ahalteke aty, onuň taryhy ösüş ýoly we onuň türkmen halkynyň ruhy baýlygyna öwrülişi, ahalteke atlaryna häsiýetli bolan tizlik, «gadamy batly» tizlikli hereket we ol hereketiň Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe eziz Diýarymyzyň, türkmen jemgyýetiniň bedew bady bilen öňe tarap ösüş ýoly bilen ugurdaş arabaglanyşygy bolan ahalteke atlaryna degişli maglumatlary özünde jemleýän we aýdyň beýan edilen giň göwrümli eserleriň biridir.

«Gadamy batly bedew» kitaby dürli temalara degişli köpsanly suratlar bilen bezelip, çeper dilde ýazylypdyr. Kitap «Dünýäniň wajyplygy», «Gadymyýetiň sedasy», «Türkmeniň ruhy baýlygy», «Gözelligiň syrly dünýäsi», «Ebedi miras», «At – myrat», «Taryhyň içindäki taryh» diýlip atlandyrylýan ýedi bölümde beýan edilipdir.

Nusgalyk kitabyň «Dünýäniň wajyplygy» atlandyrylan birinji bölüminde hormatly Prezidentimiz öz halkyna we okyjylar köpçüligine ýüzlenip:

«Meniň eziz ildeşlerim!

Siziň bilen köňüldäki barymy paýlaşýanlygym üçin, soňsuz hoşwagtlykdan serpaýlydyryn.

Mähriban il-halkymyň abadan geljegi hemişe meniň baş aladamdyr.

Watanymyzyň parahatlygyna bolan ynam, raýatlarymyzyň bolelin durmuşy meniň ýaşaýyş baradaky ýörelgelerimiň tutuş mazmunyny eýeleýär.

Size, dünýä, hereket, tizlik, menzil hakynda owal başdan söhbet açýanlygymyň sebäbi hem, meniň türkmen ahalteke bedewi hakyndaky oý-hyýallarymdyr. Türkmen halkynda bedewiň gadymylygy, onuň göwün syrdaşyna öwrülip gitmegi dünýä tizlik beriji güýjüň bedewde bolanlygy üçindir» diýen sözleri getirýär. Kitapda milletimiziň düýp asyl kököniň Oguzhan atamyzyň döwründe düýbi tutulanlygyny aňladýan onuň atly heýkeliniň we döwlet guşuny başa gonduran, ümzügi öňe altynsow öwüşginli atyna atlanyp, ony säpjedip gelýän Gahryman Prezidentimiziň heýkeliniň ýerleşdirilmeginde

döwürleriň ösüşini we dowamatdygyny aňladýan giň simwoliki many bar.

«Gadamy batly bedew» kitabynda geçilen ýol, menziller baradaky pikirlere täze taryhy, filosofiki many bermek bilen, hormatly Prezidentimiz ýaşaýşyň manysy «hereket» diýip belleýär. «Tizlik», «wagt» barada söz açýar. Hakykatdanam, adamzat üçin wagtyň, jansyz tebigat üçin bolsa giňişligiň ahmiýeti uludyr.

«Gadymyýetiň sedasy» bölüminde türkmen taryhynyň sesini biziň döwrümize saklap galan arheologiki çeşmeleri we tapyndylary ylmy taýdan öwrenilmeginde ähmiýetiniň uludygyny bellemek bilen hormatly Prezidentimiz gazuw-agtaryş işlerinde bedew atlara degişli Ahal topragyndan tapylan suratlaryň, heýkelleriň şekilleri ýerleşdirilipdir.

Atyň şaý-esbaplary barada «ol taryhyň dowamat zaňynyň sesi» diýmek bilen, hormatly Prezidentimiz milli şaý-esbaplara bezelen dal bedewleriň suratlaryny ýerleşdirmek bilen aýdyň beýan edýär.

«Görogly» şadessanynda:

«Teblesinde bedew aty baglynyň,
Onuň köňli gaýnap-gaýnap joş bolar»,

diýlip, bellenişi ýaly, türkmen maşgalasy üçin bedew atyň uly ähmiýeti bardyr. Hormatly Prezidentimiz öz nusgalyk kitabynda türkmenleriň öz çagalaryna at sowgat etmek, ilkinji gezek ata mündürmek dabarasy, çagalaryna atyny bezäp bermek ýaly türkmen milli däp-dessurlary kitapda örän çeperçilik bilen beýan edipdir.

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe, Türkmen bedewiniň baýramynyň bellenilýän gününde hormatly Prezidentimiz dabaraly ýagdaýda Gökdepe etrabynyň Kärizek geňeşliginiň çäginde täze gurlan Aba Annaýew obasyny we Halkara ahalteke atçylyk sport toplumyny dabara bilen açyp, ulanmaga ak pata berdi. Munuň özi, milli mirasymyz bolan ahalteke atlaryny gorap, köpeldip saklan Aba Annaýew ýaly ussat halypa seýislerimize uly sarpa we hormat goýmakdyr.

«Bedew ruhy barlygyň bir bölegine öwrülende, hakyky öz kanunalaýyklygyny ret edýär, täze bir hile geçýär. Ol hem maddy

baýlykdan ruhy barlyk ýagdaýynyň ykrar edilmesidir» diýmek bilen, hormatly Prezidentimiz okyjylara kitabyň filosofiki manysyny açyp görkezýär.

Gahryman Prezidentimiz Gyratyna atlananda Görogly sypat, toý-baýramçylyklarymyzyň bezegidir. «At – türkmen ruhunyň adamdan başga ýeke-täk jandarda keşbe gelmesidir» diýip, hormatly Prezidentimiz kitabynda belläp geçilýär. «Nusgawy şahyrymyz Mätäji:

«Kylsa Mätäji güman, behişdi haýwan başy sen – diýýär» diýen setirler arkaly awtor munuň şeýledigini delillendirýär.

Kitabyň «Gözelligiň syrly dünýäsi» bölüminde behişdi ahalteke atlarymyzyň özboluşly türkmen tebigaty – sonar örüli sähralary, Garagum çöli, jöwzaly çogly Günüň, dury asmanyň öwüşginli reňklerini özüne çaýýan türkmen tebigaty bilen arabaglanyşyk onuň gözelligine beslenendir. Ahalteke aty reňki, sazlaşykly ajaýyp hereketleri bilen halkara sergilerde çempion adyna, dürli ýurtlarda geçirilýän milli at üstündäki oýunlarda hünärine ussat ezber ýigitlerimiz bilen deň derejede owadanlygy bilen tomaşaçylar köpçüligini özüne maýyl edip, Altyn kuboklara mynasyp bolmaklarynda ahalteke bedewlerimiziň ýigitlerimiz bilen deň derejede öz paýy bardyr.

Hormatly Prezidentimiz öz kitabynda «Kesearkajyň ýaýylyp ýatan sähralary, jülgeleri dünýäniň iň gowy tohum atlarynyň mekanydyr. Nusaý düzlükleriniň, Oguzkendiň golaýynda bedew hakdaky rowaýatlar ýaşyryn ýatyrlar.....Bu ýerlerden durmuşa söýgi pelsepesi, ýaşaýşa hyjuwlylyk göreldesi başlanýar. Uly taryhyň ýumagy şu ýerden çözlenýär» diýmek bilen, bereketli Ahal topragy bilen bagry badaşan ahalteke atlarynyň döreýşiniň we ösüş ýolunyň şu ýerden gelip çykýanlygyny» delillendirmek bilen belläp geçýär.

Kitapda: «Türkmenlerde seýisçilik, atşynaslyk sungaty özüniň gözbaşyny gadymyýetden alyp gaýdýar. Şonuň üçin biziň ata-babalarymyz atlary köpeltmegiň, seýislemegiň, özboluşly inçeligini yhlas bilen öwrenip, ony nesilden-nesle geçiripdir. Her nesil özüçe bu ugurdaky iş tejribesini kämilleşdirip gelipdir» diýilýär.

Milli Liderimiz türkmeniň atçylyk, seýisçilik sungatyny halkyň taryhynyň içindäki taryhdygyny nygtamak bilen, «Ahalteke atlary barasyndaky gyzykly gürrüňler, maglumatlar gymmat-

ly tapyndy ýalydyr. «Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz» atly kitaba şeýle täsin maglumatlaryň ençemesi jemlenildi.... Ahalteke bedewlerine berýän ünsümiz mirasymyza uly sarpa goýýandygymyzdan nyşandyr. Mirasa göz ýetirmegiň, oňa juda aýawly çemeleşmegiň döwletlilik getirýändigi biziň kalbymyzda ornan ynamdyr» diýýär.

Hormatly Prezidentimiz «... Men öňde goýan aýdyň maksatlarymyzy bedew tizliginde durmuşa geçirmek üçin, il-halkymyň paýhasyna, durmuş tejribesine, zehinine bil baglaýaryn.... Bedewleri dünýä beren bu gadymy Diýar müdimi seždegähimizdir» diýip, pähim-paýhasa ýugrulan ajaýyp nusgalyk kitabyny jemleýär.

## «Atçylyk we atly sport hakynda» Turkmenistanyn Kanuny

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow tarapyndan binýady tutulan Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe Halkara ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň döredilmegi, ýurdumyzda halkara we welaýat atly sport toplumlarynyň, Aba Annaýew obasynda 600 atlary saklar ýaly Halkara ahalteke atçylyk sport toplumynyň we atçylar şäherçesiniň gurulmagy, ýurdumyzda atçylyk pudagynyň we atly sportuň senagat esaslarda ýola goýulmagy, türkmen atşynaslarynyň halkara derejesinde geçirilýän çapuw we atly sport bäsleşiklerine gatnaşmagy we «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň halkara bäsleşiklerde bassyr üç gezek ýeňiji bolup, «Grand pri» altyn kuboklaryna mynasyp bolmagy, päsgelçiliklerden atly bökmek – konkur ýaryşlarynyň Ýapyk binalarda we soweş sungaty boýunça geçirilýän V Aziýa oýunlarynyň tertipnamasyna goşulmagy – bularyň hemmesi, Garaşsyz, baky Bitarap ýurdumyzda we bütin dünýäde atçylyk pudagynyň hukuk binýadyny berkidýär. «Atçylyk we atly sport hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň kabul edilmegi öz wagtynda we döwrebap, maksadalaýykdyr.

Türkmenistanyň Prezidentiniň 2015-nji ýylyň 22-nji noýabrynda gol çeken we 28-nji noýabrynda merkezi gazetlerde çap edilen «Atçylyk we atly sport hakynda» Türkmenistanyň Kanuny ýurdumyzda ahalteke

atçylygyny, atly sporty ösdürmegiň hukuk, ykdysady we guramaçylyk esaslaryny kesgitleýär. Bu Kanun ýurdumyzda arassa ganly ahalteke atlarynyň eýeçilik meselelerini çözmäge, nesil çeşmesini (genofonduny) gorap saklamaga, atlary ösdürip ýetişdirmekde, köpeltmekde we dürli maksatlar üçin ulanylýan wagtlary ýüze çykýan meseleleri üstünlikli çözmäge we düzgünleşdirmäge gönükdirilendir.

«Atçylyk we atly sport hakynda» Türkmenistanyň Kanuny VIII bapda, 51 maddada beýan edilip, atçylyga degişli umumy düzgünleri, atçylyk we atly sport barada döwlet edaralary we yerli guramalar tarapyndan dolandyryş, eýeçilik hukuklary – atçylyk işi, atly sport we beýleki bölümleri öz içine alýar. Kanunyň birinji babynda atçylyk we atçylyk sportunda ulanylýan terminologik sözlüklere düşündirmeler berlipdir.

«Atçylyk we atly sport hakyndaky» Türkmenistanyň Kanuny Türkmenistanyň Konstitusiýasyna esaslanmak bilen «Maldarçylykda tohumçylyk işi hakynda», «Seleksiýanyň gazananlaryny hukuk taýdan goramak hakynda», «Bedenterbiýe we sport hakynda», «Professional sport hakynda» Türkmenistanyň Kanunlaryndan hem-de şu Kanundan gelip çykýan atçylyk we atly sport baradaky beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalary bilen ugurdaş hereket edýär. Bellenilen kadalardan başga, Türkmenistanyň halkara şertnamalarynda haýsydyr bir bir beýleki kadalar bellenilen bolsa, onda ol kadalaryň hem ulanylýanlygy Kanunda bellenilýär we munuň özi bu Kanunyň halkara ähmiýetini artdyrýar.

Atçylyk baradaky kanunçylygyň maksady atçylykda seçgi-tohumçylyk işlerini gowulandyrmak, halkara genefondunyň toparyna girýän atlaryň milli tohumlarynyň tohum goruny gorap saklamak, olary köpeltmek we yzygider kämilleşdirmek üçin hukuk kepilliklerini döretmek ýoly bilen, tohum atçylygy we atly sporty ösdürmek we ilat arasynda köpçülikleýin ýaýratmak, netijede atly sportda ýokary netijeleri gazanmak bolup durýar. Bu kanunçylygyň aýratynlyklarynyň ýene-de biri, ol hem atçylyk pudagynda işleýän işgärleriň we hünärmenleriň durmuş taýdan goraglylygyny üpjün etmegiň, atçylyk we atly sport babatda halkara hyzmatdaşlyklary amala aşyrmaklygyň ugurlarynyň göz öňünde tutulmagydyr.

Kanunda ýurdumyzda atçylyk boýunça bitewi bir döwlet syýasatynyň ýöredilýänligi göz öňünde tutulyp, atçylyk we atly sport

barada döwlet dolandyrylyşy we onuň ygtyýarlandyrylmalary, ýerli dolandyryş edaralarynyň hukuklary aýdyň beýan edilýär.

Atçylyk babatda eýeçilik hukuklary we atçylyk işi atçylygyň döwlet we hususy eýeçilik hukugyna esaslanmak bilen, dürli eýeçilikdäki tohum atlary pasportlaşdyrmagyň tertibi, atçylygyň obýektleri we atçylyk işiniň subýektleri bolan ýuridiki we fiziki şahslar, atçylyk işiniň görnüşleri, atçylykda telekeçilik işleri, atçylygyň we at eýeleriniň hukuklary we borçlary kanunalaýyklykda hukuklaşdyrylýar.

Kanunyň «Atçylyk» diýlip atlandyrylan IV babynda atlaryň tohumlary, olaryň ulanylyşyna görä, rejelendirilişi, döwlet tohumçylyk kitaplarynyň we resmi ýazgylaryň kömegi we çiplemek bilen tohum atlary hasaba almagyň we resmileşdirmegiň tertibi, atlaryň saklanylyşyna we idedilişine bolan ekologik talaplar, halkara weterinar kanunçylyklaryna laýyklykda, atlary Türkmenistanyň çäginden daşary çykarmagyň we ýurdumyza getirmegiň tertibi beýan edilýär. Kanunda ylmy üpjünçiligiň we hünärmenleri taýýarlamagyň uly ähmiýetiniň bardygy bellenilýär.

Ygtyýarlandyrylan döwlet edaralary tarapyndan Türkmenistanyň zähmet kanunçylygyna laýyklykda, atçylyk boýunça hünär taýýarlygynyň derejeleriniň berilýänligi, atçylykda geçirilýän seçgi-tohumçylyk işleriniň gazananlaryna awtorlyk we intellektual eýeçilik hukugynyň Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda kesgitlenýänligi bellenilýär.

Atçylyk we atly sportda işleriň maliýeleşdirilişi köptaraplaýyn bolup, döwlet býujetiniň serişdeleriniň, atçylyk kärhanalarynyň önümçilik-hojalyk işleriniň netijesinde alynýan girdejileriň, işleri amala aşyrýan jemgyýetçilik guramalaryň serişdeleriniň, hemaýatlyk we gaýry kömekleriň serişdeleriniň hasabyna, şeýle-de döwlet maýa goýumlaryny bölüp bermek bilen geçirilýänligi kanunlaşdyrylypdyr. Kanunda atçylyk pudagynda işleri höweslendirmegiň görnüşleri aýdyň kesgitlenilýär. Şeýle-de atly sport ýaryşlaryny guramagyň we geçirmegiň kanuny esaslary, ýaryşlary halkara we döwlet derejelerde geçirmegiň görnüşleri we çözgütleri, ol işlerde atçylyk sport toplumlarynyň wezipe borçlary beýan edilýär.

Kanunyň jemleýji düzgünlerinde Türkmenistanyň atçylyk we atly sportda halkara hyzmatdaşlygynyň halkara hukugynyň umumy ykrar edilen ýörelgelerine we kadalaryna hem-de Türkmenistanyň halkara şertnamalarynyň düzgünlerine laýyklykda amala aşyrylýanlygy, şeýle hem atly sportuň halkara guramalary tarapyndan sport we atçylyk boýunça geçirilýän beýleki çärelerde Türkmenistanyň wekilçilik etmek hukugyna eýedigi aýdylýar. Halkara jemgiýetçilik guramasy bolan Ahalteke atçylyk assosiasiýasynyň wezipe borçlary halkara kanunçylygyna laýyklykda kesgitlenip, Assosiasiýanyň ahalteke atçylygynyň dünýä ýüzünde ösdürilmegine we wagyz edilmeginde halkara ähmiýetiniň bardygy aýratyn bellenilýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň tagallalary bilen «Atçylyk we atly sport hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň kabul edilmegi we güýje girizilmegi ýurdumyzda atçylyk pudagyny we arassa ganly ahalteke atçylygyny, atly sporty ösdürmekde we türkmen atçylygynyň ýurdumyzda we bütin dünýäde hukuk binýadyny berkitmekde ähmiýetiniň uludygyny bellemek gerek.

Hormatly Prezidentimimiziň «Atçylyk we atly sport hakynda» Türkmenistanyň Kanunyny kabul etmegi türkmen halkynyň genji-hazynasy, milli mirasy bolan atçylygy ösdürmekde öňde goýýan wezipelerini üstünlikli berjaý etmäge we atçylyk pudagyny belent sepgitlere ýetirmäge ak ýol açýar.

## II BÖLÜM. BEHIŞDI BEDEWLER BARADA

Ilki bilen, behişdi bedewler barada gürrüň etjek bolsak, «At näme?» diýen soraga jogap bermek bilen onuň beýleki öý haýwanlaryndan tapawutlanýan aýratynlyklary barada durup geçmegimiz gerek.

At diýlip, çalasyn we çalt hereket edip bilýän, täk toýnakly gylýallar maşgalasyna degişli jandara aýdylýar. Atlar tebigy gelip çykyşy boýunça sähraýy – düz ýeriň haýwany bolup, çalasyn we çalt hereketleri bilen tapawutlanýarlar. Ewolýusiýanyň dowamynda atlar maşgalasynyň aýak we çalasyn hereketlenýän ulgamy ösüp, olaryň her aýagynda täk toýnagy, ýagny bir toýnagy galypdyr.

Üstüne atlanan adamyň erkine tabyn bolmak, çalasyn hereket, seýsiň, çapyksuwaryň, isleglerine ugrukdyryp sürüşine görä hereket etmek ýaly häsiýetleri eldeki atlaryň dürli işlerde, çapuw ýaryşlarynda, atçylyk sportunda, ulag we aragatnaşyk serişdesi hökmünde ulanmak üçin peýdaly häsiýetleridir. Atlaryň häsiýetlerini ilkinji bolup oguz türkmenleri ulanmagy başarypdyrlar.

Atyň bedeninde madda alyş-çalşyk hadysalary, dem alyş, ýürek, gan we gan aýlanyş ulgamlary, daýanç we hereketlendiriji synalary bolan süňk skeleti we muskulaturasy, siňir we baglaýjy ulgamlary gowy ösendir. Atlar duýgurdyr, gowy syzýar, ys alýar, gowy eşidýär, eýesini gowy tanaýar. Atlaryň ýabany şertlerde, sähralarda sürüleýin gezmek häsiýeti öý atlarynda hem saklanyp galypdyr. Öý atlary häzirki wagtda hem höwür at bilen örülerde saklanylanda sürüleýin gezmek häsiýetini ýüze çykarýarlar.

Göz hanasynyň we okarasynyň has öňde ýerleşenligi bilen baglanyşyklykda at ýörejek ýoluny, gapdallaryny we töweregini gowy görýär, basjak ýerini seljerip basýar. Atlaryň agzalan aýratynlyklary we peýdaly häsiýetleri müngi ulagy hökmünde peýdalanmaga, at çapyşyklarynda, atçylyk sportunda, atly gezelençlerde we mümkin bolan beýleki işlerde olary giňden ulanmaga mümkinçilik berýär.

Atçylyk pudagy düşünjesi arassa ganly atlary köpeltmegi, saklamagy we taýlary ösdürip ýetişdirmegi, seýislemegi, olary at çapyşyklarynda we atçylyk sporty ýaryşlarynda, atly sirkde we beýleki dürli işlerde müngi we iş ulagy hökmünde ulanmagy öz içine alýan halk hojalygynyň peýdaly bir pudagyny aňladýar.

At diýlip, häzirki türkmen dilinde jynsy arassa tohum atlara hem aýdylýar. Mysal üçin, ahalteke aty, ýomut aty we ş.m.. Şonuň ýaly-da at düşünjesi erkek jynsly we höwür atlary aňladýar.

Taý diýlip, atyň 7-8 aýlyk ýaşyna çenli enesinden süýt emýän döwrüne aýdylyar. Taýa ýapaga hem diýilýär. Mysal üçin, beýik şahyrymyz Magtymguly Pyragyda:

Baýtal ýapagasyn çekermiş düze – diýen setirler bar.

Gyrkman taý diýlip, 1-2 ýaş aralygynda müngä öwredilýän taýa aýdylýar. Şol döwürde türkmenlerde olaryň ýaly bir gezek gyrkylyp, guýrugy timarlanyp goýberilýär. Müngä öwredilýänçä oňa tutum taý hem diýilýär.

Gunan diýlip, 2-3 ýaşlaryndaky ýaş atlara aýdylýar.

Dönen at diýlip, 4 ýaşar atlara, boýnan at diýlip, 5 we ondan uly ýaşdaky süňňi bekän atlara aýdylýar. Nesilbaşy atlaryň biri bolan 4a Boýnawyň ady hem boýnan at sözünden gelip çykypdyr diýip hasaplaýarys.

Gysrak diýlip, 4 ýaşyna çenli bolan baýtalçalara bogaz bolup, gulunlaýança aýdylsa, dogry bolar. Şeýle-de olara gunança, gunajyn hem diýmek bolar.

Alaşa diýlip, atasy ýa-da ene tarapy jynsy arassa tohum at we beýleki tarapy tohumý näbelli iş ýabysyna aýdylýar. Mysal üçin, Berdi Kerbabaýewiň «Aýgytly ädim» romanynda Halnazar baýyň Meleguş atly tohum ahalteke aty bar, Artygyň bolsa münýän we işde ulanýan alaşasy bar.

Ýaby diýlip, tohumy ýitip giden we tohumçylyk işi ýöredilmeýän iş atlaryna aýdylýar.

Beýik şahyrymyz Magtymguly Pyragy tohum at bilen ýabyny aşakdaky ýaly tapawutlandyrýar:

At aýdar: aslym zordur,
Munça gymmatym bardyr,
Üstüme münen ärdir,
Dag-düz meýdan içinde.

Ýaby aýdar: men gende,
Üstüme münen bende;
Azabym köpdür günde,
Göwnüm arman içinde.

Türkmenistanda Garaşsyzlyk ýyllary içinde ahalteke we ýomut tohum atlarynyň sany köpelýär, asyl bedew atyň syna-sypaty gowulaşýar.

## Atyn synasy, syna-beden gurluşy

Atyň synasy (eksterýeri) diýlip, her bir atyň aýrybaşga hususy aýratynlyklaryna baglylykda onuň daşky syna-sypatynyň görnüşine aýdylýar.

**Ahalteke atlaryna keşbi nusgalyk – asyl bedew at**



**914 Polatly, altynsow mele at, 1965-nji ýylda S.A.Nyýazow adyndaky ahalteke atçylyk athanasynda doglan. 779 Pereň we 1244 Gaçgyr diýen atlaryň neslinden. Eýeberdi Teleke - Pereňiň ugry. Asyl bedew görnükli at. Polatly Moskwada Oba hojalygynyň gazananlarynyň Bütinsoýuz sergisinde iki gezek – 1973-nji we 1977-nji ýyllarda ahalteke tohum atlarynyň halkara çempiony diýlip yglan edildi.**

## Atyn gowre synasynyn agzalary




**Atyň daşky synasy, syna agzalary**

1.Maňlaý
2.Dodak
3.Aşaky we ýokarky äň
4.Burun
5.Seňrik
6.Göz
7.Göz üsti oýuk
8.Gulak
9.Alkym
10.Ýeňse
11.Saç
12.Ýal
13.Boýun
14.Geriş
15.Ýagyrny
16.Bil
17.Sagry
18.Kümpüç
19.Türre we guýruk
20.Gursak
21.Döş süňki
22.Döş kapasasy we gapyrgalar
23.Ýamyz
24.Pilçe
25.Pilçe we çigin tümmüsi
26.Gary (çigin)
27.Ýaýjyk we tirsek
28.Dyz we dyz bogny
29.Injik
30.Bakan
31.Täji
32.Gündüşmezi
33.Toýnak (toýnak buýnuzy)
34.Çatalba-ýanbaş tümmüsi
35.Ýanbaş
36.Baldyr
37.Dyzçanak
38.Aşyklyk
39.Söbük
40.Gow
41.Artky injik
42.Artky bakan
43.Gyllawy
44.Topuk
45. Çatalba tümmüsi

Atyň daşky syna aýratynlyklary onuň tohumçylyk häsiýeti, ýyndamlygy, umumybeden gurluşynyň (konstitusiýasynyň) berkligi we içki beden gurluşy (interýeri), anatomiýasy, fiziologiýasy we madda alyş-çalyş pursatlary, gan we gan aýlanyş, nerw ulgamlary we içki sekresiýa mäzleri bilen özara sazlaşykly arabaglanyşykda bolýar. Müngi tohumly çapuw atlarda atýň daşky synasyny öwrenmegiň örän uly ähmiýeti bardyr.

Syna agzalary – munuň özi, atyň belli bir işleri (funksiýalary) ýerine ýetirýän syna-beden bölekleridir. Olara bölekleýin seredilip, umumy daşky syna-beden gurluşyna jemleýji baha berilýär. Atyň esasy syna-beden agzalarynyň türkmen dilinde atlandyrylyşy ýokardaky suratda getirilýär.

## Atyn synasyna baha bermegin usullary

Atlar dürli maksatlar üçin seçgilenip saýlanylanda, olaryň tohumçylyk gymmaty kesgitlenende (bonitirlenilende), satuwa we sergi gözden geçirişlere çykarylanda, at çapyşyklaryna we atçylyk sportuna saýlanylanda, ilki bilen, olaryň daşky syna-sypatyna, umumybeden gurluşyna, durkuna we hereketiniň hiline baha berilýär. Seçgilemek (bonitirlemek) bilen onuň tohumcylyk gymmaty, klasy kesgitlenilýär. Atyň daşky syna-sypatyna gözçaky bilen baha berip, onuň çapuw häsiýetini, tohumçylyk gymmatyny kesgitlemek türkmen atçylygynda atlara baha bermegiň halk tarabyndan döredilen gadymdan gelýän nusgawy usullarynyň biridir.

Häzirki döwürde atyň daşky synasyna baha bermegiň esasy:
– gözçaky bilen baha bermek;
– göwresiniň gurluşynyň ölçeglerini almak;
– surata düşürmek usullary bardyr.

Birinji usulda baha berlende, at tekiz ýere çykarylyp, onuň umumy durkuna, syna-sypatyna, beden agzalaryna, reňkine, nyşanlaryna we ýöredip görmek bilen dürli hereketlerine, şonuň ýaly-da, gowy taraplaryna, gylyk-häsiýetlerine baha berilýär, bar bolsa, ýetmezçilikleri anyklanylýar. Şonuň ýaly-da, agzyny açyp, dişlerini görmeli, gerek bolsa, ýaşyny anyklamaly bolýar. Gözçaky bilen baha bermek mysaly bolup, şeýle bahany tejribeli, kämil atşynas hünärmenler berip bilerler.

Atlaryň göwresiniň ölçeglerini almak – ata takyk baha bermek usuly bolup, atyň göwresiniň uly-kiçiligine, süňklekligine baha bermäge, döş göwrüminiň aýlawynyň ölçegi bolsa, atyň gursaklaklygyna we döş kapasasynyň ululygyna, giňligine we şonuň bilen baglanyşykly ýürek we dem alyş ulgamyna gapdallaýyn baha bermäge mümkinçilik berýär. Atlaryň göwresiniň ölçeglerini almak diri agramyny kesgitlemäge, taýlaryň ösüşini, boý alşyny gözegçilikde saklamaga, iriligini, syna-beden gurluşyny takyk öwrenmäge we baha bermäge kömek edýär. Göwresiniň ölçegleri we agramy boýunça belli bir derejede atyň tohumy we aýrybaşga (indiwidual) aýratynlyklary barada netije çykarmak bolar. Ölçegler dürli hojalyklarda ösdürilip ýetişdirilýän atlaryň iriligini, taýlaryň boý alşyny deňeşdirmäge, olaryň saklanylyşy we ösüp ulalyşy barada netije çykarmaga-da mümkinçilik berýär.

Atlar seçgilenip, tohumçylyk klasy kesgitlenilende, ahalteke we ýomut tohum atlary döwlet tohumçylyk kitaplaryna ýazylanda, göwre ululygyna baha berip, höwür atlar ene baýtallara jübütleşdirilende, şonuň ýaly-da, atçylyk hojalygy boýunça dürli ýaşdaky atlaryň aňryçäk ýokary, orta we aňryçäk aşak bolup biljek ülňi ölçegleri meýillendirilende, sergilerde baha bermek we beýleki maksatlar üçin atlaryň aşakda getirilýän esasy dört ölçegi santimetrlerde ölçenilýär.

Her bir atyň dürli ýaşdaky ölçegleri onuň aýrybaşga resmi ýazgylaryna, döwlet tohumçylyk kitaplaryna we atyň pasportyna hem ýazylýar.

## Atyn esasy we goşmaça olçegleri

Atyň ölçegini almak üçin, ony tekiz meýdança çykaryp ölçemek gerek. Aty ölçeýän hünärmen hemişe atyň çep tarapyndan baryp ölçemelidir. Şonda ölçemek adam üçinem, at üçinem oňaýly bolýar. Ölçenilýän atyň dört aýagy göwresiniň aşagynda ýere dogry basylan, boýny, kellesi aralyk ýagdaýda dik bolmalydyr.

Atlary ölçemek üçin Lidtiniň ölçeg taýagy, tasma metr, Wilkensiň ölçeg sirkuly we gerek bolsa, burç ölçeýji abzallar ulanylýar. Nallanan atlar ölçenilende beýikliginiň ölçegini 1–2 santimetr azaltmaly bolýar. Injigiň ýogynlygy 0,5 ýa-da 0,25, galan ölçegleri 1,0 santimetr takyklykda hasaba alynýar.

**I. Atyň esasy ölçegleri:**

1. Gerşine çenli beýikligi – çep tarapynda durup, ýerden gerşiniň ýokarky orta nokadyna (üçünji ýagyrny oňurganyň ýokarky ösüntgisiniň üstüne) çenli aralyk ölçeg taýagy bilen santimetrlerde ölçenilýär;

2. Göwresiniň keseleýin uzynlygy – pilçe-çigin tümmüsiniň daş gyrasyndan çatalba tümmüsine çenli keseleýin uzynlygy ölçeg taýagy bilen ölçenilýär;

3. Döş göwrüminiň aýlawy – gerşiniň üsti, pilçäniň yz tarapy we aşakda döşüň üsti bilen tasma metr arkaly ölçenilýär;

4. Injiginiň ýogynlygy – öň injiginiň ortasyndan ýokarda, iň inçe ýerinden tasma metr bilen ölçenilýär;

Atyň gerşine çenli beýikligini ölçemek atyň göwresiniň ululygyny, beýikligini takyk anyklamaga kömek edýär.

Göwresiniň keseleýin uzynlygy takyk almasy kyn ölçeg bolup, ol atyň görnügini (tipini) we göwresiniň uzynlygyny häsiýetlendirýär.

Döş aýlawynyň aýlawlaýyn uzynlygy dem alyş, öýken, ýürek, gan-damar ulgamyna gapdallaýyn baha bermäge, injigiň ýogynlygy bolsa, atyň süňklek ýa-da süňklek däldigi barada netije çykarmaga mümkinçilik berýär.

Professor M.I.Belonogow (1968) atlary zootehniki taýdan gözden geçirmegiň, göwresiniň ölçeglerini almagyň we käbir peýdaly biologiýa we hojalyk aýratynlyklaryny öwrenmegiň aşakdaky usulyýetlerini teklip edýär:

Atlara zootehniki häsiýetnama bermek, olary ýerinde hojalykda zootehniki taýdan barlamak we hasaba almak bilen, şeýle-de köp wagtlap atlary gözegçilikde saklamak we ylmy maksatly tejribe arkaly geçirilýär.

Barlaglar her bir aty aýrybaşga gözden geçirmek, ölçemek we ýazga almak, gerek bolsa, surata düşürmek (we wideoýazga almak) bilen geçirilýär. Tohum atlaryň daşky syna-beden görnüşi (eksterýeri), umumybeden gurluşy (konstitusiýasy), nesil berijiligi, işeňňirligi, biologiki we hojalyk taýdan haýal ýa-da tiz ýetişijiligi, baýtallaryň süýtlüligi, beýleki peýdaly häsiýetleri göz öňünde tutulyp, önümçilik we ylmy barlag maksatlar üçin çuňňur öwrenilýär.

Ylmy maksatlar we atyň daşky syna-beden gurluşyna doly häsiýetnama bermek üçin atyň göwresiniň aşakdaky goşmaça ölçegleri alynýar.

**II. Atyň goşmaça ölçegleri:**

1. Arkasynyň (ýagyrnysynyň) beýikligi – ýerden arkasynyň iň beýik nokadyna çenli ölçeg taýagy bilen;

2. Sagrynyň beýikligi – ýerden sagrynyň iň beýik nokadyna çenli ölçeg taýagy bilen;

3. Aýagyň tirsege çenli beýikligi – ýerden tirsegiň yz tarapynyň çetki iň ýokary nokadyna çenli dikligine ölçeg taýagy ýa-da tasma metr bilen;

4. Döşüniň çuňlugy – gerşiniň ortasyndaky beýik nokadyndan döş süňküniň aşak üstüne çenli ölçeg taýagy bilen;

5. Çigin-pilçe birleşmeleriniň arasyndaky gursagynyň giňligi – çigin-pilçe tümmüleriniň arasy ölçeg taýagy ýa-da sirkul bilen;

6. Sagrynyň kümpüçara giňligi – kümpüjiň daş tarapyndaky tümmi ýerinden iki kümpüjiň arasy sirkul bilen;

7. Sagrynyň uzynlygy – kümpüjiň tümmi ýerinden çatalba tümmüsine çenli sirkul bilen;

8. Kellesiniň uzynlygy – çüwdäniň gerşinden burnara aşak çyzygyna çenli sirkul bilen;

9. Maňlaýynyň uzynlygy – çüwdäniň gerşinden göz okarasynyň ortasyna çenli sirkul bilen;

10. Maňlaýynyň giňligi – iki göz okarasynyň daşky tümmüsiniň aralygy sirkul bilen;

11. Boýnunyň uzynlygy – çüwdäniň tümmüsinden gerşiň iň beýik nokadyna çenli tasma metr bilen;

12. Agram – gapanda ölçemek ýa-da göwresiniň ölçegleri boýunça aşakdaky deňlemeleriň kömegi bilen kesgitlenýär.

1) A.M.Matoriniň usuly – hemme tohum atlar üçin:

A = 6 X – 620; bu ýerde: A – atyň diri massasy, kg; X – döş aýlawy, sm; 6 we 620 – empiriki koeffisiýentler.

2) Ulrih Dýurstuň usuly – A = O x K deňleme boýunça; bu ýerde: A – atyň diri agramy, kg; O – döş aýlawy, sm; K – empiriki koeffisiýent – ýeňil atlar üçin 2,7, orta ululykdaky atlar üçin 3,1 we agyr atlar üçin 3,5-e deňdir.

3) Orta Aziýa atlary üçin Şekiniň usuly – A = 5X – 505; bu ýerde: A – atyň diri massasy, kg; X – döş aýlawy, sm, 5 we 505 – empiriki koeffisiýent.

U. Dýurstuň usuly boýunça çapuw atlarda öň we yzky aýaklarynyň hereketlenýän bölekleriniň aşakdaky esasy burçlaryny burç ölçeýji abzal bilen ölçemek bolar.

1. Çigin-pilçe içki burçy;
2. Pilçäniň tekizlige ýapgytlygy;
3. Çatalba-ýanbaş içki burçy;
4. Dýzçanak (ýanbaş-baldyr) içki burçy;
5. Aşyklygyň içki burçy;
6. Bakan burçy – injik we bakan süňküniň içki öň tarap burçy.

Toparlar boýunça alty we ondan uly ýaşly atlar bir toparda häsiýetlendirmek bilen seljerilýär. 1, 2, 3, 4, 5 ýaşar atlary özbaşdak ýaş toparlarynda seljerip häsiýetlendirmek, öwrenmek ýaş atlaryň ýyllar boýunça ösüş aýratynlyklaryny ýüze çykarmaga we öwrenilýän toparyň çalt ýetişişi barada netije çykarmaga mümkinçilik berýär.

Şu ýerde bir zady bellemek gerek. 1932-1938-nji ýyllarda Sowet Soýuzyndaky atlaryň resursy öwrenilende Bütinsoýuz ylmy-barlag atçylyk institutynyň usuly boýunça işlän ekspedisiýalar uly ýaşar atlar toparyna 4 we uly ýaşar atlaryň toparlandyrylanlygyny göz öňünde tutup, deňeşdirme maksady bilen alty we ondan uly ýaşly atlaryň ölçeglerini özbaşdak seljermek bilen bir hatarda dört we ondan uly ýaşar atlary bir toparda öwrenmek maslahat berilýär. Atlary ýaşy boýunça dört we uly ýaşar topara bölmegiň usuly türkmen atçylygynda hem ýaýrandyr.

Atyň ölçeglerinden gerşine çenli beýikligi we göwresiniň keseleýin uzynlygy bilen bilelikde atyň görnügini (formatyny) kesgitleýär. Atyň keseleýin uzynlygy beýikliginden kelte bolanda atyň görnügi dikleň gönüburçluk, beýikligi we uzynlygy deň bolanda inedördül gönüburçluk we keseleýin uzynlygy uzyn bolanda tekizlikde ýatyk gönüburçluk görnüşde bolýar.

Ýokarda agzalanlardan başga-da ylmy we hojalyk maksatlar bilen atlaryň dürli beýleki göwre ölçegleri alnyp bilner. Ölçegleriniň biri-birine göterim gatnaşyklary (indeksleri) hasaplanylýar.

## Beden gurluş indeks gorkezijileri

Atyň daşky syna-beden gurluşyna, görnügine (tipine) häsiýetnama bermek üçin indekslerini, ýagny atyň ölçegleriniň biri-birine göterim gatnaşygyny hasaplamaly bolýar.

Atlaryň daşky syna-beden gurluşyny häsiýetlendirýän esasy indeksleri aşakdakylar bolup, olary hasaplamak aşakdaky deňlemeler boýunça geçirilýär:

$$\text{Görnüklilik (format)} \; \frac{\text{Göwresiniň keseleýin uzynlygy X 100}}{\text{Gerşine çenli beýikligi}};$$

$$\text{Ýognaslygy} \; \frac{\text{Döş göwrüminiň aýlawy X 100}}{\text{Gerşine çenli beýikligi}};$$

$$\text{Gursagynyň çuňlugy} \; \frac{\text{Gursagynyň çuňlugy X 100}}{\text{Gerşine çenli beýikligi}};$$

$$\text{Süňlekligi} \; \frac{\text{Injiginiň ýogynlygy X 100}}{\text{Gerşine çenli beýikligi}};$$

$$\text{Şonuň ýaly-da : Gursaklylyk} \; \frac{\text{Gursagynyň giňligi X 100}}{\text{Gursagynyň çuňlugy}};$$

$$\text{Sagry indeksi} \; \frac{\text{Sagrynyň giňligi X 100}}{\text{Sagrynyň uzynlygy}};$$

$$\text{Uzyn aýaklyk} \; \frac{\text{Aýagynyň tirsegine çenli beýikligi X 100}}{\text{Gerşine çenli beýikligi}};$$

$$\text{Maňlaý indeksi} \; \frac{\text{Maňlaýynyň giňligi X 100}}{\text{Maňlaýynyň uzynlygy}};$$

$$\text{Injige düşýän agram (birlikde)} \; \frac{\text{Massasy, kg}}{\text{Injigiň ýogynlygy}};$$

Indeksleriň özi empiriki san görkeziji bolup, hiç zat aňlatmaýar. Olary hasaplamak we dürli tohumlara degişli ýa-da dürli tipdäki we

ýaşdaky, dürli jynsdaky atlaryň indekslerini deňeşdirmek bilen olaryň beden gurluşynyň proporsiýalaryna häsiýetnama bermek bolýar.

Atlara ýokarda agzalan usullarda baha berlip saýlanylanda, olaryň jyns aýratynlyklary, ýaşy göz öňünde tutulmalydyr. Ahalteke atlary saýlanyp-seçgilenende onuň bedew at syna-sypatly asyl bedew at görnügine aýratyn üns berilmelidir.




**Atyň syna-beden gurluşynyň gatnaşyklary (proporsiýalary)**

1. AB – kellesiniň uzynlygy
2. WÇ – pilçäniň ýapgytlygy
3. WK – atyň beýikligi
4. ÇJ – göwresiniň kese uzynlygy
5. ŽZ – art injiginiň uzynlygy

Atlar ýörite surata düşürilende, suratçy atyň çep tarapyndan üç göwre uzynlygy daşlykda we sekizinji gapyrganyň ýerleşýän ýerine dogry durmak bilen atyň gujurlanyp, gobsunyp duran wagty surata almaly. Şonda atyň dört aýagynyň göwresiniň aşagynda dik we dogry durmagyna üns bermeli. Suratlar atyň hususy tohumçylyk ýazgy – sertifikatlaryna ýelmenilýär. Ülňi ölçeglere laýyk alnan suratlaryň kömegi bilen häzirki wagtda atlara elektron usulda baha bermegiň usuly işlenilip düzülendir. Bu bolsa atlara suraty boýunça baha bermäge mümkinçilik berýär.

## Atyn daşky syna-beden gurluşyny owrenmegin ahmiyeti

Atçylykda işleýän hünärmenler – seýisler, çapyksuwarlar, atçylyk sporty boýunça işleýän atçy turgenler, sirk atlaryny dressirleýän hünärmenler atyň synasyna, reňkine, usully yzygider hereketine seredip, baha bermegiň we saýlap almagyň esaslaryny gowy bilmelidirler.

Atyň bedeniniň belli bir işleri amal edýän böleklerine, syna-sypatyna dogry häsiýetnama we baha bermek üçin ol agzalaryň anatomiki esasyny we ýerleşişini, ululy-kiçiligini, bitirýän işini, gowy tarapyny, ýetmezçiligi we kemçiligi bar bolsa, ol aýratynlyklaryny gowy bilmeklik gerek. Daşky beden böleklerini ýa-da syna agzalaryny öwrenmekde olaryň türkmençe atlandyrylyşyny bilmek zerurdyr. Atyň synasynyň esasy uly böleklerine ýa-da synasynyň topar agzalaryna – kelle, boýun, göwresi, öň we art aýaklary girýär.

Atyň her bir syna agzasyna aýratyn seredip, topar agzalaryna bölekleýin we jemleýji baha berilýär. Syna agzalaryna ýekän-ýekän seredip, baha berlende, göwre bölekleriniň özara arabaglanyşygy, tohum aýratynlyklaryna bagly her bir aýrybaşga tohumyna mahsus bolan beden gurluşyny bir bitewülikde hasaba almak bilen, seljerip baha bermeli bolýar. Gözçaky bilen baha berlende, belli bir tertipde, ýagny kellesinden başlap aýaklarynda gutarmak bilen aşakdaky tertipde gözden geçirmek gerek bolýar.

**Kelle.** Atyň kellesiniň ululygy onuň süňk ulgamynyň ösenligi we umumybeden gurluşy bilen bagly bolýar. Çalasyn hereketli atlarda, mysal üçin, ahalteke we arap atlarynyň kellesi guraksydan kiçi bolýar, agyr ýük çekýän we ýerli ýaby tohumly atlarda kelle uly we etlekdir. Käbir ahalteke atlarynda duşýan gommuk seňriklilik, arap atlarynda seňriginiň ýokarsy çöküklik olaryň tohum aýratynlygy bolup, kemçilik hasap edilmeli däldir.

Atyň kellesinde görüş, eşidiş, ys we tagam alyş ýaly duýgy organlary, diş ulgamy ýerleşendir. Atlaryň 40 we baýtallaryň 36 dişi bolup, olar gowy ösen, bede we däneli iýmleri gowy çeýnäp, üwäp iýmäge ukyply bolýarlar.




**Atyň kellesiniň, gulaklarynyň, ýeňsesiniň gurluşy, boýnunyň çykyşy. 1.Göwresine laýyk; 2. Öte ösgün, ýognas; 3. Ýeňsesi has egrelen (kadyk); 4. Sugun kelle.**

Çalasyn hereketli günorta tohum (mysal üçin, ahalteke, arap) atlarda gözleri uly we gowy hereketli, hanasynyň daşynda ýerleşen diýen ýaly we oýnaklap duran alma gözlüdir.

Ýaramaz görýän atlar ürkek bolýar, ýörände aýagyny has ýokary göterip, gorka basýar we netijede, olar büdregiç bolýar. Bir gözi çala görýän atlar görüş ýetmezçiligini eşidiş organynyň üsti bilen dolmak üçin gözi görmeýän tarapyna diň salyp, şol tarapdaky gulagyny ýapyryp seredýär.

**Gulak** – günorta atlary diýilýän müngi atlarynda, inçeden uzyn, oýnaklap duran gowy hereketli gamyşgulak bolýar. Keýerjekläp duran çalasyn hereketli, gamyşgulaklyk ahalteke atlaryna mahsus bolup, atyň gujurlylygyny, galdawlygyny häsiýetlendirýär. Ker, güň atlaryň gulagy oýnaklamaýar. Ýaramaz görýän ýa-da bir gözi kör atlaryň gulaklary dürli taraplara bakyp, ýaprylyp durýar. Atlarda salpygulaklyk çamanlygyň alamatydyr. Häsiýetsiz – dişlek at kellesini öňe uzadyp, gulagyny yza ýapyryp, gypjynyp dursa, dişlemek üçin topulmagynyň, yzyny öwrüp, ters dursa, depmeginiň alamatydyr.

**Burun (seňrik)** – çalasyn hereketli müngi atlarynda uly we burun deşigi has giň (aýratynam, arap atlarynda) bolýar. Burun deşiginiň kitirdewük böleginiň atyň hereketde wagty çalt-çaltdan dem soranda, has giňelip we dem goýberende, ýene öňki kaddyna gelmek, ýagny özboluşly giňelip-daralmak ukyby bardyr. Netijede, atyň çapýan wagty burun deşigi dem alyş ýygylygyna laýyklykda örän çaltlyk bilen giňelip we ýene öňki ýagdaýyna gaýdyp, gelip durýar. Bu aýratynlyk atyň minutlyk dem alyş ýygylygyny sanamaga mümkinçilik berýär.

Üzlem-saplam ýa-da haslap, doly däl dem almak öýken batma (zapal), öýken çişme (emfizema) ýa-da dem alyş ýollarynyň alawlamasynyň alamatydyr. Burun deşiginiň iç tarap perdesiniň has solak bolmagy ýa-da gyzgylt bolmagy, şonuň ýaly-da, myşlap, bur-

nundan suw akmagy – dümew (grip), ketew (myt), iriňli maňka gelmegi – maňka (sap) ýaly keselleriň alamaty bolmagy mümkin. Onuň ýaly atlary weterinar lukmanlaryna barlatmaly we bejertmeli bolýar.

**Atyň dodaklary** agzyny ýapmak bilen, dürli iýmitleri ýeňillik bilen alyp, agzynda saklamaga kömek berýär. Aşaky dodaklary ýokarky dodagyndan kiçi we kelte bolsa, agzyny açyp, aşaky äňini görmeli, aşaky äňi kelte (kempi) bolsa ýetmezçilik hasaplanýar. Keý Kowusyň «Kowusnama» kitabynda atyň salpy dodaklylygy gowy alamat diýlip bellenilýär. Başgaça aýdylanda, dodaklak at gowy hasaplanylýar.



**Gyrat atly gyr reňkli, asyl bedew görnükli ahalteke aty (Garadaşaýak we Gülperi diýen atlaryň neslinden)**

**Alkym** giň bolsa gowudyr. Bokurdakda kekirdek ýerleşip, onuň üsti bilen iýmit we dem alyş ýollary geçýär. Atyň kellesi dürli hereketde wagty bokurdak darlyk edip, ýuwdunmagyna ýa-da dem almagyna päsgel bermeli däldir. Şonuň üçin aşaky äňiň çekge süňkleriniň bokurdak tarapynyň arasy (alkymy) çapuw atlarda näçe giň bolsa, şonça gowudyr. Çekge süňkleriň arasynyň ölçegi bolup, alkyma eliň ýumrugy sygsa, ol giň we gowy hasaplanylýar.

**Ýeňse** giň we uzyn bolsa (birinji we ikinji boýun oňurganyň uzynlygynyň hasabyna), «at jylawlanylanda», jylawy dartyp, ýygnak saklanylanda, ýeňsesini tüňňerdip, boýnuny egremçe şekilli (guw boýun) tutýan bolsa, ol at daşyndan synlanyňda örän owadan

görünýär. Şonuň ýaly atlary atly gezimiň ýokary mekdebi boýunça gezim oýnatmak üçin saýlap alsaň, has gowudyr.

**Atyň ýaly we maňlaý saçy (käkili)** ahalteke atlarynda beýleki tohum atlara seredeniňde selçeňdir we olar köse atlardyr. Ýal bir tarapa ýatan bolsa gowudyr.

**Boýun.** Boýnuň esasyny atlant, epistrofeý we 3, 4, 5, 6, 7 diýip belgileýin atlandyrylýan 7 sany gowy hereketli boýun oňurgalary düzýär. Boýun kelläniň ýeňsesinde çüwdeden başlap, boýun oňurgalaryň üsti bilen yz tarapda geriş oňurgalar (1, 2, 3-nji döş oňurgalaryň ýokarky ösüntgisiniň kömegi bilen emele gelip) we ol ösüntgilere ýapyşyan güýçli saçuzyn diýlip atlandyrylýan berk birleşdiriji dokuma bilen birleşendir. Ol boýun muskullary bilen bilelikde kelläni, boýny berk we dik saklamaga kömek edýär. Boýun kelläniň ululygyna kybapdaş ululykda, uzyn we gowy hereketli bolup, müngi atlarynda dikleň we uzyndyr. Boýnuň ýally tarapy geriş şekilli bolup, aşak tarapy ýogyn we togalagrakdyr. Boýnunyň daşky görnüşi boýunça dogry boýunly, uzyndan dik boýunly, ýeňse (çüwde) tarapy dükgeren egri guw boýun we beýleki görnüşleri tapawutlandyrylýar. Boýnuň uzynlygy kellesiniň uzynlygyndan 20 göterim uzyn bolsa, atyň boýny uzyn hasaplanylýar. Inçeden uzyn egremçe şekilli (atyň kellesinden beýikde ýerleşen) boýun, atlar gezim oýnadylanda, olary owadan görkezýär. Boýnuň tekizlige garanyňda göwreden çykyşy 45 gradus burç bilen bolsa, kadaly, 45 gradusdan ýokary bolsa, dik we 45 gradusdan kiçi burç bilen çyksa, boýny pes hasaplanylýar. Ahalteke atlarynyň boýny uzyn we ýokarlygyna) has dik çykandyr. Üstüne atlanylanda atyň kellesi atlynyňky bilen deň beýiklikde bolýar.

Kelle bilen boýun atyň islendik hereketini ugrukdyryjydyr. At kellesini we boýnuny öňe uzadanda, aty herekete getirýän bize görünmeýän deňagramlylyk merkezi öňe süýşüp, onuň öň aýaklaryna agram düşýär, galdyrsa, art aýaklaryna, saga we çepe öwürse, şol tarapa agram düşüp, ata hereketlenmäge we saga-çepe öwrümler etmäge mümkinçilik döredýär.

**Geriş.** Gerşiň esasyny 2-10 döş oňurgalarynyň ýokarky ösüntgileri emele getirýär. Gerişlek we gerşi pes atlar tapawutlandyrylýar.

Gerşe pilçe süňki we atyň hereketlenmegine ýardam edýän boýnuň, ýagyrnynyň we öň aýaklaryň muskullary ýapyşýar. Beýikden uzyn gerişlek geriş müngi çapuw atlary üçin gowudyr. Gerşi pes atlarda eýer öňe süýşýär. Atyň gerşine eýer degmeginde we beýleki şikesleriň ýetmeginde ýagyr öýkene tarap deşilip, iriň akmagy ýaly şikes ýaralar ýüze çykyp biler.

**Ýagyrny.** Atyň ýagyrnysynyň anatomiki esasyny 11-18-nji döş oňurgalar we oňa laýyklykdaky gapyrgalaryň ýokarky bölegi we atyň arkasynyň muskullary emele getirýär. Atyň ýagyrny bil bölegi bilen bilelikde öň we artky guşaklygynyň arasynda köpri bolup hyzmat edýär.

Atyň ýagyrnysynyň uzynlygyna, giňligine, görnüşine, muskullaklygyna we berkligine baha berilýär. Görnüşi boýunça kadaly dogry, ýumşak (eýerlikli) ýagyrnyň gurluşy tapawutlandyrylýar. Ahalteke atlarynyň arasynda ýumşak ýa-da aýdylyşy ýaly, eýerlikli ýagyrnyly atlar hem duşýar.

**Atyň bili** bil oňurgalaryň kömegi bilen emele gelip, iň ejiz ýeridir. Bil uzynlygy we ini, görnüşi boýunça häsiýetlendirilýär. Uzyn ýagyrny we uzyn bil ahalteke atlaryna mahsusdyr. Ol atyň görnügini (formatyny, tipini), owadanlygyny kesgitleýär. Uzyn göwre atyň mylaýymdan ýumşak hereketini we ädim uzynlygyny üpjün edýär. Şeýle-de bolsa, ylmy çeşmelerde ýygnak (kelte) atlar ýyndam bolýar diýen maglumatlar bar.

Gasyk soňky gapyrgadan ýanbaş süňküniň ujuna çenli bolan we dem alanda gymyldaýan aralykdyr. Gasyk ortaça we gysga bolsa gowudyr. Onuň boýy biliň boýy bilen baglanyşyklydyr.

**Sagry** – atyň göwresiniň iň muskullak bölegi bolup, onuň esasyny çatalba süňkleri we çatalba oňurgalary emele getirýär. Sagrynyň muskulatura bölegi ýanbaş we uýluk muskullary gowy ösen bolsa, atyň güýç bilen hereketlenmegine itergi berýär. Ata baha berlende sagrysynyň uzynlygy, ini ýa-da giňligi, ýapgytlygy we görnüşi göz öňünde tutulýar.

Hemme atlar üçin sagry uzyndan giň we etlek bolsa gowudyr. Türkmenleriň atyň sagrylaklygyna aýratyn üns berýänligi muňa şaýatlyk edýär.

1 2 3



**Atyň göwresi, gerşi, bili , sagry bölegi. 1-gerşi, bili, sagrysy laýyk ýerleşen; 2-bili ejiz, hökgi, sagrysy muskula garyp; 3-sagrysy pes.**

Sagrynyň uzynlygy kümpüçden çatalba tümmüsine çenli ölçenilýär. Sagrynyň ortaça uzynlygy atyň göwresiniň uzynlygynyň üçden bir bölegine (30 göterimine) deňeçerdir. Müngi atlarynyň sagrysy beýleki tohumlara seredeniňde uzyndyr. Sagrynyň ýapgytlygy tekizlige garanyňda ortaça 20 – 30 gradus töweregi bolýar. Dogry sagry, üçek sagry känbir islenilmeýär we art aýaklarynyň itekleýji güýjüni, şeýlelikde, hereketini peseldýär. Şonuň ýaly atlar art aýaklaryny göwresiniň dik aşagyna däl-de, göwresinden yza galdyrybrak basýar. Sagrysy yz tarapyndan has pes (30-40 gradus ýapgytlykda) atlaryň, köplenç, art aýaklary göwresiniň dik aşagyna däl-de, öňrägine basýar, olaryň aýaklarynyň aşyklyk bognunyň içki burçy kiçi bolýar. Tegelek, kese tegelek görnüşli sagry muskullarynyň gowy ösenliginiň alamatydyr.

«Ýanbaş» diýlip, atlarda kümpüç süňküniň ganatynyň ujy döwlüp, sagrynyň bir tarapy gyşyk we ýapgyt bolanda aýdylýar. Ol atyň görküni peseldýär. Atyň çatalbasynyň iň ýokary nokadyndan ýere çenli beýikligi, çalasyn hereketli müngi atlarynda gerşine çenli beýikliginiň 75 göterimi töweregi bolsa gowy hasaplanylýar.

**Döş kapasasy** döş (gursak) oňurgalar we 12 sany döş gapyrgalarynyň, döş süňküniň kömegi bilen emele gelendir. «Müngi tohumly çapuw atlarynyň gursagy giň, döş kapasasy çuň, gapyrgalary yza tarap ýapgyt bolsa, kapasa giň we gowy hasaplanylýar» diýip, garry seýis Hudaýberdi Baýramow aýdardy. Döş kapasasynyň kese kesimi çalasyn hereketli atlarda ellips şekilli bolsa, agyr ýük çekýän atlarda tegelek görnüşlidir. Döş süňki uzyn we oňa 12 gapyrga birigen bolsa, gowy bolýar. Döş süňküniň üstünde eýeriň çekisi ýatýar.

**Artky guşaklyk.** Art aýaklary atyň göwresini öňe itekleýji häsiýeti bilen baglanyşykly kümpüç, çatalba we çatalba oňurgalary ýaly

bir bitişen süňkleriň çatalba süňküne ýanbaş süňküniň çüýjük diýilýän tommarçakly ujy bilen çatalba-ýanbaş bognuny emele getirip berk birleşendir. Atyň artky bölegine uly agram düşýär. Art aýaklaryň süňkleri uzyn we gowy ösen bolup, gowy hereketlenmäge ukyply bolýar, atyň agyr göwresini çalasyn çapuw hereketde öňe omzatmaga, hereketlenmäge ugrukdyrýar.

Ýanbaş we baldyr süňkleri muskullara baý (etlek) we uzyn boldugyça, hereketlenýän wagty göwräni güýç bilen has öňe iteklemäge mümkinçilik döredýär.

Aşyklyk art aýaklaryň hereketlenýän wagty ýüze çykýan urgulara ressor hökmünde ýumşaklyk berýär. Atyň aşyklygy kuwwatly, guraksydan giň we süňklek bolsa gowudyr. Söbük (ökje) süňki we oňa berkişýän ahilla siňiri aýagyň aşaky bölegini hereketlendirýär. Ýanbaşyň iç tarapky muskullary art aýaklaryň güýçli we netijeli hereketlenmegine kömek edýär.

Aşyklygyň içki burçy 150 gradus ýazgyn burç bolsa, müngi atlary üçin kada hasaplanylýar. Ol burç kiçeldigiçe (140 gradusdan az), atyň art aýaklary egri we çaýşygrak bolýar. Has ýazgyn gurluşly (dogry) aşyklyk bölegi hem gowy bolmaýar, ýyndamlyk görkezmäge ata mümkinçilik bermeýär. Artky injik – art aýaklaryny ýere uranda toýnak bilen bakandan soň, ýerden gelýän esasy urguny kabul edijidir. Munuň özi, artky injigiň berk bolmagyny talap edýär. Artky injik süňki gapdal tarapyndan gysylan bolup, oňa hiç hili muskul ýapyşmaýar. Ýerleşişi dik bolup, azajyk iç ýa-da gapdal tarapa ýapgydrak bolmagy mümkin. Bu bolsa oňa «urguny ýumşadyjy» bolup, ressorlyk hyzmaty hem ýerine ýetirmäge ýardam edýär.

**Atyň öň aýaklary** göwresiniň agramynyň esasy böleginiň düşýän ýeriniň aşagynda bolup, aýaklaryň arasy art aýaklaryna seredeniňde giňdir. Süňkleri göwräniň aşagynda dikleň ýerleşendir. Şeýle gurluş öň aýaklarynyň muskullaryna zor agram salmalaryň öňüni alýar.

Pilçe güýçli muskullar bilen basyrylan ýasy süňk bolup, diş şekilli uly myşsalar bilen gerşe, aşakda döş süňküne berk ýapyşandyr we ol öň aýaklarynyň hereketlerini ugrukdyrýar. Pilçe ýeterlik erkin we giň hereketli bolup, aýaklaryň hereketiniň giň gerimliligi pilçä bagly bolýar. Pilçe bölege baha berlende, onuň muskullaklygyna (etlekligine), uzynlygyna we keseleýin yz tarapa ýapgyt ýerleşişine baha berilýär.

Uzyn pilçe pilçe-çigin birikmesiniň öňe süýşmegini üpjün edýär, aýagy göterip, ýere tarap öňe uzatmaga, şeýlelikde, giň gerimli hereket etmäge ata ýardam edýär. Yza ýapgyt pilçe öň aýaklaryň ýere bolan urgularynyň güýjüni peseltmäge hem ýardam edýär. Müngi çapuw atlarynda pilçe uzyn we ýapgytdyr. At pilçeden (goltukdan) agsasa, çapuw häsiýetini köp wagtlap ýitirýär, bejermesi kyn bolýar. Şonuň üçin atlar seýislenip işledilende, atyň iki çignine deň agram düşer ýaly sekizlik görnüşli ýodalarda-da işledilmelidir. Pilçe-çigin birikmesiniň içki burçy az bolsa, atyň hereketlendiriji bölekler gowy işleýär, çalt hereketlenmegini üpjün edýär, ýere bolan urgy ýumşak bolýar we netijede, süňk bogunlaryna agram az düşýär. Dik ýerleşen pilçede çigin süňki hem dik ýerleşýär. Şonda atyň ädim uzynlygy kelteräk we hereketde wagty üstüne münen adam üçin bijaýrak bolýar.

**Tirsek we ýaýjyk.** Tirsek we ýaýjyk öň aýaklaryň hereketini ugrukdyryjy siňirlere we muskullara ýapyşalga we daýanç bolup hyzmat edýär. Uzyn, döş kapasasyna degmän, yza tarap gyşaran tirsek hereketde wagty netijeli işleýär.

Atyň tirsegi goltuga gysylan bolsa, öň aýaklarynyň bakany we toýnagy daşa tarap gyşarýar (razmýot). Onuň tersine, tirsek daş tarapyna köp çykyp (gursagy giň atlarda), ösen bolsa, atyň aýagy içe (kosolapost) gyşarýar.

Atlar gaty we sowuk ýerde ýatanda, nally toýnak goltuga degip, siňir we deriara nemli gatlagyň alawlamasy zerarly *ýumşak tirsek çişiniň (bursit)* döremegi mümkin. Ol atyň işjeňligini peseltmeýär. Aýagyň ýaýjyk bölegi etlek we injikden uzyn bolsa (üçden bir esse), gowy alamatdyr. Öň guşaklykdaky ýaýjyk we art guşaklykdaky baldyr süňki näçe uzyn bolsalar, at pessaýdan gowy gulaçlap, giň gerimli gowy hereketlenýär. Gysga ýaýjyk, tirsek, uzyn injik atyň aýaklaryny epläp diýen ýaly has ýokary galdyryp ýöremegine ýa-da ylgamagyna sebäp bolýar, gowy bolmaýar.

Gow ikinji barmakdan galan yz bolup, tüýsüz gara tegmil görnüşinde bolýar. Onuň üstüniň şekili her bir atda aýrybaşgadyr we ol gerek bolsa, atlary biri-birinden tapawutlandyrmak üçin hem ulanylýar.

Dyz gowy ösen we onuň bogny guraksydan aýyl-saýyl bildirip duran, yz tarapyndaky goşmaça süňki (grifel) gowy ösen bolmalydyr.

Injik süňküniň hem-de ösüntgi süňküň siňirleriniň gowy ösmedik ýagdaýlarynda dyzyň ortadan aşagy bogdak görnüşli bolýar we bogdaklanan dyz kemçilik hasap edilýär.

Öň injigiň esasyny barmak süňki we injigiň ýokarsyna ýapyşyp ösen iki sany ösüntgi süňkleri, kuwwatly aýak epiji muskullaryň siňirleri, iç tarapdan geçýän süňkara orta muskul we beýleki öň tarapyndan geçýän aýak geriji siňirleri öz içine alýar. Kelteräkden gowy ösen, dik we göwresiniň aşagynda dogry goýlan injik gowy hasaplanýar. Injige seredilip, baha berlende, onuň ýogynlygyna (gerek bolsa, aýlawlaýyn ölçemek bilen), uzynlygyna, görnüşine, guraksylygyna, siňirleriň gowy bildirip duranlygyna baha berilýär. Ahalteke atlarynda aýak epiji we aýak geriji muskullar we siňirler injikde örän gowy bildirip durýar.

Bakan bognuň yz tarapyndaky ösgün topbak gyllara gyllaw diýilýär. Agyr ýük çekýän, tokaý tohumly atlaryň gyllawy gür we ösgündir. Uzyn ugurlara degişli käbir ahalteke (ig) atlarynda gyllawy ösmedik kelte ýa-da onuň ornuna buýnuz (şpor) ösüntgi ösýär.

Atyň öň we artky bakany, bogunlary atyň göwresini göterip saklamakda, ýörände, ylganda toýnagyny uly agram bilen ýere basyp galdyranda döreýän urgulary pessaýlatmakda we ata hereketlenmäge itergi (impuls) bermäge ýardam edýär.

Atyň öň bakany yzky bakana seredeniňde dikleňräk bolýar. Onuň ýere ýapgytlygy 55 – 60 gradus töweregidir. Öň bakanlary dik (ýapgytlygy 50 gradusdan kiçi) atlara dikaýak atlar diýilýär. Umuman, atlarda esasy agram bakan, duşaklyk, täç süňklere, olaryň adybir bogunlaryna düşmek bilen dikaýak atlaryň üsti bijaýrak bolýar. Dargursak atlarda bakan böleginiň we onuň bilen birlikde toýnagyň daşa gyşarmasy bolup biler.

Art bakanlarynyň yz tarapyndan has ýapgyt (bakany ýatyk) bolanda, art toýnaklarynyň öň aýagynyň bakanyna degip, atyň aýaklarynyň çakyşmagy we şikes ýetirmegi mümkin. Şonuň ýaly halatlarda öň bakanyna gaýyş daňy (nogawka) daňmaly bolýar. Aýagy sekilli (ak) atlaryň gyrmyzy tenli ýerlerinde öň we art bakanlarynyň yz tarapynda suwjumak deri keselleriniň (ekzema) duşmagy mümkin.

Hemme atlar üçin hem aýaklaryň bakan bölegi gowy ösen, berk, gowy bildirip duran guraksy gurluşly we şikessiz bolsa gowudyr.

**Toýnak aýagyň ýer bilen galtaşýan bölegini** – toýnak buýnuzyny, toýnak süňküni, toýnagyň maýasynda ýerleşen toýnak peýkamyny öz içine alýar we hemişe ýere galtaşmak bilen daýanç hem-de aralyk «goraýjy» hyzmatlary (funksiýalary) ýerine ýetirýär. Öň toýnaklaryň aşagy tegelek bolsa, artky toýnak görnüşi boýunça kese tegelek görnüşli we kiçidir. Toýnagyň maýasynyň «peýkam» diýlip atlandyrylýan bölegi maýyşgak bolup, ýere degendäki döreýän urguny peseldýär.

Toýnaklaryň görnüşi we berkligi atyň umumybeden gurluşynyň berkligine (konstitusiýasyna), jynsyna, ýaşyna we daşky gurşawa bagly bolýar. Toýnagyň reňki aýagyň täç böleginiň tüýleriniň reňkine (sekil) baglylykda ol tüýler ak bolsa ak toýnak, gara bolsa, gara toýnak bolýar. Toýnagyň görnüşiniň bozulmagy, buýnuzynyň ýumşaklygy, döwülgiçligi atyň aýagyny gyşyk basmagyna getirmegi mümkin. Wagtly-wagtynda toýnagy gyrylman, idegi ýetmese, toýnakda kemçilikler ýüze çykýar. Olardan toýnagy ýatyk we ökje tarapynyň pes bolmagy, dik (stakan) toýnak, gyşyk, halka şekilli boglan ýa-da büdür-südür, döwülgiç, jaýryk we ş.m. toýnaklar bolup biler. Känbir hereketlenmän duran atlarda, baýtallarda we taýlarda hemişe dört aýagyna bir deň agram düşmeýänligi zerarly, toýnagyň, netijede, atyň aýaklarynyň gyşarmagy, toýnaklarynyň çöwrülip ösmegi ýaly kemçilikler duşýar. Şonuň üçin atyň toýnaklaryny hemişe arassalap, gyryp durmak we gözegçilikde saklamak gerek bolýar.

Atçy hünärmenleriň wezipesi atyň ýetmezçiliklerini, kemçiliklerini bilmek bilen çäklenmän, eýsem atlaryň idegini we ulanylyşyny gowulandyrmak bilen, olaryň döremeginiň öňüni almak bolup durýar.

Atyň syna-beden gurluşyna baha berlende, onuň agzyny açyp, dişlerini görmeli. Ýaşy barada jedelli ýagdaýlar ýüze çyksa, dişleri boýunça ýaşyny kesgitlemeli. Aýaklaryny elläp, siňirdir-baglaýjy ulgamlaryny sypalap barlamaly. Endamyna şikes ýetip, agsak, ýagyr we dürli çişli ýetmezçilikleri bar bolsa, olary anyklamaly we bejertmeli. Seýisler, çapyksuwarlar, atbakarlar atyň ýaramaz (jyrtlap ýykmak, depegen, dişlek ) we gowy häsiýetlerini bilmelidirler.

Syna-beden gurluşy bilen bir hatarda atyň reňki, nyşanlary, tebigy we öwredilen hereketleri bile öwrenilýär.

## Atlary biri-birinden tapawutlandyryan alamatlar

Atlaryň syna beden gurluşyny owrenmekde olaryň reňkine, nyşanlaryna aýratyn üns berilýär. Atlaryň beden gurluşyna, reňkidir nyşanlaryna, atlaryň hereketlerine we häsiýetlerine degişli türkmen dilindäki adalgalar has baý we köpdürlüdir.

Tohum atçylygynda, aýratynam, ahalteke tohum atlaryny köpeltmekde, olary seýislemekde we çapdyrmakda olaryň reňkine, nyşanlaryna, atlara lakam dakmaklyga aýratyn üns berilýär. Atlar biri-birinden reňki, nyşanlary we beýleki hususy alamatlary hem-de olara dakylan lakamlary – atlary bilen tapawutlandyrylýar.

Keý-Kowus «Kowusnama» kitabynda atlaryň reňkini «Bir atda bolup, beýlekisinde duşmaýan sypat onuň reňkidir» diýip kesgitleýär.

**Atyň reňki** – onuň göwresini örtýän örtük (gysga) tüýleriniň we uzyn gorag (ýaly, saçy (käkili) we guýrugy) gyllarynyň reňkleri boýunça kesgitlenilýär.

Atyň nyşanlary diýlip, onuň hususy reňkine meňzeş bolmadyk, endamynda duşýan dürli ululykdaky ak we beýleki reňkli ululy-kiçili tegmillere we atlarda duşan beýleki aýratyn alamatlaryna aýdylýar. Nyşanlardan atyň maňlaýynda dürli ululykdaky depeller, sakar, gyrmyzy tegmiller, aýaklarynda sekil, göwresinde başga reňkli menekler, kemer duş gelýär. Atyň reňki we nyşanlary enesinden doga bolup (gyr reňkden başgasy), ol üýtgemeýär, nesle geçijilik kanunlaryna laýyklykda nesil yzarlaýar. Atlarda enesinden dogandan soňra emele gelýän üýtgeşik tegmillere bolsa bellikler diýlip, olara tagma, ýagyrdan soň çykýan ak tüýler we bolup biljek beýleki üýtgeşmeler girýär.

Her bir atyň şejere arkasynda dürli reňkler bolup, olaryň köpüsi nesilde ýüze çykmaýar, köplenç ýagdaýlarda, atlaryň enesiniň ýa-da atasynyň reňki agdyklyk etmek bilen nesle geçýär. Diňe al we gyr reňkleriň nesle geçijilik häsiýeti güýçli bolup, nesilde beýleki reňkleriň ýüze çykmalaryny basýar.

Atlarda ýönekeý we çylşyrymly reňkli atlary tapawutlandyrmak bolar. Al, gara, akýalmele, çakan ýönekeý, ýagny bir reňkli atlar bolsa, dor, gär, mele, gyr reňkler çylşyrymly – iki we ondan köp reňkleriň kömegi bilen emele gelýär.

Mele, akýalmele, dor, gara reňkler özboluşly altynsow, kümüşsöw öwüşginleri bilen ahalteke tohum atlaryna mahsus bolsa, arap we ýo-

mut atlaryna gyr reňk, iňlis we don atlarynda al reňk we uludan sakar we sekil nyşanlary bilen köp duş gelýär.

«Atyň reňki bilen onuň işjeňlik – ýyndamlygynda, häsiýetinde arabaglanyşyk barmyka?» diýen soraga seredeliň. A.S. Krasnikow (Экстерьер лошади, Москва, 1954) «Gündogaryň atçylyk edebiýatynda gyr atlar ýyndam hasap edilýär» diýip belleýär. Şonuň ýaly pikiriň arap atlary üçin dogry bolmagy ähtimaldyr. Halk arasynda «Alma aly, besle gyry, müngül dory» diýen pähim bar.

Keý-Kowus «Kowusnama» kitabynda «Iň gowy reňkli at hurmaýy öwüsýän dor atdyr. Ol hem owadandyr, hem yssa-sowuga dözümli, hem çydamlydyr» diýip belleýär.

«Görogly» şadessanynda Jygalybeg rumlularyň kowgulap gelýän atlylarynyň reňki boýunça olaryň häsiýetlerini we ýetmezçiliklerini dogry kesgitleýär. Kowga el bermän, duşmanlardan gaçyp gutulýar.

Hakykatdan hem, çakan atlaryň gözi Güne bolmaýar, ýaşarýar, ýaramaz görýär. Şonuň ýaly-da, ak toýnak atlaryň toýnagy ýumşak – döwülgiç bolýar we olar ýaly atlar türkmenlerde halanmaýar.



**Dor reňkli at**

Köpýyllyk iş tejribämiziň netijesinde atyň sakar, sekil ýerlerinde teni gyrmyzy reňkli (pigmentsiz) bolmagy mümkin we şol ýerlerde suwjumak deri keseli (ekzema), şonuň ýaly-da, gyr, akýalmele, çakan

atlarda deri örtüginiň allergiýasy ýaly keselleriň ýüze çykýandygyny belläsimiz gelýär.

Indi atyň reňkleri we olaryň nähili kesgitlenişine seredip geçeliň.

**Dor** – göwresiniň örtük tüýleri goňur, gorag gyllary (saçy, ýaly, guýrugy) we aýaklarynyň dyzyndan we aşyklygyndan aşagy gara (garamtyl) reňkli bolsa (aýaklarynda ak sekili duşsa-da) dor diýilýär.

Dor at – açyk (ýuwan) dor, hurmaýy dor, altynsow dor, garador öwüşginli reňklerde-de bolup biler.

**Mele** – göwresiniň örtük tüýleri altynsow öwüşginli, mele ýa-da sary çäge reňkli, saçy, ýaly, guýrugy, aýaklary dyzyndan we aşyklygyndan aşagy gara bolsa aýdylýar. Öwüşginleri: altynsow mele, gurtmele.

**Gara at** diýlip, durky bilen birmeňzeş şar gara reňkde bolsa aýdylýar.



**Mele reňkli at**



**Derweze, gara at**

**Gär** – atyň örtük we gorag tüýleri gara reňkli bolup, kellesinde, bykynynda we käbir beýleki ýerlerinde oýumtym-oýumtym ýanyk goňras reňkli bolsa aýdylýar.

**Al** diýlip, saçy, ýaly, guýrugy we göwresiniň örtük tüýleri bir meňzeş al (açyk gyzyl) reňkde bolsa aýdylýar. Öwüşginleri: altynsow al, açyk al, garamtyl al.

**Akýalmele** – örtük we gorag tüýleri, aýaklary birmeňzeş açyk mele ýa-da sary çäge reňkli bolýar (kähalatlarda gorag tüýleri çalymtyk reňkde bolmagy hem mümkin). Akýalmele atlar garagözelek bolsa, gowy hasaplanylýar, olar dözümli bolýarlar.

**Çakan atlar** açyk sary reňkli bolup, ol atlar gyrmyzy tenli we derisi pigmentsiz bolsa, albinosdyr, gözleri aýna ýaly gögümtil dury gözli (aýnagöz) bolsa, olar ýaramaz görýär, Güne gözi ýaşarýar.

A.S. Krasnikow «Atyň eksterýeri» kitabynda ýewropa atçylyk edebiýatyna salgylanyp, «atlarda albinos duşmaýar» diýip bellese-de, ahalteke tohum atlarynda albinos çakan atlar duşýar. Sebäbini açyk



**Akýalmele reňkli at**



**Çakan at (izabelaýa)**

reňkli atlaryň açyk reňkli baýtallar bilen jübütleşdirip köpeldilmegi we tohumynyň az sanlylygy zerarly ýakyn garyndaşlykda köpeldilýänligi bilen düşündirmek bolar.

**Gyr** – çal we gara ýa-da beýleki reňkli örtük tüýleriň gatyşygynda emele gelýär. Gyr taýlar enesinden doglanynda gara, dor, al, mele we gyr reňkli bolup biler. Ýaşy ulaldygyça, gyr atlaryň reňki çalarýar, endamynda nokat-nokat ýa-da çylgym-çylgym goňur ýa-da çabdar menekler emele gelmegi mümkin. Öwüşginleri: açyk gyr, gara gyr, gyzyl gyr, demir gyr, mele gyr, alma menekli gyr.

«Kowusnamada» gyzyl gyr atlara aşkar atlar hem diýilýär. «Görogly» şadessanynda gyr atlaryň bozduman, howalygyr ýaly öwüşginleri (tebigat bilen baglanyşykly penalaýjy reňkleri) atlaryň ady bilen baglanyşykda bellenilýär. Gyr atlaryň garadömme (melanosorkoma), gara nokatlar ýaly deri keselleri bilen kesellemegi we ol keselleriň nesil yzarlamak ähtimallygy bardyr. Şonuň ýaly-da gyr atlaryň sary çyrmaşyk, käbir beýleki otlary iýenlerinde zäherlenmegi, derisinde pigment çalşygynyň bozulmagy we deri allergiýasynyň döremegi mümkindir.

**Akýal** – göwresiniň örtük tüýleri goýy goňras şokolad reňkli, ýaly, guýrugy ak reňkli bolýar. Ahalteke atlarynda akýal reňk örän seýrek duşýar, ýomut atlarynda duşmaýar.

**Ala at** diýlip, göwresinde, böwründe we başga ýerlerinde uly ak zolaklar ya-da ala bolanynda aýdylýar.

**Jeren (sawrasaýa)** – reňkli diýip, göwresiniň ýokarsy goňur (gan dor) reňkden aşaklygyna, garna we aýaklaryna tarap açyk sarymtyl reňke geçse aýdylýar.

**Çabdar (çubaraýa)** – reňkli diýlip, enesinden doga üýtgemeýän ak reňkde, endamynda goňur tegmiller ýa-da goňur uzyn-uzyn çylgym (dalgyr) zolaklar bolsa aýdylýar.

Çabdar atyň gyr atdaky ýaly reňki ýaşyna baglylykda üýtgemeýär.

Atlaryň beýleki tohumlarynda duşýan çal (çalaýa) – enesinden doga üýtgemeýän çal reňkli, symgylt (kauraýa) – göwresiniň ýarysyndan ýokarsy çypar gyzyl-al bolup, aşaklygyna – garna we aýaklaryna tarap kem-kemden açyk agymtyl sary reňke geçse aýdylýar.

Çabdar, çal, symgylt reňkler türkmen atlarynda duşmaýan ýa-da örän seýrek duşýan reňklerdir.

## Atlaryn nyşanlary we tegmilleri

Öňi bilen atyň ak we beýleki reňkdäki nyşanlarynyň, onuň deňagramlylyk merkezinden (8-nji bilen 9-njy gapyrganyň orta gürpünden) çetdäki beden böleklerinde we kellesinde göwresinden çetki tarapynda duşup, şol merkeze tarap ymtylýanlygyny belläliň. Ýokarda agzalan ala reňk bu kada boýun egmeýär. Şeýlelikde, esasy nyşanlar duşaýanda-da, köplenç, atyň maňlaýynda, seňriginde we aýaklarynda toýnagyna golaý ýerde duşup, deňagramlylyk merkeze tarap uly nyşanlar azalmak we seýrek duş gelmek bilen bolýar.

Ýomut tohum atlarynda nyşanlar seýrek duş gelýär, ahalteke tohum atlarynda hem köp we uly nyşanlar bolmasa ýa-da kiçi we az bolsa gowudyr.

Atlarda duşýan esasy nyşanlar aşakdakylardyr:

**Depel** – atyň maňlaýynda duşýan uly bolmadyk ak reňkli tegmillerdir.

**Gyrmyzy tegmiller** – atyň burun aralarynda, dodaklarynda – derisi (pigmentsiz) gyrmyzy tenli tegmiller görnüşinde duşýar.

**Sakar** diýlip, atyň maňlaýy, ýüzi tutuşlygyna ak bolanda aýdylýar.

**Sekil** diýlip, atyň aýaklarynda duşýan dürli ululykdaky ak reňkli nyşanlara aýdylýar.

**Gara tegmiljikler** diýlip, sekil (ak) aýakda uly bolmadyk teňňe şekilindäki gara tegmillere aýdylýar.

**Täji ak** diýlip, toýnak buýnuzynyň öň we gapdal tarapyny basyrýan tüýjagazlar ak bolsa aýdylýar.

**Gündüşmezi ak** diýlip, toýnagyň yz tarapynda (ökjesinde) ak bolsa aýdylýar.

**Menekler** diýlip, atyň endamynda duşýan dürli reňkdäki uly bolmadyk menek-menek tegmillere aýdylyar. Menekler gyr reňkde köp duşýar, ol atyň beden gurluşynyň (konstitusiýasynyň) berkliginiň alamatydyr.

**Kemer** – atyň bil oňurgasynyň üstünde uzaboýuna uzalýan gara ýa-da goňur zolak görnüşinde bolýar. Kemer mele, dor, gyr atlarda duşýar.

## Atlaryň nyşanlary we tegmilleri



**Atyň kellesinde duşýan depel, sakar, gyrmyzy tegmil we aýaklarynda duşýan dürli ululykdaky sekiller**

**Tohum atçylykda atlara lakam – at dakylýar.** Atlara dakylýan lakamlar türkmen we beýleki dillerde ýeňil aýdylýan, düşnükli bolsa, gowy bolýar. Taýlara at dakylanda at taý bolsa, atasynyň adynyň baş harpy, gysrak bolsa, enesiniň adynyň baş harpy bilen başlanýan atlary dakmak maslahat berilýär. Atlara dakylýan lakamlar gaýtalanmasa gowudyr.

Diňe türkmenlerde we iňlislerde atlara adam (köplenç, eýesiniň) adyny dakmak ýörgünlidir. Mysal üçin, Eýeberdi Teleke, Aba Kuly, Toparbaý, Döwlet Işan, Begnazar al, Aýbölek, Dürdäne, Baýerleý Türk, Darleý Arabyýan we ş.m.

Ahalteke tohum taýlary enesinden doglandan soň, bir hepdäniň içinde hasaba alynýar, olara at dakylýar, reňki, nyşanlary ýazga alnyp, atyň resmi tohumçylyk kagyzlaryna ýazylýar.

Taýlaryň reňkini, nyşanlaryny, belliklerini ýazga almak aşakdaky tertipde geçirilýär.

5. Sargyt № 1174.



**2017-nji ýylda Aşgabatda geçirilýän V Aziýa oýunlaryna bagyşlanan 500 günlük atly ýörişe gatnaşyjylar Balkan welaýatynda**

Taýa eýesi tarapyndan at dakylýar, reňki kesgitlenilýär, soňra kellesinde, maňlaýynda, seňriginde, dodaklarynda we haýsy aýagynda nähili ululykda nyşanlary bar bolsa, olar görnüşi ýaly, doly, mysal üçin, maňlaýynda depel (uzyn depel, inçe depel we ş.m.), sakar, burnara gyrmyzy tegmil, dodagynda gyrmyzy tegmil, aýaklarynda - täji, gündüşmezi ak, bakany bilen, ýarym bakany sekil, injigi (ýarym injik) sekil, dyzyna ýa-da aşyklygyna çenli ak, ak nyşanyň içinde gara tegmil we ş.m. görnüşlerde ýazga alynýar.

Atyň tagma ýa-da beýleki haýsydyr bir bellikleri bar bolsa, olar hem belgä alynýar.

Haýsydyr bir atyň çalşyrylandygy, ýaşy ýa-da beýleki bir jedelli ýagdaýlar ýüze çykanynda, bir ýerden başga ýere äkidilende, resmi ýazgylaryň esasynda reňki, nyşanlary, bellikleri boýunça ol ýa-da beýleki atdygy anyklanylýar, dişi boýunça ýaşy kesgitlenilýär.

Ahalteke tohum atlarynyň lakamy, suraty, doglan senesi, reňki, nyşanlary atyň resmi tohumçylyk ýazgylaryna we berilýän zooweterinar sertifikatlaryna doly ýazylýar. Şonuň ýaly-da taýlar aýrybaşga tertip belgili çipler bilen çiplenilýär.

## Atyn usully yzygider hereketleri

At münmek, at çapmak, at oýnatmak, at üstünde dürli oýunlar etmek we atlary seýislemek üçin onuň peýdaly häsiýetleriniň biri bolan usully yzygider hereketini gowy bilmeli bolýar. Seýislemek we atlary synag edip çapmak atyň hereketini nesilden nesle kämilleşdirmäge, ýyndamlygyny ýokarlandyrmaga ýardam edýär.

Atyň usully yzygider hereketi diýlip, birmeňzeş depginde (tempde), bir meňzeş ýygylykda we tizlikde at aýaklarynyň atanaklaýyn (diagonal) ýa-da ugurdaş (parallel) doly bir aýlaw hereketiniň yzygider dowamly gaýtalanýan usully hereketlenmesine aýdylýar. Atlar tebigaty boýunça örän çalt we çalasyn hereketleri bilen tapawutlanýar. Atyň dürli görnüşdäki usully hereketleri onuň hilini, çapuw, sport we ulag häsiýetlerini, tohumçylyk işinde gymmatyny kesgitleýär.

Beýik şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň:

«Atda aýak bolsa, özge syn bolmaz»;

ýa-da «Görogly» şadessanynda Göroglynyň:

– Toý bolanda ýüwrük atlar;
– Durmaz saýlanar – saýlanar

diýip, belleýşi ýaly, at aýagynyň ýüwrük-ýyndamlygy atyň esasy gerek we ulanylýan peýdaly häsiýetleriniň biridir.

Şeýle nukdaýnazardan müngi atlarynyň hereketiniň tilsimlerini öwrenmek atlary seýislemekde, çapdyrmakda, atçylyk sportunda ulanmakda häzirki döwürde-de derwaýys meseleleriň biri bolmagynda galýar.

Atyň hereketlenmegine onuň kellesiniň, boýnunyň we aýaklarynyň ugrukdyryjy hereketleri, muskullaryň ýygrylyp gerilmegi, göwresiniň göze görünmeýän deňagramlylyk merkeziniň öňe we yza üýtgäp durmagy uly ýardam edýär.

Umuman, atyň hereketi fiziki hadysa bolup, at göwresiniň ýygnalyp, deňagramlyk merkeziniň öňe süýşmegi we atyň öňe omzap, ol merkeziň ýene öňki derejesine barmagy we şol hadysanyň yzygider gaýtalanmagy bilen bolup geçýär. At öz deňagramlyk merkezini hemişe kowalamak bilen hereketlenip ýöreýär, ylgaýar we şol bir wagtda aýaklarynyň atanaklaýyn hereketiniň kömegi bilen ýere bolan daýanjyny artdyryp ýykylmaýar.

Sagrynyň, buduň, pilçäniň, gursak myşsalarynyň ýygrylyp dartylmagy we gerilmegi atyň usully yzygider hereketleri etmegine, kelledir boýnuň öňe uzap, ýokaryk, aşak we gapdala hereketleri bolsa, ata islendik tarapa öwrümler etmäge ýa-da çarpaýa galmaga, owredilen emeli hereketleri ýerine ýetirmäge söýget berýär. At hereketiniň tilsimlerine – hereketiň depgini, aýaklarynyň atanaklaýyn (diagonal) ýa-da ugurdaş (parallel) hereketleri, dört aýaklarynyň ýerden göterilip, daýançsyz howada öňe gaýmak ýaly hereketlenmeleri girýär.

Hereketlenýän wagty atyň dört aýagyny gezekli-gezegine, ýeke-ýekeden ýa-da jübüt-jübütden bir aýlaw göterip, ýere goýbermegine hereketiň depgini diýilýär. Dürli hereketlerde at dürli depginlerde hereketlenýär.

Dört aýaklarynyň atanaklaýyn hereketi atyň hereketlenýän wagty ýere bolan daýanjyny artdyrýar, onuň durnukly we ynamly hereketlenmegine kömek edýär (adam hem ýörände ýa-da ylganda, onuň eli we aýaklary atanaklaýyn (diagonal) hereketlenýär).

Atlary dürli hereketlerde yzygider seýislemek bilen onuň dogry we deňölçegli ýygylykdaky birdeň sazlaşykly hereketlenmegini kämilleşdirmek bolar. Atlary seýislemegiň maksady hem şol sazlaşykly hereketi kämilleşdirmekden, onuň wagt aralygyndaky ýygylygyny artdyrmakdan gelip çykýar. Yzygider hereket diýilmesiniň sebäbi ol hereket belli bir wagt aralygynda (çapuw, ýöriş wagty we ş.m.) belli bir depginde, belli bir tizlikde yzygider gaýtalanýanlygy üçin aýdylýar.

Atyň tebigy, ýagny enesinden doga we öwredilen (emeli) hereketleri tapawutlandyrylýar. Onuň tebigy hereketlenmesine ädim ýa-da ýöriş, gorgun (loňkuldawyk), ýorga we öňürdikleme – ylgaw ýaly dört görnüşdäki usully hereketleri girýär.

**Öz maýdalyna ýöriş ýa-da ädim** atyň ýuwaş hereketi bolup, at aýaklarynyň bir aýlaw hereketi dört depginde bolup geçýär. Mysal üçin, eger at ilki çep öň aýagy bilen ätläp başlasa (1-nji depgin), soňra atanaklaýyn sag yzky aýagyny göterip ätleýär (2-nji depgin), sag öň aýagyny (3-nji depgin) we çep yzky aýagyny (4-nji depgin) ätlemek bilen aýaklaryny atanaklaýyn hereketlendirip, dört depginde ýöreýär. At ýuwaş ädimläp ýörände, onuň gezekli-gezegine üç aýagy ýerde, bir aýagy howada bolýar.

Atlary seýislemegiň gorgun, öňürdik ýaly çalasyn at işletme öňatma we aty ýadadýan ylgaw – çapuw hereketlerde seýislemegiň

arasynda ýöriş-gezim hereketde işletmek, at üçin «dynç alyş» arakesme bolup hyzmat edýär.

Atlary seýislemekde ýöriş hereketiniň atyň muskulaturasyny «özi oýkalan» hasabynda berkidiji häsiýeti bardyr. Atlary işletmek hemişe gezimden, ýagny ýöriş bilen başlap we ýöriş bilen hem gutarmalydyr.

Ýöreýän atyň ädiminiň uzynlygy 1-1,2 metr, ýygylygy minutda 100 ädim töweregi we tizligi sagatda, ortaca, 6-7 kilometre deňdir.

**Gorgun hereketlenende** – at atanaklaýyn (diagonal) iki aýaklaryny, toýnaklaryny jübüt-jübütden iki gezek ýere urup galdyrýar we iki depginden soň dört aýagyny götermek we ýerden üzmek bilen howada öňe gaýýar, ýagny **daýançsyz hereketli bölegi-de** öz içine alýar. Mysal üçin, at gorgunlanda alynky çep aýagyny yzky sag aýagy bilen bir wagtda diýen ýaly ýerden göterýär (1-nji depgin). Şoňra sag öň aýagy we çep yzky aýagyny birdeň göterýär (2-nji depgin) we soňra atyň aýaklary doly ýerden üzülýär. Ol howada gaýyp, daýançsyz öňe hereketlenýär. Aýaklarynyň bir aýlaw hereketinde iki ses eşidilýär. «Dükür-dükür at gelýär» diýilse, atlynyň atyny gorgun sürüp gelýänligini aňladýar.

**Atyň öz maýdalyna ýuwaş kelte ýa-da ýygnak we uzyn gerimli çalasyn** gorgun hereketlenmelerini tapawutlandyrmak bolar. Russiýanyň orlow gorgunly we amerikan, rus, fransuz gorgun tohumly atlarynyň esasy hereketi gorgun bolup, iki tekerli ýeňil paýtunlara goşulýan şol atlarda aýlawlarda gorgunyna ylgaw ýaryşlary geçirilýär. Gorgun atlaryň aýlawlarda geçirilýän ylgaw ýaryşlarynda 1600 m aralyga ýokary tizligi 1 minut 52,1 sekunda deňdir. Ahalteke tohum atlarynda gorgun hereketi aralyk derejede ösendir. Ýomut atlarynyň gorguny, köplenç, loňkuldawyk görnüşinde duşýar. Gorgun hereketi arap atlarynda gowy ösendir we toýnagynyň ujuna kakyp, ýalyny ykjadyp, ýeriň üstünden gaýyp barýan ýaly gorgunlaýar. Gorgun tohumly atlary döretmekde arap atlarynyň halkara ähmiýeti uludyr.

**Atyň ýorga hereketi** tebigy enesinden doga bolsa-da, ol örän düz örülerde ösdürilip ýetişdirilýän ownukdan kelte (gazak, gyrgyz, mongol ýabylarynda we seýregräk ýomut atlarynda) sähra tohumlaryna degişli atlarda, Günorta Amerikanyň ýabanylaşan atlarynda – mustanglarda, Kanadanyň Seýbl adasynda duşýan ýabanylaşan atlarda duşýar.



**Akpamyk atly çakan gysrak (Şabelent we Dabaralydan). Gorgun hereketi birinji depginde atanaklaýyn iki aýagy howada pursady**

At ýorgalanda, gapdal ugurdaş (parallel) aýaklaryny gezekli-gezegine jübüt-jübütden ýere urup galdyrýar, soňra daýançsyz howada öňe gaýmak bilen iki depginde hereketlenip ýorgalaýar. Atlar ýorgalanda çaýkanybrak ýorgalasa-da, onuň üsti münen adam üçin örän jaýlydyr.

Şahyr Zelili:

Zelili diýer, serhoşlar,
Ýorga münüp, ýüwrük goşlar,

– diýmek bilen, özüne göwni ýetýän adamlaryň ýorga münüp, ýüwrük ýyndam atlaryny at çapyşyklaryna goşandyklaryny belleýär. Ýorga gapdal ugurdaş iki aýaklaryny birdeň göterýändigi üçin öwrümli we çarkandakly ýollarda atyň ýykylmak howpuny döredýär. Ahalteke atlarynyň arasynda ýorgalyk seýrek duşýan hereketdir.

Daşary ýurt aýlawlarynda ýorga ýaryşlarynda 1600 metr aralyga ýorgalamagyň ýokary netijesi – 1 minut 49,6 sekunda deňdir.

**Öňürdikleme – ylgaw** atyň çylşyrymly we örän ýyndam esasy seýislenilýän çapuw hereketi bolup, ol atyň aýaklarynyň atanaklaýyn bir, iki, bir aýagyna daýanmak we galdyrmak, soňra daýançsyz howada öňe gaýmak bilen üç depginde bolup geçýär. Öňürdiklände

atyň aýaklarynyň yzygider hereketi - ilki ol ýere art aýaklarynyň birine daýanýar we galdyrýar (1-nji depgin). Soňra beýleki art aýagy bilen bir wagtda onuň atanaklaýyn garşysyndaky öň aýagyny galdyrýar (2-nji depgin), art aýaklary göterilip başlandan soňra beýleki öň aýagyna daýanyp, ony galdyrýar (3-nji depgin). Soňra atyň dört aýagy hem ýerden üzülýär we göwresi howada öňe tarap gaýyp hereketlenýär. Soňra şol hereketler örän çaltlyk bilen yzygider gaýtalanýar. Öňürdiklemede toýnaklar ýere degende, yzygider üç ses eşidilýär. «Dükürdik-dükürdik at gelýär» diýilse, atyň ylgawyna bar güýji bilen çapyp gelýänligini aňladýar. Şol bir öňürdikleme hereketiň öz maýdalyna öňürdikleme, seýislemekde at işletme öňürdikleme, säpjemek we çapuw atyň doly güýjüne ylgaw hereketlenmesi we daraw işletme ýaly görnüşlerini tapawutlandyrmak bolar. Saglakaý atlar sag aýagy bilen, çepbekeý atlar çep aýagy bilen gulaçlap çapýar. At çapyp barýarka, dürli sebäplere görä, saglakaýdan çepbekeýe geçse ýa-da onuň tersine, atyň aýagy çalyşdy diýilýär. Ol haýsydyr bir derejede çapuw atyň tizligini peseldýär.



**Atyň çapuw hereketiniň howada öňe gaýma pursady**

Ylgaw hereketlenende atyň ädim ýa-da, aýdylyşy ýaly, bökýän uzynlygy 4,5 metre çenli ýetip biler. Atyň ädim uzynlygy haýsy-da bolsa bir aýagyny basan ýerinden şol aýagyny indiki basan ýerine çenli aralykda ölcenilýär. Atyň ylgawyna çapuw hereketiniň 1000 metr aralyga tizliginiň dünýä boýunça ýokary netijesi – 54 sekunda deňdir.



**26 Arap 1930-njy ýylda doglan, gyr reňkli, 4 Agişan we ahalteke baýtalyndan. 1935-nji ýylda Aşgabat – Moskwa atly ýörişine gatnaşan. Ýörişden soň Sowet hökümetine sowgat berilýär. Marşal G.K.Žukow 1945-nji ýylda Moskwanyň sport athanasynda saklanylýan Araby münüp, Ýeňiş ýörişini kabul edýär.**

Ýöriş, gorgun, öňürdikleme – ylgaw hereketlenende at aýaklarynyň aşakdan pessaýlap, aralyk beýiklikde we aýagyny has ýokary galdyrmak bilen dyzyny epläp diýen ýaly hereketlenmelerini tapawutlandyrmak bolar. Soňky hereketlenme at hereketiniň tizligini peseldýär.

Öň köp çapylyp, soňra uzak wagtlap münülmedik atlarda ýa-da haýsydyr bir sebäplere görä, ynjalyksyzlanýan galdaw atlarda aýaklaryny aýlabrak patyladyp hereketlendirme bolup biler. Şeýle hereket aty tiz ýadadýar, umumy işeňňirligini peseldýär.

Ädimläp ýöriş hereketinde at aýaklarynyň aşakdan pessaý hereketli özboluşly mylaýym ýöriş Bagyr obasynyň Gamakly diýen (1983-nji ýylda doglan, Ahal we Dorogaýa-II diýen atlaryň neslinden), al gysragyna mahsusdy. Şol bir wagtda Türkmenistanyň at gazanan atşynasy, ussat seýis Aşyr Garrybaýewiň elinde seýislenmek bilen kämillik derejesine ýeten öňürdikleme – ylgaw hereketi bilen, ol Aşgabadyň aýlawynda 2-3 ýaşlarynda 15 gezek çapuwlara gatnaşyp, uly baýrakly çapuwlaryň sekizisinde birinji we üçüsinde ikinji baýrakly ýerleri eýeledi.

At aýaklarynyň hereketiniň has gowy we işeňňir tizlikli hereketlenmesi atyň islendik hereketlerinde aýaklaryny orta beýiklikde galdyryp we ýazgynyna uzyndan gulaçlap ýöremeginde ýa-da ylgamagynda gazanylýar.

Uzyn-uzyn ädimläp ýöremek, çalasyn ýygylykda uzyn-uzyn gulaçlap çapmak Päle diýen (1977-nji ýylda doglan, 914 Polatly we 1539 Kaplýa diýen atlaryň neslinden) altynsow mele ata häsiýetlidi. Päle ýöriş ýöräninde onuň ýanyndaky topar atlylar gorgun sürüp, onuň ýanyna zordan eýererdiler. Päle ussat seýis Ilmyrat Agamyradowyň elinde seýislenip, öz wagtynda örän ýyndam çapypdy.

Gaýtalanmajak aýratyn bir çapuw hereketleri bilen Garader atly gara at (1977-nji ýylda doglan, 894 Kerwen we 1520 Ýelsona diýen atlaryň neslinden) beýleki atlardan örän tapawytlanardy. Garader 1985-nji ýylda Krasnodaryň aýlawynda 10 sany uly baýrakly çapuwlarda Gazagystanyň, Russiýanyň, Türkmenistanyň ahalteke tohum saýlama atlary bilen çapyşyp, olaryň hemmesinden hemişe ozmak bilen şöhrat gazandy.

Garader Aşgabadyň aýlawynda 2-5 ýaş aralygynda 21 gezek çapuw ýaryşlaryna gatnaşyp, 14 gezek 1-nji baýrakly orna we 5 gezek beýleki baýrakly orunlara mynasyp boldy. 1980-nji ýylda Uly Aşgabat (derbi) baýragynda 1-nji ýeri eýeläp, 2400 metr aralygy 2 minut 49,7 sekuntda geçipdi.

Garaderiň beýleki atlar bilen deňeşdireniňde, üýtgeşik çapuw, ýöriş, säpjeme, dabyrama ýaly özboluşly hereketleri bardy, kükregini öňe omzadyp, kellesini, uzyn boýnuny dik tutup, keýik ylgaýşyny edip, çapuwa gatnaşýan bäsdeş atlaryndan hemişe uzakdan saýlanar durardy.

Garader toýlarda baýrak alyp, Aşgabadyň aýlawyna gelýän müňlerçe at söýüji watandaşlarymyzyň öňünden üsti baýrakly, çekgeligine atgulak ýaglyk dakylgy, öz keýpine süýnüp-sarkyp, aýratyn bir ýöriş bilen säpjäp geçerdi.

Atyň öwredilen usully hereketlerine atyň dürli päsgelçiliklerden böküşi, atly gezimiň ýokary mekdebinde oýnadylýan gezim hereketleri, ispan ýörişi, atly sirk oýunlary we türkmen milli at üstündäki oýunlary we ş.m. girýär. Ol hereketler çylşyrymly bolup, ýörite türgenleşdirmek bilen ata öwredilýär. Öwredilen hereketleriň tilsimleri çylşyrymly we köpdürli bolup, aty ýörite seýisläp öwretmegi talap edýär.

Atyň dürli-dürli usully hereketleri atyň ulanylyşyna, seýislenilişine, ukyplylygyna baglylykda ösýär, kämilleşýär, atlara atçylyk sportda, at çapyşyklarynda ýokary netijeleri gazanmaga mümkinçilik berýär.

Atly päsgelçiliklerden ýokaryk bökmekde Arap atly ahalteke atynyň görkezen ýokary netijesi (1947 ý.) 2 m 12 sm., uzynlygyna bökmekde bolsa Perepel atly ahalteke atynyňky (1950 ý.) 8 m 78 sm aralygydyr. Soňky görkeziji halkara ýokary netije bolup, atçylyk edebiýatlarynda şonuň ýaly uzynlygyna böken at duşmaýar.

# III BÖLÜM. MUNGI (ÇAPUW) ATLARYNYN TOHUMLARY

## Arassa ganly ahalteke tohum aty

Müngi atlary diýlip, dünýäniň dürli ýurtlaryndaky aýlawlarynda çapuw we atçylyk sporty ýaryşlarynda we müngi ulagy hökmünde ulanylýan at tohumlaryna aýdylýar. Olaryň köpüsi arassa ganly ahalteke, iňlis we arap at tohumlarynyň ol ýa-da beýleki derejede gatnaşmaklarynda döredilen atlardyr. Olaryň arasynda arassa ganly ahalteke tohum aty, köp sanly atşynas alymlaryň belleýişleri ýaly, dünýäde ilkinji döredilen medeni at tohumlarynyň biridir.

Ahalteke atlarynyň taryhy ösüş ýollary, Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe täzeden galkynyşy we geljegi Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz» kitabynda örän gowy berlipdir. Ol kitap Türkmenistanyň ahalteke atlary barada ilkinji gezek türkmen, iňlis, rus we beýleki dillerde neşir edilen uly göwrümli, ylmy nukdaýnazardan we amaly tejribe taýdan çuň manyly hem maglumatlara örän baý kitap bolup, talyplar, aspirantlar, atçy hünärmenler, at söýüjileriň giň köpçüligi üçin ahalteke atlary barada ylmy taýdan tapylgysyz çeşme, gollanma bolup hyzmat edýär.

Atlaryň seýislenilişi we seýisçilik bilen baglanyşykly ahalteke atlarynyň çapuw ýaryşlarynda, atçylyk sportunda, milli at üstündäki oýunlarda halkara derejesinde we Türkmenistanda gazananlary hakynda ýatlap, olary köpeltmegiň we ösdürip ýetişdirmegiň meselelerine aýratyn üns bermek bilen gysgaça degip geçeliň.

Arassa ganly ahalteke tohum atlary dünýäde iň gadymy atlar bolup, türkmen milleti tarapyndan bäş müň ýyl mundan ozal döredilipdir diýip çaklanylýar. Onuň türkmen halky bilen deňeçer taryhy bardyr. Gadymy grekler olary «massaget», «nusaý», «parfiýan» atlary diýip atlandyrsa, hytaýlylar «asman atlary», «ýel atlary», «gan derleýän atlar» diýip atlandyrypdyrlar. Arap, pars edebiýatynda «huttal, haýtal (abdal) atlary» diýip atlandyrsalar, ýewropalylar «horezm atlary» diýip atlandyrypdyrlar.

M.I.Belonogow «Bularyň hemmesi şol bir gadymy türkmen atydyr» diýip belleýär. Şeýle pikir bilen ylalaşyp, awtor ahalteke atlaryny gadymy Gündogaryň arassa ganly Oguz-türkmen atynyň dowamaty we biziň günlerimize gelip ýeten ahalteke atlary diýip hasaplaýar.

Ahalteke tohum atlary şalyk atlar hasap edilýär. Olary patyşalar, şazadalar, serdarlar münüpdirler, olar nusgawy şahyrymyz Seýitnazar Seýdiniň belleýşi ýaly, «üsti tagty-Süleýman» argamak atlardyr.

Ahalteke atlary dünýäniň medeni atçylygyna uly täsirini ýetiripdir. Häzirki döwürde-de olar tapylgysyz nesil çeşmesi bolup hyzmat edýär we halkara ähmiýete eýedir. Professor O.Witt «Ahalteke tohum atlary bütin dünýäniň medeni atçylygyny döretmekde ähmiýete eýe bolan sap arassa ganly tohum atlaryň nesil çeşmesiniň soňky damjasydyr» diýip belleýär. Taryhy ceşmelerde, maddy we medeni ýadygärliklerde özboluşly gadymy türkmen atlary barada anyk we delillendirilen maglumatlar örän köp duşýar.



**768 Mellek (Meleke) diýen at we onuň seýsi Kirpi Gadam. Meleke 1947-nji ýylda doglan, Gökdepe etrabynyň Babarap obasynyň aty. 569 Skak we 667 Ýergül diýen atlaryň neslinden, 269 Eýeberdi Telekäniň ugry. Moskwa şäherinde 1954-nji ýylda Oba hojalygynyň gazananlarynyň Bütinsoýuz sergisiniň çempiony**

Professor M.I.Belonogow ahalteke atlaryny köşk atlary diýmek bilen, olaryň gaýtalanmaýan owadanlygyny we gowy häsiýetlerini belleýär.

Ahalteke atlaryna göwre ýeňilligi, süňk ulgamynyň we bedeniniň berkligi, inçeden uzyn aýaklylyk häsiýetlidir. Bu ugurdan professor M.I.Belonogow ahalteke atlarynyň süňk gurluşynyň aýratynlyklaryny, olaryň süňküniň inçeden örän dykyzlygyny we berkligini, ýere bolan urga çydamlylygyny, başga tohumly atlar bilen deňeşdirilende süňkleriniň örän berkligini ylmy taýdan barlamak bilen subut edýär.

## Ahalteke atlarynyn halkara sergilerinde gazanan ustunlikleri

Indi ahalteke atlarynyň halkara sergilerinde gazananlary barada durup geçeliň.

1869-njy ýylda Moskwada geçirilen atlaryň sergisinde Aad atly gyr reňkli ahalteke aty görkezilip, ol owadanlygy, iriligi (beýikligi 160 sm) boýunça görenleri haýran edýär.

1882-nji ýylda Moskwada atlaryň sergisine Serdar atly altynsow al reňkli ahalteke aty gatnaşýar. Ol syna-sypaty, ajaýyp zynaty, altyn öwüşginli algyzyl reňki bilen sergä gatnaşyjylarda ählumumy haýrangalyjylyk we türkmen atyna bolan mähirli duýgyny oýarýar.



**1882-nji ýylda Moskwada geçirilen halkara sergide çempion diýlip yglan edilen Serdar atly ahalteke aty**

1909-njy ýylda Daşkentde geçirilen oba hojalyk sergisinde görkezilen ahalteke atlary Russiýanyň döwlet atçylarynyň arasynda uly gyzyklanma döredýär. Netijede, patyşa Russiýasy ahalteke atlaryň tohumçylyk işindäki ähmiýetini göz öňünde tutup, 1912-nji ýylda Magtymgalada (Ýanbaşda) ahalteke atçylyk athanasynyň düýbüni tut-

ýar. Athananyň (zawodyň) atlary 1912-nji ýylda atlaryň Pýatigorsk şäherinde geçirilen sergisine gatnaşyp, atşynaslaryň arasynda uly gyzyklanma döredýärler.

1913-nji ýylda Kiýew şäherinde geçirilen atlaryň sergisine gatnaşan Geçili, Agar, Saparhan ýaly atlar we Gomeli, Gulybaý ýaly gysraklar gözelligi bilen görenleri haýran galdyrýarlar. Ahalteke atlaryna bolan ählumumy isleg artýar. Geçili we Gomeli sergide birinji baýraga mynasyp bolýarlar. Boýnawyň taýy Agary nemes atşynasy Ettingten 1500 manada soraýar, ýöne ol at oňa satylmaýar.



**175 Meleguş. 2a Boýnaw we Oraznyýazgaradaşlydan**

175 Meleguş, mele at, 1915-nji ýylda doglan, 2a Boýnaw we Oraznyýaz Garadaşlydan. 1923-nji ýylda Moskwada Oba hojalygynyň gazananlarynyň Bütinsoýuz sergisinde 1 derejeli attestat bilen sylaglanýar.

376 Dorguş, dor at, 1928-nji ýylda doglan (269 Eýeberdi Teleke we ahalteke baýtalyndan). 1940-njy ýylda Moskwada Oba hojalygynyň gazananlarynyň Bütinsoýuz sergisinde ahalteke atlarynyň arasynda çempion diýlip yglan edilýär.

028 Mele, mele at, 1928-nji ýylda doglan. 269 Eýeberdi Teleke we Annadan. Moskwada 1939-njy ýylda Oba hojalygynyň gazananlarynyň Bütinsoýuz sergisinde I derejeli diplom bilen sylaglanýar.

9 Akbilek, gyr at, 1931-nji ýylda doglan, Atahojanak ýaş we Hotjakör ahalteke baýtalyndan. Oba hojalygynyň gazananlarynyň Bütinsoýuz sergisinde I derejeli diplom bilen sylaglanýar.

532 Owlaksakar, gyr at, 1942-nji ýylda doglan. 1956-njy ýylda Moskwada Oba hojalygynyň gazananlarynyň Bütinsoýuz sergisinde ahalteke atlarynyň arasynda çempion diýlip yglan edilýär.

329 Bek, al at, 1935-nji ýylda doglan. 44 Begnazar dor we 03 Alsakardan. 1939-njy ýylda Moskwada Oba hojalygynyň gazananlarynyň Bütinsoýuz sergisinde II derejeli attestat bilen sylaglanýar.

521 Munir, mele at, 173 Melegyrgy we 353 Pudakhandan. 1939-njy ýylda Moskwada Oba hojalygynyň gazananlarynyň Bütinsoýuz sergisinde III derejeli attestat bilen sylaglanýar.

044 Tyllaguş, altynsow mele at, 1926-njy ýylda doglan. 244 Toparbaý we Möwlämberdi diýen atlaryň neslinden. 1940-njy ýylda Moskwada Oba hojalygynyň gazananlarynyň Bütinsoýuz sergisinde ahalteke atlarynyň arasynda çempion diýlip yglan edilýär.

448 Gyrsakar, gyr at, 1936-njy ýylda doglan. 1944-nji ýylda Aşgabatda respublikan sergide 1 derejeli attestat bilen sylaglanýar.

690 Askol, 1947-nji ýylda doglan. 571 Sudan we Akgyz diýen atlaryň neslinden. 1954-nji ýylda Moskwada Oba hojalygynyň gazananlarynyň Bütinsoýuz sergisinde 1 derejeli attestat bilen sylaglanýar.

768 Mellek (Meleke), mele at, 1947-nji ýylda doglan. 569 Skak we 647 Ýergülden. 1954-njy ýylda Moskwada Oba hojalygynyň gazananlarynyň Bütinsoýuz sergisinde ahalteke atlarynyň arasynda çempion diýlip, yglan edilýär.

711 Ýerkus, gara dor at, 1948-nji ýylda doglan. 569 Skak we 670 Erkejandan. 1956-njy ýylda Moskwada Oba hojalygynyň gazananlarynyň Bütinsoýuz sergisinde 1 derejeli attestat bilen sylaglanýar. Şol ýyl ol Ýugoslawiýanyň Prezidenti I.B.Tito sowgat berilýär.

736 Keýmir, dor at, 448 Gyrsakar we 931 Sinitsa diýen atlaryň neslinden. 1955-nji ýylda Moskwada Oba hojalygynyň gazananlarynyň Bütinsoýuz sergisinde 1 derejeli attestat bilen sylaglanýar.

746 Gyrja, gara at, 1952-nji ýylda doglan. 448 Gyrsakar we 740 Kädiden. 1955-nji ýylda Moskwada Oba hojalygynyň gazananlarynyň Bütinsoýuz sergisinde 1 derejeli attestat bilen sylaglanýar.

766 Meleguş 1956-njy ýylda Beýik Britaniýanyň şa zenanyna sowgat berilýär.

797 Signal, dor at, 1949-njy ýylda doglan. 1956-njy ýylda Moskwada Oba hojalygynyň gazananlarynyň Bütinsoýuz sergisinde ahalteke atlarynyň arasynda çempion diýlip yglan edilýär.

687 Arsenal, altynsow dor at. 569 Skak we 471 Adaýdan. 1957-nji ýylda Moskwada Oba hojalygynyň gazananlarynyň Bütinsoýuz sergisinde ahalteke atlarynyň arasynda çempion diýlip yglan edilýär.

688 Artist, garagyr at, 1954-nji ýylda doglan. 26 Arap we Sektadan. 1957-nji ýylda Moskwada Oba hojalygynyň gazananlarynyň Bütinsoýuz sergisinde 1 derejeli attestat bilen sylaglanýar.

689 Arfist, dor at, 675 Aksakal we 1015 Fialkadan. 1958-nji ýylda Moskwada Oba hojalygynyň gazananlarynyň Bütinsoýuz sergisinde 1 derejeli attestat bilen sylaglanýar.

1240 Kassa, mele gysrak, 569 Skak we 767 Guşdalandan. 1957-nji ýylda ýylda Moskwada Oba hojalygynyň gazananlarynyň Bütinsoýuz sergisinde 1 derejeli attestat bilen sylaglanýar.

1324 Saga, al gysrak. 790 Safýan we 573 Gektografiýadan. 1958-nji ýylda Moskwada Oba hojalygynyň gazananlarynyň Bütinsoýuz sergisinde ahalteke atlarynyň arasynda çempion diýlip yglan edilýär.

705 Dönmez, mele at, 1944-nji ýylda doglan. 93 Dorsaçly we 970 Tendiden. 1958-nji ýylda Moskwada Oba hojalygynyň gazananlarynyň Bütinsoýuz sergisinde 1 derejeli attestat bilen sylaglanýar.

747 Gyrsakar 2, altynsow mele at, 736 Keýmir we 1256 Gyzylgülden. 1960-njy we 1964-nji ýyllarda Moskwada Halk hojalygynyň gazananlarynyň Bütinsoýuz sergisinde 1 derejeli attestat bilen sylaglanýar. 1969-njy ýylda bolsa Moskwada Halk hojalygynyň gazananlarynyň Bütinsoýuz sergisinde ahalteke atlarynyň arasynda çempion diýlip yglan edilýär.

789 Sapýor, dor at, 1955-nji ýylda doglan. 569 Skak we 670 Erkejandan. Ahalteke atlarynyň ýyndamlykda rekordçysy. 1960-njy ýylda Moskwada Halk hojalygynyň gazananlarynyň Bütinsoýuz sergisinde 1 derejeli attestat bilen sylaglanýar.

682 Almaz, dor at, 1957-nji ýylda doglan. Ýeňilmez we Mantiýa diýen atlaryň neslinden. 1961-nji ýylda Moskwada Halk hojalygynyň gazananlarynyň Bütinsoýuz sergisinde 1 derejeli attestat bilen sylaglanýar.

697 Gelşikli, altynsow dor, 1949-njy ýylda doglan. 629 Fakirsuluw we 1004 Gözel diýen atlaryň neslinden. 1964-nji ýylda Moskwada Halk hojalygynyň gazananlarynyň Bütinsoýuz sergisinde ahalteke atlarynyň arasynda çempion diýlip yglan edilýär.

1208 Gaýytma, dor gysrak, 1959-njy ýylda doglan. 797 Signal we 1278 Gymmat diýen atlaryň neslinden. 1964-nji ýylda Moskwada

Halk hojalygynyň gazananlarynyň Bütinsoýuz sergisinde 1 derejeli attestat bilen sylaglanýar.

779 Pereň, altynsow mele at.1955-nji ýylda doglan. 711 Ýerguş we 1321 Pobedadan. 1967-nji ýylda Moskwada Halk hojalygynyň gazananlarynyň Bütinsoýuz sergisinde ahalteke atlarynyň arasynda çempion diýlip yglan edilýär.

828 Fakirpälwan, al at, 1951-nji ýylda doglan. 629 Fakirsuluw we 647 Ýegozadan. 1969-njy ýylda Moskwada Halk hojalygynyň gazananlarynyň Bütinsoýuz sergisinde ahalteke atlarynyň arasynda çempion diýlip yglan edilýär.

885 Gammar, akýalmele at, 1961-nji ýylda doglan. 432 Garlawaç we 1227 Garalydan. 1971-nji ýylda Moskwada Halk hojalygynyň gazananlarynyň Bütinsoýuz sergisinde ahalteke atlarynyň arasynda çempion diýlip yglan edilýär.

614 Polatly, mele at, 1963-nji ýylda doglan. 779 Pereň we 1244 Gaçgyrdan. 1974-nji ýylda Moskwada Halk hojalygynyň gazananlarynyň Bütinsoýuz sergisinde ahalteke atlarynyň arasynda çempion diýlip yglan edilýär.

614 Polatly, mele at, 1963-nji ýylda doglan. 779 Pereň we 1244 Gaçgyrdan. 1978-nji ýylda Moskwada Halk hojalygynyň gazananlarynyň Bütinsoýuz sergisinde ahalteke atlarynyň arasynda ikinji gezek çempion diýlip yglan edilýär.

918 Senagat, dor at, 1966-njy ýylda doglan. 795 Serdar we 1227 Garalydan. 1975-nji ýylda Moskwada Halk hojalygynyň gazananlarynyň Bütinsoýuz sergisinde 1 derejeli attestat bilen sylaglanýar.

1644 Peri (Kepder), mele gysrak, 1965-nji ýylda doglan. 1976-njy ýylda Moskwada Halk hojalygynyň gazananlarynyň Bütinsoýuz sergisinde ahalteke atlarynyň arasynda çempion diýlip yglan edilýär.

1355 Talant, dor baýtal, 1960-njy ýylda doglan. 593 Tebit we 1249 Kelteden. 1973-nji ýylda Moskwada Halk hojalygynyň gazananlarynyň Bütinsoýuz sergisinde 1 derejeli attestat bilen sylaglanýar.

1646 Perizat (Fistaşka), gara gysrak, 1965-nji ýylda doglan. 721 Gaplaň we 1375 Faunadan. 1977-nji ýylda Moskwada Halk

hojalygynyň gazananlarynyň Bütinsoýuz sergisinde 1 derejeli attestat bilen sylaglanýar.

919 Sere, altynsow mele at, 579 Synok we 1195 Ýeňişden. 1978-nji ýylda Moskwada Halk hojalygynyň gazananlarynyň Bütinsoýuz sergisinde ahalteke atlarynyň arasynda çempion diýlip yglan edilýär.

875 Gürgen, dor at, 1969-nji ýylda doglan. 721 Gaplaň we 1262 Köýmetden. 1984-nji ýylda Moskwada Halk hojalygynyň gazananlarynyň Bütinsoýuz sergisinde ahalteke atlarynyň arasynda çempion diýlip yglan edilýär.

Tolkun, mele gysrak. 1984-nji ýylda Moskwada Halk hojalygynyň gazananlarynyň Bütinsoýuz sergisinde ahalteke atlarynyň arasynda çempion diýlip yglan edilýär.

967 Pudak, mele at, 1973-nji ýylda doglan. 914 Polatly we 1539 Kaplýadan. 1986-nji ýylda Moskwada Halk hojalygynyň gazananlarynyň Bütinsoýuz sergisinde 1 derejeli attestat bilen sylaglanýar.

1836 Penjegül, mele gysrak, 1976-njy ýylda doglan. 1985-nji ýylda Halk hojalygynyň gazananlarynyň Bütinsoýuz sergisinde ahalteke gysraklarynyň arasynda çempion diýlip yglan edilýär.

945 Gerden, altynsow dor 1975-nji ýylda doglan.721 Gaplaň we 1243 Gaçakçydan. 1986-njy ýylda Moskwada Halk hojalygynyň gazananlarynyň Bütinsoýuz sergisinde 1 derejeli attestat bilen sylaglanýar.

2091 Aýbölek, dor gysrak, 1981-nji ýylda doglan. 875 Gürgen we 1413 Aýnadan. 1984-nji ýylda Moskwada Halk hojalygynyň gazananlarynyň Bütinsoýuz sergisinde ahalteke atlarynyň arasynda çempion diýlip yglan edilýär.

1949 Dowamly, gara gysrak,1981-nji ýylda doglan. 885 Gammar we 1481 Damjadan. Krasnodaryň aýlawynda 1984-nji ýylda ahalteke atlarynyň arasynda çempion diýlip yglan edilýär.

989 Garader, gara at, 1977-nji ýylda doglan, 894 Kerwen we 1520 Ýelsonadan. Krasnodaryň aýlawynda 1984-nji ýylda ahalteke atlarynyň arasynda çempion diýlip, yglan edilýär. Atlaryň respublikan sergisinde iki gezek çempion diýlip yglan edilýär.

957 Köpel, dor at, 1974-nji ýylda doglan. 899 Kömek we Final diýen atlaryň neslinden. 1987-nji ýylda Moskwada Halk hojalygynyň

gazananlarynyň Bütinsoýuz sergisinde ahalteke atlarynyň arasynda ýyndamlykda rekordçy we çempion diýlip yglan edilýär.

1074 Pik, mele at, 1983-nji ýylda doglan. 914 Polatly we 1474 Gülýalydan. Tbilisiniň aýlawynda geçirilen XXX Bütinsoýuz atly sport ýaryşlarynda 1987-nji ýylda ahalteke atlarynyň arasynda çempion diýlip yglan edilýär.

2094 Aýja, dor gysrak, 1984-nji ýylda doglan. 945 Gerden we 1429 Alkeýik diýen atlaryň neslinden. Tbilisiniň aýlawynda 1987-nji ýylda ahalteke atlarynyň arasynda çempion diýlip yglan edilýär.

Özbegistan Respublikasynda atçylyk boýunça soňky ýyllarda «Türküstanyň ýyldyzy» ady bilen geçirilýän atlaryň şüweleňli gözellik-sergi bäsleşiklerinde 2008-nji ýylda Polatly-2, 2009-njy ýylda Gerden (2007-nji ýylda Türkmenistanyň Prezidentiniň atçylyk toplumynda doglan, Gaýduwsyz we Güleken diýen atlaryň neslinden bolan dor at) diýen bedewlerimiz şol hormatly ada mynasyp bolup, çempion diýlip yglan edildiler.

Ahalteke tohum atlarynyň seçgi-tohumçylyk işlerinde asyl bedew nusgalyk atlary seçgiläp-saýlap, olary Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe atlary köpeltmekde giňden ulanmak maksady bilen hormatly Prezidentimiz türkmen bedewiniň baýramçylygyna gabatlap, iň owadan ahalteke atlarynyň arasynda halkara sergi-gözellik bäsleşigini geçirmek barada ýörite Karar çykardy. 2009–2010 – 2011-nji ýyllarda Türkmen döwlet aýlawynda Bedew baýramçylygyna bagyşlanan dabaralarda geçirilen gözellik bäsleşiklerinde – 2009-njy ýylda öňki Ruhabat etrabynyň Garadaşaýak obasynyň Şekilli (2006-njy ýylda doglan, Tebigat we Dürlügözel diýen atlaryň neslinden, 175 Meleguşyň ugry) diýen altynsow mele aty we 2010-njy ýylda Aşgabat şäheriniň ýaşaýjysy Ahmet Berdiýewiň hususy hojalygyna degişli bolan Görkli diýen altynsow mele aty we 2011-nji ýylda Hanbegler atly mele at ýeňijiler bolup, Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň şa serpaýyna mynasyp boldular. Ýeňijileriň eýeleri ýokary klasly gymmat bahaly ýeňil awtoulagy hem-de ýörite Kubok bilen sylaglandylar, atlaryň üstüne ýeňijiniň atlas july ýapyldy.



**Polatly-2, altynsow mele at, 2006-njy ýylda Türkmenistanyň Prezidentiniň ahalteke atçylyk toplumynda doglan. Pyýada we Kenar diýen atlaryň neslinden. 2008-nji ýylda Özbegistanyň paýtagty Daşkent şäherinde geçirilen sergide «Türküstanyň ýyldyzy» diýen hormatly ada mynasyp bolýar we atlaryň halkara çempiony diýlip yglan edilýär.**

Ahalteke atlarynyň syna-beden ölçegleriniň soňky 90 ýyl aralygynda, ýagny 1916–2007-nji ýyllar aralygynda üýtgeýşini seljerenimizde, olaryň beýikligi atlarda 3,3 santimetr, baýtallarda 4,9 santimetr artypdyr. Atlaryň göwresiniň keseleýin uzynlygy atlarda 5,79 santimetr, döş göwrüminiň aýlawy 15 we injiginiň ýogynlygy 0,4 santimetr artypdyr. Munuň özi, atlaryň idedilişiniň we saklanylyşynyň, seçgi-tohumçylyk işleriniň gowulaşýanlygynyň alamatydyr. Biz 1983-nji ýylda Akdaşaýak obasynyň ahalteke tohum atlaryny zootehniki taýdan öwrenip, ahalteke atlarynyň seçgi-tohumçylyk işinde olaryň asyl bedew at görnügini saklamak üçin olaryň beýikliginiň we keseleýin uzynlygyna birdeňräk ösmegini – irilenmegini (beden gurluşynyň proporsiýasyny) gazanmak gerek diýip belläpdik. Şeýle maksat bilen seçgi-tohumçylyk işleri alnyp barylsa, ahalteke atlarynyň asyl bedew at görnügini (tipini) kämilleşdirmek aňsat bolýar. Häzirki döwürde ahalteke atlarynyň seçgi-tohumçylyk işleri geçirilende şol tutalga (prinsipe) daýanylýar. Ahalteke atlarynyň häzirki döwürdäki göwresiniň ölçegleri 1-nji tablisada getirilýär.

*1-nji tablisa*

**Ahalteke atlarynyň göwresiniň ortaça ölçegleri**
**(AA DTK, II tom, 2007)**

| Göwresiniň ölçegleri | Atlarda, sm | Baýtallarda, sm |
|---|---|---|
| 1. Gerşine çenli beýikligi | 158,9 | 157,5 |
| 2. Göwresiniň keseleýin uzynlygy | 160,0 | 158,6 |
| 3. Döş aýlawy | 176,0 | 175,0 |
| 4. Injiginiň ýogynlygy | 19,4 | 18,7 |

Ahalteke atlarynyň daşky beden gurluşy – synasy atlaryň çapuw we müngi atlary toparyna degişliligi bilen baglylykda, beden agzalarynyň atyň işjeňligi bilen arabaglanşygy gowy duýulýar.

Pilçe süňki keseräk ýerleşip, çigin-pilçe bogun baglaýjy siňirleri we çigin-pilçe tümmüsi gowy bildirip duran we hereketleniji bogunlary gowy hereketli bolýar. Garysy orta uzynlykda, dyzy we dyz bogny gowy bildirip duran guraksy, aýak epiji we aýak ýazyjy siňirdir muskulaturalary guraksydan gowy bildirip duran bolsa, ahalteke atlarynda oňat alamat hasaplanylýar. Injigi inçeden uzyn we berk, bakany uzyndan pessaý we ýumşak, toýnaklary we toýnak buýnuzy berkdir. Agzalan syna aýratynlyklaryny öwrenmek ahalteke atlaryny çapuwlara, atçylyk sportuna, türkmen milli at üstündäki oýunlara saýlap almaga mümkinçilik döredýär.



**Tarlan atly gyr at. Moskwa şäherinde 1945-nji ýylda 500 km aralyga geçirilen marafon at çapyşygynyň ýeňijisi**

Ahalteke atlarynyň deri örtügi ýukadan dykyz bolup, örtük tüýleri inçeden mahmal ýaly ýumşak we kelte, köp halatlarda deri we tüý pigmentleşmesiniň aýratynlyklary bilen baglanyşykda olaryň reňkine özboluşly altynsow we kümüşsow öwüşginleri berýär. Ahalteke atlarynyň reňk aýratynlyklary barada ýokarda giňişleýin durlup geçildi.

Atlaryň gowy hereketi olaryň gymmatyny, hilini, ýyndamlygyny kesgitleýär. Ahalteke atlarynyň ýokary tizlikli hereketi olaryň harby işlerde ulanylmagyna, milli atçylyk sportunda, at çapyşygy ýaryşlarynda ulanylmagyna getiripdir, olaryň gymmatyny artdyrypdyr.

Ahalteke atlarynyň tebigy hereketleri – ýöriş hereketi ösen, gorgun hereketi aralyk derejede we ýorga hereketi ösmedik. Ahalteke atlarynyň öňürdikleme – ylgaw, çapuw hereketi örän gowy ösendir.

Ahalteke atlaryny eýerläp müneniňde örän gelşikli, üsti jaýly, seýkin basyp, mylaýym ýörişli. Çapanynda ýeriň üstünden süýnüp barýan ýaly, gulaçlap, tekiz çapýar. Atlar gowy seýislenende, ýakyn aralyga-da, uzak aralyga-da ýokary ýyndamlyk görkezýärler. Atly ýörişlerde çydamlylygy bilen tapawutlanýar, milli at üstündäki oýunlara, atçylyk sportuna, atly sirke ýeňil türgenleşýär we gowy netijeleri görkezýär.

2008-nji ýylda Russiýa Federasyýasynyň Pýatigorsk şäheriniň aýlawynda «Rus argamagy» ady bilen geçirilen halkara atly sport ýaryşlarynda Türkmenistanyň atly topary Türkmenistanyň at gazanan atşynasy I.Agamyradowyň seýisçilik etmeginde ajaýyp üstünlikleri gazandy. B.Begliýewiň çapyksuwarlyk etmeginde Türkmenistanyň Prezidentiniň atçylyk toplumynyň Gökhan diýen aty Russiýanyň Prezidentiniň goýan Uly baýragynda birinji ýere, şol toplumyň Maýa atly gysragy (çapyksuwary B.Agamyradow) üçünji baýrakly orna we Merdem atly gyr at (çapyksuwary T.Babaýew) baýrakly orunlara mynasyp boldular.

2008-nji ýylyň aprel aýynyň 29-y – maý aýynyň 2-si aralygynda goňşy Özbegistan döwletinde «Türküstanyň ýyldyzy» ady bilen geçirilen atlaryň gözellik-sergi bäsleşigine türkmen atçylarynyň uly topary gatnaşdy. Sergide altynsow mele reňkli Pyýada (1990-njy ýylda

doglan, Pudak we Bossan diýen atlaryň neslinden) görenleri haýran edip, «Türküstanyň ýyldyzy», iň owadan at, çempion diýlip yglan edildi. Iki ýaşar atlaryň arasynda Polatly-2 (2006-njy ýylda doglan Pyýada we Sabyrly diýen atlaryň neslinden) we üç ýaşar gysraklaryň arasynda Argaly çempion diýlip yglan edildiler.

Şol ýerde 90 kilometr aralyga geçirilen marafon at çapyşygynda Garador atly at Toýlymyrat Babaýewiň çapyksuwarlyk etmeginde birinji ýeri eýeledi.

Ahalteke atlary arassa ganly tohum atlar toparyna degişliligi bilen baglylykda sap arassa ýa-da gany arassa köpeldilýär.

Ahalteke tohum atlary beýleki at tohumlary bilen deňeşdirilende, köp ýaşaýar we giç ýetişýär. Mysallara ýüzleneliň. Atçylyk baradaky ylmy çeşmelerde iňlis atlary (taýka olaryň bir gije-gündizde artýan agramy 3 kilograma çenli ýetýär) üç ýaşyna çenli doly boýuny alyp, 16-18 ýaşdan köp ýaşamaýar diýip bellenilýän bolsa, ahalteke atlarynyň 18-20 ýaşlarynda nesil berýänlerine köp duşulýar.

## Ahalteke atlarynyn durli aralyklara gorkezen yokary (rekord) yyndamlyk gorkezijileri

Ahalteke atlarynyň dürli aralyklara görkezen ýokary (rekord) ýyndamlyk görkezijileri hökmünde şu aşakdakylary görkezmek bolar:

**2 ýaşar atlarda:**

Merkez – mele at, 1985-nji ýylda doglan. Muhtar we Seýilden, 1987-nji ýylda Tbilisiniň aýlawynda 1000 metr aralygy 1 minut 04,2 sekuntda geçipdir.

Gurultaý – mele at, 1965-nji ýylda doglan. Gyrsakar-2 we Fontandan, 1967-nji ýylda Aşgabadyň aýlawynda 1000 metr aralygy 1 minut 05,0 sekuntda geçipdir.

Maral – mele gysrak, 1937-nji ýylda doglan. Mele we Beladan, 1939-njy ýylda Aşgabadyň aýlawynda 1000 metr aralygy 1 minut 06,0 sekuntda geçipdir.

Gurultaý – mele at, 1965-nji ýylda doglan. Gyrsakar-2 we Fontandan, 1967-nji ýylda Aşgabadyň aýlawynda 1200 metr aralygy 1 minut 19,4 sekuntda geçipdir.

Kroket-7 – mele at, 1962-nji ýylda doglan. Kemer we Kalinadan, 1964-nji ýylda Rostow şäheriniň aýlawynda 1400 metr aralygy 1 minut 32,0 sekuntda geçipdir.

Sapaly – dor at, 1965-nji ýylda doglan. Serdar we Gymmatdan, 1967-nji ýylda Aşgabadyň aýlawynda 1600 metr aralygy 1 minut 46,8 sekuntda geçipdir.

Ýerka – dor gysrak, 1949-njy ýylda doglan. Skak we Ýerteňňeden, 1951-nji ýylda 1800 metr aralygy 2 minut 04,8 sekuntda geçipdir.

**3 ýaşar atlarda:**

Kömek – dor at, 1984-nji ýylda doglan. Köpel we Ýylandan, 1986-njy ýylda Aşgabadyň aýlawynda 1200 metr aralygy 1 minut 16,8 sekuntda geçipdir.

Gurultaý – mele at, 1968-nji ýylda doglan. Gyrsakar-2 we Fontandan, 1968-nji ýylda Aşgabadyň aýlawynda 1800 metr aralygy 2 minut 06,0 sekuntda geçipdir.

Gelektes-11 – dor at, 1965-nji ýylda doglan. Tezir we Kadra-27-den, 1968-nji ýylda Pýatigorskiniň aýlawynda 2400 metr aralygy 2 minut 41,6 sekuntda geçipdir.

Polatly – mele at, 1965-nji ýylda doglan. Pereň we Gaçgyrdan, 1968-nji ýylda Aşgabadyň aylawynda 2800 metr aralygy 3 minut 12,3 sekuntda geçipdir.

Aksakal – dor at, 1948-nji ýylda doglan. Köşpeli we Armadan, 1951-nji ýylda Aşgabadyň aýlawynda 3000 metr aralygy 3 minut 35,8 sekuntda geçipdir.

Ewrika – dor gysrak, 1949-njy ýylda doglan. Skak we Iňýagşydan, 1952-nji ýylda Aşgabadyň aýlawynda 3200 metr aralygy 3 minut 55,4 sekuntda geçipdir.

**4 we uly ýaşar atlarda:**

Klimat – gara at, 1963-nji ýylda doglan. Keýmir we Ýylandan, 1967-nji ýylda Aşgabadyň aýlawynda 2000 metr aralygy 2 minut 14,5 sekuntda geçipdir.

Kalýan – akýalmele at, 1961-nji ýylda doglan. Garlawaç we Kirpikden, 1967-nji ýylda Aşgabadyň aýlawynda 2000 metr aralygy 2 minut 14,5 sekuntda geçipdir.

Gurultaý – mele at, 1965-nji ýylda doglan, Gyrsakar-2 we Fontandan, 1969-njy ýylda Aşgabadyň aýlawynda 2400 metr aralygy 2 minut 45,3 sekuntda geçipdir.

Kefir – dor at, 1952-nji ýylda doglan, Keşikpe we Fortuna – 4-den, 1956-njy ýylda Aşgabadyň aýlawynda 3000 metr aralygy 3 minut 39,6 sekuntda geçipdir.

Kalýan – akýalmele at, 1961-nji ýylda doglan. Garlawaç we Kirpikden, 1967-nji ýylda Aşgabadyň aýlawynda 3200 metr aralygy 3 minut 44,8 sekuntda geçipdir.

Gammar – akýalmele at, 1961-nji ýylda doglan, Garlawaç we Garalydan, 1967-nji ýylda Aşgabadyň aýlawynda 4000 metr aralygy 4 minut 47,3 sekuntda geçipdir.

Kalýan – akýalmele at, 1961-nji ýylda doglan. Garlawaç we Kirpikden, 1967-nji ýylda Aşgabadyň aýlawynda 4000 metr aralygy 4 minut 47,3 sekuntda geçipdir.

Aksakal – dor at, 1948-nji ýylda doglan, Köşpeli we Armadan, 1952-nji ýylda Aşgabadyň aýlawynda 4800 metr aralygy 5 minut 51,3 sekuntda geçipdir.

Mergen – al at, 1951-nji ýylda doglan, Meleke we Tihaýadan, 1951-nji ýylda Frunze şäheriniň aýlawynda 6000 metr aralygy 8 minut 57,6 sekuntda geçipdir.

Gadam – gyr at, 1953-nji ýylda doglan, Garlawaç we Dursundan, 1958-nji ýylda Almaty şäheriniň aýlawynda 7000 metr aralygy 9 minut 06,0 sekuntda geçipdir.

Sapýor – dor at, 1951-nji ýylda doglan, Skak we Erkejandan, 1956-njy ýylda Frunze şäheriniň aýlawynda 8000 metr aralygy 11 minut 10,0 sekuntda geçipdir.

**Uly ýaşar atlarda 10 kilometr we ondan ýokary aralyklara:**

Akbar – al at, 1957-nji ýylda doglan, Alam we Bilbilden, 1962-nji ýylda Daşkendiň aýlawynda 10 kilometr aralygy 14 minut 14,8 sekuntda geçipdir.

Synok – dor at, 1951-nji ýylda doglan, Synok-2 we Ýyndamdan, 1956-njy ýylda Frunze şäheriniň aýlawynda 25 kilometr aralygy 44 minut 31,6 sekuntda geçipdir.

Magdan (Garagyr) – gyr at, 1947-nji ýylda doglan, Maý we Galkadan, 1952-nji ýylda Aşgabatda Orta Aziýa halklarynyň spartakiadasynda 50 kilometr aralygy 1 sagat 43 minut 06,0 sekuntda geçip, ikinji ýeri eýeleýär. Şonda Magdan höwür aty edilip ulanylýan ýerin-

den spartakiadanyň başlanmagyna 45 gün galanda saýlanyp, bary-ýogy üç hepde seýislenýär we ýaryşa gatnaşýar.

## Yomut tohum atlary

Ýomut tohum atlary müngi atlarynyň toparyna degişli bolup, professor M.I.Belonogowyň (1952) belleýşi ýaly, türkmenleriň medenileşdiren tohum atynyň özbaşdak bir şahasy hasaplanylýar. Ýomut atlarynyň özbaşdak tohum at görnüşinde emele gelmeginde örüde saklanyp, sürüde köpeldilmegi uly täsir edipdir. Beýleki tarapdan, Orta asyrlarda Samarkandyň emiri Teýmiriň goşunynda gulluk eden türkmenleriň ýomut taýpasyndan bolan nökerlerine bäş müň baş arap baýtallaryny olja berenligi bellidir. Ol atlar, haýsydyr bir uly bolmadyk derejede, ýomut atlaryna täsirini ýetirendir diýlip çaklanylýar.

Ýomut atlary Türkmenistanyň Daşoguz we Balkan welaýatlarynyň hojalyklarynda, şeýle-de demirgazyk Eýranda ýaýrapdyr.

Ýomut atlary ahalteke atlary bilen deňeşdirilende, ýönekeý we kiçeňräk, berk bedenli atlardyr. Olaryň göwresi ýygnak, arkasy berk, sagrysy togalagrak, gursagy orta giňlikde, aýaklary inçe we toýnaklary berk, ýaly, guýrugy selçeňräkdir. Olar, köplenç, gyr (38,9 %), dor (34,6), al (16,6) we gara (6,1 % çenli) reňkli bolýarlar. Mele, gär, jeren reňkler ýomut atlarynyň arasynda duşmaýar diýen ýalydyr. Nyşanlary az we kiçi bolýar.

Ýomut atlarynyň göwresiniň ortaça ölçegleri (ýomut atlarynyň Döwlet tohumçylyk kitabynyň IV tomy) aşakdaky ýalydyr.

***Atlarda:***

1.Gerşine çenli beyikligi – 152,08 sm;
2.Göwresiniň keseleýin uzynlygy – 151,89 sm;
3.Döş göwrüminiň aýlawy – 169,14 sm;
4.Injiginiň ýogynlygy – 18,92 sm.

***Baýtallarda:***

1.Gerşine çenli beyikligi – 149,36 sm;
2.Göwresiniň keseleýin uzynlygy – 151,07 sm;
3.Döş göwrüminiň aýlawy – 166,85 sm;
4.Injiginiň ýogynlygy – 18,34 sm.

Ýomut atlary berk bedenliligi we çapuwlarda uzakçyllygy, çydamlylygy bilen tapawutlanýarlar, uzak ýaşaýarlar. Olaryň hereketi – ädimi ýygydan gysgarak, gorgun hereketi ösmedik we loňkuldawyk görnüşli, öňürdikleme – ylgaw hereketi ýeňil. 1000 metr aralyga ýokary ýyndamlygy 1 minut 08,0 sekunt bolup, iňlis we ahalteke atlaryndan soň, dünýä atlarynyň arasynda ýyndamlykda üçünji ýerde we arap atlary bilen deň ýyndamlyk görkezýärler.

Ýomut atlary sagatlygy, çydamlylygy, yssy we sowuk howa şertlerine we örüde saklanmaga uýgunlaşanlygy bilen tapawutlanýarlar, köp ýaşaýarlar, ýöne giç ýetişýärler, bäş ýaşyna çenli ösüp, boýuny alýarlar.

Daşoguzyň Döwlet athanasyndaky atlaryň esasy ugurlary 1920-nji ýylda doglan Baýram atly atdan (Atda we Saryjakör diýen atlaryň neslinden, ölçegleri 154 – 174 – 19,0 sm) alyp gaýdýar. Baýram 20 ýyla golaý atlary köpeltmekde höwürde ulanylýar. Häzirki wagtda Daşoguz welaýatynyň Döwlet athanasynda we beýleki hojalyklarynda 1928-nji ýylda doglan Çaýbaşyň we onuň nesli Çaýbaştaýyň, Ýolma we Akbilek diýen ugur atlaryň nesilleri ýaýrandyr.

1935-nji we 1988-nji ýyllarda geçirilen Aşgabat - Moskwa atly ýörişlerinde ýomut atlary ahalteke atlary bilen bir hatarda, özleriniň uzakçyldyklaryny we uzak ýörişlere çydamlydyklaryny görkezdiler.

1945-nji ýylyň sentýabr aýynda 1941–1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňşe bagyşlanyp Moskwada 500 km aralyga geçirilen at çapyşygynda Köneürgenç etrabynyň 331 Parahat diýen ýomut tohumyndan bolan aty (1941-nji ýylda doglan Dorsekil we Gök diýen atlaryň neslinden) ikinji, Boldumsaz etrabynyň 285 Garaguş diýen aty (1940-njy ýylda doglan 182 Akdodak we Kümüş diýen atlaryň neslinden) üçünji baýrakly orunlary eýelediler.

Däp bolşy ýaly, ýomut atlaryny 20-50 kilometr we ondan hem uzak aralyklara çapýarlar. 1950-nji ýyllaryň ahyrlaryna çenli ýomut atlarynyň arasynda süýregli çapuwlar hem geçirilýärdi.

Ýomut atlaryny aýlawlarda yzygiderli çapdyrmak Bekrewede ahalteke atçylyk athanasynyň ýanynda ýomut atçylygy boýunça bölümiň açylmagy bilen 1925-nji ýyldan Aşgabadyň Köşi aýlawyndan başlanýar. 1940-njy ýylda Daşoguzda ýomut atlarynyň

Döwlet tohumçylyk nokady (rassadnik) we Daşoguz şäherinde ýerli aýlaw işläp başlaýar.

1964-nji ýyldan başlap agzalan Döwlet tohumçylyk nokady Daşoguzyň ýomut atlarynyň 20 ene baýtaly berkidilen we saklanýan Döwlet zawod athanasyna öwrülýär. Ol şu wagta çenli işlemek bilen ýomut atlarynyň hilini kämilleşdirmek ýaly işleri alyp barýar, ýomut atlarynyň nesil çeşmesi bolup, hyzmat edýär.

Häzirki döwürde Balkanabatda we Daşoguzda häzirkizaman welaýat atçylyk sport toplumlarynyň we olardaky aýlawlaryň işläp başlamagy bilen, ýurdumyzda ýomut atlaryny köpeltmäge we at çapyşyklarda, atçylyk sportunda, atly syýahat – gezelençlerde giňden ulanmaga uly mümkinçilikler döredilendir.

## Arassa ganly arap tohum aty

Arap atlaryny beduin arap taýpalary döredipdirler diýlip hasaplanylýar. VI asyra çenli araplaryň öz tohum atlary bolmandyr diýen ýalydyr. Olar şol döwre çenli, esasan, düýeli gezer ekenler. Professor S.W.Afanasýew arap atlarynyň gelip çykyşyny nusaý, pars atlary toparyndan hasaplaýar. Arap atlary Arabystan ýarym adasynda Nežd oazisinde emele gelýär. Arap atlary XI – XII asyrlarda ady belli at tohumy bolup başlaýar we soňra bütin dünýä ýaýraýar.

Araplar öz atlarynyň şejere arkasyny, aýratynam, ene baýtallaryň gelip çykyşyny ýatdan ýöredipdirler. Araplar baýtallaryny başga tohumly ata çekmegi günä hasaplapdyrlar. Baýtallar höwre çekilende onuň ýanynda haýsy ata çekilip, taý alnanlygyny gerek bolsa, tassyklamak – güwä geçmek üçin, şaýat adam bolmaly hasaplaýarlar. Taýlar ulalyp, at çykanda gelip çykyşy barada jedelli meseleler ýüze çykanda, ol atyň ene-atasy baradaky maglumatlara şaýat bolan adam guwä geçipdir.

Häzirki döwürde arap atlarynyň «ýapyk» tohumçylyk kitaplary neşir edilýär, atlaryň ene-atalarynyň takyk dogrulygy molekulýar genetiki derejede anyklanýar. Arap atlary bilen ir döwürlerden bäri olary gany arassa köpeltmek boýunça tohumçylyk işleri alnyp barylýanlygy üçin, olar arassa ganly tohum atlar toparyna degişli hasap edilýär we halkara ähmiýete eýedirler.

Arap atlary daşky synasynyň görnüşi boýunça atletiki beden gurluşly, owadan, togalagrakdan guraksy we berk bedenli, aýaklary

we toýnaklary berk, seňriginiň ýokarsy özboluşly çökügräk bolýar, boýny dikleň we özboluşly egrelen, kellesiniň maňlaý tarapy giň bolup, agzy burnuna tarap inçelendir. Arap atlary adam görende gobsunyp guýrugyny jaýtardyp üýtgeýärler, gujurlanyp, özüni gowy görkezýärler. Olar hoşgylykly, gowy häsiýetli, örän gujurly we sagdynlygy, çydamlylygy bilen tapawutlanýarlar. Arap atlary uzak ýaşaýarlar, gowy köpelýärler. Göwresiniň ortaça ölçegleri 2-nji tablisadaky ýalydyr.

*2-nji tablisa*

**Arap atlarynyň göwresiniň ortaça ölçegleri**

| Göwresiniň ölçegleri | Atlarda, sm | Baýtallarda, sm |
|---|---|---|
| 1. Gerşine çenli beýikligi | 153,8 | 151,4 |
| 2. Göwresiniň keseleýin uzynlygy | 151,7 | 151,7 |
| 3. Döş aýlawy | 177,7 | 177,7 |
| 4. Injiginiň ýogynlygy | 19,3 | 18,7 |

Esasy reňkleri gyr, al we dor bolup, gyr reňkler gara tenli bolýar. Arap atlarynyň dürli hereketleri gowy ösen, ýalyny ykjadyp, guýrugyny jaýtardyp, toýnagynyň ujuna kakyp gorgunlanynda ýeriň üstünde gaýyp barýan ýaly örän ýeňil gopýarlar, güýjüne daýanyp, ýyndam çapýarlar. Olar uzakçyllygy we çydamlylygy bilen tapawutlanýarlar.

Demirgazyk Afrikada arap atlarynyň saklanylyşy, idedilişi boýunça tapawutly ekologiýa geografiki şertlere düşüp, arap atlarynyň üýtgän görnüşi – şahamçasy *berberi atlary* döredilipdir.



**Lahab El Kuweýt atly 2005-nji ýylda doglan arap aty**

Arap atlarynyň arasynda görnügi boýunça esasy dört tirsek diýip atlandyrylýan – *siglawy, köheýlan, hadban we muniki* ýaly ugur – şahamçalara bölünýär. Siglawi ýeňil, näzik beden, atletiki gurluşly owadan atlardyr. Koheýlan ýognasdan berk bedenli, süňklek, örän ýokary işeňňirligi we çydam-

lylygy bilen tapawutlanýar. Hadban şahamçasy iri atlar bolup, örän ýyndamlygy bilen tapawutlanýarlar. Agzalan esasy üç şahamça atlardan başga olaryň arasynda muniki diýip atlandyrylýan aralyk görnüşli atlar hem duşýarlar.

Arap atynyň kömegi bilen iňlis, tersk, orlow gorgunly, andaluz, neopolitan, lipisian we beýleki at tohumlary döredilipdir. Arap atlarynyň iňlis atlarynyň döredilmeginde hem täsiri uludyr. Arap atlary bilen iňlis atlary çakyşdyryp alnan ýarym ganly iňlisarap atlary atçylyk sportunyň nusgawy görnüşlerine ulanmak üçin ýaramly atlardyr. Arap atlary dünýäniň köp ýurtlaryna ýaýrapdyr.

## Arassa ganly inlis tohum aty

Arassa ganly iňlis tohum aty dünýäde iň ýyndam atdyr. At çapyşyklarda, päsgelçiliklerden atly bökmekde we garyşyk (stipl-çez) ýaryşlarynda iňlis atynyň deňi-taýy ýokdur. Ýokary işjeňligi we ol häsiýetlerini, aýratynam, ýyndamlygyny durnukly nesle geçirýänligi üçin iňlis aty beýleki müngi tohum atlarynyň ýyndamlygyny gowulandyrmakda we täze tohumlaryny döretmekde nesil çeşmesi bolup hyzmat edýär. Iňlis atlary halkara ähmiýete eýedir.

**Döredilişi.** XVII-XVIII asyrlarda Angliýanyň korollyk athanasynda şol döwre çenli ýerli baýtallar bolup, olar gündogar atlary atlandyrylan tohumlar bilen çakyşdyrylyp gowulandyrylypdyr. Şeýlelikde, gündogar atlarynyň kömegi bilen hili gowulandyrylan baýtallara – türk (türkmen), arap atlaryny höwre çekmek, ideginde we iýmitlendirilişinde, synag çapuwlarda gowulandyrylan şertleri döretmek bilen iňlis aty döredilýär. Iňlis atynyň köki esasy üç sany atdan alyp gaýdýar. *Baýerleý türk* (1680-nji ýyllarda doglan) diýen at Wena şäherini Osmanlylar döwletinden azat etmäge gatnaşan iňlislere olja düşýär we Irlandiýa getirilip, höwürde ulanylýar. Baýerleý türk, atşynas alymlaryň pikirine görä, türkmen aty hasap edilýär. Ondan iňlis atlarynyň arasynda esasy ugurlaryň biri bolan *Herod* (1758-nji ýylda doglan) köküni alyp gaýdýar.



**Anilin diýen arassa ganly iňlis aty**

Darleý Arabian (1700-nji ýyllar töweregi) Türkiýäniň Halap şäherinde iňlis kapitany Darleý tarapyndan satyn alnyp, 1710-njy ýylda Angliýa getirilip, höwürde ulanylýar. Ol hem türkmen aty hasaplanylýar. Darleý Arabiandan iňlis atlarynyň arasynda ady belli ugurbaşy atlaryň biri *Eklipsdir* (1764-nji ýylda doglan).

Üçünji nesilbaşy atlaryň biri Godolfin Barb (1724-nji ýylda doglan) Demirgazyk Afrikanyň berberi arap aty tohumyndan bolup, ony lord Godolfin oz athanasynda höwürde ulanýar. Godolfin atynyň agtygy *Metjem* (1748-nji ýylda doglan) iňlis atlarynyň arasynda üçünji esasy ugurbaşy atlaryň biridir.

Aýlawlarda ýyndamlygy boýunça seçip-saýlap köpeltmek iňlis atlarynyň dünýäde iň ýyndam at bolmagyna kömek edýär. Angliýanyň ýumşak aram klimaty, sonarly öri meýdanlary, atlary 5000 metre çenli aýlaw çapuwlarynda synag etmek we şejeresiniň takyk ýazgylaryny yzygider neşir etmek – bularyň hemmesi, iňlis atlarynyň iň gowy at tohumlarynyň biri bolup kemala gelmegine uly täsirini ýetiripdir. 1751-nji ýyldan başlap Angliýada çapuw kalendary neşir edilip başlanýar. Bu bolsa ýyndam atlary saýlamaga kömek edýär. 1793-nji ýyldan başlap iňlis atlarynyň tohumçylyk kitaby (studbuk) neşir edilip başlanýar we kitabyň birinji ýygyndysyna 1660-1790-njy ýyllar aralygyndaky tohumçylyk işinde ulanylan atlar we baýtallar, olaryň nesil taýlary baradaky maglumatlar yzygiderli we doly ýazylypdyr. Şondan soň tohumçylyk kitaby «ýapyk» hasap edilýär. Tohumçylyk kitaplary häzirki wagta çenli yzygiderli neşir edilip, olarda atlaryň takyk we zootehniki hasabaty ýöredilýär. Ýöne ol kitaplara ýazylýan atlaryň we baýtallaryň şejere arkasy hökmany suratda 1-nji kitaba ýazylan bolmalydyr, şonuň üçinem olara ýapyk tohumçylyk kitaby diýilýär.

Iňlis atlarynyň synasy we beden gurluşy, ini-boýy des-deň görnüşde (formatda) bolup, olaryň daşky syna gurluşy müngi çapuw atlarydygyny tapawutlanmak bilen gowy bildirýär. Olar näzikden berk bedenli, örän gujurly we idegine baglylykda tiz ýetişýärler, üç ýaşyna çenli doly ösüp, boýuny alýarlar. Baýtallarynyň taý berijiligi ýokary däl.

Esasy reňkleri dor, gara, al we gär reňklerdir. Göwresiniň ölçegleri aşakdaky ýalydyr:

| | Atlarda, sm: | Baýtallarda, sm: |
|---|---|---|
| Gerşine çenli beýikligi | 162,8 | 161,5 |
| Göwresiniň keseleýin uzynlygy | 162,0 | 161,0 |
| Döş aýlawy | 186,8 | 182,5 |
| Injiginiň ýogynlygy | 20,3 | 19,6 |

Soňky üç ýüz ýylyň dowamynda iňlis atlary bilen aýlaw çapuwlarynyň netijeleri boýunça geçirilen seçgi-tohumçylyk işleri olary dünýäde deňsiz-taýsyz ýyndam ata öwürýär. Angliýanyň aýlawlarynda 1780-nji ýyldan bäri dört we uly ýaşar atlaryň arasynda 4223 metr aralyga Gudwudsk kubok baýragy goýulýar.

Däp bolan baş baýrak 1780-nji ýyldan Angliýanyň Epsom aýlawynda ýylyň dowamynda iň ýyndam çapan üç ýaşar atlaryň we gysraklaryň arasynda (1609 metr aralyga) goýlup başlanýar. Baýragyň ady onuň düýbüni tutan lord Derbiniň adyny gotermek bilen häzirki döwürde hemme ýurtlarda 3 ýaşar çapuw atlaryň arasynda goýulýar. 1872-nji ýyldan başlap Derbi baýragy 2440 metr aralyga goýlup başlanýar. Ahalteke tohumly üç ýaşar atlaryň we gysraklaryň arasynda 2400 metr aralyga çapuwlarda goýulýan Uly Aşgabat baýragy halk arasynda Derbi baýragy diýlip atlandyrylýar. Derbi baýragynyň ýeňijisi ýylyň dowamynda iň ýyndam çapan at hasaplanýar. Derbi baýragynda we Gudwudsk kubogynda ýeňijiler soňra atlaryň ýyndamlygyny kämilleşdirmekde tohumçylyk işlerinde giňden ulanylýar.

Iňlis atlary atçylyk sportunda päsgelçilikden ýokarlygyna bökmekde, at üçin kyn bolan stipl-çez ýaryşlarynda hem ýokary netijeleri görkezýär. Iňlis atlarynyň halkara aýlawlarda görkezen ýokary (rekord) ýyndamlygy: 1000 metr aralyga 53,6 sekunda; 1200 metr aralyga 1 minut 07,2 sekunda; 1600 metr aralyga 1 minut 31,8 sekunda; 2400 metr aralyga 2 minut 23 sekunda; 3000 metr aralyga 3 minut 18,2 sekunda deňdir.

Beden gurluşynyň berkligi göz öňünde tutulman, birtaraplaýyn ýyndamlyga geçirilen seçgi-tohumçylyk işleri iňlis atlarynyň

arasynda duşýan käbir ýetmezçilikleriň ýüze çykmagyna getiripdir. Atlaryň arasynda gulak getirmek bilen öň aýakdan agsama (brok ýa-da brokdaun), syýgyldyly bogulma (rorer), çapuw wagty burny ganama we nerw ulgamy bilen baglanyşykly ýüze çykýan galdawlyk ýaly ýetmezçilikler duşýar.

Iňlis atlarynyň arasynda ýakyn aralyga çapýan flaýer ýa-da sprinter we uzakçyl staýer ýa-da distansioner atlar bar. Ol atlar bilen özbaşdak aýrybaşga köpeltmek boýunça tohumçylyk işleri geçirilýär. Iňlis atlary köp sanly atlaryň täze tohumlaryny döretmekde ulanylypdyr we häzirki döwürde hem ulanylýar. Olar ýyndamlygyny, beden gurluşynyň aýratynlyklaryny we ýokary işjeňlik ukybyny nesle gowy geçirýärler. Şeýlelikde, iňlis aty beýleki tohum atlary gowulandyryjy tohum atlar toparyna girmek bilen nesil çeşmesi bolup durýar. Iňlis atlary gany arassa köpeldilýär. Olaryň arasynda dürli tipli we köp sanly ugurlar bar.

## Çapuw atynyn esbaplary

At esbaplary diýlip, atlar seýislenende, çapuwda, atçylyk sportunda ulanylanda, atly seýrana çykylanda, müngi ulagy hökmünde hojalyk işlerde we beýleki dürli maksatlar üçin ulanylanda ata salynýan we dakylýan esbaplara hem-de enjamlara aýdylýar.

Türkmenlerde at eýer esbabyndan başga-da, atlara milli bezeg-şaý esbaplary dakylýar, dürli görnüşli ýapynjalar we jullar ýapylýar.

Alagaýyş atyň toplum bezeg-şaý esbaby bolup, oňa gyzyl gaýyşdan zergärler tarapyndan bezelip ýasalan göwüsbentli, şelpeli bäzbentli gursakça, gaýyşdan kümüş şaý-sep we gymmat bahaly daşlar bilen bezelip ýasalan 2-3 sany boýun alabagy, maňlaýlyk, çekgelik, gaýyş bölekleri kümüş şaý-sepler bilen bezelen uýan, nakgaş ýasan gamçy girýär.

Şahyr Seýdi aýtmyşlaýyn:

Münende şaý bolsa tükel esbaby,
Tagty Süleýmandyr üsti bedewiň.
Jul eýleseň atlaz bilen zerbaby,
Şonda biarmandyr üsti bedewiň.

**Dönmez, mele at, 1944-nji ýylda Baýramaly etrabynyň «Türkmenistan» daýhan birleşiginde doglan. 93 Dorsaçly we 970 Tendi diýen atlaryň neslinden. 44 Begnazardoruň ugry. 1953-nji ýylda Dönmez Aşgabatda respublikan sergide I derejeli attestat bilen sylaglanýar. 1958-nji ýylda Moskwada Halk hojalygynyň gazananlarynyň Bütinsoýuz sergisinde I derejeli attestat bilen sylaglanýar**





**Alagaýyş**

Ýörite dokalan haly jul, ýüpek matadan tikilen seçekli köýnekçe, atlaz matadan tikilen jul, atyň göwre aýratynlyklaryna laýyklanyp, ak ýüňden basylan gülli at keçesi ýaly atlara owadan bezeg ýapynjalar salynýar. Uzak ýola gidilende, içine ýol harjy salnyp, agzy gözelen haly horjun eýeriň yz tarapyndan ganjygasyna daňylyp, atyň sagrysyna bökderilýär. Halydan dokalan at torba eýerden asylýar. Eger gamçy ulanmak gerek bolmasa, ol eýeriň gaşyndan asylýar. Munuň özi türkmen bedew atynyň özüne we oňa atlanan adama görk berýär.




**Seýisçilik eýeri**

Atlaryň haýsy maksatlar üçin we nirede ulanylyşyna baglylykda kelleki (nogta), rişme, uýan, eýer, çeki, içirgi, gursakça, guşgun, gamçy, nal we ş.m. at esbaplary ulanylýar.

Eýer atyň üstünde jaýly we dogry oturmaga, öňürdik ýa-da ylgawyna çapýan, bökýän ýa-da atyň öwrümli hereketlerinde çapyksuwardyr atly türgeniň ýa-da beýleki at münýän adamlaryň atyň hereketi bilen ugurdaş, ata söýget berip, dogry oturmagyna ýardam edýär. Ýewropa eýerleriniň esasy demirden we agaçdan ýasalyp, ol üstki gaýyş bölekden we gapdal gaýyş ganatlardan, üzeňňiden we üzeňňi bagyndan, çekiden (çapuw we sport eýerlerinde iki çeki), içirgiden durýar.

Arkasynda eýer süýşýän atlara gaýyş gursakça ýa-da guşgun dakylýar. Gursakça eýeriň yza süýşmeginiň öňüni alsa, guşgun eýeri öňe goýbermeýär.

Kelleki atyň kellesine salnyp, rişmesinden tutup, idip ýöretmäge, daňyp saklamaga, gaňtaryp goýmaga ýa-da at görkezmek üçin çykarylanda ulanylýar. Rişme atlary idip çykarmak, örklemek ýa-da gaňtaryp goýmak üçin nogta nurbadyň kömegi bilen berkidilýän uzyn ýüp.

Uýan agyzdyrygy we jylawy bilen atyň kellesine tokalaryň kömegi bilen laýyklanyp dakylyp, aty münýän adama tabyn etmäge, islendik tarapa öwrümler etmäge we ugrukdyryp sürmäge ýa-da aty duruzmaga hyzmat edýär.

Uýan – çekgelik, maňlaýlyk, ýeňselik, sakak ýaly tokaly gaýyş böleklerden, halkaly demir agyzdyrykdan we jylawdan durýar. Uýanyň çekgelik, ýeňselik we sakak ýaly bölekleri atyň kellesine laýyklanyp, tokasyna ildirilip dakylýar.

At münmek ony eýerlemekden başlanýar diýsek dogry bolar. Aty eýerlemezden öňürti, teblehanada duran ýerinde eserdeňlik bilen atyň ýagdaýyny görmeli, soňra arassalap süpürmeli, ýalyny, guýrugyny daramaly.

Uýan agyzdyrygy bilen atyň çep tarapynda durup dakylýar. Sag eliň bilen uýanyň jylawy bile ýeňseliginden tutup, çep eliň bilen agyzdyrygy tutup, atyň agzyna salmaly, dişsiz ýerinde oňaýly ýerleşdirip goýmaly we uýany atyň kellesine dakmaly. Uýanyň ýeňseligini gulagynyň arkasyna geçirip, kellesiniň ululygyna görä laýyklap, tokasyny ildirmeli.



**Uýan we agyzdyrygyň dakylyşy**



**Türkmen eýeri**




**Eýerlenen at. 1..Eýeriň ganaty; 2. Otyrýeri; 3. Gursakça; 4.Guşgun; 5. Üzeňňi bagy bilen üzeňňi; 6. Çeki; 7. Ätiýaçlyk çeki; 8. Içirgi**

Ulanylýan ýerine baglylykda, atlara dürli eýerler salynýar.

Türkmen eýeri iň gadymy eýer bolup, Oguzhanyň döwründe türkmenleriň ýasan, at arkasyna salan esbaplarynyň ilkinjisidir.

Beýleki eýerlerden tapawutlylykda türkmen eýeriniň gaşy bardyr. Türkmen eýeri söwüt agajyndan ýonulyp ýasalyp, daşyna çig hamdan çerim çekilýär. Türkmen eýeri atyň üstünde agramyňy taşlap, jaýly oturmak we uzak ýola at münüp gitmek üçin amatlydyr. Türkmen eýeri aýrybaşga her bir atyň arkasyna laýyk edilip, ýonaçy ussa ýörite ýasadylsa, has gowudyr. Gynansak-da, türkmen eýeri Ýewropa ýurtlarynyň atçylyk edebiýatynda türk eýeri ady bilen bellidir.

Çapuw eýeri ýeňil, agramy 2,5 kilograma çenli bolup, at çapyşyklarynda çapyksuwarlar ulanýarlar.

Seýisçilik eýeri agramy 5-6 kilograma çenli bolup, atlar seýislenilende ulanylýar.

Sport eýeri atçylyk sporty ýaryşlarynda atlara salynýar, agramy 8-10 kilograma çenli bolýar. Çapuw we sport eýerleriniň üzeňňi bagy ýörite «gulply» bolup, atdan ýykylmak we beýleki howply ýagdaýlar ýüze çykanda üzeňňi bagy bilen birlikde eýerden sypýar.



**Çapyksuwarlar üçin eýer esbaplarynyň toplumy**

Harby eýerler uly we berk bolup, agramy 18 kilograma çenli we galyň keçeden içirgisi eýeriň aşagyna berkidilýär. Ol eýeri atyň arkasyna salyp, çekisini çekip, ata atlanyp gidibermelidir.

Çopan eýeri harby eýere meňzeş bolsa-da, ýeňil we ýönekeý bolýar. Harby we çopan eýerleriň esasy iki bölekden – demir we ýonalanan agaç böleklerinden durýar.

Gamçy atyň tizligini kadalaşdyrmaga we ugrukdyryp sürmäge hyzmat edýär. Türkmen gamçysy erik ýa-da tut agajyndan saply, ak gaýyş tasmadan örülip, ujy gaýyş tasmadan seçekli ýasalýar. Çapyksuwar gamçysy çybyk görnüşli, ujy gaýyş şelpeli bolup, uzynlygy 70 santimetrden geçmeli däldir.

## Atyn toynagyny gozegçilikde saklamak

Müngi we çapuw atlaryny nallamak bilen çäklenmän, eýsem hojalykdaky saklanýan baýtallaryň, höwür atlaryň we taýlaryň toýnaklaryny hem hemişe gözegçilikde saklamak gerek. Şonda her 250 baş dürli ýaş we jyns topardaky atlar üçin bir toýnakçy hünärmen saklamaly bolýar. Onuň wezipe borjy atlaryň, baýtallaryň we taýlaryň toýnaklaryny gyryp, dogrulap durmakdyr. Atlaryň toýnak buýnuzynyň bir aýda ortaça 2 santimetr ösýänligini ýatdan çykarmaly däl. Toýnagyň görnüşi, ýumşak-gatylygy, ululygy nesil yzarlaýar. Mysal üçin, Köpel diýen iki gezek Derbi baýragyny alan, ýyndam, Moskwada Halk hojalygynyň gazananlarynyň sergisinde rekordçy çempion diýlip yglan edilen atyň öň aýagynyň toýnaklary biri-birinden (raznokopytnost) tapawutlanardy. Ol Babarap obasynyň atçylyk fermasynda Kömek ýaly rekordçy taýlary berdi. Şonda-da Babarap obasynyň atbakary Türkmenistanyň at gazanan atşynasy Bajam Kowusow: «Köpel taýlarymyň toýnagyny bozdy» diýip aýdardy. Garadaşaýak obasynyň atçylyk fermasynyň müdiri, Türkmenistanyň at gazanan atşynasy Ýazow Durdymyradow toýnagy uly penjeli atlary gowy görerdi, şoňa laýyklykda seçgi-tohumçylyk işlerini alyp barardy.

Toýnak aýagyň ýer bilen galtaşýan bölegini – toýnak buýnuzyny, toýnak süňküni we toýnagyň maýasynda ýerleşen toýnak peýkamyny öz içine alýar. Ol hemişe ýere ilteşmek bilen **daýanç** we aralyk **goraýjy** işleri (funksiýalary) ýerine ýetirýär. Öň aýak toýnaklarynyň aşagy tegelek bolsa, artky toýnaklar görnüşi boýun-



**Atyň aýagyny gözegçilikde saklamak we nallamak üçin enjamlar**

ça kese tegelek görnüşli bolýar we kiçidir. Toýnagyň maýasy diýlip atlandyrylýan bölegi ýumşak dokumadan ybaratdyr we maýyşgakdyr. Toýnaklaryň görnüşi we berkligi atyň tutuş beden (konstitusiýasynyň) gurluşynyň berkligine we daşky gurşawa bagly bolýar. Toýnagyň reňki aýagyň täç bölegininiň tüýleriniň reňkine (sekil) baglylykda ol tüýler ak bolsa, ak toýnak, gara bolsa, gara toýnak bolýar. Toýnagyň görnüşiniň bozulmagy, buýnuzynyň ýumşaklygy, döwülgiçligi atyň aýagyny gyşyk basmagyna getirmegi mümkin. Toýnagyň bozulmalaryna nämeler sebäp bolýar?

1.Seçgi-tohumçylyk işlerinde toýnaga üns berilmezligi we toýnak ýetmezçiliginiň nesilden geçmegi;

2. Howa şertleri;

3. Atyň hereketi.

Näme üçin toýnagy arassalap durmaly? Atlar öýdekileşdirilenden soň toýnagyň tebigy şertlerde ösmeginiň we gyrylmagynyň deňagramlylygy bozulypdyr. Şonuň üçin at münýän adam ony günde münmezden öň barlap we arassalap durmaly.

Nalçy ussa toýnagy yzygider arassalap, gyryp, nallap durmaly.

Nalçy hünärmenler, seýisler çapuw atyň toýnaklaryny, nallaryny gözegçilikde saklamaly, nalyň çüýleri gowşasa, kakyp, berkidip, toýnagyň aşagyny arassalap, her iki aýdan nalyny çalşyp, nallap durmaly. Toýnak buýnuzy orta hasapdan aýda 2 sm ösýär. Wagtly-wagtynda atyň toýnagy gyrylmasa, gözegçilik edilmese, onda kemçilikler ýüze çykýar. Olardan toýnagyň ýatyk we ökje tarapynyň pes bolmagy, dik (stakan) toýnak, gyşyk, halka şekilli boglan ýa-da büdür-südür, döwülgiç, jaýryk we ş.m. toýnaklar bolup biler. Känbir hereketlenmän duran atlarda, baýtallarda we taýlarda hemişe dört aýagyna bir deň agram düşmeýänligi zerarly, toýnagyň we netijede, atyň aýaklarynyň gyşarmagy, toýnaklarynyň çöwrülip ösmegi ýaly kemçilikler duşýar. Şonuň üçin atyň toýnaklaryny hemişe gözegçilikde saklamaly bolýar.

## At toynagynyn nallanylyşy

Nal – çapuw atlar üçin ýumşak demirden (10-12 mm simden) ýasalyp, atyň toýnagyna şikes ýetmeginiň öňüni almaga we aýagyny

ynamly basmaga, atyň aýagyny dogry goýmagyna ýardam edýär. Çapuw atlarynyň iki öň aýaklary nallanylýar.



Toýnagyň nallanylyşy

Aty nallamazdan öňürti atyň nirede ulanylýanlygyny ýa-da ulanyljakdygyny bilmeli. Atyň nähili hereketlenýänligini, agsaýan ýa-da agsamaýanlygyny, toýnagynda nähili ýetmezçilikleriniň barlygyny anyklamaly bolýar.

Uzak aralyklara atly ýörişlere gatnaşýan, beýleki ulag we iş atlaryň, köplenç, dört aýagyna uly guýma nallar kakylýar. Guýma nallar 1-den 7-i aralygyndaky ölçeglerde ýasalýar. Ahalteke we ýomut atlarynyň aýaklaryna 3–4 ölçegdäki nallar laýyk gelýär. Nallary atyň aýagyna kakmak üçin 3, 4, 5 belgili ýumşak demirden ýasalan, konus şekilli ýörite nal çüýleri ulanylýar. Ussa ýasan demir nallaryň ulanylýan möhleti 2 aý we bir ýylda 6 jübüt nal harçlanylýar.

Häzirki döwürde çapuw we sport atlar üçin plastikadan, dýuralýuminden dürli maksatly we görnüşli nallar hem ýasalýar. Nallamak, birinjiden, toýnagy daşky gurşaw bilen arasynda bolup biljek dürli şikeslerden goraýar.

Ikinjiden, toýnagyny dogry basmak, toýnagyň görnüşini düzetmek üçin we atyň taýyp ýykylmagynyň öňüni almak üçin peýdalydyr; Çapuw üçin, atçylyk sporty, atly ýöriş ýa-da atly syýahat üçin dürli nallary ulanmak bolar.

Nallamak üçin ulanylýan gurallar we abzallar toýnak pyçagy, toýnak gyrkýan gaýçy, törpi, atagzy, çekiç, nal we nal çüýleri bolup durýar.

Nallar atyň aýagyna görä laýygrak ölçegde saýlanylmalydyr we toýnaga laýyklanyp, çekiçlenip dogrulanmalydyr.

Nal çüýleri 6 sanydan köp bolmasa, inçe bolsa, toýnagyň orta gürpüne çenli ýetse, laýyk hasaplamak bolar. At nallananda nal çüýi toýnagyň maýasyna şikes ýetirmeli däldir.

## IV BÖLÜM. MUNGI (ÇAPUW) ATLARYNYN SEYISLENILIŞI

### Turkmen seyisçilik sungatynyn osuş yollary

Geçmişde türkmenleriň özboluşly milli ýaşaýyş durmuşy atlary saklamagyň, köpeltmegiň we ösdürip ýetişdirmegiň, olary seýislemegiň, harby işlerde atly goşunda ulanmagyň, at çapdyrmagyň usulyýetlerini we syrlaryny gowy bilmegini talap edipdir. Keý-Kowusyň «Kowusnama» kitabynda at we atçylyk ylmyna aýratyn bir bölüm berilmegi, «Görogly» şadessanynda at seýislemegiň tilsimleriniň berilmegi ýokarda aýdylanlary tassyklaýar. Jygalybeg Rum şäherinde (Wizantiýa) seýisçilik eden bolsa, Görogly begiň Nişapurda Gyratyny aýratyn bir usullar bilen ýokary derejede seýisländigi mälimdir.

Keyerjekläp duran gamyşgulak, oýnaklap duran alma gözli, guw boýun, berk bedenli, seýkin yörişli, sürhä-sür bolan wagtlary turuwly, taryhda Watanyň çägine ýowuz duşman aralaşsa, edermen goç ýigitleriň astynda kowsa ýetýän, gaçsa gutulýan türkmen atlarynyň ýyndamlykda, kuwwatlylykda, uzak aralyklara ýörişlere çydamlylykda we owadanlykda, köp asyrlaryn jümmüşinden tä biziň günlerimize çenli deňi-taýy bolmandyr. Gadymyýetden bäri tä XIX asyryň aýaklaryna çenli türrkmenleriň aty ýogy we seýis däli ýok diýen ýaly bolupdyr. At seýislemek we toý-tomaşada at çapdyrmak türkmen halkynyň arasynda däbe öwrülip gidipdir.

### Seyis we seyisçilik barada

«Aty at edip ýetişdirýän hünärmen, kär eýesi seýis kimler, seýisçilik näme?» diýen soraglaryň üstünde durup geçeliň.

**Seýis** diýlip, müngi tohumly atlary uly capuw ýaryşlaryna, atly ýörişlere seyislemek we çapdyrmak bilen meşgullanýan, atlar bilen işleýän gadymyýetden gelýän seýisçilik hünar eýesi adamlara aýdylýar. Seýisleriň köpüsi seýisçilik işleri bilen bir hatarda, tohum atlary hojalykda köpeltmek we ösdürip yetişdirmek, olaryň tohum hilini kämilleşdirmek ýaly işler bilen hem meşgullanýarlar .

**Seýisçilik** bolsa, at we atçylyk barada ýokary tejribä eýe bolan, at işletmegiň, seýislemegiň we at çapdyrmagyň tärlerini, usulyýetlerini çuňňur öwrenýän hünärdir. Seýisçilik hünäri – örän gadymy we inçe hünär.

At seýislemek we seýisçilik hünäri, biziň pikirimizçe, has gadymy döwürlerde Oguz türkmenleriniň döwletler gurup, sap atly goşunlaryny döredenlerinden soň harby ýörişlere, atly söweşlere ýa-da goranyşa argamak bedewleri – söweş atlaryny ýörite seýisläp taýýarlamakdan başlanypdyr diýsek dogry bolar. Muňa, hytaý taryhçylarynyň ýazan, Mode hanyň senenamalaryndaky (terjimeçi I.Biçürin Mode hany Oguz han diýip atlandyrýar) onuň atly ýörişleri we ýeňişleri baradaky ýazgylary şaýatlyk edýär.

«Görogly» şadessanynda:

– Bedew harlap dag aşanda,
Ýetip ganyma duşanda,
Beglerim esräp-joşanda,
Daglar gümmür-gümmürlendi-

ýa-da:

Ýigidiň myrady atdyr,
Aty saklamak döwletdir,...– diýlip, bellenilişi ýaly, atlar hem, ýigitler hem Oguz türkmenleriniň guran döwletlerini, Watanyny, ýer-ýurduny goramak üçin uly atly ýörişlere we goranyşa hemişe taýýar bolupdyrlar.

Her bir döwrüň öz talabyna görä, türkmenler öz atlaryny dürli döwürlerde, dürli maksatlar üçin seýisläpdirler. Bellemeli zatlaryň biri hem, türkmenler ahalteke tohum atlaryny hemişe gapysynda saklap, höregine gülli ýorunja, Görogly aýtmyşlaýyn, «Her menziline bäş jam arpa, berenlerim halal bolsun» diýip, bakyp bejeripdirler, seýisläpdirler, alagaýyş, ýüpek köýnekçe, atlaz jul bilen besläpdirler, atlaryny gorap saklapdyrlar.

At türkmeniň guwanjydygyna Göroglynyň:

Işiginde bedew aty baglynyň,
Onuň köňli gaýnap-gaýnap joş bolar,

– diýen setirleri hem şaýatlyk edýär.

Müňlerçe ýyllaryň dowamynda atlary gapysynda saklap, idetmegiň we nesilden-nesle seýisläp çapmagyň netijesinde ahalteke tohum atlarynyň beýleki tohum atlar bilen deňeşdirilende at çapyşyklaryna, atçylyk sportuna yeňil seýislenýändigini, sirkde yeňil türgenleşýändigini atşynas alymlar belleýärler.

Asyrlaryň dowamynda türkmen seyisçilik hünari ösüpdir, kämilleşipdir, atlary seýislemek baradaky ylmy we durmuşy düşünje artypdyr. Nesilden-nesle seýislenip ulanylýan, çapylýan atlaryň hiliniň gowulanýanlygy anyklanypdyr. Seýisler at çapyşyklarynda öňe saýlanýan ýyndam, owadan, güýçli atlary saýlapdyrlar. Olary atlary köpeltmekde we hilini gowulandyrmakda giňden ulanypdyrlar. Şeýlelikde, çapuwlarda, yörişlerde ady belli adygan atlary köpeltmek bilen, olar öz atlarynyň ahalteke we ýomut atlaryna mahsus bolan gowy häsiýetlerini yzygiderli kämilleşdiripdirler, tohum arassalygyny gorap saklapdyrlar we biziň döwrümize gelip ýetmegini üpjün edipdirler.

Gadymy türkmen seýisleri özleriniň seýisçilik hünarini şägirtlerine, ogullaryna öwredip, ol hünär nesilden nesle geçmek bilen, türkmen seyisçilik sungatyna öwrülip gidipdir. IX-XV asyrlarda bolsa türkmen seýisçilik hünäri we atçylyk medeniýeti türkmenler bilen gatnaşykda bolan beýleki daş we ýakyn ýurtlara-da ýaýrapdyr.

## Seyisçilikde halypaçylyk yoly. Halypa seyisler

Halk arasynda seýisçiligiň we sazyň piri Babagammar hasap edilýär.

«Görogly» şadessanynda Jygalybegiň, Göroglynyň, Gurbanaly Magrupynyň «Döwletýar» dessanynda Hojageldiniň, «Ýusup – Ahmet» dessanynda Aşyrbeg serdaryň seyisçiligi barada köp gürrüňler



**Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow halypa çapyksuwarlaryň arasynda çapuw pursadynda**

edilýär. Olaryň toýlarda çapdyran atlary hemişe ozupdyrlar, baýraklar alypdyrlar. Seýdi, Mätäji ýaly şahyrlarymyz hem seýis bolupdyrlar.


Seýisçiligiň we sazyň piri Babagammar.
Suratkeş I.Işangulyýew

Ahalda Gökdepe urşy döwründe ýaşap geçen we seýisçilik eden Japy seýis hünärine ussat, uly halypa seýisleriň biri bolupdyr. Japy seýsiň seýisçilik ýoluny dowam etdirijiler – seýsiň ogly Gaýpa, şägirtleri Garagul, Begnazar, Aba Annaýewdir. Soňraklar bolsa Halmy, Orazgeldi Atamyrat, Annaguly Kiçiýew, Babaly Taýmazow, Muhammetmyrat Abaýew ýaly seýisler Japy seýsiň seýisçilik ýoluny dowam etdiren we dowam etdirýän halypa seýislerdir. Şolardan Türkmenistanyň at gazanan atşynasy Muhammetmyrat Abaýew Japy seýsiň ogly Gaýpanyň şägirdi we ondan pata alan seýisdir.

Hormatly Prezidentimiziň atasy Berdimuhammet Annaýewiň agasy Aba Annaýew hem uly seýis bolup, at çapdyrypdyr, ahalteke tohum atlaryny köpeldipdir. Onuň gyr reňkli atynyň 1925–1927-nji ýyllarda Gökdepe etrabynyň Yzgant obasynda höwürde ulanylanlygy barada Türkmenistanyň döwlet arhiwinde saklanýan degişli maglumatlar bar. Ýeri gelende belläp geçmeli zatlaryň biri-de, Aksakal atly ugurbaşy atlaryň biri bolan gyr reňkli at Yzgant obasynda ösdürilip ýetişdirilipdir. Şeýle-de ahalteke atçylygynda ugurbaşy atlaryň biri bolan Gelşikliniň şejere arkasynda Aba Kuly diýen atyň üsti bilen Aba Annaýewiň atynyň gany bar.

Seýisçilik – nesil yzarlaýan inçe hünär. Hormatly Prezidentimiz, Türkmenistanyň Halk atşynasy, Türkmenistanyň ussat halypa çapyksuwary halypa-şägirtlik ýoluny dowam etdirip, agtygy Kerimgulynyň seýislän Miras diýen aty bilen 2017-nji ýylyň aprel aýynyň 29-ynda Türkmen bedewiniň baýramçylygynda halypa çapyksuwarlaryň arasynda geçirilen basleşikde birinji baýrakly orna mynasyp boldy.

Seýisleriň arasynda Türkmenistanyň at gazanan atşynasy Babaly seýis Taýmaz ogly (1917-1996 ý.) soňky ýüzýyllykda seýisçilik äleminde köp zady bilýän, hünärini şägirtlerine, ogullaryna, agtyklaryna öwredip giden, Russiýa Federasiýasynda, Ukrainada, Gazagystanda, Gruziýada, Gyrgyzystanda ahalteke tohum atlaryny seýisläp çapyp, olaryň şan-şöhratyny birgez artdyran, daşary ýurtlarda-da tanalýan, hünärine ezber ussat seýisdi. Seýis adamkärçilikli, köpüň sylaýan, toý-meýlisiň bezegi, örän mylaýym adamdy. Babaly Taýmazow çapyksuwar bolup işlemäge 1938-nji ýylda Magtymguly adyndaky ahalteke athanasynda Annaguly Kiçiýewiň ýolbaşçylyk edýän seýisçilik bölüminde işe başlaýar. 1940-1941-nji ýyllarda 9 adamdan we 18 atdan ybarat bolan toparyň gatnaşmagynda Türkmenistanyň ahalteke atlary Lwow şäheriniň aýlawynda özbaşdak toparlarda çapdyrylýar. 1941–1945-nji ýyllaryň Beyik Watançylyk urşunyň başlanmagy bilen, bombalanmalaryň aşagyndan çykyp, tokaýlarda ýatyp-turup, atlaryny ýolda harby bölümlere tabşyrmak bilen kynçylykly ýollary geçip, olar Watana dolanyp gelýärler.

1960-1980-nji ýyllarda we ondan soňky döwürde Ahalda seýisçilik eden Agamyrat Annaseýidow, Muhammetguly Çapar, Kirpi Gadam, Aşyr Garrybaýew, Begmyrat Myradow, Muhammetmyrat Abaýew, Taýly Taýmazow, Geldimämmet Annalyýew hünärine ussat halypa seýislerdi. Häzirki wagtda Ilmyrat Agamyradow, Kakamyrat Agamyradow, Narly Ataýew, Baýramgeldi Hydyrow, Hojamuhammet Hydyrgulyýew, Halykmyrat Myradow, Muhammetnyýaz Orazgeldiýew ýaly seýisler Japy seýsiň, Babaly seýsiň şöhratly seýisçilik ýollaryny dowam etdiriji seýislerdir.

Muhammetmyrat Abaýew 1927-nji ýylda öňki Ruhabat etrabynyň Herrikgala obasynda dogulýar. Ol 1949-njy ýyldan başlap Gämi obasynda Gaýpa seýsiň ýanynda atbakar bolup, işläp başlaýar, Mart we Bürgüt diýen atlara seredýär. Şol döwürde Gaýpanyň ýanynda çapyksuwar Baýly Mämmedow bolupdyr. «1952-1954-nji ýyllarda Garlawajyň seýsi hem, atbakary hem özüm diýen ýalydym, oňa men serederdim. Garlawaç örän jylawly atdy, seýisçiligi Gaýpadan (ol 1960-njy ýylda dünýäden gaýdýar) öwrendim» diýip aýdardy. Saparhan diýen ugurbaşy höwür aty we Sülgün diýen gysragy W. Şamborantyň Pýatigorskä äkidenligini örän gynanmak bilen Muhemmetmyrat seýis gürrüň bererdi.

**S.A.Nyýazow adyndaky ahalteke atçylyk athanasynyň seýsi, Türkmenistanyň at gazanan atşynasy, ussat seýis Babaly Taýmazow Meleguş diýen at bilen. Babaly seýis Meleguşy 1956-njy ýylda Beýik Britaniýanyň Korollyk athanasyna gowşurýar**



**432 Garlawaç, gurt mele reňkli ugurbaşy at we onuň seýsi Muhammetguly Çapar. Garlawaç 1939-njy ýylda Ak bugdaý etrabynyň Gämi obasynda doglan. 347 Wezir we 60 Barok diýen atlaryň neslinden**



**Türkmenistanyň at gazanan atşynasy, Bagyr obasynyň seýsi Aşyr Garrybaýew**



Maryda çapyksuwarlykdan seýisçilige ýetişen Ýazberdi Ojyýewiň ahalteke atlaryny seýisläp, çapdyrmakda bitiren hyzmatlary uludyr. Atlary oba toýlaryna seýisläp çapdyrmakda lebaply Han Bürgüt, balkanly Baýram Meredow ýaly seýisler öz ussatlyklary bilen, ýurdumyzyň welaýatlarynda at seýislemekde tapawutlanan ussat seýislerdi.

Ýomut atlaryny uzak aralyga çapuwlara seýislemekde Daşoguzda Mämmetguly seýis Kakajan ogly (1876-1964-nji ýyllarda) seýisçilikden köp zatlary bilýän, öz döwrüniň halypa seýisleriniň biridi. Mämmetguly seýsiň seýisçilik ugry barada soňrak durup geçeris.

## Seyislerin wezipeleri

Seyisçilik örän inçe hünar bolup, her bir atyň özboluşly häsiyetlerini we aýratynlyklaryny, ýaş we jyns aýratynlyklaryny seýisleriň gowy bilmegini talap edýär. Ot we iým bermegiň möçberi we tertibi, esasy zat bolsa, seýislenýän atyň ýaşyna, çapuw hasiýetine, seýislenen derejesine göra, ýöriş bilen gezim bermek, gorgun işletmek, öňürdiklemede we ylgawynda (daraw) işletmek, olaryň tertibi we yzygiderliligi, wagty we geçmeli aralyklary, gijelerine şöwür, öýlänlerine gezim bermek, çapuw wagtynda bolsa, çapuwa gatnaşýan atyň çapyksuwarlaryna tabşyryklar, görkezmeler bermek we olaryň ýerine ýetirilişini çapyksuwarlardan talap etmek seýisleriň esasy wezipeleridir.

Türkmenleriň özboluşly aýratyn türkmen seýisçilik ýoly, ugry bar. Türkmen seýisçilik usulynda seýislenen atyň endamynda artykmaç ýag, derisinde artykmaç suw galmaýar. Derlände, artykmaç duzdur beýleki madda alyş-çalyş pursatlarynda atyň bedeninde emele gelýän dürli zyýanly maddalaryň mukdary azalýar.

Agzalan işleri ýerine ýetirmekde her bir seýsiň at seýisleýşiniň, şonuň ýaly-da, her bir aty seýisleýşiniň özboluşly syrlary bolup, atlarynyň çapuw tabyny we seýislenen derejesini, çapuwlar geçýänçä, olar biri-birlerine aňsat aýtmaýarlar, gizläp saklaýarlar. Öňki döwürlerde-de seýisler çapuw ýaryşlarynda bäsdeşlerinden üstün çykmak maksady bilen, biri-biriniň at seýisleyiş syrlaryny bilmek üçin dürli ýollary gözläpdirler.

Eliniň iki süýem we orta barmagyny atyň gapyrga üsti hamyny dolap görmek bilen, atyň derleýşi, at deriniň görnüşi we tagamy boýunça, derligiň aşagyna elini sokup, der berşini barlamak bilen, atyň örtük tüýlerine seredip, seýisler öz atlarynyň we bäsdeş kärdeşleriniň atlarynyň seýisleniş derejesini kesgitläpdirler, atlaryny çapuw ýaryşlaryna goşlapdyrlar.

## Seyisçilik yollary barada duşunje. Gadymy turkmen, yewropa (inlis) we hazirkizaman turkmen seyisçilik yollary

Gadym zamanlarda we orta asyrlarda göçüp-gonup ýaşan türkmenler duýdansyz çapawulçylyklardan goranmak üçin maşgalalaryny howpdan gutarjak, kowsa ýetýän, gaçsa gutulýan atlarynyň seýislenilişine, idedilişine, taýýarlygyna hemişe üns beripdirler. XVIII-XIX asyrlarda ymykly oturymly ekerançylyk hojalyk ýaşaýyş durmuşyna geçenlerinden soň, türkmenler atlaryny haýsydyr bir toýa-baýrama bagyşlanyp geçirilýän at çapyşyklaryna gatnaşdyrmak üçin, az wagt aralygynda işeňňir zor işletmek bilen seýisläpdirler. Şonda atlar yöriş, gorgun, öňürdik we ylgawyna zor işledilip, doly güýjüne ylgawyna daralypdyr, gijelerine şöwür berlipdir. Seýislenýän atlaryň işledilişine görä, menzilme-menzil iýmini köpeldip, dürli hereketlerde köp işletmek bilen, artykmaç iýdiren iýmini seýislemek bilen alypdyrlar. Şeyle işeňňir işledilip, çapuw tabyna salnan atlary soňra toýlarda çapypdyrlar.

Häzirki döwürde at seýislemegiň maksady çapuw we sport atlary dürli aralyklara doly ylgawyna ýyndam çapmaklyga, sport ýaryşlarynda dürli päsgelçiliklerden ýeňil bökmeklige, umuman, at üçin agyr we kyn bolan at çapyşyklaryna, atly ýörişlere we atly-sport ýaryşlaryna atlary ýörite we yzygiderli seýislemek bilen taýýarlamakdan ybarat bolup durýar.

Seýislenen atyň çapuw häsiýeti ösýär, ýöriş, gorgun, öňürdikleme we ylgaw, çapuw hereketleri kämilleşýär, aýratynam, ylgawyna işjeňlik çapuw ukyby ýokarlanýar. Yzygiderli seýislemegiň netijesinde atyň tutuş bedeni berkeýär, öýkeni giňelýär, ikinji dem alyş ulgamlary ýeňil we agyrysyz açylmaga uýgunlaşýar. Sagrynyň,

uýlugyň muskullary gataňsydan çylgym-çylgym bolup, bildirip durýar, aýaklarynyň bogun baglaýjy siňirleri berkeýär. Seýislenmegi ýeten at müneniňde oýnaklap, süreniňde, aýdylyşy ýaly, «towşan kimin turuwly» bolýar, yeňil gopýar. Seýislemesi ýeten atlarda çapuwda ylgawyna bäsleşme höwesi döreýär, çapuw refleksi ösýär. Şeýle-de ahalteke atlarynda gidip barýarka gapdalyna, deňine at geliberse, jylawyny çeýnäp, öz-özünden göteriliberme häsiýetleri, ýagny bäsleşme höwesi gowy ýüze cykýar.

Ilkinji at esbaplaryny, şol sanda at eýerini türkmenleriň ýasanlygyny, ýeri gelende, belläp geçesimiz gelýär. Dünýäde ilkinji tehniki serişde bolan araba tigrini (şonuň ýaly-da jykyr, çarh tigri (–B.M.) oguzlaryň oýlap tapanlygy Abulgazynyň «Türkmenleriň nesil daragty» kitabynda habar berilýär. Atlary ilkinji gezek harby ulag serişdesi hökmünde oguzlar ulanan bolsa, ilkinji eýeri-de oguz türkmenleriniň gadymy döwürlerde oýlap tapanlygyna hiç hili şübhe bolup bilmez.

Jemläp aýdanymyzda, gadymy döwürlerde dörän özboluşly türkmen seýisçilik ýoly, türkmen at çapyşyklary, türkmen at esbaplary bar. Biziň pikirmizçe, türkmen seýisçilik hünäriniň täsiri bilen has soňra, XVII-XVIII asyrlarda dörän ýewropa (iňlis) seýisçilik usulyny tapawutlandyrmak bolar. Ýewropa usulynda atlar seýislenende, atlary çapuwa horlaman, ýakyn aralyga (aňryçäk 5000 metre çenli), atyň belli bir aralyga görkezýän wagtyna aýratyn üns bermek we çapýan at gurat saklanmak bilen seýislenilýär.

Häzirki döwürde Türkmenistanyň aýlawlarynda ýewropa düzgüni boýunça çapýan atlar seýislenende, gadymy türkmen seýisçilik ýolunyň esasynda dörän, çapuw atlary seýislemegiň üçünji bir ýoly häzirkizaman türkmen seýisçilik ýoluny tapawutlandyrmak bolar. Bu ugur türkmen seýisçilik hünäriniň ösmeginiň alamaty bolup, ol çapylýan atlary seýislemegiň biziň döwrümize gelip ýeten türkmen seýisçilik usulynyň esaslarynda ýewropa usulynyň gowy taraplaryny ulanmak bilen, häzirki döwürde atlary seýislemeklige bolan talaplara, onuň maksatlaryna görä ösýär we kämilleşýär.

Hojalyklarda we aýlawlarda at seýislemegiň häzirkizaman seýisçilik ýollary barada ýörite bölümde giňişleýin durup geçeris.

Gadymy türkmen seýisçilik ýoly bilen uzak aralyklara çapuwlara ýomut atlaryny seýislemekde Gubadag etrabyndan Mämmetguly seýis Kakajanow aýratyn ussatdy (awtor B.M.) Ol XX asyryň başlarynda Durdy seýsiň ýanynda ilki capyksuwar bolup, soňra seýisçiligi öwrenip, ondan pata alýar. 1950-1960-njy ýyllarda ol Daşoguz welaýatynyň Gubadag etrabynyň çapuw atlaryny öz howlusynda ýygnap seýislärdi. Onuň biziň Ýelharaz obamyzyň Marlan, goňşy Öküzýap obasynyň Ýeňiş, Ždandor we beýleki ýomut atlaryny şol ýyllarda geçirilýän süýregli 25-30 aýlaw çapuwlara (50-60 kilometr aralyga) seýisläp çapdyrardy. Onuň seýislän atlaryny Babak, Gökçe ýaly öz döwrüniň ussat çapyksuwarlary çapardylar. Mämmetguly seýsiň seýisçiliginiň biziň gören we bilýän käbir usullarymyz barada durup geçeliň. Ol döwürlerde toýlar we at çapyşyklary ekinleriň hasyly ýygnalyp gutaransoň, giçki güýzden başlap, gyş we alabahar aýlaryna çenli ekin ekilýän döwri başlaýança dowam ederdi.

Şöwür – daňdan şöwrüni ýöriş bilen we soňra gorgun, agym we irden suw görkezende içmedik bolsa, ýene suwa ýakmak bilen ýene-de işletmek, agym bermek, ýagny atyň başyny ýazdyryp, doly güýjüne ylgawyna (daraw) sürmek bilen geçirerdi. Şonuň ýaly irki agymdan soň ata basyrgy salyp, ol demini dürsäp, endamy guraşandan soň aty süpürip arassalap, eşikläp, öňüne ot dökdürerdi. Soňundan bolsa gandyryp suwa ýakyp, iymini bererdi. Öýlänlerine aty işletmek bilen ýene öňürdigine ýeňil agym bererdi. Atyň iýmini 10 goşawuç jöweni ilkibaşlarda üç gezek paýlap iýdirse, atlary işeňňir işledip seýisleýän döwründe iýmini köpelderdi we bäş gezek bölüp iýdirerdi. Iýmini doly almasa, ýene ýarym paý suw berip, kiçiräk agymdan soň galan iýmini iýdirerdi. Irden ýarym paý möçberi suwa ýakyp, kiçiräk agym berilse, şol suw endamyndan aýrylýança, ýagny derleýänçä (içirginiň aşagyna elini sokup, der berşini barlamak bilen) işlederdi – ýarym suw manysy şoldy. Iým möçberi ortaça 12 aýlawa ( 20-25 kilometr aralyga çapuwa seýislemek) gününe 12 goşawuç (jöwen bolsa) iým bererdi. Atyň iýmini rejeli we diňe at torbadan we her menziline diňe öz kadasy boýunça işeňňir seýislenýän döwri bäş menziline paýlap iýdirerdi. At torbadan iýdirilende at menzilme-menzil berilýän iým paýyny zaýalamaýar, dökmeýär, agzyndan gaçyrmaýar we seýis tara-

pyndan berlen takyk ölcegli iým paýyny iýýär. Daňdan şöwürden soň deri gaýdyşan badyna şöwür iýmini bererdi, agymdan soňra «erte-birigün toýda atlar çapylmaly» diýlende, ýeňil agym ýa-da kelte agym – ýakyn aralyga doly güýjüne aty daradardy.

Toý çapuw diýlen güni at ajrak bolsa, çöregi ýa-da ýargyda ýarylan bir kilogram jöweni suwda gaýnadyp, «ardap» taýýarlap iýdirerdi.

Çapuw günleriniň öň ýanyndaky günleri ata ýorunja bedesiniň ýapragyny kakyp, baldagyny iýdirerdi, sebäbini bolsa, bedäniň ýapragy atyň içini ýellendirýär diýip hasaplardy. Mämmetguly seýis uly agymdan (darawdan) soň şeýle ederdi. Birinji orum ýorunja bedesini ajy orum hasaplamak bilen seýislenýän atlara hiç haçan iýdirmezdi. Ýorunjanyň soňky orumlary hem baldagy gatan (ýarysy gülleýän, ýarysy kösüklän) döwründe orulan bolmalydy. Ula (uly baýraga) çapyp gelen at, deri gaýdyp, demini dürsänden soň öňüne ot dökerdi, aty dynjyny alyp, gandyryp suwa ýakylandan soň şol gün agşam agym bilen at der berýänça işlederdi. Seýsiň pikiriçe, şeýle at işletme onuň endamynda agyr çapuwdan soň galan agyryny – aýaklarynyň awusyny aýyrýar diýip hasaplardy. «Şeýle edilse, at indiki çapuwa gowy barýar» diýerdi. Ertesi gün bolsa, aty ýuwaş gezim we soňra ýene gezim we kiçräk agym bilen seýislärdi. Toý çapuw günleri golaýlaşanda iki gezek agym arasynda doly güýjüne daraw işledip seýislärdi.

Ol atlary çapuwdan çykarmagy, tertip bilen işletmegi kem-kem azaltmak hem-de atyň endamynda galan köne ýagy aýyrmak bilen otdan-iýmden kän horlaman, çapuwdan çykarardy. Çapuwlardan soňra at hor düşse, ýaraman galsa, köplenç, munuň özi, mart, aprel aýlaryna gabat gelýär, aty eşikläp ýa-da eşiksiz agym geçmek bilen derleýänça işlederdi. Şoňa bolsa soňky dem almak diýlerdi. Hor düşen ata duzly mesgäni körpe ýorunja bilen garyp, nogul edip iýdirerdi. Umuman, duzly mesge we körpe ýorunja atyň köne ýagyny aýyrýar, içini arassalaýar diýip hasaplardy. Şeýlelik bilen atyň içi arassalanýar, tezegi üýtgeýär, içegelerindäki dürli gurçuklar aýrylýar. Soňra atlar hojalygara işlerde müngi ulagy hasabynda eýläk-beýläk münülip ulanylardy. Çapuwdan çykan atlar tomsuna ulanylmaýan bolsa, aýratyn bir üýtgeşik seredilmeýär, işledilmeýär, ýorunja ýerlerde örklenip saklanylýar.

Seýisläp başlamaly döwrüne 40 gün töweregi galanda, çapuwa taýýarlanyljak atlar ilki üsti basyrylgy (atkeçeli), aşagyna gök

çäge düşelen garaňkyrak seýishanalaryň töründe saklanyp, hiç ýere münülmeýär, daşaryk çykarylmaýar we duran ýerinde baka goýulýar. Bakylýan atyň töwereginde seýishanada hiç hili gykylyk bolmaly däldir. Şol 40 günde ata iým paýyndan daşary goşmaça 40 kilogram dary, 40 kilogram künji we esasy iýmine jöwen ýa-da arpa berip bakylýar. Suwa ýakylanda-da, daşaryk çykarmazdan suwy öňüne getirilip berilýär. Şeýlelikde, at hiç hili ynjalyksyzlandyrylman, duran ýerinde, at keçäniň astynda 40 gün bakylýar. Bakydan çykan at endamy ýalpyldap, etleri doluşyp, aýdylyşy ýaly, ýülügi täzelenen we doly bolýar. «Görogly» şadessanynda Jygalybeg hem Görogla Gyratyny garaňky külbede 40 günden, 40 günden 80 gün bakdyrýar we soňra münmäge rugsat edýär.

Bakydan çykan, uly baýraklara çapyljak aty garry seýis 10 gün eýerläp goýardy. Soňra 10-12 gün aty aladaňdanlar eýerläp, üstüne münmezden, başga atyň ýanynda goşlap, iýdip gezdirerdi. Şeýdibem Mämmetguly aga atlary uly çapuwlara seýisläp başlardy. 40 gün seýislemek bilen onuň ilkinji 15 gününi diňe gijelerine jahanyň rahat wagty, aty ürküzmän işletmeli diýip hasaplardy, otdan, iýmden hor etmän seýislärdi. Soňra ýene 40 gün işeňňir işledip, ýöriş, agym, dönüm, gorgun, öňürdik – daraw işletmek bilen atlary seýislärdi.

Mämmetguly seýis agymda agsamadyk ýa-da agsajagyny bildirmedik at çapuwda agsamaz diýip hasaplardy. Agymda agsajagyny bildiren aty 3-4 gün öňünden indiki çapuwa çenli bejererdi. «Atyň agsajagyny öňünden seýis duýmaly» diýip hasaplardy. Ol: «At agsajagyny üç gezek bildirýär: birinji gezek atyň özi biler, ikinji gezek atyň seýsi biler we üçünji gezek atyň agsanyny il biler» diýip aýdardy. «Atyň ýagyr bolmagyna sebäpkär» diýip, aty münen adamyny atyň üstünde ýalňyş oturanlygynda aýyplardy. Mämetguly seýis atyň aýagyna süňk gelme, gulak (brok,brokdaun) we beýleki atyň aýaklaryna, damarlaryna çykýan ýa-da şikesden ýeten gaty we ýumşak çişleri ussatlyk bilen bejererdi. Ol hakyky at tebibidi. Seýsiň şägirtleri Hudaýberdi, Mirjan, Dädebaý, Babak we seýsiň ogullary Gurbannepes we Geldibaý onuň seýisçilik ýoluny dowam etdiren we dowam etdirýän seýislerdir.

## Seyisçilik barada nazary duşunje

At çapyşyklaryna we atçylyk sportuna atlary seýislemek – türgenleşdirmek düşünjelerine nazary (teoriýa) – ylmy nukdaýnazardan seredip geçeliň. Aty kämil seýislemek at organizminiň işeňňirligine dahylly synalarynda bolup geçýän fiziologik-biohimiki hadysalary gowy bilmekligi talap edýär. Şonda merkezi nerw ulgamynyň at bedenini sazlaşdyryjy täsiri bilen birlikde, ýürek – gan – gan damar, dem alyş, iýmit siňdiriş, bölüp çykaryş we beýleki ulgamlarynyň berkeşmesi we muskulatura ulgamynyň güýjenmesiniň artmagy ýaly üýtgeşmeler bolup geçýär.

Häzirki döwürde atlary çapuwlarda synag etmekde, seýislemegi kämilleşdirmekde ylmy taýdan esaslanan we at organizminde ýokarda agzalan bolup geçýän üýtgeşmeleri üpjün edýän usullary tejribä ornaşdyrmak talap edilýär.

Atyň bölek synalarynyň ýerine ýetirýän we bitewi organizminiň işi onuň nerw ulgamynyň köp görnüşli şertsiz (enesinden doga) we şertli (soň ýüze çykan) reflekleriniň özara täsiri we ýüze çykmalarynyň kömegi bilen bolup geçýär.

Seýislenýän atyň fiziologik görkezijileri üýtgeýär we olar peselmek bilen bolýar. Şeýlelikde nerw ulgamy atyň içki organlarynyň we dürli myşsa toparlarynyň çylşyrymly we özara arabaglanyşykly işini ýola goýmak bilen, atyň agyr çapuw ýaryşlarynda ýadaman, çalasyndan sazlaşykly we çalt hereketlenmegine, ýagny ýyndam çapmagyna bolan şertleri döredýär. Çapuw we sport atlarynyň sazlaşykly we düzüwden durnukly hereketiniň taplanmagy bilen, atlary her gün dürli şertlerde we dürli hereketlerde yzygider seýislemegiň netijesinde atyň hereketiniň hilini kesgitleýän güýç, tizlik, çydamlylyk, çapuw taby ýaly düşünjeleri aňladýan esasy çapuw häsiýetleri ýüze çykýar.

**Atyň güýji** – onuň myşsalarynyň güýjeniş derejesi bilen kesgitlenýän we üýtgeýän ululykdyr. Seýislemegiň netijesinde atyň organizminiň güýji hil taýdan gowulanyp, mukdar taýdan artýar, seýislenmeýän döwri bolsa, ol ululyklar peselmek bilen bolýar.

Yzygider seýislemek bilen myşsalaryň süýümleri ýognaýar, güýjeniş we uzalyp-dartylma häsiýetleri berkeýär, onuň biohimiki

düzümi üýtgeýär, glikogeniň, fosforly birleşmeleriň gandaky mukdary artmak bilen energiýa – madda çalşygy ýokarlanýar. Şonuň bilen bir hatarda, olaryň organizminde atyň işeňňir işledilmegindäki ýüze çykýan häsiýeti – energiýa harajadynyň tygşytlylygy artýar .

Myşsalarda bolup geçýän üýtgeşmeler we netijede atyň güýjüniň artmagy at işletmegiň görnüşlerine, ýygylygyna, dowamlylygyna bagly bolýar.

Seýislemegiň birinji basgançaklarynda atyň güýji çalt artyp, soňra belli bir derejede seýsi ýetenden soň, güýji haýal artyp başlaýar ýa-da seýislenmegi aňryçäk derejesine ýetenden soň atyň güýji artmaýar ýa-da örän haýal artýar diýen ýalydyr. Şol ýetmezçiligiň öwezini dolmak seýislerden atyň güýjüni artdyrmaga gönükdirilen seýislemegiň dürli ýollaryny bilmegi we dürli tilsimlerini ulanmagy talap edýär.

Ol tilsimlere çapuw atlary arakesmeler (interwal) dynç berip seýislemek, baýyrlyk, gumluk, çägeli ýerlerde seýislemek, seýislemegiň at işletmegiň rejesini tertibini üýtgedip seýislemek bilen öwezini doldurmak bolar. Ol bolsa seýsiň tejribesine baglydyr.

**Tizlik** – atyň ýyndamlygyny kesgitleýän hil häsiýeti bolup, hereketlendiriji myşsalaryň çalt-çalt ýygrylyp-ýazylma ukybynyň ýygylygynyň we güýjüniň artmagyna, atyň gujurlylygyna bagly bolýar. At organizminiň tizlikli herekete uýgunlaşmasy (adaptasiýa), myşsalaryň işjeňliginiň ösmegi, energiýa çalşygynyň ýokarlanmagy bilen tizlikli hereketlerde işeňňir seýislenende bolup geçýär.

**Gujurlylyk** (temperament) bolsa, atyň dogabitdi häsiýeti bolup, atyň umumybeden gurluşyna (konstitusyýasyna) bagly bolýar we köplenç, nesilden-nesle geçýär. Aty tekiz aýlaw ýodalarynda öňürdikleme ylgawyna yzygider zor işletmek bilen onuň ýokary ýyndamlyga uýgunlaşmagyny gazanmak bolar. Köp seýisler 685 Angar atly dor aty, 432 Garlawajy örän gujurly atlardy diýip belleýärler. 1990-njy ýylda Garadaşaýak obasynyň Aknazar atly gara aty Goar bilen çapyşanda onuň örän gujurly atdygynyň şaýady bolduk. Ol şonda birinji baýrakly orny eýeledi.

**Tizlikli hereket** at bedeniniň nerw, myşsa, energiýa alyş-çalyş, dem alyş we ganyň kislorod üpjünçiliginiň ýokary derejede sazlaşykly işlemegini talap edýär. Öňürdikleme – ylgaw (daraw) işletmek şol bir

wagtda atyň organizminde emele gelýän kislorod ýetmezçiliginiň üstüni doldurýan organlarynyň orun doldurma häsiýetleriniň (kompensator) funksiýalarynyň ösmegine getirýär. Şonda energiýa çeşmesi bolup hyzmat edýän adenazintrifosfor kislotasynyň dargap – dikelmegi (resintezi) uly kömek edýär we at ýokary tizlikli gerek bolan aralyga ýadaman çapyp bilýär,

**Atyň çydamlylygy** diýlip, çapuwda, uzak aralyklara marafon çapuwlarynda, atly ýörişde belli bir döwür, wagt aralygynda atyň ýokary işeňňirlik ýyndamlyk ukybyny, ýagny seýislenip taýýarlanan çapuw derejesini, ýeterlik güýjüni saklamak ukybyna aýdylýar .

Çapuw atlarda umumy we ýörite çydamlylygy tapawutlandyrmak bolar. Ýörite çydamlylyk, mysal ücin, ýokary tizlikli çapuw hereketine çydamlylyk uzak wagtlap aty işeňňir seýislemek, daraw işletmek bilen seýisläp, bedenini berkitmek bilen taýýarlanylýar. Çydamlylyga seýislemeklige marafon at çapyşyklaryna uzak aralyklara atlary seýislemekligi mysal getirmek bolar.

Çydamlylyga seýislemegiň esasy şertleriniň biri-de, atyň myşsalarynyň hereketini uzak wagtlap yzygider gaýtalamak, ýagny atlary irginsiz yzygider işletmek bilen geçirilýär. Gündelik seýislenende ylgawyna daraw at işletmek seýislemegiň soňky basgançaklarynda geçirilýär. Tizlige seýislemek 500 metrden 2000 metr aralyga çenli atyň doly güýjüne ylgawyna daraw işletmek bilen geçirilýär. Şol bir wagtda gündelik bir sydyrgyn çapuw ýodalarynda at işletmek aty ýadadýar we bezikdirýär. Munuň özi seýislerden gündelik at işletmegiň içki tertibini, yzygiderliligini we usullaryny, ýokarda belleýşimiz ýaly, üýtgedip ýa-da utgaşdyryp durmagy talap edýär. Bu usullar seýsiň ussatlygyna baglydyr.

**Çapuw taby** – atyň ýokary tizlikli çapuwy ýaryş hereketinde ýokary netijeleri gazanmaga doly we keýpihon taýýar ýagdaýydyr. Çapuw atlaryny seýislemekde seýsiň esasy wezipeleriniň we esasy şertleriň biri-de, atyň çapuw tabyny uzak wagtlap, ol çapuwdan indiki çapuwa durnukly saklamak bolup durýar. Munuň özi seýisden seýisçilik tejribäni we ussatlygy talap edýär.

Müngi atlaryny seýislemegiň taryhy köp asyrlary öz içine alýar. At organizminiň funksiýalarynyň morfologiýasynyň we fiziologiýasynyň görkezijileriniň ýokarlanmagyna tarap bolup geçýän

üýtgeşmeler diňe ulgamlaýyn yzygider seýislemegi we diňe rasional meýilleşdirip işlenilende ýüze çykyp biler. Onuň esasyny ýöriş, gorgun, öňürdik-ylgaw hereketlerde yzygider we çalşyp işletmek düzýär. Düzgün bolşy ýaly, öňürdükleme – ylgaw (daraw işletmek) meýilleşdirilen gün tertibiniň soňunda geçirilýär we islendik at işletmeleriň soňunda ata ýöriş bilen gezim bermek bilen gutarylýar. Häzirki döwürde çapuw tabyna salnan atlary tizlikli hereketlerde seýislemekde ikä bölüp (mysal üçin, gorgunyny öňatdyrmak arkaly) işletmek peýdalydyr.

Atyň çapuw işeňňirliginiň artmagy atyň seýislenen derejesini aňladýan käbir hadysalaryň ösmegi bilen häsiýetlenýär. Ol ilki bilen organizmiň işiniň **«tygşytlylygy», başgaça aýdylanda, iş birligine energiýa harajadynyň azalmagy**, az we orta derejede işledilende üýtgeşmeleriň bolmazlygy, organizmde dikeldiş prosesiniň tizleşmegi bilen bolup geçýär. Fiziologik prosesleriň energiýa tygşytlylygy we at organizminiň bar güýjüni şoňa ugrukdyrmak ukyby biri-birine garşy bolmadyk atyň işjeňligini artdyrýan mehanizminiň iki tarapydyr. Seýislemegiň ýene bir tutalgasy seýislenýän wagtynda myşsalaryň işiniň yzygider gaýtalanmagy ýokary nerw ulgamynyň kämilleşmegine gerek bolan şertli arabaglanyşygy ýüze çykarmaga, berkitmäge we ýokary tizlikli hereketlendiriji endikleri ösdürmäge kömek edýär.

Seýislemegi ýatyrmak öň emele gelen şertli arabaglanyşyk ukybynyň, myşsalaryň kem-kemden tersine üýtgemegine we işjeňliginiň has peselmegine getirýär. Ýürek, gan-damar, dem alyş organlarynyň mümkinçilikleri hem peselmek bilen bolýar. Şonuň ýaly atlar täzeden seýislenip başlanylanda olaryň işjeňligi has haýal dikelýär. Şeýlelikde aty ulgamlaýyn yzygider seýislemegiň örän uly ähmiýeti bolup, seýislenen derejesini artdyrmakda, belli bir islenilýän derejede çapuw tabyny saklamakda we aýlaw ýodalarynda ýokary netijeleri gazanmakda ähmiýeti bardyr.

Aty seýisläp işletmegiň üç sany ýörelgesi bar:

- birinjiden, gündelik işletmegiň möçberini kem-kemden artdyrmak;
- ikinjiden, atlary mümkin bolan agyr aňryçäk derejede işletmek;
- üçünjiden, aty arakesmeler bilen dem berip ýa-da seýislemegiň rejesini üýtgedip (interwal) seýislemek bolup durýar.

## Atlary seyislemegin fiziologik esaslary

Atlary seýislemegiň fiziologik taýdan manysy nerw ulgamy bilen arabaglanşykda onuň organizminiň funksional ýerine ýetirijilik ukybyny giňeltmek bilen berk utgaşdyrylan, atyň hereketlendiriji reflekslerini emele getirmek we ýüze çykarmak, ýürek, gan we gan damar, dem alyş, bölüp çykaryş we içki sekresiýa ulgamlarynyň işleýşini kämilleşdirmek bolup durýar. Bu bolsa aty aňryçäk köp işledip seýislemäge we çapuw ýaryşlary ýaly at üçin agyr we kyn işleri üstünlikli ýerine ýetirmäge, at çapyşyk bäsleşiklerine gatnaşýan pursatlarynda bolsa, müngi atlarynyň ýokary ýyndamlygyny ýüze çykarmaga we çapuwlarda gowy netijeleri görkezmäge mümkinçilik döredýär.

Hereketlendiriji refleksleriň esasy ugrukdyryjysy bolup, kelle beýni ýarym şarynyň üstki bölegi hyzmat edýär.

Fiziki taýdan organizmiň funksional taýýarlygy ýetmeýän ýagdaýlarda, ýagny atlar köp işledilip seýislenende, atyň ýadaw häsiýetiniň ýüze çykmasy tizleşýär. Bu bolsa atyň özüne zor salmagyna, netijede hereketlendiriji funksiýalarynyň we nerw ulgamynyň bozulmalaryna getirip biler. Şonuň üçin atlary seýislemegiň çylşyrymlylygyny we aty işletmekde ýadawlygyň ýüze çykmalarynyň öňüni almak üçin gündelik seýislemegiň dowamlylygyny kem-kemden yzygiderlikde artdyrmak maslahat berilýär.

Atlaryň aýlawda synag edilip çapylýan döwründe seýislemek I.P.Pawlowyň şertli refleksler baradaky ylmyna esaslanmak bilen konstitusional, ýagny umumybeden gurluşyny, ýaşyny, jynsyny we her bir atyň hususy aýratynlyklaryny – kejirligini, galdawlygyny göz öňünde tutup, işeňňir işledilýän pursatlaryny kem-kemden artdyrmak ýa-da azaltmak bilen her bir aty hökmany suratda aýrybaşga (indiwidual) seýislemeli bolýar.

Atyň beden bölekleri, süňk we muskulatuturasy, aýaklarynyň hereketlendiriji bogunlary nerw ulgamynyň şertsiz we şertli refleksleri bilen bitewi bir arabaglanýşykda bolýar. Refleksler daşky gyjyndyrmalara, başgaça aýdylanda, atyň organizminiň seýislenilýän elementlerine jogap reaksiýasydyr. Şertsiz refleksler enesinden doga bolup, olar hemme atlarda bir meňzeşdir we nesilden nesle geçýär. Şertli refleksler bolsa daşky gurşawyň dürli gyjyndyrmalaryna, şol sanda, seýislenmegine jogap hökmünde soň döreýär. Hemme atlarda

nerw oýanmalarynyň we nerw saklanmalarynyň görnüşleri boýunça 4 görnüşi (tipi) tapawutlandyrylýar.

1. Deňagramlaşan, nerw oýanmalary we saklanmalary deň ösen, we duýgurlygy durnukly pes ösen. Şeýle at ýuwaş, täze öwredilýän zatlary haýal özleşdirýär, ürkek bolýar, işjeňlik ukyby haýal dikelýär.

2. Çüýçli deňagramlaşan, duýgur, syzgyr we gowy hereketli. Täze öwredilýän zatlary, seýislenmeleri çalt özleşdirýär. Işjeňlik ukyby çalt dikelýär.

3. Çüýçli deňagramlaşmadyk. Güýçli nerw oýanmasy saklanmak häsiýetini basýar, galdaw häsiýetli, kadaly ýagdaýlarda ýokary işjeňlik ukybyny ýüze çykarýar. Şol bir wagtda agyr we artykmaç köp işledilende işjeňligi peselýär, ýadawlygy ýüze çykýar.

4. Gowşak tipli nerw ulgamly atyň işeňňirligi pes, nerw saklanmasy nerw oýanmasyndan ýokary, haýal deprenýär, gaharjaň bolýar.

Seýisleriň atyň nerw tipleriniň gurluşyny bilmegi gerek, Atyň häsiýetine görä, her bir at bilen aýrybaşga çemeleşmeli diýilmeginiň sebäbi hut şu ýerden gelip çykýar.

## Mungi atlaryny seyislemegin hazirkizaman usulyyetleri

Müngi (çapuw) atlaryny seýislemek düşünjesi dürli görnüşli hereketlerde we dürli dowamlykda aty işeňňir işletmek bilen olaryň nesilden alan häsiýetleri bilen baglanyşykly içki (interýer) aýratynlyklaryny ýüze çykarmaga mümkinçilik berýän aňryçäk işeňňirlik çapuw ukybyny synag etmek bilen ýüze çykarmakda we atlar bilen geçirilýän seçgi tohumçylyk işlerinde olaryň tohumyny kämilleşdirmekde uly ähmiýete eýedir. Seýisleme pursatlarynda aty işletmegiň dürli maksatly ýöriş, gorgun, öňürdik – ylgaw hereketleri ulanylýar. Olaryň birisi tizligini, ýyndamlygyny artdyrmaga mümkinçilik berse, beýlekisi atyň myşsalaryny berkidýär. Şonuň ýaly-da, ýürek, gan damar, dem alyş ulgamyny berkitmäge, aýlawdaky synag çapuwlarynda bäsleşme höwesini döredip, hereketlendiriji reflekslerini ýüze çykarmaga we ol refleksleri berkitmäge mümkinçilik berýär.

Häzirki döwürde müngi atlaryny seýislemegiň esasy tutalgalary zawod tohum atçylygynyň, aýlaw synaglarynyň çapuwlarynyň häzirkizaman ösüş derejesine baglylykda emele gelipdir. Geçen döwürlerde, şol sanda türkmenlerde hem atlary seýislemek, düzgün bolşy

ýaly, seýisleriň, çapyksuwarlaryň duýgusyna we iş tejribesine esaslanypdyr. Häzirki döwürde diňe seýisleriň düýgusyna, tejribesine daýanýan seýisçilik usullary ýeterlik däldir. Ol umumy zootehniýa, fiziologiýa, weterinariýa ylymlarynyň gazananlaryna daýanmak bilen ylmy taýdan esaslandyrylan bolmalydyr. Bu bolsa häzirki döwürde alym atçylaryň we alym seýisleriň täze nesliniň kemala gelmegini talap edýär.

Zootehniýa, weterinariýa, fiziologiýa ylymlarynyň ösmeginiň çäklerinde atlary seýislemek prosesi ýörite barlag çeşmesi bolup, seýislenýän atyň çapdyrylyp, synag edilýän wagty atyň organizminde bolup geçýän üýtgeşmeler barada alnan maglumatlary seljermek bilen, seýislemegi tertipli we ylmy jähtden dogry usullarda, çapuwlaryny ylmy esaslarda häzirkizaman talaplara laýyklykda geçirmäge we çapuwlarda aňryçäk ýokary netijeleri gazanmaga mümkinçilik berýär.

Türkmenistanyň Garaşsyz döwlet bolmagy, halkara bazarynda ahalteke we ýomut atlaryna bolan islegiň artmagy türkmen atçylyk sportunyň we at çapyşyklarynyň halkara arenasyna çykmagyny talap edýär. Munuň özi döwrüň talaby bolup, ahalteke we ýomut atlaryny ylmy jähtden dogry we maksadalaýyk seýislemegiň ýollaryny we usullaryny çuňňur öwrenmegi we seýisçilik işine ornaşdyrmagy talap edýär.

Häzirki döwürde ahalteke we ýomut tohum atlaryny seýislemekligiň maksady, ýokarky aýdylanlar bilen bir hatarda, aýlawlarda dürli aralyklara geçirilýän at çapyşyklarda ýyndam çapmaklyga, umuman, at üçin agyr we kyn bolan çapuw we atçylyk sporty ýaryşlaryna, uzak aralyklara çapyşyklara, atly ýörişlere yörite seýislemek bilen atlary taýýarlamakdan ybarat bolup durýar.

## Atlary seyislemegin dowurlere bolunişi

Müngi (çapuw), gorgunly hereketli atlary seýislemegi esasy iki döwre – atçylyk athanalarda, atçylyk zawodlarynda, hojalyk şertlerinde taýlary seýislemek hem-de aýlawda seýislemek we synag etmek döwürlerine bölmek bolýar.

Atçylyk zawodlarynda (athanada) seýislemek athana, hususy hojalyk şertlerinde seýislemek bolup, ol hem iki basgançakda geçirilýär. Birinji döwürde süýtden aýrylan 1 ýaşdan 1,5 ýaş aralygyna

çenli tutum taýlary toparlaýyn işledip seýislemek ýa-da seýislemeklige taýýarlamak bilen geçirilýär. Ol taýlary seýisläp, çapuwlara taýýarlamagyň birinji döwrüdir.

Ikinji döwürde 1,5–2 ýaş aralygyndaky gunanlary seýislemegi hem iki bölege: taýlary müngä öwretmek we soňra ilkinji çapuwlara çenli alty aýlap hojalykda, Türkmenistanyň şertlerinde käbir hojalyklarda bolsa aýlawda aýrybaşga (indiwidual) seýislemek döwrüne bölmek bolar.

At seýislemek bir-biri bilen arabaglanyşykly bolan, şol wagtyň özünde biri-birinden tapawutlanýan üç basgancakdan durýar.

Başlangyç döwür döwlet we hususy atçylyk hojalyklarynda taýlary toparlaýyn işletmek, tutum taýlara baş öwretmek we iki ýaşar taýlary ilkinji çapuwlara çenli seýisläp taýýarlamakdan ybarat bolup durýar. Bu döwre atlary hojalykda, athanada, atçylyk zawodlarynda seýislemek diýilýär.

Ikinji döwür dürli ýaşdaky atlary aýlawlarda yzygider seýislemekden we soňra seýislemek bilen ugurdaş bir wagtda, aýlawlarda çapuw ýaryşlaryna gatnaşyp durmak bilen atlary ýyndamlygyna synag etmekden çapdyrmakdan we çapuw döwrüne seýislemekden ybarat bolup durýar.

Çapuw möwsümleri gutarandan soň atlary işletmegi kem-kemden azaldyp, çapuw tabyndan çykarmak we indiki çapuw möwsümine seýislenip başlanýança olara dynç bermegi, etine geler ýaly bakmagy atlary seýislemegiň üçünji döwri hasaplamak bolar.

## Atçylyk hojalyklarynda taylaryn toparlayyn işletmek bilen seyislemage tayyarlanylyşy. Şpringarten

Ýaş, müngi tohumly, 7-8 aýlygynda süýtden aýrylan taýlary 1,5 ýaşyna çenli seýislemäge taýýarlamagyň usulyýýetlerine bolan talaplar olary seýislemegiň esasy maksatlaryna laýyklykda, ýöriş, gorgun, öňatdyrma-ylgaw ýaly dogabitdi hereketlerini ösdürmäge we ulalyp çapuwlara gatnaşanlarynda ol häsiýetlerini aňryçäk derejede doly ýüze çykarmaga gönükdirilendir. Onuň nazary we usulyýýeti taýdan esaslanmasy bolup, atyň ýokary nerw ulgamynyň daşky gurşaw bilen at organizminiň bitewüligi, arabaglanyşygy hyzmat edýär. Çalasyn

hereketlenme aýratynlygy, işjeňligi atlarda irki ýaşlaryndan başlap has ösendir. Ol häsiýet taýlar eneleriniň ýanynda örüde bakylanda ýa-da bölek topar sürüleýin özbaşdak saklanylanda, olar bir-biri bilen ylgaşyp kowalaşanda aýdyň ýüze çykýar, şeýdip olar entek taýka özlerini seýisläp gezýärler.

Atçylyk boýunça Ýewropanyň öňdebaryjy ýöriteleşdirilen atçylyk hojalyklarynda müngi atlaryň tohumyndan bolan, mysal üçin, arassa ganly iňlis atlarynyň enesinden süýtden aýrylan we biri-birine öwrenişen taýlary töweregi aýlawlaýyn beklenen şpringarten diýlip atlandyrylýan ýörite ýodada, at taýlar, gysraklar aýratynlykda toparlaýyn kowalamak bilen işledilýär. Şeýdip seýislemäge öwrenişdirilýär. Daşy töwerekleýin ergenekli şpringarten ýodanyň uzynlygy 500 metrden 1200 metre çenli bolup biler (aşakdaky çyzgyt). Ýodanyň ini 10-12 metr, gapdal ergenekleriniň beýikligi 180 santimetr, ýodanyň iki gapdal uzyn tarapy göni ýoda we iki öwrümli tarapy daş tarapdan iç tarapa ýapgyt görnüşli gurulmalydyr. Düýpli gurluşyk görnüşde gurlan şpringartenler ýaş taýlary ylgawyna ýöremegi öwretmek üçin bolup, olaryň içine gerek wagty päsgelçiliklerden bökmegi öwretmek üçin dürli päsgelçilikler goýlup, üýtgedip ulanar ýaly edilip gurulsa, has peýdaly bolýar. Daşky we içki ergenekler metal turbadan ýasalan bolsa berk bolýar.

Topar taýlary şpringartende işletmegi iki sany atly bolup, biri toparyň öňünden, taýlaryň gorgun, ylgawyna öňatma, ýöriş hereketlerini, tizligini we her bir hereketiniň dowamlylygyny kesgitläp, öňüni çekmek bilen ýöreýär. Beýleki atly topardan yza galýan taýlary haýbatlap sürüp, toparyň yzyndan ýöreýär. Mysal üçin, iňlis tohumly taýlar Yewropa ýurtlarynda ilki döwürde her gün 2-3 kilometr aralyga, şonda 600-800 metr aralyga erkin hereketlerde, soňra 600-800 metr aralygy gorgun we soňky 1000-1500 metr aralyk töweregi beklenen ýodada (*3-nji tablisa*) ýörişde işledilýär.

Hepdede bir gün taýlara dynç berilýär. Işledilip gelen taýlary 1 sagat gezim meýdança kowmaly, soňra taýlary öri meýdanlara bakmaga çykarmak ýa-da howa bulaşyk bolsa, ýatagyna, athana salyp, adaty şertlerde ýatakda saklamak we iýmitlendirmek bolar.



**Müngi tohumly taýlary işletmek üçin töwerekleýin aýlanan ýoda şpringarteniň çyzgydy**

*3-nji tablisa*

**Taýlary ýapyk ýodada – şpringartende toparlaýyn işletmegiň tertibi. (Süýtden aýrylan döwründen baş öwredilýänçä, minutlarda)**

| Hereketleriň yzygider tertibi, olaryň gezeklendirilişi | Süýtden aýrylandan bir ýaşyna çenli, minut | Bir ýaşdan baş öwredilýänçä, minut |
|---|---|---|
| Ýöriş | 5 | 5 |
| Gorgun | 10 | 10 |
| Ýöriş | 10 | 10 |
| Gorgun | 5-10 | 7-10 |
| Öz maýdalyna öňürdik | - | 3-5 |
| Ýöriş | 20 | 25 |
| Jemi günde | 50-55 | 60-65 |

Hereketleriň bir görnüşinden beýleki görnüşine öňdäki atlynyň sesli ugrukdyrmasy esasynda geçirilip, ol taýlarda sesli görkezmä öwrenişmek ýaly şertli refleksleri oýarýar. Taýlar ýadaw görünse ýa-da howa şertleri ýaramaz bolsa, ýapyk ýodada şpringartende işletmegiň aralygy gysgaldylmalydyr.

Toparlaýyn seýislenýän ösdürim taýlaryň gündelik iýmitlendiriş paýyndaky ýokumly belokly maddalaryň ýetmezçiligi kösükli

ösümlikleriň bedesi, zygyr künjarasy we gök otlar bilen doldurylmalydyr. Fosfor ýetmeýän bolsa, bugdaý kepegi, süňk uny berilmelidir. Witaminli maddalara hemme gök otlar, ösdürilen däneliler has baýdyr.

Türkmenistanyň şertlerinde ahalteke taýlary enesinden süýtden aýrylandan soň ýorunjaly ýerlerde, ekin ýerleriň yzynda bakylýar we bahar aýlary gök otly meýdan örülerde saklanylýar. Örüde saklanan taýlaryň meýdanda keýpine köp ylgamak bilen bedeni, aýaklary gowy berkeşen bolýar. Mysal üçin, S.A. Nyýazow adyndaky ahalteke athanasynyň dag etek örülerde ösdürilip ýetişdirilýän taýlary ulalyp, at bolup çykanda, aýaklarynyň we siňir ulgamynyň berkligi bilen tapawutlanýarlar we olar çapuwlarda aňsat agsamaýarlar.

Sport atlaryny atçylyk sportunyň üç görnüşli ýaryşlaryna, garyşyk stipl çez kross ýaryşlaryna taýýarlamakda aşakda getirilýän töweregi ergenekli şpringarten ýollarynyň we meýdançalarynyň ähmiýeti örän uludyr.



**1 ýaşar ahalteke taýlarynyň toparlaýyn işledilişi**




**Sport atlaryny türgenleşdirmek we gözden geçirmek üçin enjamlaşdyrylan şpringarteniň meýdançasynyň çyzgydy**

Şonuň ýaly ýapyk we açyk türgenleşdiriji şpringarten meýdançalary sport atlaryny türgenleşdirip, ýaryşlara taýýarlamak, sport atlaryny kross ýaryşlaryna gatnaşmazyndan öňürti synap görmek, gözden geçirmek, saýlap almak we dürli beýleki maksatlar üçin ulanylyp bilner.

## 1,5 yaşly tutum taylaryn seyisçilik bolumlerine paylanylyşy

Atçylyk athanalarynda, döwlet we hususy hojalyklarda ösdürilip ýetişdirilen 1,5 ýaşyndaky tutum taýlar (ol döwür noýabr aýlaryna gabat gelýär) atçylyk hojalyklarynyň aýlawda ýerleşen seýisçilik bölümlerine paýlanylýar. Taýlaryň sany köp bolup, birnäçe seýisçilik bölümlerine paýlanylýan bolsa, mysal üçin, S.A.Nyýazow adyndaky ahalteke atçylyk athanasynda ýa-da Türkmenistanyň Prezidentiniň ahalteke atçylyk toplumynda tutum taýlar seýisçilik bölümleriniň arasynda bije atmak bien paýlanylýar.

Taýlar aýlawyň seýisçilik bölümlerine ugradylanda her bir taýyň ýany bilen resmi tohumçylyk ýazgysy (forma 1a) at taýlar we (forma 2b) gysraklar üçin we atyň pasporty atlaryň ýany bilen aýlawa iberilýär. Taýlara hojalykda weterinar düzgünnamasyna laýyklykda ýokanç kesellere garşy öňüni alyş sanjym çäreleri geçirilen bolmalydyr. Dürli ýokanç kesellerden saglygy barada weterinar kepilnamasy taýyň ýany bilen aýlawa iberilýär.

Taýlar hökmany suratda mikroçiplenip, hasaba alnan bolmalydyr we çip belgileri barlanyp, aýlawa kabul edilýär. Taýlar seýsiň, aýlawyň zootehniginiň, weterinar gullugynyň wekiliniň gatnaşmagyndaky iş topary tarapyndan aýlawa ýa-da atçylyk sporty toplumlaryna özara şertnama baglaşmak bilen kabul edilýär. Dürli sebäplere görä, kabul edilmedik atlar ýol çykdaýjylarynyň at eýesiniň hasabyna tölenmek şerti bilen yzyna gaýtarylýar.

## Taylaryn munga owredilişi

Atçylyk hojalyklarynda ýa-da olaryň aýlawlardaky seýisçilik bölümlerinde tutum taýlara baş we müngä öwretmek, olara kelleki (nogta) salyp ýöretmek, agyzdyryklap, uýan salyp jylawlamak we eýerläp, müngä öwretmek ýaly yzygiderlikdäki işlerden başlanýar.

Ýaş taýlara baş öwretmeklik tutum taýlar 1,5 ýaşyna ýetende taýlar seýisçilik bölümlerine paýlanylandan soň başlanýar. Baş öwretmek, ilki el görmedik ýabany diýen ýaly taýlara kelleki (nogta) salmakdan we ýüp bilen idege öwretmekden başlanýar. Ilki bilen taýa bir metre golaý ýüp dakylan kelleki salyp, bir hepdä golaý athanada

we gezim meýdança kowup, nogta we ýüpe öwrenişdirmeli. Soňra baş öwredilýän taýy uzyn yüpünden tutup, meýdançada töwerekleýin aýlamaly, ýöretmeli, kejirlik edip, ýöremejek bolsa, haýbatlap yzyndan sürmeli, kowalamaly. Ýüp bilen idege birneme öwrenişenden soň agyzdyryklap, uýan salmaga, jylawlamaga öwretmeli. Eýer bilen öwrenişdirmek üçin teblehanada taýyň görüp, ysyrganyp durar ýaly ýerde eýerdir içirgisini goýmaly.

Olar eýeriň, içirginiň ysyny alýarlar, görýärler, ysyrganýarlar we öwrenişýärler. Şol döwürde taýlary her gün mylaýymlyk bilen süpürip, arassalap durmaly, aýaklaryny galdyryp, toýnaklaryny elletmäge öwrenişdirmeli, arassalap, gözegçilikde saklamaly. Şeýle edilse, ol taýlar soň-soňlaram at çykanda aňsat arassaladýarlar, aýagyny berip, ýeňillik bilen toýnagyny gyrdyrýarlar, nalladýarlar.

Türkmenler tutum taýlaryň ýalyny, maňlaý saçyny baş öwredilýän döwri bir gezek gyrkmaly diýip hasaplaýarlar, guýrugyny timarlaýarlar we soň bolsa aňsat ýalyny gyrkmaýarlar diýen ýalydyr. Şonuň üçin hem, şol döwürde taýlara gyrkman taýlar hem diýilýär.

Taýlar burneme idege, uýandyr agyzdyryga öwrenişip, ýuwaşandan soň (takmynan 7-10 günden) ýagyrnysyna içirgi salyp öwretmeli, soňra eýer goýup, çekisini gowşagrak çekip, olary eýerletmäge öwrenişdirmeli.

Eýeriň aşagynda atyň ýagyrnysynda we bilinde eýer sürtülip, şikes ýetmeleriň bolup biläýjek näzik ýerleri aşakdaky suratda görkezilendir.

Eýer salmaga öwrenişenden soň eýerlenen taýyň üstüne horjun görnüşli edip, 20-30 kilogram agram götermegi öwretmeli. Eýerledip, agram götermäge öwrenişenden soňra bolsa, taýa ýeňilden ykjam atoglan mündürip, ilki-ilkiler öwrenişýänçä idegläp, öwrenişenden soň bolsa, özbaşdak ýöremegi öwretmeli. Şol döwürde taýlaryň jyrtlap, üstündäki oglany ýykmagyna asla ýol berilmeli däldir. Taýlar bir ýykyp öwrense, soň-soňlaram jyrtlap ýykmaga endik etmegi mümkin.



**Atyň ýagyrnysyndaky şikes ýetmeleriň mümkin bolan ýerleri**

Taýlar bilen işlenilende giň göwrümli bolmaly, gykylyklamaly

däl, taýlarý urmaly däl. Ilkibaşdan olara mylaýymlyk bilen seýsiň, çapyksuwaryň erkine tabyn bolmaklyga öwretmeli. Şol döwürde taýlaryň ýaramaz gylyklary öwrenmegine asla ýol bermeli däl. Baş öwredilýän döwri her bir taýyň häsiýetine, kejirligine üns berip, aýratyn çemeleşmeli. Öňden hususy hojalyklarda öýde elde saklanyp ýören taýlar müngä ýeňil we aňsat öwrenişýärler. Sürüde, örüde ýabany diýen ýaly saklanyp ösen taýlar kynlyk bilen baş öwrenýärler. Taýlary müngä öwretmek bir aýdan gowrak wagt alýar.

Müngä öwredilen taýlary münüp, ýuwaş häsiýetli atlaryň gapdalyndan goşlap ýöretmeli. Öňünden sähelçe päsgelçilik çyksa, taýlaryň ol ýerden ýöremän, kürtdürip durmagyna ýol bermeli däl. Üstündäki çapyksuwaryň ugrukdyryp süren ýeriňden ýöremek endigi taýlara ilkibaşdan öwredilmelidir.

Bir aý çemesi wagtdan taýlar agyzdyryga, jylawa, münüşe, ugrukdyryp sürmäge we öwrümler etmäge öwrenişdirilýär. Taýlar müngä öwrenişenden soňra günde 20-30 minut aýlaw ýodasynda ýa-da tekiz ýerlerde deňeçer ýaşly topar taýlar bilen toparyň öňüne ýuwaş häsiýetli uly at goşup, ýörişe sürmeli. Ýöriş ýöremegi, jylawa boýun bolup, saga-sola öwrümler etmegi gowy öwrenenlerinden soňra, ýöriş, gorgun sürmek bilen yuwaş-yuwaşdan taýlary seýislemäge başlamak bolar.

Taýlar giň we ýagty seýishanalarda saklanmalydyr. Her bir taý aýratyn teblehanalarda saklanylýar. Olaryň içki ölçegi 11 inedördül metrden az bolmaly däldir. Taýlar teblehanalarda eýerlenip, şol ýerden hem üstüne münülip daşary gezime çykarylsa, gowy bolýar, taýlar gündelik şeýle ýagdaýa öwrenişýärler.

## Çapuw atlarynyn synasyna, hereketine we klasyna baha berip, synag çapuwlaryna gatnaşmaga rugsat etmegin duzgunleri

At çapyşyk bäsleşikleri müngi tohum atlaryna – ahalteke, arap, iňlis, ýomut atlary degişli bolup, diňe şol tohumly atlaryň arasynda özbaşdak geçirilýär.

1,5 ýaşly gunanlar, 3, 4 we uly ýaşar atlar aýlawyň seýisçilik bölümlerine getirilip, baş öwredilip, seýislenip başlandan soň, çapuwlara saýlap almak we çapuwlara gatnaşmaga rugsat etmek mak-

sady bilen, çapuw möwsümine çenli aprel (iki ýaşynda) aýynda seçgilenýärler (bonitirlenýärler). Talaby kanagatlandyrmaýan klassyz, göýdük taýlar yzyna, hojalyga gaýtarylyp bilner.

3, 4 we uly ýaşar atlar hem çapuw möwsüminiň başynda seçgilenip, nobatdaky möwsümde çapuwlara gatnaşmaga rugsat edilen atlaryň sanawy kesgitlenýär.

Şonda çapuw atlarynyň daşky synasyna (eksterýerine), tohumyna (ahalteke, arap, iňlis, ýomut) mahsus bolan görnügine (tipine), daşky syna-beden gurluşynyň ölçeglerine, 3, 4 we uly ýaşar atlar üçin bolan talaby kanagatlandyrýan atlar seçgilenmek bilen saýlanylýar. Çapuwlarda ozmadyk we çapuw toparyny ýokarlandyrmadyk, çapuwlarda utuş ballary gazanmadyk uly ýaşar atlar hem indiki çapuwlara goýberilmeýär, aýlawdan yzyna, hojalygyna ugradylýar. Çapuw möwsümlerini gutaran dört ýaşar baýtallar hem at eýesiniň hojalygyna, yzyna iberilmäge we ol ýerde köpeltmäge degişli bolup durýarlar.

Şeýle-de atlar çapuwa saýlanylanda, atyň sazlaşykly hereketine - aýaklaryny pessaý, aralyk ýa-da has ýokary göterip basyşyna – erkin gorgun, erkin ylgaw-çapuw hereketine, çaman-ýüwrükligine baha berilýär (4 gezek çapanda baýrakly orunlary eýelemedik atlar çapuwlara gatnaşmakdan mahrum edilip bilner).

Däp bolan uly baýraklara – Türkmenistanyň Prezidentiniň, «Uly Aşgabat» (Derbi), «Türkmen atlary» döwlet birleşiginiň Göçme kubogyna we pully çapuwlara «Türkmen atlary» döwlet birleşigi tarapyndan bellenilen iş toparynyň saýlamagy bilen atlara ol çapuwlara gatnaşmaga rugsat edilýär. Iş toparynyň talaby kanagatlandyrmaýan atlary çapuwdan aýyrmaga hukugy bardyr. Şonda atlara 10 bally ulgam boýunça baha berlip, 7 baldan az bal baha alan we 1 klasdan pes atlar däp bolan uly çapuwlara goýberilmeýärler.

Daşary ýurtlaryň aýlawlarynda çapuw atlaryň reýtingi utuş pullarynyň jemi boyunça kesgitlenip, çapuwlarda köp pul gazanan atlara uly baýrakly çapuwlara gatnaşmaga rugsat edilýär.

Atlar gözden geçirilende aýlawyň weterinar gullugynyň wekili gatnaşmalydyr.

At tohumlaryny garyşdyryp çapmaga rugsat edilmeýär. Şeýlelikde çapuw atlary saýlanylanda ahalteke atlary diňe ahalteke atlary bi-

len, arap atlary, iňlis, yomut atlary özbaşdak çapuwlarda çapdyrmak üçin saýlanylýar. Munuň özi türkmen we halkara at çapyşyk kadalaryna laýyk gelýär.

Hormatly Prezidentimiz tarapyndan dikeldilen jar çekdirip, bije atmak bilen türkmen milli däbi boýunça geçirilýän milli çapuwlara dalaşgär atlaryň, olara gatnaşýan halypa çapyksuwarlaryň sanawy öz aralarynda saýlanylýar we çapuwa gatnaşmaga rugsat edilýär. Telpek ýatyryp, çapuwa badalga (start) berilýär.

Öňki döwürlerde toýlarda uly çapuwlara atlar jar çekdirlip çagyrylypdyr. Türkmen seýisleri iň gowy we ýyndam atlaryny saýlap, çapuwlara goşupdyrlar. Çapuwlaryň başynda jar çekdirilip geçirilýän «ýorga baýraga», «çaýyrçy baýraga», «gunan baýraga», «ene baýraga» çapuwlara çapyksuwarlar we atlar, islege görä, erkin gatnaşdyrylyp ýaryşdyrylypdyrlar.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe çapuw atlar halkara çapuw kadalaryna laýyklykda saýlanyp, olara çapuwlara gatnaşmaga rugsat edilýär.

## 1,5 – 2 yas aralygyndaky gunanlaryn seyislenilişi

Müngä öwredilen taýlary seýislemegiň maksady olary ilkinji çapuw bäsleşiklerine taýýarlamakdan ybaratdyr. Ol seýislerden, çapyksuwarlardan giň göwrümliligi, seýisçilik tejribäni we her bir taýyň gylyk-häsiýetlerini, nerw gurluşyny gowy bilmekligi talap edýär. Taýlary seýislemek işini olaryň ösüşine, boý alşyna, jyns aýratynlyklaryna, jyns taýdan ýetişişine we häsiýetlerine laýyklykda alyp barmaly bolýar. Çendenaşa ürkek we kejir taýlar seýislenilende, olara aýratyn çemeleşmeli we seresap bolmak gerek.

Taýlar ilki seýislenip başlanan döwründe olaryň aýaklarynyň siňirdir myşsa, aýak damar ulgamlaryna, aşyklyk, dyz, bakan bogunlary ulgamalaryna agram düşýär, bakanlarynyň ýellenmegi mümkin. Kähalatlarda öň injiginiň öň tarapynda barmak geriji muskulyň siňir böleginiň taýlary artykmaç işledilmesiniň we üstünde göterýän agramyň täsiri netijesinde zorukmasy ýaly örän agyryly süňküsti gaty çiş (bukşyn - periostit) emele gelýär. Taýlaryň aýagynda şonuň ýaly çişler emele gelende, olary işletmeli däl, gowy bejerilýänçä, ýatakda

saklamaly. Weterinar lukmana görkezmeli we aýaklaryny bejertmeli bolýar.

Türkmenistanyň şertlerinde taýlary çapuwlara taýýarlamak maksady bilen seýislemegi üç döwre bölmek bolar.

Birinji taýýarlaýyş döwri dekabr, ýanwar aýlarynda geçirilip, ýaş gunanlaryň bedenini yzygider müngi – ýöriş işlemeklige, gorgunyna ýöremäge, sag we çep egne işledip, öwrümli hereketleri we çapuw ýodada toparlaýyn işlemegi öwretmäge, umuman, münüşi we taýlaryň hereketleriniň görnüşlerini kem-kemden kämilleşdirmäge ugrukdyrylýar.

Ikinji döwür fewral – mart aýlarynyň aralygynda ýaş taýlaryň siňir baglaýjy ulgamlaryny berkitmäge, myşsalaryny we dem alyş ýollaryny ösdürmäge, gursagyny giňeltmäge, aýdylyşy ýaly, goltugyny açmaga, güýjüni artdyrmaga gönükdirilen ýöriş, gorgun, öňatdyrma ýaly hereketlerde işletmeli bolýar. Aýratyn hem, ahalteke taýlarynyň şol döwürde ösüp, boý alýanlygyny, ýagny giç ýetişýänligini ýatdan çykarmaly däl.

Üçünji döwür mart aýynyň aýaklaryndan aprel aýynda taýlary öňatdyryp, daraw işletmek bilen olary öňdäki çapuwlara taýýarlamak bolup durýar.

Gunanlary seýislemegiň birinji basgançagynyň soňuna çenli döwürde olar dürli hereketlerde yzygider işledilmäge öwrenişýär, olaryň muskulaturasy birneme berkeşýär we ösýär. Şeýlelikde, taýlary seýislemegiň birinji tapgyrynyň soňunda seýisleme öňatmaga (kenter herekete) başlamak gerek bolýar. Şonuň ýaly seýislenende, taýlar öňatmaga gowy öwrenişenden soň seýislemegiň birinji basgançagynyň ahyrlarynda hepdede birki gezek «öňatdyrma ujy» diýlip atlandyrylýan 300-500 m aralyga çenli darap çapyp, seýislenmegi öwretmek bolar.

Öňatdyryp we daraw işletmegiň wagtyny gyş aýlary seýisçilik ýodalaryň gury wagty, baharky ýagyş zerarly ýoluň ýaramaz palçyk bolýan wagtlaryndan öň geçirseň gowudyr.

Birinji tapgyrdaky seýislenilişi ýaly, gündelik seýisleme öňatdyryp işletmegi, gorgun işletmegi azaltmagyň hasabyna kem-kemden artdyryp, ikä bölüp işletmek we aralygyny 1500 metre çenli ýetirmek bolar. Şonda ikä bölünip işledilýän gorgunyň ikinji bölegi aýrylýar. Öňatdyryp işletmek başlanandan soň başdaky ýöriş gezimi 10 minuta

çenli azaltmak, soňundaky ýöriş işledip gündelik seýislemek gutaranda bolsa, ýörişi 30 minuta çenli ýetirmek, ýagny köpeltmek gerek bolýar.

Öňatdyryp işledilende we daraw (çapuw) işledilende taýlary ýaryşdyryp işletmeli däl. Her bir iki ýaşar taý öňatdyrylanda we daralanda, onuň keýpine görä, gynaman işletmeli. Şonda esasy üns taýyň ýyndamlygyna däl-de, eýsem erkin, tekiz we dogry gulaçlap, sazlaşykly çapuw hereketlerine üns berilmelidir.

Gunanlary ilkinji öňatdyryp işletmegi uly ýaşar at bilen goşup başlamak peýdalydyr. Şonda onuň çapyksuwary öňatdyrmak hereketiniň tizligini kadalaşdyrýar. Öňatdyryp başlanýan ýere baransoň seýisleme öňatdyrmak (kenter) başlanýar, soňra hereket çaltlandyrylyp, soňky pellesinde 200–300 m doly güýjüne daraw işledilýär. Soňra hereket kem-kemden ýuwaşadylyp, öňatma, gorgun we ýörişe (30 minut) geçmek bilen taýlary işletmegiň gündelik tertibi tamamlanýar.

Taýlar ýyndam hereketde daraw işledilende, olaryň çapyksuwarlaryna aýratyn üns bermeli. Ol wezipäni tejribeli çapyksuwarlara tabşyrmaly. Seýisçilik bölümlerinde hünärli çapyksuwarlar, atoglanlar, atbakarlar bar we olar at işletmek bilen meşgul bolýarlar. Aty daratmak üçin gerek bolsa atoglanlary, atbakarlary düşürip, çapuw daraýan atlaryň üstüne tejribeli çapyksuwarlary mündürmeli.

Çalt hereket etmek iňlis we ahalteke atlarynyň ganynda bar, ýaş gunanlar özlerinden näme talap edilýänine gowy düşünýärler we seýislemek işleri gowy ýola goýlanda ýyndam işlemäge taýlaryň özi höwesjeň bolýarlar. Ýöne taýlaryň ol häsiýetini ulanyp, olara zor berip, darap çapmaly däl we 5-8 gün aralygynda iki gezek darap işledilenden soň darap işletmekden arany kesip, taýlara bir hepde agyr işletmekden dynç bermeli.

1,5 – 2 ýaşar taýlar işledilende çapyksuwarlara gamçy götermegi gadagan etmeli.

Daraw işledilen gününiň ertesi hemme atlar üçin hem, gezim bermek bilen agyr işletmekden dynç bermek gerek bolýar.

Seýislemegiň ikinji döwri tamamlanandan soň iki ýaşarlara 10-12 gün (interwal) dynç bermeli bolýar. Dynç berilýän günleri birinji tapgyryň aýagyndaky ýaly atlar ýeňil gezimler bilen işledilmelidir.

Ýylyň beýleki möwsümlerine garanda ir alabahardan ýaş atlaryň bedeni ösmek bilen ulalyp başlaýar. Şonuň üçin gunanlary seýislemegiň ikinji basgançagy döwründe berilýän ot-iýmleri köpeltmeli. Şonda goşmaça iýmitlerden daşary taýlara 6 kg süle, 1 kg kepek we 7 kg bede iýdirilmelidir.

Ikinji tapgyryň aýagynda howa maýlansoň, taýlar tüýüni çalşyp başlaýar we şol döwürde habardar bolmaly, olaryň sowuklamagy mümkin.

Seýislemegiň ikinji tapgyry gutaryp, taýlara azrak dynç berlenden soň seýislemegiň esasy üçünji tapgyry başlanýar. Bu döwürde taýlar öňde duran aýlaw synag çapuwlaryna gutarnykly taýýarlanylmalydyr. Şu döwre çenli iki ýaşar gunanlar ýodalarda işledilmäge gowy öwredilen, muskullary ýeterlik ösen bolýarlar, yzygider seýislenmek bilen olaryň endamynda ýagyň, suwuň mukdary azalýar we iç ýagy galmaýar diýen ýalydyr.

Üçünji basgançagyň maksady atlara talap edilýän aralygy mümkin bolan aňryçäk doly güýjüne çapyp geçmegi öwretmek bolup durýar. Şonuň üçin öňatdyryp işletmek we daraw işletmek ýeňil we kada girizilen tertipde, soňra «dem alşy açylan» ýa-da, başgaça aýdylanda, ýüregi, öýkeni güýçlendirilen seýislemek işlerine organizmiň talap edýän aňryçäk güýjenmeleriniň üsti bilen öwrenişdirilmelidir. Üçünji tapgyryň dowamlylygy gunanlaryň haçan çapuwlara gatnaşyp başlaýanlygyna baglydyr.

Ýokarda bellenilişi ýaly, üçünji tapgyryň esasy meselesi gunanlara talap edilýän aralygy erkin, tekiz we ýeňil çapyp geçmek endigini öwretmek bolup durýar. Şu maksat bilen her günki at işletmegiň tertibine seýisleme öňatdyryp işletmek (kenter) girizilýär.

Seýisleme öňatdyrmak (kenter) diýlip, birsydyrgyn tekiz, aralyk tizlikdäki çapuw hereketde seýislemäge aýdylýar. Şonda atlar 1000 metr aralygy ortaça 1 minut 40 sekuntda geçmek bilen işledilmelidir. Belläp geçmeli zatlaryň biri hem, atyň göwresiniň iki tarapynyň deň ösmegine ýardam etmek üçin olar ýoluň iki tarapyna-da deň işledilmelidir, ýagny ýoluň ters ugruna hem işletmek gerek bolýar.

Seýisleme öňatdyryp işledilende onuň deňölçegli tizlikde (ýyndam hem däl, ýuwaş hem däl) we işledilýän aralykda bir deň tizlikde bolmagyny seýisler gözegçilikde saklamalydyrlar. Üçünji bas-

ganҫakda öňatdyryp işletmegi 1000 metr aralyga geçirmekden başlap, tapgyryň ahyrynda 2000 metr aralyga ýetirmek bolar. Iki ýaşarlary ondan köp aralyga öňatdyrmak maslahat berilmeýär.

Kem-kemden öňatdyryp işletmegi köpeltmegiň hasabyna gorgun işletmegiň birinji bölegi hem azaldylýar we öňatdyrmak bilen bir hatarda daraw işledilip başlanansoň, gorgun işletmek seýislenýän günleri gündelik bäş minuta çenli azaldylýar. Bäş minutlyk gorgun işletmek ýyndamlyga (öňatdyrmak, daraw) seýislemekde atyň dogry hereketini sazlaşdyrmak maksady bilen hemişelik galdyrylýar. Öňatdyryp işledilende, atlar 2-3 başdan toplanyp goýberilýär.

1,5 – 2 ýaş aralygyndaky gunanlary çapuw ýaryşlaryna seýislemegiň häzirkizaman usullarynyň taýlary işletmegiň mysaly tertibi 4-nji tablisada getirilýär.

*4-nji tablisa*

**1,5 – 2 ýaş aralygyndaky ahalteke gunanlaryny çapuw ýaryşlaryna seýisläp taýýarlamagyň mysaly tertibi**

| Aýlar | Hepdeler | Atlar bilen gündelik gezim işletmeler | Dürli gezimde işletmegiň umumy dowamlylygy |
|---|---|---|---|
| **Gezimler münüşi gowy öwrenen taýlar bilen tekiz meýdanda we aýlaw ýodalarynda geçirilýär:** | | | |
| dekabr | 1-2 | Ýöriş - 25-35 minut | 35 minut |
| | 3-4 | Ýöriş –10 minut, gorgun - 5 minut, ýöriş - 25 minut | 40 minut |
| ýanwar | 1-2 | Ýöriş –10 minut, gorgun -10 minut, ýöriş - 25 minut. | 45 minut |
| | 3-4 | Ýöriş –10 minut, gorgun - 10 minut, ýöriş – 10 minut, öz maýdalyna öňürdik 200 metr, ýöriş – 20 minut. | 50 minut |
| fewral | 1-2 | Ýöriş – 10 minut, gorgun - 15 minut, öz maýdalyna öňürdik 500 - 700 metr aralyga, ýöriş - 30 minut. | 55 minut |
| | 3-4 | Ýöriş – 10 minut, gorgun - 15 minut, öňürdik 500-700 metr aralyga, gorgun - 5 minut, ýöriş - 30 minut. | 1 sagat |

| | | | |
|---|---|---|---|
| Ýaş gunanlar gündelik işledilmäge öwrenişýär, birneme bedenleri berkişip, derlemesi azalýar. | | | |
| Atlary işletmeklik aýlaw ýodalarynda, tekiz we gumluk, beýikli-pesli ýerlerde geçirilýär. | | | |
| mart | 1 | Ýöriş – 10 minut – gorgun - 15 minut, ýöriş – 10 minut, ýeňil öňürdik – 700 -1000 metr, ýöriş - 10 minut | 1 sagat |
| | 2-3 | Ýöriş -10 minut, gorgun –10 minut, öňürdik –1200 metre çenli, ýöriş – 10 minut, hepdede bir gün 300 metre çenli daraw, ýöriş –30 minut | 1 sagat 5 minut |
| | 4 | Ýöriş - 10 minut, gorgun - 5 minut, ýöriş – 8 minut, öňürdik – 1600 metr, ýöriş 8 minut, hepdede bir gün daraw 500 metr, ýöriş – 35 minut | 1 sagat 10 minut |
| aprel | 1 | Ýöriş - 10 minut, gorgun –1000 metre, ýöriş – 7 minut, ýeňil öňürdik 1600-1800 metre, ýöriş – 10 minut, hepdede bir gün daraw 500 metre çenli atyň keýpine görä, ýöriş - 35 minut. | 1 sagat 15 minut |
| | 2 | Ýöriş – 10 minut, gorgun -1000 metre, ýöriş – 7 minut, ýeňil öňürdik –2200– 2400 metre, ýöriş – 40 minut, şenbe günleri 500 m-e çenli daraw geçirilýär | 1 sagat 15 minut |
| | 3 | Her günki gezim, öňki hepdelerdäki ýaly, ýöne seýisleme öňürdik – 1000 metre, öz maýdalyna 1000 metre daraw şenbe günleri geçirilýär | 1 sagat 15 minut |
| | 4 | Ýöriş – 10 minut, gorgun – 1000 m., ýöriş - 7 minut, öňürdik – 2000-2200 metr, ýöriş – 40 minut. Şenbe günleri seýisleme öňürdigiň aralygyny 500 metre çenli azaldyp, hepdäniň penşenbe günleri öz maýdalyna daraw işletmegi 1000 metre cenli ýetirmek bolar. | 1 sagat 15 minut |

Aprel aýynyň başlaryndan seýislenýän gunanlara agşamlaryna 25 – 30 minut gezim berilýär. Ýokarda görkezilen meýilnama boýunça mysaly tertipde taýlar seýislenende, eger şenbe günleri daraw berilse, soňra penşenbe güni atlar ýeňil gorgun bilen ýodanyň ters ugruna işledilmelidir. Ondan öňki dört günki seýisleme öňürdikleme altynjy şenbe daraw gündäkisinden uzagrak aralyga bolmalydyr. Mysal üçin, eger gunanlar bilen dört gün 1500 m aralyga öňürdik işledilen bolsa, onda şenbe güni doly güýjüne daraw işletmek 500 m aralyga çenli geçirilip bilner.

Ýakyn aralyga daramak hepdäniň penşenbe günleri we uly daraw şenbe günleri gecirilýär. Çapuw möwsümi has golaýlanda, uly aralyga daramak hepdäniň çarşenbe ýa-da penşenbe gününe geçirilip, ýakyn aralyga daramak anna ýa-da şenbe güne geçirilýär. Taýlara noýabr aýynda baş öwredilen bolsa, dekabr aýynyň üçünji ongünlüginden gorgun işledip başlamak bolar. Fewral aýynda öňürdik işletmegi başlap, mart aýyndan daraw işletmegi 200-300 m aralyga girizmek bolar. Hepdäniň duşenbe we penşenbe günleri atlar ýoluň ters ugruna işledilýär.

Çapuw möwsümi golaýlanda we çapuw döwründe ylgawyna darap işletmek penşenbe güni we ýakyn aralyga daramak şenbe günlerinde gecirilýär.

Ýaş taýlar bilen meýdanda, tekiz ýodada işledilende azyndan 2-3 ýa-da topar taýlar goşulyp işledilse, has gowy bolýar. Şeýle edilse, gunanlarda bäsleşmek duýgusy ösýär, olar çapuwlarda ozmak üçin synanyşyga taýýar bolýar.

Ýaş gunanlary seýislemek işini her bir taýyň umumy ösüşine we aýratynlyklaryna laýyklykda alyp barmaly bolýar. Hususy atçylyk hojalyklarynda, ýerinde seýislenýän taýlar aprel aýynda dürli hereketlerde işlemegi gowy öwrenenlerinden soň, olar hem aýlawa geçirilýär we şol ýerde seýislenmegi dowam etdirilýär.

Türkmenistanyň şertlerinde taýlar iki ýaşyna ýetende aprel aýynyň soňky dynç gününden başlap ilkinji gezek çapuw ýaryşlaryna gatnaşyp başlaýarlar we iki ýaşar atlar toparynda güýzki çapuw möwsümi gutarýança, aýlawda hem seýislenip, hem çapdyrylýar.

Şeýle hem ýaş gunanlar seýislenende olary horlaman seýislemeli. Sebäbi taýlar 2-3 ýaşlarynda-da ösüşini, boý alşyny dowam etdirýär, onuň üstesine-de çapuwa seýislenilýär we çapdyrylýar, olaryň organizmine agram düşýär. Başgaça aýdylanda, gunanlar seýislenýän we çapdyrylýan döwründe ösmeli, hem etini (agramyny) almaly bolýar. Taýlar işledilendäki energiýa harajadynyň öwezini dolar ýaly we ösüş agramyny göz öňüne tutup, proteinlere, kalsiý we fosfora baý ýokumly ot-iýmler bilen iýmitlendirilmelidir.

Müngi tohum atlaryny yzygider we bütinleý seýislemek işi, ýagny ýyndamlygynyň mümkin bolan aňrybaş çägine seýisläp taýýarlamak,

aýlawda synamak – çapmak döwründe hem çapyp, hem seýislemek bilen ugurdaş amala aşyrylýar.

Şonda taýlar arassalatmaga, aýagyny galdyryp, toýnagyny gyrdyrmaga, nallatmaga öwrenişýär. Münüşe gowy öwredilenden soň aýlawa eltilýär, ol ýerde seýislenilýär we çapdyrylýar.

## Daşary yurt aylawlarynda gunanlaryn seyislenilişi

Russiýanyň Bütinrussiýa atçylyk instituty 1,5 – 2 ýaşar arassa ganly iňlis taýlaryny işletmegiň bir günlük tertibini aşakdaky 5-nji tablisadaky ýaly tertipde geçirmegi teklip edýär

*5-nji tablisa*

| At işletme hereketleriniň yzygiderligi | 1,5 – 2 ýaş aralygyndaky gunanlar |
|---|---|
| 1-nji basgançak | |
| Ýöriş, minut | 8-10 |
| Gorgun, minut | 15-20-25 |
| Ýöriş, minut | 5 |
| Seýisleme öňatdyrma, metr | 1000-1400 |
| Ýöriş, minut | 20-25 |
| Taýlary işletmegiň umumy aralygy, kilometr | 8-9 |
| 2-nji basgançak | |
| Ýöriş, minut | 8-10 |
| Gorgun, minut | 10-15 |
| Ýöriş, minut | 5 |
| Öňatdyrma, metr | 1800-2400 |
| Ýöriş, minut | 25-30 |
| Taýlary işletmegiň umumy aralygy, kilometr | 10-11 |

Seýisler tarapyndan düzülip, aýlawyň administrasiýasy tarapyndan tassyklanan seýislemegiň islendik meýilnamasy – çyzgydy aňryçäk kämil bolsa-da, ol bir at üçin oňaýly, beýleki at üçin ýaramsyz bolup biler. Şonuň üçin zootehnik seýsiň bilimi we seýisçilik iş tejribesi esasynda ol ýa-da beýleki aty işletmegiň tertibini dogry saýlap almaly bolýar. Bahar aýlary Russiýanyň şertlerinde aprel aýynda

seýislenýän taýlara hepdede bir-iki gün 200-250 metr aralyga daraw işledilýär. Eger ýol agyr palçyk bolsa, daraw işletmän, 500 metr aralyga (500 metr aralygy 45 – 50 sekuntda geçmek bilen) giň gerimli gorgun bilen çalyşmak teklip edilýär. Ertesi güni ýöriş işletmek bilen taýlara dynç berilýär. Eger atlar hojalykda seýislenýän bolsa, aýlawa ugradylmagynyň öň ýanyndaky döwürde hepdede bir gün 500 metr aralyga doly güýjüne çapylyp, daraw işledilýär.

Taýlar hojalykda seýislenýän döwri olary işletmegi çapuw ýaryşlaryna öwürmeli däl, taýlaryň organizmine ejir salyp, işletmeli däldir. Şeýle edilse, onuň organizmine zeper ýetmegi, agsamagy, öýkenine ejir düşmegi mümkin. Russiýanyň we Türkmenistanyň şertlerinde 1,5 – 2 ýaşly müngi tohum gunanlary athanalarda (atçylyk zawodlarda) seýislemek aprel aýynyň ahyryna çenli dowam edip biler.

Daşary ýurtlarda iňlis tohumly zawod atçylygynda çapuw ýaryşlaryna gatnaşmaga taýýarlamak bellenilen taýlary ýokary hünärli seýisler tarapyndan ýöriteleşdirilen seýisçilik aýlawlarynda, mysal üçin, Fransiýada Şanti aýlawynda geçirilýär. Atlar aýlawa diňe çapuw güni ýaryşlara gatnaşdyrmak üçin äkidilýär.

## Durli yaşdaky atlary çapuwlara çenli aylawda seyislemek

Atlary aýlawda seýislemegiň we çapdyrmagyň maksady olary ýaşyna, çapuw toparyna we niýetlenilen çapuw aralyklaryna görä, ýörite seýisläp taýýarlamakdan ybaratdyr. Türkmenistanyň howa şertlerini göz öňünde tutmak bilen, atlar aýlawlarda ýazky we güýzki çapuw möwsümleri başlanýança diňe seýislenýär. Ýazky we güýzki möwsümler başlanyp, tä möwsüm gutarýança çapuwlara gatnaşýan atlar synag edilýär, çapdyrylýar we seýislenilýär. Bu işler biri-biri bilen utgaşykly, ugurdaş alnyp barylýar.

Güýzki çapuw möwsümi gutarandan soň noýabr aýynyň ikinji ongünlüginden başlap, atlar ýeňil işledilmek (günde 10 minut ýöriş, 10 minut gorgun gezdirmek) bilen kem-kemden çapuwdan çykarylýar. Soňra hemme ýaşdaky çapuw atlara dynç berilýär. Seýisler şol döwürlerde tutum taýlara baş öwretmek, müngä öwretmek bilen meşgul bolýarlar. Şeýle-de howanyň yssy döwürleri iýun, iýul

we awgust aýynyň soňky ongünlügine çenli atlara dynç berilýär. Şeýlelikde Türkmenistanyň howa şertleri bilen baglanyşykly tomus we gyş aýlary atlar çapuwdan çykarylyp, olara dynç berilýär.

Çapuw atlaryň ýaşy olaryň şol ýyldaky doglan senesine garamazdan, ýylyň başyna 1-nji ýanwardan hasaplanylýar.

Şeýlelikde ýanwar aýyndan başlap geçen ýylky iki ýaşar çapan gunanlar üç ýaşar atlaryň toparyna geçirilýär, üç ýaşarlar bolsa dört we uly ýaşar atlaryň toparyna geçirilýär.

Bütinrussiýa atçylyk instituty çapuw atlar bilen işlenilende, olaryň energiýa emele geliş ätiýaçlyklaryny doly ulanmak bilen, atyň ýaşaýyş prosesini rejeli kadalaşdyryp, tertipli seýislenilende ýerine ýetirýän işleriniň, hereketleriniň ýokarlanmagyna gönükdirilen dürli usullar bilen seýislemegi teklip edýär. Institut 2,5 – 3 ýaşar arassa ganly iňlis atlaryny seýisläp işletmegiň bir günlük tertibini aşakdaky 6-njy tablisa boýunça teklip edýär.

*6-njy tablisa*

| **Hereketleriň yzygiderliligi** | **2,5 – 3 ýaş aralygyndaky gunanlar** |
|---|---|
| 1-nji basgançak | |
| Ýöriş, minut | 8-10 |
| Gorgun, minut | 25-35-45 |
| Ýöriş, minut | 5 |
| Öňatdyrma, metr | 1600-2400 |
| Ýöriş, minut | 20-25 |
| Atlary işletmegiň umumy aralygy, kilometr | 9-12 |
| 2-nji basgançak | |
| Ýöriş, minut | 8-10 |
| Gorgun, minut | 15-20 |
| Ýöriş, minut | 5 |
| Öňatdyrma, metr | 1800-2400 |
| Ýöriş, minut | 25-30 |
| Atlary işletmegiň umumy aralygy, kilometr | 10-12 |

Uly ýaşar çapuw atlaryny aýlawda çapuwlara çenli seýislemek Türkmenistanyň şertlerinde ýanwar aýyndan mart aýynyň 22-sine çenli dowam edýär.

Soňra aşakdaky ýeňil tertipde seýislemäge başlamak bolar. Uly ýaşar atlar günde 10 minut ýöriş, 3000-4000 m gorgun we soňra ýene 10 minut ýöriş bilen gezim tamamlanýar.

Birinji basgançakda siňir-baglaýjy ulgamlaryny, myşsalarynyň güýjüni we çydamlylygyny ösdürmäge ugrukdyrylan atyň organizmini capuw hereketinde işeňňir we dowamly işlemäge taýýarlamakda esasy gorgun işletmegiň aralygy, dowamlylygy we wagty bolup durýar. Bu döwürde gorgun işletmegiň wagty 20-25 minutdan geçse, aralygynda 5 minut ýöriş işletmek bilen, ony ikä bölüp, işletmeli bolýar. Gorgunda köp işletmek atyň organizmini silkelemek bilen güýjendirip, onuň umumy çydamlylygyny artdyrmaga kömek edýär. Gorgun işledilende 200-300 metr aralyga baýra galyp, sürlen ýa-da çägelik ýerlerde işletmeli bolýar. Bular atyň güýjüni artdyrýar, myşsalaryny we siňirdir baglaýjy ulgamlaryny berkidýär, gursak, garyn myşsalarynyň berkemegini (presini) güýçlendirýär.



**Ýyndamlykda aýlawy baglan Dalbedew**

Ikinji basgançakda fewral – aprel aýlarynda esasy maksat ýörite işletmek bilen atyň tizligine ylgaw-daraw işletmekde tizlikli hereke-te çydamlylygyny artdyrmaga, güýjüni we umumy çydamlylygyny ýokarlandyrmaga gönükdirilýär. Bu döwürde gorgun işletmek gys-galdylyp, 10-20 minuta çenli azaldylýar we onuň tersine, öňatdyryp işletmek köpeldilýär. Fewralyň aýaklaryndan martyň başlaryndan başlap, hepdede 3-4 gezek 5-8 minut arakesme ýöriş bilen öňki gorgunyň hasabyna öňatdyrmagy köpeldip, ikä bölüp işletmek bolar. Şonda iki ýaşarlary gowy tekiz ýodada 1500 +2000 metre we ýaramaz ýolda 1200+1500 metre, üç ýaşar we uly atlary 2400+3000 metre we ýaramaz ýolda 1400+2000 metre ikä bölüp, öňatdyryp işletmek bolar.

Synag çapuwlary döwründe atlary işletmegiň dowamlylygy aşakdaky çäklerde: iki ýaşar atlar üçin gorgun 10-15 minut; öňatdyrmak 1800-2400 metr; üç ýaşar we uly atlarda çapuw bäsleşiklerine gatnaşmagyň, daraw işletmegiň ýygylygyny artdyrmagyň hasabyna öňatdyryp işletmek 2400-3600 metr aralyga geçirilýär. Şu döwürde atlary aýrybaşga çemeleşip seýislemeli. Aýratynam, 3 ýaşar we uly atlar uly baýrakly çapuwlara taýýarlanylanda öňatdyryp sürmegiň aralygy çapyp işletmegiň hasabyna bölekleýin daraw işletmegi kö-peltmeli bolýar.

Birinji tapgyrda 2,5 ýaşly gunanlary günde 8-10 minut ýöriş, 15-20 minut gorgun, 5 minut ýöriş, 15-20 minut ýöriş bilen gezimi tamamlamak bolar. Jemi bir sagada golaý işledilip, takmynan, 8-10 kilometr aralygy geçmek bolar.

## 2 yaşar atlaryn çapuw mowsuminde aylawda seyislenilişi

2 ýaşar atlar aýlawda seýislenip, çapdyrylýan döwri olaryň boý alyp ulalyşyny ýatdan çykarmaly däl. Şonuň üçin olary zor berip seýislemeli we çapdyrmaly däl, gamçy ulanyp seýislemek, çapmak maslahat berilmeýär. Olaryň boý alşyny, ösüşini göz öňünde tutup, ýokumly ot iýmler we mineral maddalar bilen iýmitlendirilmegini üpjün etmeli. Şol döwürde taýlaryň jyns taýdan ýetişýän döwrüdigini ýatdan çykarmaly däl.

Synag çapuwlary döwründe gunanlary işletmegiň dowamly-lygy aşakdaky çäklerde: iki ýaşar atlar üçin gorgun 10-15 minut;

öňatdyrmak 1800-2400 metr aralyga geçirilýär. Şu döwürde atlary aýrybaşga çemeleşip seýislemeli.

Birinji tapgyrda 2,5 ýaşly gunanlary günde 8-10 minut ýöriş, 15-20 minut gorgun, 15-20 minut ýöriş bilen gezimi tamamlamak bolar. Jemi bir sagada golaý işledilip, takmynan, 8-10 kilometr aralygy geçmeli bolýar.

## 3,5 we uly yaşar atlaryn aylawda seyislenilişi

3,5 ýaşly atlar hem ýokardaky ýaly işledilip, gorgun sürmek 5 minut artyk işledilýar, seýisleme öňürdik 1600 metre çenli ýetirilýär. Jemi 1 sagat 5-8 minut işledilip, geçilýän ýol bolsa, 10-12 kilometre deňdir. Soňa baka gorgunyna gezdirmek bilen köpräk işledilende, aralygynda 3-5 minut ýöriş bilen gorguny ikä bölüp, gezdirmek bolar. Gorgun sürmegi 200 metr aralyga ýapa ýarmaşmak, ýumşadylan ýa-da çägelik ýerlerde geçirseň, atyň aýak myşsalarynyň berkemegine kömek edýär, güýjüni artdyrýar, siňir-baglaýjy ulgamlaryny berkidýär. Ýanwar aýynyň aýaklarynda ýakyn aralyga (150 metr) doly ylgawyna sürmek bolar.

Ikinji tapgyrda fewral – mart aýlary 3-4 we uly ýaşly atlary seýislemek atyň güýjüni we çydamlylygyny, ýyndamlyga çydamlylygyny artdyrmaga ýörite işletmek bilen geçirilýär. Fewral aýynyň ikinji hepdesinden başlap gorgun sürmegi 5000-7000 metre ýetirip, üçünji hepdesinden öz maýdalyna öňürdik we ýakyn aralyga darap sürmek girizilýär we seýislemegi aşakdaky tertipde alyp barmak bolar. Ýöriş sürmek 10 minut, gorgun 2000 metr, ýöriş 7 minut, öz maýdalyna öňürdik – ylgaw 1500 metre we 30 minut ýöriş sürmek bilen gündelik at işletmek tamamlanýar.

Üç ýaşar atlar bilen her gün 8-10 minut ýöriş, 10-15 minut gorgun, 5 minut ýöriş, öňatdyrmak 2000-2500 metre, ýöriş 20-25 minut geçirilýär. Eger öňürdikleme bir gezimde ikä bölüp geçirilýän bolsa, onuň aralygy 3500 metre çenli köpeldilýär, onuň tersine, gorgun sürmegiň wagty azaldylýar.

Soňabaka atlaryň siňirdir muskulaturasy berkişdigiçe, seýisleme oňürdikleme sürmegiň aralygy barha artdyrylyp, aprel aýynyň aýagynda 3000-3200 metre ýetirilýär, onuň tersine, gorgunyna sürmek 1000 metre çenli azaldylýar.

Aprel aýynyň 3-4-nji hepdesinde bir gezek şenbe ýa-da penşenbe günleri 3000-3200 metr gorgun işledip, öňürdigiň deregine 1000 metr aralyga doly güýjüne ylgawyna daraw işledip başlamak gerek. Maý aýynda atlary seýislemek aprel aýyndaky ýaly geçirilýär.

Dört we uly ýaşar atlar işledilende, 8-10 minut ýöriş, gorgun 10-15 minut, ýöriş 5 minut, öňürdikleme 2800-3000 metre (iki bölüp, oňürdik sürseň, aralyk, 4000 metre çenli köpeldilýar) çenli ýetirilýär. Aprel aýyndan başlap, öýlänlerine ýa-da gijaralar gezim, gorgun sürmek bilen, guma, düz ýerlere çykyp, gezdirmeli bolýar. Gorgun sürmegiň aralygy ikinji döwrüň ikinji ýarymynda 10-15 minuta çenli azaldylýar. Aprel aýyndan başlap, arasynda 5-6 minut ýöriş sürmek bilen hepdede 3-4 gün öňürdik sürmegi her gezimde ikä bölüp geçirmek maslahat berilýär. Şonda ikinji bölümini ýumşak (çägesöw ýa-da sürlen) ýerlerde ýa-da belentli-pesli, baýyrly ýerlerde geçirilse, atyň nerw, ýürek, gan damar, dem alyş ulgamlarynyň kämil işlemegine we güýjüniň artmagyna ýardam edýär. Baýyrlyk ýerlerde ahalteke atlaryny seýislemekde Bagyr obasynyň seýsi, Türkmenistanyň at gazanan atşynasy Aşyr Garrybaýew örän ussatdy.

Çapuw möwsümine 1-1,5 aý galanda, hepdede öňürdik sürmegi azaltmagyň hasabyna 1-2 gezek iki ýaşar atlary 200-500 metr aralyga, 3 we uly ýaşar atlary 500-1000 metr aralyga çenli doly güýjüne ylgawyna daraw işletmek gerek bolýar.

Atlar ýeterlik seýislenip, çapuw möwsümi golaýlanda, birsydyrgyn işletmegiň netijesinde aty bezikdirmez ýaly, 3 we uly ýaşar atlarda hepdede 2-3 gezek aralygyny üzüp (interwal), seýislemek bolar. Beýle edilmeginiň maksady zor işledilýän atlary köp işletmekden bezikmez ýaly, olary arasynda dynç berip ýa-da üýtgeşigräk tertipde seýislemeli diýmekdir.

Belläp geçmeli zatlaryň biri-de, tekiz (aýlaw) ýodalarda atlary gezim işletmek atyň pessaýdan uzyn ädimlemek, uzyndan gulaçlap çapmak ýaly endiklerini artdyrýar. Çägesöw we ýumşadylan (sürlen) ýerlerde atlary gezdirmek siňir-baglaýjy, muskulatura ulgamlaryny berkidýär. Aýlawda süýndürip ylgawyna doly güýjüne seýislemek bolsa, atyň güýjüne güýç goşýar, ýokary tizlikdäki çapuw häsiýetini artdyrýar. Şeýlelikde dürli ýerlerde, dürli hereketler bilen gezim, agym, daraw seyislemek, bularyň hemmesi, aty seýislemek üçin peý-

daly bolup, ol gezimlerde ýerini bilip işletmegi seýisler gözden salmaly däldirler.

Çapyşygyň öň ýanyndaky günler atlary ýöriş, gorgun 8-12 minut, öňürdik 1600-2200 metr iki ýaşar atlarda, 2000-3000 metr uly atlarda işledilýär. Çapyljak aralyga golaý bolan aralyga penşenbe günleri doly güýjüne daraw geçirmek bilen hepdede bir gün işledilýär.

Çapuwlara gowy taýýarlanan atlar ýeňil gopýar, müneňde oýnaklaýar, muskulaturasy gataňsydan berk bolýar, çylgym-çylgym bildirip durýar, aýaklarynyň siňirdir baglaýjy organlary guraksydan bildirip durýar, berk bolýar. Seýisi ýeten at ýeňil suwjumak derleýär, ol der çalt guraýar.

Atlar çapuwa gatnaşyp, çapuw tabyna girenden soň, olary ýyndamlygyna daraw-ylgaw işletmek at çapyşygyna gatnaşygynyň hasabyna geçirilýär. Şonda olar işledilende, her bir atyň mümkinçiligine görä işledilmelidir.

Bu döwri at seýislemegiň üçünji tapgyrlaýyn döwri hasap etmek bolar. Çapuw döwründe 4 we uly ýaşar atlary hem şeýleräk seýislemek bolar, ýöne olary köpräk işletmeli bolýar. Mysal üçin, öz maýdalyna öňürdik 2500-3500 metre, süýndirip uzaboýuna darap, ylgawyna seýislemegiň aralygyny hem köpeltmeli bolýar.

Çapuw döwründe seýislemekde esasy maksat atyň seýislenen tabyny saklamak bolup, ony çendenaşa ýadatmak bolmaýar. Şu maksat bilen işeňňir (intensiw) ylgaw ýa-da birnäçe agyr çapuwlara gatnaşandan soň, ata dem berip, 2-3 gün diňe ýöriş işletmeli, soňra 7-10 gün ýeňil işledilip, diňe şondan soň aty hemişeki tertibinde ýöriş, gorgun, oňatdyrma, daraw işletmek bolar.

## 3,5 we uly yaşar atlary seyislemekde daşary yurt aylawlarynyn tejribesi

Bütinrussiýa atçylyk instituty çapuw atlar bilen işlenilende, energiýa emele geliş ätiýaçlyklaryny doly ulanmak bilen, atyň ýaşaýyş prosesini rejeli kadalaşdyryp, ýerine ýetirýän işleriniň ýokarlanmagyna gönükdirilen dürli usullar bilen seýislemegi aşakdaky tertipde geçirmegi teklip edýär.

*7-nji tablisa*

| Hereketleriň yzygiderliligi | 3,5 ýaşar atlar | 4 we ondan uly ýaşar atlar |
|---|---|---|
| 1-nji basgançak | | |
| Ýöriş, minut | 8 | 10 |
| Gorgun, minut | 30 | 40-50 |
| Ýöriş, minut | 5 | 5 |
| | | |
| Öňatdyrma, metr | 2000 | 2800 |
| Ýöriş, minut | 20 | 25 |
| Atlary işletmegiň umumy aralygy, kilometr | 11 | 14 |
| 2-nji basgançak | | |
| Ýöriş, minut | 8 | 10 |
| Gorgun, minut | 15 | 20 |
| Ýöriş, minut | 5 | 5 |
| Öňatdyrma, metr | 3000 | 4000 |
| Ýöriş, minut | 25 | 30 |
| Atlary işletmegiň umumy aralygy, kilometr | 12 | 14 |

4 we uly ýaşar atlar bilen işlenilende, ýöriş 8-10 minut, gorgun 10-15 minut, ýöriş 5 minut, öňürdikleme 2800-3000 metre (iki bölüp, oňürdik sürseň, aralyk 4000 metre çenli köpeldilýär) çenli ýetirilýär. Aprel aýyndan başlap, öýlänlerine ýa-da gijaralar gezim, gorgun sürmek bilen, guma, düz ýerlere çykyp gezdirmeli bolýar. Gorgun sürmegiň aralygy ikinji döwrüň ikinji ýarymynda 10-15 minuta çenli azaldylýar. Aprel aýyndan başlap, arasynda 5-6 minut ýöriş sürmek bilen hepdede 3-4 gün öňürdik sürmegi her gezimde ikä bölüp geçirmek maslahat berilýär. Şonda ikinji bölümini ýumşak (çägesöw ýa-da sürlen) ýerlerde ýa-da belentli-pesli, baýyrly ýerlerde geçirilse, atyň nerw, ýürek, gan-damar, dem alyş ulgamlarynyň kämil işlemegine we güýjüniň artmagyna ýardam edýär.

Çapuw möwsümine 3 we uly ýaşar atlary 500-1000 metr aralyga çenli doly güýjüne ylgawyna daraw işletmek gerek.

## Atlaryn arakesmeler bilen we dynç berlip, «interwal» işledilişi

Atyň çapuw işeňňirliginiň (mysal üçin, ýyndamlygynyň) artmagy, atyň seýislenen derejesini aňladýan käbir hadysalaryň ösmegi bilen häsiýetlenýär. Ol ilki bilen organizmiň işiniň «tygşytlylygy», başgaça aýdylanda, iş birligine energiýa harajadynyň azalmagy, az we orta derejede işledilende, üýtgeşmeleriň bolmazlygy, organizmde dikeldiş prosesiniň haýallamagy bilen bolup geçýär. Fiziologik prosesleriň energiýa tygşytlylygy we at organizminiň bar güýjüni şoňa ugrukdyrmak ukyby biri-birine garşy bolmadyk atyň işjeňligini artdyrýan mehanizminiň iki tarapydyr. Seýislenýän wagtynda myşsalaryň işiniň yzygider gaýtalanmagy ýokary nerw ulgamynyň kämilleşmegine atyň işjeňligi bilen şertli arabaglanşygy ýüze çykarmaga we ony berkitmäge, şeýlelikde, atyň ýokary tizlikli hereketlendiriji endiklerini ösdürmäge kömek edýär.

Seýislemegi ýatyrmak öň emele gelen şertli arabaglanyşyk ukybynyň, myşsalaryň kem-kemden tersine üýtgemegine we işjeňliginiň has peselmegine getirýär. Ýürek, gan-damar, dem alyş organlarynyň mümkinçilikleri hem peselmek bilen bolýar. Şonuň ýaly atlar täzeden seýislenip başlananda, olaryň işjeňligi has haýal dikelýär. Şeýlelikde, aty ulgamlaýyn yzygider seýislemegiň örän uly ähmiýeti bolup, seýislenen derejesini artdyrmakda, belli bir islenilýän derejede çapuw tabyny saklamakda, aýlaw ýodalarynda öňatdyrma we ylgawyna daraw işletmegiň aýlaw çapuwlarynda çapuw atlaryň ýokary netijeleri gazanmaklygynda ähmiýeti bardyr.

Aty seýisläp işletmegiň üç sany ýörelgesi bar. Birinjiden, gündelik işletmegiň möçberini kem-kemden artyrmak, mysal üçin, ýörüş işletmegi azaldyp, gorgunyna işletmek we onuň wagtyny we aralygyny köpeldip, ikä bölüp işletmek. Ikinjiden, atlary mümkin bolan agyr aňryçäk derejede çapuw görnüşinde daraw işletmek.

Seýislemegiň üçünji basgançagynda gorgun işletmegiň wagtyny we aralygyny azaldyp, öňatdyryp işletmegiň aralygyny we wagtyny köpeldip, öňatdyrmagy ikä bölüp işletmek. Şeýle intensiw işledilende atlaryň ýadawlyk häsiýeti ýüze çykmagy mümkin. Atlar işeňňir

işletmekden bezigýär we şonuň üçin aty arakesmeler bilen dem berip ýa-da seýislemegiň rejesini üýtgedip (interwal), seýislemeli bolýar.

## Çapuwyn on yany we çapuw guni atlary seyislemek

Atlar çapuwa gatnaşyp, çapuw tabyna girenden soň, olary ýyndamlygyna daraw-ylgaw işletmek at çapyşygyna gatnaşmagynyň hasabyna geçirilýär. Şonda olar işledilende her bir atyň ýaşyna, mümkinçiligine görä işledilmelidir.

Bu döwri at seýislemegiň üçünji tapgyrlaýyn döwri hasap etmek bolar.

Atyň çapuwlara gatnaşýan döwründe olary seýislemekde esasy maksat atyň **seýislenen tabyny saklamak** bolup, ony çendenaşa ýadatmak bolmaýar. Şu maksat bilen işeňňir (intensiw) ylgaw ýa-da birnäçe agyr çapuwlara gatnaşandan soň, ata dem berip, 2-3 gün diňe ýöriş işletmeli. Soňra 7-10 gün ýeňil işledilip we diňe şondan soň aty hemişeki tertibinde ýöriş, gorgun, öňatdyrma, daraw işletmek bolar.

«Çapuwyň öň ýanyndaky we çapuw günleri aty suwa düşürmek bolmaýar», diýip, garry seýis Babaly Taýmazow aýdardy. «Ol aty sökýär» diýip hasaplardy. At işledilende we athanada wagty ony biynjalyk etmeli däl. Öňüne tuty tutup saklasaň, has gowy. Ýanyna nätanyş adam goýbermeli däl. Gykylyk etmeli däl. Agşamky iýmine 1 kg undan bulamak-ardap iýdirmek bolar. Gijesine öňüne ýapragy kakylan azajyk ýorunja bedesini bermeli. Atyň içini ýellendiräýjek iýmitleri bermeli däl.

Çapuw güni atyň irki iýmini hemişekisi ýaly bermeli, ýöne çapuwa gitmäge azyndan 4-5 sagatdan az wagt galanda iým bermek maslahat berilmeýär. Çapuwyň öň ýany soňky gezimi atlara çapuwa ugradylýan gezim meýdançada (paddokda) berilýär.

Çapuw gutarandan soň atyň çekisini gowşadyp ýa-da eýerini aýyryp, aty idip (ýa-da münüp) athana getirmeli we bir sagada golaý demini dürsäp, deri gaýdýança meýdançada idip gezdirmeli. Şonda howa sowuk bolsa, üstüne jul atmaly. Soňra teblehana salyp (agzyny çaýkar ýaly azajyk suw bermek bolar), ýeňil süpürişdirip, öňüne ot dökmek bolar.

Diňe 3-4 sagat geçenden soň, agşamaralar aty gandyryp, suwa ýakmaly, soňra iýmini berip, öňüne ot dökmeli. Köne seýisler uly agyr çapuwlara gatnaşan atlaryň aýagynyň awusyny almak üçin agşamaralar aýlaw ýodasynda darap alýarlar. Käbir seýisler şeýle daraw işletmegi «atyň aýagynyň awusyny almak» hasaplaýarlar. Munuň özi çapan atlaryň soňra aýagynyň ýellenmezligine, guruşmazlygyna kömek edýär. Çapuw gününiň ertesi atlara diňe ýeňiljek gezim bermeli, soňraky günler bolsa kem-kemden hemişeki tertibinde seýislemeli.

## Seyisçilik bolumlerindaki işgarlerin sanawy

Iri atçylyk kärhanalarynyň, atçylyk zawod athanalarynyň seýisçilik bölümleri we olaryň işgär sanawy hojalygyň çapuwa degişli atlarynyň sanawy bilen kesgitlenýär. Uly hojalyklarda çapuw atlar köp bolanda birnäçe seýisçilik bolümlerini döretmeli, işgärleriň sanawyny, hünär derejesini kesgitlemeli bolýar. Şonda seýis VI, hünärli çapyksuwar VI, çapyksuwaryň kömekçisi V, seýisçilik bölümiň atbakarlary IV hünär derejeli işgärler hasaplanylýar. Hereket edýän kadalarda seýisçilik bölümleriniň 1 işgärine aşakdaky tablisada getirilýän kada boýunça at sany berkidilýär we hünär derejesine laýyklykda aýlyk haklary bellenilýär (*8-nji tablisa*).

*8-nji tablisa*

**Seýislenen atlara hyzmat etmegiň kada boýunça meýillendirilişi**

| T.b. | Işgärleriň hünäri | Müngi tohumly seýislenýän atlar, 20 baş |
|---|---|---|
| 1 | Seýis | 1 |
| 2 | Çapyksuwar | 1 |
| 3 | Çapyksuwaryň kömekçisi | 1 |
| 4 | Atbakar | 4-5 |
| 5 | Gijeki atbakar | 1 |

Şeýlelikde, 20 atlyk bir seýisçilik bölümde 1 seýis, 1 çapyksuwar, 1 çapyksuwaryň kömekçisi, 4 atbakar we 1 gijeki atbakar jemi

8 işgär hyzmat edýär. 8 işgäriň aýlyk hakyny goşup, 20 ata paýlamak bilen 1 aty seýisläp çapan hyzmaty üçin ortaça bahany, ýagny 1 at üçin aýlyk fonduny ýa-da islendik sandaky seýislenýän atlaryň hak tölemek boýunça aýlyk fonduny kesgitläp bolar.

## Seyisçilik athanalarynda işlerin gun tertibi

Seýisçilik athanalarynda atlary iýmitlendirmegiň, suwa ýakmagyň, idetmegiň we seýislemek üçin işletmegiň gün tertibi seýisler bilen ylalaşykda aýlawyň zootehnigi we weterinar lukmany tarapyndan düzülýär, ol aýlawyň ýolbaşçysy tarapyndan tassyklanylýar (*9-njy tablisa*). Işleriň wagtynda we talabalaýyk ýerine ýetirilmegine baş seýis jogap berýär.

*9-njy tablisa*

**Seýisçilik athanalarda işleriň gün tertibi**
**(gyş aýlary üçin)**

| Wagty (sagatda) | Yerine ýetirilmeli işler |
|---|---|
| Daňdan 3:00 – 4:00 | Atlary suwa ýakmak, iým bermek. |
| Irden sagat 6:00 – 10:00 çenli | Atlary seýislemek – ýöriş, gorgun, öňürdik we ýlgawyna işletmek. |
| Gündiz sagat 10:00 – 13:00 çenli | Athanalary, teblehanalary arassalamak, atlary arassalamak, suwa ýakmak, iým bermek, öňüne ot dökmek. |
| Öýlän sagat 13:00 – 15:00 çenli | Arakesme. |
| Öýleden soň sagat 15:00 – 18:00 çenli | Atlary tekiz ýerlerde, baýyrlyk, gumluk ýerlerde gezimine işletmek. |
| Agşam sagat 18:00 – 19:00 çenli | Athanalary, atlary arassalamak, suwa ýakmak, iým bermek we ot dökmek. |
| Gije sagat 23:00-da | Gijeki atbakar atlara bede berýär. |

Maslahat berilýan atlary işletmegiň, ot we iým bermegiň, suwa ýakmagyň gün tertibi mysalydyr we aýlawyň, seýisçilik bölüminiň

içki iş tertibine görä üýtgedilip bilner. Her bir seýisçilik bölüminde seýisler tarapyndan düzülen atlary seýislemegiň möwsümleýin we ýyllyk iş meýilnamasy bolmalydyr. Dürli ýaşdaky atlary aýlaw ýodalarynda we düz meýdanda, çägelik ýa-da sürülen ýerlerde işletmegiň wagty, aralyklary, kejir atlar bilen işlemegiň aýratynlyklary, atlaryň aýaklaryny gözegçilikde saklamagyň we nallamagyň tertibi iş meýilnamasynda görkezilmelidir. Seýisler, çapyksuwarlar aýlawyň içki tertip-düzgünlerini doly berjaý etmelidirler.

Baş seýsiň ýolbaşçylygynda we görkezmelerine laýyklykda seýsiň kömekçisi, bölümiň çapyksuwarlary, atbakarlar atlary dürli gezimde işletmegiň, iýmitlendirmegiň, suwa ýakmagyň, atlary we athanalary arassalamagyň gün tertibindäki işleri ýerine ýetirýärler.

## Çapuw atlaryny iymitlendirmegin tertibi

Müngi çapuw atlary seýisläp, çapuwlara taýýarlamakda we ýokary netijeleri gazanmakda olary kada boýunça dogry we rejeli iýmitlendirmek bu işiň esasylarynyň biri bolup durýar.

Satyn alynýan ýa-da athana düşürilýän ot we iýmler seýisçilik bölümlerine kabul edilende onuň hilini daşky görnüşi boýunça barlap, kabul etmeli. Däneli iýmler, arpa, süle, jöwen tozandan, kesek we daş bölejiklerinden arassa, heňlemedik bolmalydyr.

Ýarylan arpa ýarmasy, ýenjilen süle ýaly iýmler täze taýýarlanylan bolmaly. Ol iýmler bilen taýlary we horan atlary iýmitlendirmek amatlydyr (horan atlar dänäni gowy çeýnemän iýip, ol iým olaryň tezeginde däne görnüşinde bölünip çykýar). Däneli iýmler – arpa, süle, jöwen ýele sowrulyp, tozandan, harpykdan arassalanan, heňlemedik bolmaly. Arassalanan iýmler suwda gowy ýuwlup, soňra her bir ata iým paýy seýsiň görkezmesi boýunça paýlanyp iýdirilmelidir.

Bugdaý az berilmelidir, köpräk berilse, atyň aýagyna düşýär. Biziň seýislerimiz 1 kg bugdaýy gaýnadyp, çapuwdan öňki güni iýdirýär. Azajyk bugdaý ununy gowrup, atyň suwuna garyp, 1-2 gezek içirseň, gowy netije berýänligi we atyň ýönekeý mümkin bolaýjak

içagyrysyny aýyrmaga, garyn-içegesiniň işleýşini gowulandyrmaga kömek edýänligi daşary ýurt alymlary tarapyndan anyklanypdyr (Preston Burç, Müngi atlarynyň seýislenilişi). Köne türkmen seýisçiliginde jöwen unundan ardap taýýarlap, uly çapuwlardan öň we uzak aralyklara çapuwlaryň arasynda ata içirmegiň gowy netijeleri berýänligi bize mälimdir. Şeýle-de bolsa atlara yzygider bulamak iýdirmegiň aty ýognaslaşdyrýanlygy we semretmek bilen aty gowşadýanlygy seýisçilik baradaky ylmy çeşmelerde bellenilýär.

Gyş aýlary az mukdarda we az wagtlaýyn bulamak iýdirmek içi dykylýan atlaryň içini gowşatmaga kömek edýänligi barada maglumatlar bar. Atyň iýmitine seresap bolmasaň, onuň aşgazan-içege gurluşynyň aýratynlygy bilen baglanşykly sanjy, içine ýel gapmak ýaly ýagdaýlaryň ýüze çykmagy mümkin.

Iýmit bilen organizme barýan ýaglarda energiýa taýdan ýokumly maddalar köp bolýar. Seýislenýän atlara arassalanan zygyr, balyk, pagta ýagyny (arassalanan «Ahal» pagta ýagyny) iýmitlendirmegiň kadalarynda görkezilen möçberlerde bermek bolar. Ilki atlara ýagy az-azdan iýmine goşup, iýmegi öwretmeli. Ýag agşamky iýmine goşulyp berilse gowudyr. Ýag, çakyr daşy kislotasy iýmine garylyp iýdirilse, atlaryň tüý örtügi çalt çalyşýar we ýalpyldaýar, tüý örtügi öwüşgin atýar.

Atlary iýmitlendirmek bilen seýis, seýsiň kömekçisi, atbakar iş salyşýar. Agşam taýýarlanyp goýlan iým gije sagat 3-4-de berilýär. Ot iýmler irden azrak we agşamlaryna köpräk berilýär. Mysal üçin, günde üçe paýlap, jemi 9 kilogram iým iýdirilýän bolsa – irden 2, günortan 3 we agşam 4 kilogramdan paýlap iýdirmek bolar. Iýmitlendirmekde hil taýdan gowy bedäniň ähmiýeti uludyr. Şonda ýorunja bedesi gatyşyk we tebigy otlaryň bedesini iýdirmek bolar. Arassa gara çaýyr, ýuwulan çaýyr damary, käşir atyň işdäsini açyp, witamin ýetmezçiliginiň üstüni doldurýar. Ýumurtga beloklara baýdyr, ýumurtganyň gabygy kalsini köp saklaýar. Iýmitlendiriş paýynyň düzüminde mineral maddalar ýetmezçilik etse, süňk uny berilýär, hek, ftorsyzlanan superfosfat bermek bolar. Nahar duzynyň bir günde bir çaý çemçesini iýmine goşup bermek bolar.

# V BÖLÜM. UZAK ARALYKLARA (MARAFON) ÇAPUWLARA WE ATLY YORIŞLERE ATLARY SEYISLEMEK

## Uzak aralyklara çapuwlara atlary seyislemek

Uzak aralyklara (marafon) çapuwlara we atly ýörişlere atlary seýislemek ýokarda seredilip geçilen tekiz ýollarda aýlaw çapuwlaryna ýakyn aralyga atlary ýyndamlygyna seýislemekden tapawutlanýar. Uzak aralyklara at çapyşyklarynyň maksady gadymy zamanlarda-da, häzirki döwürde-de atlaryň uzakçyllygyny, çydamlylygyny kesgitlemek maksady bilen geçirilipdir. Uzak aralyklara at çapyşyklar bir we köp günlük wagt arasynda geçirilýär.

Uzak aralyklara çapuwlara atlary seýislemek köne türkmen seýisçilik ýoluna örän meňzeş bolup, ol atyň uzakcyllygyny, çydamlylygyny, güýjüni artdyrmaga seýislemeklige gönükdirilendir.

Häzirki döwürde uzak aralyklara at çapyşyklary Atçylyk sportunyň halkara federasiýasy (FEI) tarapyndan resmileşdirilen derejesine çykandyr, atlaryň çydamlylygyna bolan talaplar has ýokarydyr. Marafon çapuwlar atlaryň tohumynyň iş ukybyny, tutuş beden gurluşynyň (konstitusiýasynyň) berkligini, çydamlylyk, güýjüni çalt dikeltmek ýaly görkezijilere synag etmegiň görnüşi bolup, müngi tohumly atlar bilen geçirilýän seçgi-tohumçylyk işleriniň hil taýdan bir bölegi hasaplanýar.

1979-njy ýylda Yewropanyň 30 ýurdunyň gatnaşmagynda uzak aralyklara marafon çapuwlarynyň Ýewropa guramasynyň agza ýurtlary marafon çapuwlary boýunça «Ýewropa baýragyny» döredýärler we şol ýyl FEI tarapyndan «Uzak aralyklara çapuw ýaryşlaryny geçirmegiň düzgünnamasy« kabul edilýär. 1985-nji ýylda Awstriýada atçylyk sportunyň marafon çapuwlary boýunça birinji Halkara çempionat ýaryşlary geçirilýär.

Atçylyk sportunyň hemme görnüşlerinde bolşy ýaly, uzak aralyga at çapyşyk ýaryşlarynda üstünlik, köplenç, saýlanylyp alnan atlara, olaryň tohumyna we ýörite seýislenen derejesine, ýagny seýsiň we çapyksuwaryň ussatlygyna bagly bolýar. Şonuň ýaly maksat bilen saýlanylan atlara esasy talaplar beden gurluşynyň berkligi,

syna-sypatynyň ýerbe-ýerligi, atyň sagdynlygy, umumy çydamlylyk we batyrgaý hereketli bolsa gowudyr. Saýlanýan atyň aýaklarynyň gurluşyna, siňirdir baglaýjy ulgamlaryna aýratyn üns bermeli. Aýagy çakyşýan, toýnagy iç tarapa ýa-da daşa gyşaran, art bakanyndan büdreýän (zaseçka), toýnak buýnuzy döwülýän, toýnagy ýatyk atlar saýlanylmaly däldir. Uzyn bakanly atlaryň aýaklary berk bolmaýar, kelte dik bakan hem gowy bolmaýar. Bakany dik atlaryň ressorlygy pes we toýnagyna uly agram däşýär, üsti bijaý, çapyksuwar üçin oňaýsyz bolýar. Saýlanylýan atlaryň pilçe we çigin bölegine aýratyn üns berilmelidir. Ýapgyt pilçeli atlaryň hereketi gowy öndürijilikli bolýar. Olaryň çigin, pilçe myşsalary gowy ösen bolýar. Kelte we dik pilçede atyň hereketi kelte, giň we uzyn gorgun ösmedik, goltukdan agsagyç bolýar.

Saglygyna we aýaklaryna şikes ýetmedik, öň aýlawda çapylan, atly gezimde ulanylan atlar hem uzak aralyklara çapuwlara ýörite seýislenip we ulanylyp bilner. Gowy netijeleri atlar 8-14 ýaş aralygynda gazanmak bilen ýokary üstünliklere eýe bolýar. Marafon çapuwlara ýörite saýlanan atlar 4-5 ýaşlaryndan seýislenip başlansa, 8-10 ýaşlarynda üstünlikli çykyş edýärler. Şonda ilkinji ýyllar uly bolmadyk tizlikde, uzak arakesmeler bilen ýaryşlara gatnaşyp dursa, atyň köp ýyllap çapuwlarda uzakçyllyk ukybynyň saklanmagyny üpjün edýär, ykdysady taýdan marafon çapuwalara taýýarlamak netijeli bolýar.




**Atlar ula gidende**

Uzak aralyklara çapuwlarda atlar bilen bir hatarda çapyksuwarlar hem sport tabynda bolmalydyr. Olara öz işledip, seýisleýän atlaryny özleri çapsalar, gowy bolýar. Şonda at bilen çapyksuwaryň arasyndaky arabaglanyşyk, biri-birine düşünmek häsiýetleri gowy ýüze çykýar.

Häzirki döwürde Berkarar döwletiň bagtyýarlyk zamanasynda biziň ýurdumyzda we daşary ýurtlarda müngi atlaryny 60, 90, 120, 160 kilometr aralyklara seýislemek boýunça tejribe toplanandyr. Şonuň ýaly-da biziň ýurdumyzda halkara ülňülerine laýyklykda Türkmenistanda birinjilik almak ugrunda her ýyl uzak aralyklara çapuw ýaryşlary geçirilýär. Atlary seýislemek we ýaryşlary geçirmek üçin hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen Polatly aýlawy gurlup, ol 2013-nji ýylda Bedew baýramçylygynda ulanylmaga berildi. Uzak aralyklara çapuwlarda türkmen atynyň deňi-taýy ýok hasaplanylýar.

2013-ni ýylyň 25-nji aprelinde Türkmenistanda birinjiligi almak üçin uzak aralyklara geçirilen bäsleşiklerde Türkmenistanyň Prezidentiniň atçylyk toplumynda ösdürilip ýetişdirilen Gülnar atly (seýsi Kakamyrat Agamyradow, çapyksuwary Begenç Agamyradow) 10 ýaşly gysrak (Erekdag we Gaýtar diýen atlaryň neslinden) 60 kilometr aralygy 2 sagat 45 minutda geçmek bilen birinji ýeri we Täze diýen mele at (Tebigat we Pileden) ikinji baýrakly orny (2 sagat 48 minut) eýeläp, hormatly Prezidentimiziň uly bayragyna, daşary ýurt markaly awtoulaglara mynasyp boldular. 2014-nji ýylda geçirilen marafon çapuwda birinji ýeri Türkmenistanyň Prezidentiniň ahalteke atçylyk athanasynyň Şagadam diýen aty eýeläp, ol uly baýraga mynasyp boldy.

Atlary uzak aralyklara çapuwlara seýisläp taýýarlamagyň aýratynlygy olary kem-kemden işletmegiň möçberini yzygider artdyrmak bilen atyň we çapyksuwaryň saglygyna zeper ýetirmän, atyň güýjüni ýeňillik bilen dikeltmek we uzakçyl çapuw tabyna salmak bolup durýar.

Seýisläp taýýarlaýyş döwrüniň dowamlylygy saýlanan atyň ilki ýagdaýy we onuň nirede ulanylanlygydyr. Öň taýýarlanylmadyk atlary uzakçyllyk çapuw tabyna ýuwaş-ýuwaşdan, azyndan 6 aý seýisläp, soň çapuwlara goşmak bolar. Öň çapuwlara ýa-da atçylyk sportunda ulanylan atlar 3 aýdan 6 aýa çenli seýislenip, uzakçyllyk çapuw tabyna salnyp bilner. Eger at aýlaw çapuwyndan täzelikde çykan bolsa ýa-da uzak aralyga eýýäm çapan bolsa, onda ol aty uzak çapuwlara

1 aýdan 3 aýa çenli döwrüň içinde seýisläp taýýarlamak ýeterlik hasaplanylýar.

Atyň saglyk ýagdaýyny we çapuw tabyna girişini gözegçilikde saklamak seýislemegiň esasy bölegininiň biridir. Aty işletmäge başlamazdan öňürti, her gün atyň aýaklaryny görmeli, eliň bilen sypap, aýagynyň gyzgynyny, agyrysyny, ýellenen ýa-da ýellenmedigini anyklamaly. Şeýle ýagdaýlar ýüze çyksa, ol çendenaşa artykmaç işletmegiň alamaty bolup, ol alamatlar aýrylýança, aty seýislemegi wagtlaýynça bes etmeli bolýar. Soňra ýagdaýy gowulaşansoň, kem-kemden işletmäge başlamak bolar. Her gün aty işledip gelnensoň, ýürek urgusynyň minutlyk ýygylygyny, dem alyş ýygylygyny barlap durmaly.



**Weterinar gözegçiligi nokatlarynda atyň fiziologik-kliniki görkezijileriniň barlanylyşy**

Atyň işledip gelnenden 15 minut geçensoň, ýürek urgusynyň ýygylygy minutda 64 urgudan ýokary bolsa, atyň köp işledilenliginiň alamaty bolup, gündelik işletmegiň wagtyny azaltmaly bolýar.

Britan atçylyk jemgyýeti uzak aralyklara çapuwlara atlary seýisläp taýýarlamagyň aşakdaky tertibini teklip edýär. Ol üç basgançakdan durýar.

Seýislemegiň başlangyç döwrüniň maksady olary ýöriş, gorgun, öňatdyrma hereketlerde uzak wagtlap agyr seýisläp işletmäge öwret-

mek we myşsalaryň umumy güýjeniş, myşsa süýümleriniň ýognama we gerip-dartylma ukybyny hemmetaraplaýyn ösdürmäge gönükdirilendir (10-njy tablisa). Şonda beýikli-pesli we çarkandakly ýollarda işletmek atyň siňir-baglaýjy ulgamlaryny berkitmäge, atyň ýol-ugur tapyjylygyny, ýoluň ýagdaýyna görä, ýoly saýhallap çapmak ukybyny artdyrmaga kömek edýär.

*10-njy tablisa*

**Marafon çapuwlaryna seýislemekde başlangyç döwürde aty işletmegiň meýillendirilişi**
**(Britan atçylyk jemgyýetiniň teklibi boýunça)**

| Hepdäniň günleri | Dürli hereketleriň yzygiderliligi | Aty işletmegiň dowamlylygy |
|---|---|---|
| 1-nji hepde | | |
| Duşenbe | Öz maýdalyna ýöriş | 1-1,5 sagat |
| Sişenbe | Öz maýdalyna ýöriş | 1-1,5 sagat |
| Çarşenbe | Öz maýdalyna ýöriş | 1-1,5 sagat |
| Penşenbe | Öz maýdalyna ýöriş | 1-1,5 sagat |
| Anna | Dynç (gezim meýdança kowmak ýa-da elde işletmek bilen) bermek. | |
| Şenbe | Işeňňir ýöriş işletmek | 1,5-2 sagat |
| Ýekşenbe | Ýöriş gorgun (dürli ýollarda) | 3 sagat |
| 2-nji hepde | | |
| Duşenbe | Ýöriş, gorgun (gorgun aralygynda 10-15 minut ýöriş ) bölüp işletmek | 1,5-2 sagat |
| Sişenbe | Ýöriş, gorgun (gorgun aralygynda 10--15 minut ýöriş ) bölüp işletmek | 1,5-2 sagat |
| Çarşenbe | Ýöriş, gorgun (gorgun aralygynda 10--15 minut ýöriş ) bölüp işletmek | 1,5-2 sagat |
| Penşenbe | Ýöriş, gorgun (gorgun aralygynda 10--15 minut ýöriş ) bölüp işletmek | 1,5-2 sagat |
| Anna | Dynç (gezim meýdança kowmak ýa-da elde işletmek bilen) bermek | |
| Şenbe | Ýöriş, gorgun (dürli ýollarda) | 2 sagat |
| Ýekşenbe | Ýöriş, gorgun (dürli çarkandakly ýollarda) | 3 sagat |
| 3-nji hepde | | |
| Ikinji hepdedäki ýaly, ýöne köpräk gorgun bilen beýige ýarmaşmak we pese düşmek | | |

Atlary seýislemegiň ikinji esasy basgançagy 3-4 hepde (11-nji tablisada getirilen tertipde) dowam edýär. Gorgun sürüp, öňatdyryp işletmegiň dowamlylygy uzaldylýar. Taýýarlygy uzak aralyga ýöriş bilen tamamlamak maslahat berilýär. Hepdede bir gün geçilmeli aralyk 30 kilometre ýetirilmelidir.

*11-nji tablisa*

**Taýýarlamagyň esasy bolan 2-nji basgançagynda atlary işletmegiň tertibi**

| Hepdäniň günleri | Dürli hereketleriň yzygiderliligi | Dowamlylygy |
|---|---|---|
| | 4-nji hepde | |
| Duşenbe | Öňatdyryp işletmegi goşmak bilen 2-3-nji hepdelerdäki ýaly | 1,5-2 sagat |
| Sişenbe | Ýokardaky ýaly | |
| Çarşenbe | Ýokardaky ýaly | |
| Penşenbe | Ýokardaky ýaly | |
| Anna | Dynç (gezim meýdança kowmak ýa-da elde işletmek bilen) bermek | |
| Şenbe | Uly bolmadyk gezim, 10-15 minut töwerekleýin ýüpde işletmek | |
| Ýekşenbe | Ýöriş, gorgun, öňatdyrma (dürli ýollarda) | 3 sagat |
| | 5-nji hepde | |
| Duşenbe | Ýöriş, gorgun, öňatdyrma (dürli ýollarda) | 1,5-2 sagat |
| Sişenbe | 30 minut ýöriş, 30 minut manež gezimi, 30 minut ýöriş | 1,5 sagat |
| Çarşenbe | Ýöriş, gorgun | 1,5-2 sagat |
| Penşenbe | Ýöriş, gorgun, uzaldylan aralyga öňatdyrmak | 2 sagat |
| Anna | Dynç (gezim meýdança kowmak ýa-da elde işletmek bilen) bermek | |
| Şenbe | Ýöriş, gorgun | 2-3 sagat |
| Ýekşenbe | Ýöriş, gorgun, öňatdyrma 30 km aralyga golaý | 4 sagat |
| | 6-njy hepde | |
| | Bäşinji hepdedäki ýaly yzygiderlikde işletmek | |

Seýislemegiň soňki jemleýji basgançagynda (12-nji tablisa) uzak ýollara işledilmäge öwrenişenden soň atlary işletmegiň esasy bölegine geçmek bolar. Bu döwürde esasy maksat kem-kemden yzygider agyr işletmek bilen ýürek myşşasynyň, dem alyş ulgamlarynyň berkemegini, ösmegini üpjün etmekdir. Şonda ýakyn aralyga darap durmak, arakesmeler bilen öňatdyryp işletmegiň aralygy we wagty köpeldilýär.

Hepdede bir gün 50 kilometre golaý, galan günleri 25 kilometr aralyga jemi 3,5–4 sagat işletmeli bolýar. Taýýarlygyň meýilnamasyna manež gezimi, uly bolmadyk tebigy päsgelçiliklerden bökmek ýaly at işletmegiň görnüşlerini girizmek peýdalydyr.

Atlaryň ugurtapyjylygyny ösdürmek maksady bilen gezdirilip, at işledilýän ýol ugurlary düz, çägelik, beýikli-pesli çarkandakly ýollara üýtgedip durmaly bolýar. Dürli ýollarda at işletmek tekiz aýlaw ýodasynda köp işledilendäki ýaly aty bezikdirmeýär.

*12-nji tablisa*

**Atlary uzak aralyklara seýisläp taýýarlamagyň jemleýji basgançagy**

| **Hepdäniň günleri** | **Dürli hereketleriň yzygiderliligi** | **Dowamlylygy** |
|---|---|---|
| 7-nji hepde | | |
| Duşenbe | Köp ýöriş işletmek, gorgun we öňatdyryp işletmegiň döwri (25 km-e çenli) uzaldylan | 3,5-4 sagat |
| Sişenbe | Ýokardaky ýaly | |
| Çarşenbe | Ýokardaky ýaly | |
| Penşenbe | Ýokardaky ýaly | |
| Anna | Dynç (gezim meýdança kowmak ýa-da elde işletmek bilen) bermek | |
| Şenbe | Ýöriş bilen gezim. Gorgun, öňatdyrmak (25 kilometr aralyga) | 3-4 sagat |
| Ýekşenbe | Ýöriş gorgun, öňatdyrma (dürli ýollarda) 50 kilometr aralyga | 4 sagat |
| 8-nji hepde | | |
| Duşenbe | Manež gezimi, uly bolmadyk gezim | |
| Sişenbe | Ýöriş gorgun, öňatdyrma 45-50 kilometr aralyga | |
| Çarşenbe | Ýokardaky ýaly – 20-25 km | |

| | | |
|---|---|---|
| Penşenbe | Ýokardaky ýaly – 45-50 kilometr aralyga. | |
| Anna | Dynç (gezim meýdança kowmak ýa-da elde işletmek bilen) bermek | |
| Şenbe | Ýöriş, gorgun, öňatdyrma jemi 25 kilometr aralyga işletmek | |
| Ýekşenbe | Ýöriş, gorgun, öňatdyrma (dürli ýollarda) 50 kilometr aralyga. Atyň tizligi ölçenilýär | |
| 9-njy hepde | | |
| Duşenbe | Manež gezimi, uly bolmadyk gezim. | |
| Sişenbe | Ýöriş, gorgun, öňatdyrma 40 kilometr aralyga | |
| Çarşenbe | Ýokardaky ýaly – 25 kilometr aralyga | |
| Penşenbe | Ýokardaky ýaly – 40 kilometr aralyga. | |
| Anna | Dynç (gezim meýdança kowmak ýa-da elde işletmek bilen) bermek | |
| Şenbe | Ýöriş, gorgun, öňatdyrma jemi 25 kilometr aralyga işletmek | |
| Ýekşenbe | Ýöriş, gorgun, öňatdyrma (dürli ýollarda) 50 kilometr aralyga. Atyň tizligi ölçenilýär | |
| 10-njy hepde | | |
| Duşenbe | Manež gezimi, uly bolmadyk gezim | |
| Sişenbe | Erkin gezim. Atyň öz erkine görä işletmek | 1-2 sagat |
| Çarşenbe | Ýokardaky ýaly | |
| Penşenbe | Manež gezimi | 1,5 sagat |
| Anna | Aýagyny ýazmak üçin gezim, uly bolmadyk ylgaw | 30 minut |
| Şenbe | Ýaryşlara gatnaşmak bolar | |

Ýokarky usullarda taýýarlanylan atlar sagatda 12-14 kilometr ýol geçmek bilen, uzak aralyklara çapuwlara gatnaşyp bilerler. Indiki marafon çapuwa ol aty azyndan 1,5 aýdan soň gatnaşdyrmak bolar.

Birnäçe gezek ýaryşlara gatnaşan atlar bilen işlenilende, belli-belli aralyklara ylgawyna işletmek, arakesmeler (interwal) bilen seýislemek ýaly usullary ulanmaly bolýar. Atlary ýokary tizlikde uzak aralyklara seýislemek we çapdyrmak birnäçe ýylyň işidir.

11. Sargyt № 1174.

Uzak aralyklara çapuwlara atlary seýislemek köne türkmen seýisçilik ýoluna örän meňzeş bolup, atyň çydamlylygyna seýislemäge aýratyn üns berilýär.

Türkmenistanyň şertlerinde marafon at çapyşyklaryna atlary seýislemegiň hepdelik we aýlyk yzygiderlikdäki mysaly tertibi 13-nji tablisada getirilýär we ol usullar gowy netijeleri berýär.

Şonda atlary dört aýlap dürli hereketlerde we dürli şertlerde, ýörite düzülen meýilnama boýunça ýzýgiderlikde seýislemek işleri geçirilse, amatly bolýar. Şeýle tertipnamada seýislenen atlar uzak aralyklara çapuwlara, marafon ýaryşlaryna taýýarlygyny üstünlikli çykyş etmek bilen görkezdiler.

*13-nji tablisa*

**Marafon at çapyşyklaryna atlary 4 aýlap seýislemegiň mysaly iş meýilnamasy**

| | **Aty işletmegiň dowamlylygy, minutlarda** | | | | | | | **Bir günde** | | **Agşamlaryna şöwür bermek, minut** |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | ýöriş | gorgun | ýöriş | uzyn gorgun | ýöriş | öňürdik ylgaw | ýöriş | wagty, sagat/min | gezim aralygy ortaça, km | |
| 1-2 hepde | 30 | 20 | 10 | 10 | 35 | - | - | 1 sagat 45 minut | 12-14 km. | - |
| 3-4 hepde | 35 | 25 | 10 | 15 | 30 | 5 | - | 2 sagat | 16 km. | - |
| 5-6 hepde | 30 | 30 | 10 | 15 | 30 | 5 | - | 2 sagat | 17 km. | - |
| 7-8 hepde | 30 | 35 | 10 | 10 | 5 | 10 | 30 | 2 sagat 10 minut | 20 km. | - |
| 9-10 hepde | 25 | 35 | 5 | 10 | 5 | 20 | 30 | 2 sagat 10 minut | 22 km. | 30 |
| 11-12 hepde | 20 | 40 | 10 | - | - | 40 | 30 | 2 sagat 10 minut | 27 km. | 45 |
| 13-14 hepde | 20 | 60 | 5 | - | - | 50 | 30 | 2 sagat 45 minut | 34 km. | 60 |
| 15-16 hepde | 20 | 60 | 5 | - | - | 50 | 30 | 2 sagat 45 minut | 34 km. | 60 |
| 17 hepde | günde 1,5 sagatdan 2 gezek ýöriş işletmek, çapuwa 3 gün galanda öňürdik-daraw 8 km aralyga. | | | | | | | | | |

Ahalteke we ýomut tohum atlarynyň gatnaşmaklarynda ilkinji marafon at çapyşygy 1941-1945-nji ýyllaryň Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňşiň hormatyna 1945-nji ýylyň sentýabr aýynda Moskwa şäherinde 500 km aralyga geçirilýär.

Düzgün boýunça, uzak aralyklara marafon at çapyşyklarynda geçilmeli aralygy haýsy at az wagtda üstünlikli geçse, işjeňlik ukybyny we saglygyny, şonuň ýaly-da fiziologik-kliniki görkezijilerini bellenilen kadada saklap bilse, çapuwyň ýeňijisi diýlip yglan edilýär.

Soňky ýyllarda ahalteke atlarynyň gatnaşmagynda Türkmenistanda, Özbegistanda, Birleşen Arap Emirliklerinde we Russiýa Federasiýasynda geçirilen marafon at çapyşyklarynda Türkmenistanyň ahalteke atlarynyň üstünlikli çykyş edip, uly baýrakly orunlara mynasyp bolmagy teklip edilýän seýisleme usullarynyň ygtybarlylygyny görkezdi.

Seýislemegiň aralygyny artdyrmak bilen atyň fiziologik ýagdaýyny, fiziki saglygyny gözegçilikde saklamaly bolýar. Atyň ýürek urgusynyň ýygylygyny, organizmiň kadaly ýagdaýa dikeliş tizligini, ýagny minutda 64 urga çenli gaýdyp gelýän wagt aralygyny kesgitlemeli bolýar.

Şonuň üçin **ýürek urgusynyň dikeliş indeksini (ÝUDI-ni) hasaplamaly.** ÝUDI-ni hasaplamak üçin aty 40 metr aralyga gorgun sürüp getirip, minutlyk ýürek urgusyny sanamaly. Birinji barlagdan 60 sekunt geçensoň, ýene ölçemeli. Şonda ikinji netije birinjidäki ýaly bolmaly. Eger urgy sany minutda 66 urgudan köp bolsa, atda haýsydyr bir ýetmezçiligiň, ýadawlygyň alamaty bar hasaplamaly we degişli netije çykarmaly bolýar.

Köp işledilen ýadaw atlaryň az iýmegi, ot we iýmini almazlygy mümkin. Bu meseläni ot-iýmlerine witaminler, aýratynam, B witaminini goşmak bilen işdäsini açmak arkaly çözmek bolar. Çapýan ata mümkinçilik bolan ýerde suw hödürläp, çapuwy dowam etdirmek bolar. Uzak aralyklara çapuwlara bellenilen atlaryň saklanylyşy we iýmitlendirilişi sport atlarynyňky ýalydyr. Şol bir wagtda onuň käbir aýratynlyklary bar. Düzgün bolşy ýaly, ol atlar ýylyň dowamynda 8-9 aý seýislenýär, uly çapuwlara gatnaşýarlar. Dynç berilýän döwri ol atlary gezim meýdançalara kowup saklasaň, olar hereketde bolup, gezimini alýarlar. Işledilýän wagty we ondan soňra ideg edilende atlaryň

ynjyk ýerlerini – aýaklaryny, köp işledilende ýüze çykmagy mümkin bolan eýeriň aşaky arkasyny, çekiniň geçýän ýerlerini, böwreküsti bilini, agzynyň demir agyzdyryk durýan gyralaryny barlap durmaly. Süpüreniňde gaşaw bilen däl-de, süpürgiç, saman sürteç ýa-da esgi bilen süpürmeli.

Uzak aralyklara at çapyşyklarynda atyň eýer esbaplaryna, olaryň arassa we bütünligine, saklanylyşyna we ulanylyşyna aýratyn üns bermek gerek.

**Uzak aralyklara çapuwlaryň eýer esbaplary**




Iýmitlendirmegiň hem käbir aýratynlyklary bar. Köp işledilýän atlar belogy (proteini) köp harçlaýarlar. Seýislemegiň başlangyç döwründe bede 7-8 kg berilýän bolsa, soňra ony 5 kilograma çenli azaltmaly bolýar. Iým ilki başda 5-6 kilogram berilýän bolsa, seýislemegiň esasy we soňky basgançaklarynda 8-12 kilograma çenli artdyrmaly bolýar. Iýmine süle, arpa, jöwen berip, kepek, zygyr, künji künjarasyny, balyk ýagyny goşup iýdirmek bolar. Hepdede bir gün jöwen unundan bulamak iýdirmek bolar. Şekeri 50 gramdan 400 grama çenli iýmine goşup iýdirmek bolar.

Köp derleýän atlarda nahar duzunyň ýetmezçiligi duýulýar. Nahar duzy günde 30 gram iýmine goşulýar. Atlaryň deri gaýdyp, gowy sowaşandan soň, gandyrylyp, suwa ýakylmalydyr.

Atlarda dört aýlap dürli hereketlerde we dürli şertlerde, ýörite düzülen meýilnama boýunça ýzygiderlikde seýislemek işleri geçirilse, amatly bolýanlygy anyklanyldy. Şeýle tertipde seýislenen atlar uzak aralyklara çapuwlara geçirilen ýaryşlarda özleriniň taýýarlygyny we

mümkinçiliklerini üstünlikli çykyş etmek bilen görkezdiler. Ahalteke we ýomut atlarynyň halkara derejesinde uzak aralyklara geçirilýän çapuwlarda üstünlikli çykyşlar etmeginiň uly geljegi bar.

## Uzak aralyklara (marafon) çapuwlara tayyarlanylyan we çapuwlara gatnaşyan wagty atlara weterinar gozegçiligi

Uzak aralyklara çapuwlar çapyksuwaryň we onuň münen atynyň fiziki ýagdaýyny, çydamlylygyny görkezmäge mümkinçilik berýär. Uzak çapuw, agyr işletmek atlara aýratyn gözegçiligi talap edýär. Eger çapyksuwar baýrakly orna ymtylyp, çapuw wagtynda ilkinji ýüze çykan näsazlyklardan öz wagtynda degerli netije çykarmasa, atyň saglygyna düzetmesi kyn bolan zeper ýetmegi mümkin.

Weterinar lukmanlar aty barlaýan hem bolsalar, çapuw wagtynda atda ýüze çykan näsazlyklary çapyksuwar wagtynda bilmelidir we olardan dogry netije çykarmalydyr.

Uzagara çapuw wagtynda weterinar gözegçiligi atyň organizmine düşýän ejiri at üçin kabul ederlik ýagdaýda kadalaşdyrmaga ýardam etmek üçin geçirilýär:

1.Uzak aralyga çapuwa gatnaşýan atlary weterinar lukmany gözden geçirip, çapuwa gatnaşmaga rugsat berýär, fiziki taýdan çapuwa taýýar däl atlar bar bolsa, olary çapuwdan aýyrýar;

2. Marafon çapuw ýol ugurlarynda we weterinar gözegçiligi nokatlarynda jogapkär weterinar ýadaw, agsaýan, ejir çekýän atlary gözden geçirýär, çapuwy dowam etmek ýa-da çapuw ýolda çapuwdan alyp galmak barada netije çykarýar.

3. Çapuwlar gutaransoň, atyň fiziologik ýagdaýyny barlamak, ýeňiş gazanan aty anyklamak, agsan we bar bolsa, beýleki şikesleri ýüze çykaryp, ol atlara wagtynda gerek bolan kömegi berip, bejermek üçin zerur çäreleri geçirýär.

Weterinar gözegçiligi barlaglarynda atyň ýaşaýyş we çapuw işjeňliginiň şertlerini üpjün edýän esasy görkezijiler aşakdakylardyr.

**1.Ýürek urgusy (pulsy) we onuň ýygylygy.**

Ol atyň ýagdaýyny kesgitleýän esasy görkeziji bolup, stetoskopyň kömegi bilen takyk barlanylýar:

a) atyň pulsy çep tirsegiň yz tarapyndan iki gapyrganyň arasyndan ölçenilýär;

b) urgy iki taktly «tyk-tyk» ses edýär we ol iki ses bir urgy hasap edilýär;

ç) ilki 4-5 urgyny ýöne diňläp, soň 15 ýa-da 30 sekunt urgulary sanap 4-e ýa-da 2-ä köpeldip, 1 minutda ýürek urgusynyň ýygylygyny kesgitlemeli. Şonda nädogry ýürek urgusy, üýtgeşik ses çykarmak, artykmaç urgy ýaly üýtgemelere aýratyn üns bermeli. Gerek bolsa, biraz soň ýürek urgusyny gaýtadan barlamaly.

**2. Agzynyň nemli örtügi atyň saglyk ýagdaýyny dogry häsiýetlendirýär.** Şonda agzynyň nemli örtüginde kiçi gan damarlary döwlüp, gyzyl ýa-da goňur reňkli, ýellenen bolmagy mümkin. Dodagynyň iç ýüzi arassa, dişiň eti açyk gülgüne reňkli ýalpyldap duran bolmaly. Onuň aşakdaky görnüşleri tapawutlandyrylýar:

a) arassa, çygly, gülgüne reňkde;

b) goňras, nemli örtügi şepbeşip duran;

ç) ýellenen, solak, guraksy;

d) reňksiz, gögümtik.

Soňky üç görnüş atyň ýadawlygynyň, organizminde näsazlyklaryň barlygynyň alamatlarydyr.

**3. Gan damarjyklarynyň (kapillýarlaryň) gandan doluş tizligi.**

Ýokarky dişiň daş etine barmak bilen basanyňda, näçe sekuntdan soň gandan dolýanyny we öňki reňkine dikelýänini bilmeli. Kadaly ýagdaýda 1-2 sekuntda öňki kaddyna gaýdyp gelýär. Solak reňk 2 sekuntdan köp wagt alsa, ganyň azlygy ýa-da onuň basyşynyň pesligi, organizmiň suwsuzlygynyň, ýadawlygynyň alamatydyr.

**4. Suwsuzlanmak (deri testi).**

Boýnuň aşagynda derisini çümmükläp, gysyp goýbereniňde öňki derejesine dikelmegi 2 sekuntdan köp wagt alsa, organizmiň 3 göterime çenli suwsuzlananlygydyr.

**5. Çekiniň yzy, gerşi, ýagyrny ýaly ýerlerini agyrylaryň barlygyny ýa-da ýoklugyny sypalap barlamak**

a) sypalanda agyrysyz, at duýsa-da gymyldamaýar;

b) sypalanda at syzýar, gymyldaýar;

ç) sürçelen, çiş, ýellenen we sypalanda at agyrysyny gowy duýýar;

d) açyk ýara, ýagyr, örän agyryly bolýar we at ol agyryly ýerlerini elletmejek bolýar.

Söňky üç görnüşler atyň organizminde näsazlyklaryň barlygynyň alamatlarydyr.

**6. Gorgunladyp, hereketini barlamak.** Barlanylýan wagty atyň july, eýeri, aýak daňysy (nagawka) aýrylan bolmaly. Gorgunlanda ynamly yzygider ýörese, gowy hasaplanylýar. Atyň hereketi aşakdaky görnüşlerde bolup biler:

a) at ykjam we öňe ýöremäge höwesli;

b) at gysyk, ýadawrak, ýöremegi göwnemeýär;

ç) aty çekip ýöretmeli, ýadaw, agsaýar.

Düzgün boýunça uzak aralyklara marafon at çapyşyklarynda geçilmeli aralygy haýsy at az wagtda üstünlikli geçse we işjeňlik ukybyny, saglygyny, şonuň ýaly-da fiziologik-kliniki görkezijilerini bellenilen wagt aralygyndan soň bellenilen kadada saklap bilse, şol at hem çapuwlaryň ýeňijisi diýlip hasap edilýär.

1997-nji ýylda 160 km aralyga geçirilen Gökdepe – Gökdere – –Babarap – Owadandepe – Gurtly köli – Gypjak – Aşgabat marafon at çapyşygynda Mälik Taýlyýewiň çapan S.A.Nyýazow adyndaky ahalteke atçylyk athanasynyň Daşaýak diýen dor aty bu aralygy 9 sagat 52 minutda geçip, birinji we Peýkam atly gara dor at ikinji ýerleri eýelediler.

## Atly yorişlere atlary seyislemek

Türkmen atly ýörişleri dürli döwürlerde, dürli maksatlar bilen geçirilipdir. «Uzak aralyklara ilkinji atly ýörişler gadymy döwürlerde türkmenleriň ata-babalary gunnlaryň, Oguzhanyň guran döwletlerinde atly nökerleriň harby ýörişlerinden başlanypdyr» diýsek dogry bolar. Şeýle atly ýörişlere taýýarlyk işlerinde nökerler atlaryny aýlap seýisläpdirler. Geçmişde Orta Aziýanyň giň sähralarynda ýaýrap, erkana ýaşan türkmenleriň esasy ulag serişdesi at bolup, olar atlaryny biri-birleri bilen hojalyk we beýleki özara aragatnaşyklarynda giňden ulanypdyr. Ol atly gatnaşyklar bolsa, atly ýörişlere örän meňzeş bolupdyr.

Uzak aralyklara atly ýörişlere çydamlylykda taryhyň jümmüşinden tä biziň günlerimize çenli türkmen atynyň deňi-taýy bol-

mandyr. Gynansak-da, dünýä atçylyk edebiýatynda uzak aralyklara türkmen atly ýörişleri barada maglumat ýok diýen ýaly ýa-da ujypsyzdyr. «Oguznama» kitaplarynda Oguzhanyň ýakyn we uzak ýurtlara atly harby ýörişleri geçirenligi barada köp aýdylýar.

«Görogly» şadessanynda Jygalybegiň ýaşajyk Görogly bilen artlaşyp, Rumdan (Stambuldan) Çandybile gaýtmagy, Göroglynyň Arabystana we ol ýerden öz ýurduna dolanyşy, Nişapurda Gyratyny seýisläp, Çandybile gaýdyşy – bularyň hemmesine-de uzak aralyklara atly ýörişler diýmek bolar.

1267-nji ýylda Ärtogrul Gazy Türkmenistandan çykan 500-den gowrak atlysy bilen Kiçi Aziýanyň Anadoly welaýatyna atly ýöriş edip, Sögüt şäherinde hemişelik mesgen tutýar. «1378-nji ýylda Samarkandyň emiri Teýmiriň türkmenlerden düzülen habar gatnadyjy (kurýer) atlylary Samarkantdan Eýranyň Şiraz şäherine çenli 2350 kilometr ýoly 17 günde geçipdir» diýen maglumatlar bar.

Türkmenistanda 1930-njy ýyllarda aýal-gyzlaryň Kerki – Aşgabat, Garrygala – Aşgabat atly ýörişleri gecirilýär.

Uzak aralyklara atly ýörişleri guramak we geçirmek üçin azyndan 2 aý öňünden atlary saýlap almaly. Saýlanan atlar iriden berk bedenli, sagdyn, 6 ýaşdan uly bolsa gowy bolýar. Atly ýörişe bellenilen atlar weterinar gullugy tarapyndan barlanylyp, olaryň aýaklarynda şikes, dem alyş, ýürek we gan aýlanyş ulgamynda göze görünýän we görünmeýän ýetmezçilikleri bolmaly däldir.

Atlara dürli keselleriň öňüni alyş-duýduryş weterinar çäreleri – sanjym geçirilýär. Atly ýörişlere bellenilen atlar mineral, witaminli maddalara baý bolan güýçlendirilen we ýokumly ot-iýmler bilen iýmitlendirilmelidirler.

Ahalteke we ýomut tohum atlarynyň gatnaşmaklarynda 1935-nji ýylda geçirlen «Aşgabat–Moskwa» atly ýörişi türkmen atlarynyň uzak we ýowuz ýollara çydamlylygyny bütin dünýä jar etdi. Şonda bedew atlara atlanan 33 türkmen ýigitleri çylşyrymly we kyn ýollary atly geçdiler. Olar ýolsuz-ýodasyz, suwsuz çöllüklerden, derýalardan geçip, her hili kynçylyklara döz gelip, 4300 kilometr ýoly 83 günde mertlerçe geçip, awgust aýynyň 22-sinde Moskwa baryp ýetýärler. Ýörişe gatnaşanlaryň Garagum çölüniň 360 kilometr agyr ýoluny

3 günde geçenligi barada taryhy maglumatlar bar. Ýollarda ahalteke we ýomut atlaryny görenler olaryň owadanlygyna haýran galýarlar, döwürleýin metbugat bolsa, edermen türkmen ýigitlerini we olaryň münen ajaýyp atlaryny wasp edip, arşa çykarýarlar. «Aşgabat – Moskwa» atly ýörişi türkmen ýigitleriniň edermenligini, ahalteke we ýomut tohum atlarynyň çydamlylygyny, ýörişde, harby işlerde türkmen atynyň mümkinçiliginiň uludygyny görkezdi.



**«Aşgabat – Moskwa» atly ýörişine gatnaşyjylar**

Bu atly ýörişe gatnaşyjylar «Gyzyl ýyldyz» ordeni bilen sylaglanýarlar, olara altyn sagat we beýleki gymmat bahaly sowgatlar gowşurylýar. Gatnaşanlardan 16 adam SSR Soýuzynyň Merkezi ispolnitel komitetiniň hormat hatlary bilen sylaglanýar. Atly ýörişe gatnaşan Begmyrat Annamyrat sowgat berlen altyn sagadyny 1941-nji ýylda Goranmak gaznasyna berýär. Onuň göreldesine eýerip, şol ýörişe gatnaşan Aşyrguly Beg hem altyn sagadyny şol gazna tabşyrýar.

«Aşgabat – Moskwa» atly ýörişi barada 1935-nji ýylda «Deňsiz-taýsyz ýöriş» atly çeper dokumental kino surata düşürildi.

Türkmen gelin-gyzlary bolsa, atly ýörişe bagyşlap, 1937-nj ýylda «Moskwa atly ýöriş» atly 331 sm X 202 sm ölçegdäki uly haly dokaýarlar. Ol haly häzirki wagtda Moskwanyň Amaly-haşam halk sungatynyň Bütinrussiýa muzeýinde saklanylýar. Haly halkara sergilerinde, şol sanda Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Nýu-Ýork şäherinde sergide görkezildi.



**Türkmen gelin-gyzlarynyň «Aşgabat – Moskwa» atly ýörişine bagyşlap dokan halysy**

1986-njy ýylda «Aşgabat-Köneürgenç-Aşgabat» we 1987-nji ýylda «Aşgabat- Guşgy-Aşgabat» atly ýörişleri geçirilýär.

1995-nji ýylda Türkmenistanyň Baýdak baýramçylygyna bagyşlanyp diýarymyzyň bäş welaýatynyň çet künjeklerinden Aşgabada çenli köpçülikleýin atly ýörişler geçirildi. Ýörişe gatnaşyjylar ýollarda, oba-şäherlerde adamlar bilen duşuşyklar geçirdiler, Aşgabatda bolsa uly dabara bilen garşylandylar.

1988-nji ýylda bolsa Aşgabat-Moskwa aralygyna 17 atlynyň gatnaşmagynda ikinji atly ýöriş geçirilýär.

Uzak ýollara atly ýörişlere saýlanan atlary, 13-nji tablisada görkezilişi ýaly, işeňňir usulda seýisläp taýýarlamak maslahat berilýär.

Şonda atlar ýöriş, gorgun we öňürdik işledilip, bellenilen aralyklary görkezilen ortaça tizlikde geçmek bilen işeňňir seýislenilýär.

Soňra atlar ýöriş wagtynda özlerini seýisläp gidýärler. Ýollarda ýörişiň tertibini, dynç bermegiň, ýollarda atlary saklamagyň, ýöriş, gorgun, öňatdyryp sürmegiň, ot we iým bermegiň, suwa ýakmagyň kadalaryny ýörişe jogapkär seýsiň, weterinar lukmanyň görkezmelerine laýyklykda berjaý edip gitmeli bolýar. Bu bolsa islendik agyr ýollary üstünlikli geçmäge we barjak ýerine baryp ýetmäge kömek edýär.

Köp günlük ýa-da aýlap atly ýöriş geçirilende ýörişiň çyzgyt meýilnamasy düzülip, ýollarda atlaryň ýöremeli ugurlary, düşlejek ýeri we wagty bellenilmelidir. Ýörişiň ilkinji hepdesinde günde 70-80 kilometr ýol geçmek bilen atlar ýörişe öwrenişip, taba girensoň, günde orta hasapdan 80-90 kilometr ýoly geçmegi göz öňünde tutmak bolar. Atlar 10-12 gün ýol ýöränlerinden soň atly ýörişe we biri-birlerine öwrenişýärler. Ýolboýy seýsiň gözegçiliginde özlerini seýisläp gidýärler.

Ýolugry düşelgelerde atlaryň eýerini, uýanyny aýryp kellekiläp, düşleg meýdanda bolsa, yga ýerde biri-birine ýetmez ýaly gazyga daňyp saklamak bolar. Howa şertlerine baglylykda atlaryň üstüne ýapynja jul salmak ýol söküp gelen atlary ýelden we sowukdan goraýar.

Atlar ýolda ýokumly ot we iýmler bilen iýmitlendirilmelidirler. Ýörişden gelen atlary diňe iki sagatdan soň, gandyryp suwa ýakmak we ondan soňra menzillik iým paýyny attorbadan iýdirmek maslahat berilýär. Ýöriş wagty ýolugra at suwa ýakylsa, onda ýörişi dowam etdirmeli bolýar. Irden bolsun, öýlän bolsun, ýörişe ugramazdan öňürti atlara içse-içmese-de suw görkezilmelidir.

Belläp geçmeli zatlaryň biri hem atlar ýörişe başlamankalar, öňünden daňyp saklamaga, attorbadan iým iýdirmäge öwredilmelidirler.

Atly ýörişe gatnaşýan atlaryň saglygyny, toýnaklaryny hemişe gözegçilikde saklamaly, galyň guýma nalladyp durmaly, şikeslere, arkasynyň sürtülmelerine we ýagyr bolmagyna ýol bermeli däl. Atyňa gowy seretseň, dogry münseň, ahalteke we ýomut atlarynyň öňünde ýol geçmekde kynçylyk meselesi aňsat ýüze çykmaýar.

Atly ýörişlere gatnaşyp, toplan iş tejribämizden bir zady, ahalteke we ýomut tohum atlarynyň atly ýörişlerde isle, sähra ýerleri, gumluk ýa-da jülge, baýyrlyk ýerleri bolsun, ýolsuz ýerlerden ýol söküp, ugur tapyp, şahyr Gurbanaly Magrupynyň belleýşi ýaly, «egrem-egrem jülgelerden ýol ýasap» ýöremäge ukyplydygyny belläsimiz gelýär. Beýle häsiýet köp tohum atlarda duşmaýar.

# VI BÖLÜM. GORGUN TOHUMLY ATLARYN SEYISLENILIŞI

## Gorgun atlarynyn seyislenilişi

Bir kilometr aralygy gorgun hereketde 2 minutdan köp bolmadyk wagt aralygynda, iki tigirli ýeňil paýtunjagaza (dwukolka) goşulyp geçýän atlar gorgunly at tohumy hasap edilýär. Gorgunly atlara Russiýada orlow, rus, Fransiýada fransuz, Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda amerikan gorgun tohumy, standartbreýd ýorga tohumy ýaly ýöriteleşdirilen gorgun tohum atlary girýärler. Gorgunly atlar göwresiniň ululygy boýunça müngi atlaryndan pes däldirler. Olar gorgun hereketinde örän çalt ylgaýarlar. XVII–XVIII asyrlarda gorgun atlary faetonlarda, karetalarda gurply adamlary, dworýanlary gatnadyjy ulag serişdesi bolup hyzmat edipdirler.

Häzirki döwürde gorgun atlary daşary ýurt aýlawlarynda ýeňil, iki tigirli paýtunjagazlara goşulyp, olaryň arasynda gorgunyna ylgaw ýaryşlary Russiýa Federasiýasynyň, Gazagystanyň, Fransiýanyň, Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň aýlawlarynda geçirilýär. Gorgun tohumly atlaryň esasy hereketi gorgun bolup, ol hereket üç görnüşde ýuwaş gorgun (trot), erkin gerimli gorgun (razmaşka) we atyň doly güýjüne ýyndam ylgaw gorgun (mah) hereketlerde seýislenilýär. Soňky görnüş ylgaw ýaryşlarynda gorgun atlarynyň esasy hereketidir.

Müngi atlaryndan tapawutlylykda gorgun tohum atlaryny ösdürip ýetişdirýän atçylyk hojalyklaryň ýerli şertlerine baglylykda, taýlary 10-18 aýlygyndan hojalyk ýerinde baş öwredilip işledilip başlanýar. Şeýle-de bolsa taýlara baş öwredip, idege, paýtunjagazlara goşmak üçin esbaplara öwrenişmegi 10-12 aýlygyndan öwretseň, has oňaýly bolýar, çalt öwrenýär. Şonda örüde saklanylyp gelýän taýlary hepdede bir ýa-da iki gün athanada alyp galyp, iki tekerli paýtuna (dwukolka) goşup, uly bolmadyk aralyga sürülýär. Soňra ýene sürä, örä kowulýar. Gorgun tohum atlaryny köpeldýän käbir atçylyk zawodlary gorgun taýlara baş öwretmegi

we arabajyklara goşmagy taýlar 1,5 ýaşansoň başlaýarlar. Olara baş öwretmek we araba goşmagy öwretmek taýlaryň ulalanlygy sebäpli kynrak bolýar, ýöne taýlara edilýän çykdaýjylar az we bu işiň gymmaty arzan bolýar. Baş öwredilýän döwründe taýlara uzyn paýtun araba jylawynda ýöremegi we öwrümler etmegi, paýtun araba goşulýan esbaplara öwrenişmegi öwretmeli. Paýtuna goşulýan esbaplara, uzyn jylawa gowy öwrenişenden soň atlary paýtunlara goşup, aýlaw ýodalarynda kem-kemden aýrybaşga (indiwidual) seýisläp başlaýarlar. Şeýlelikde, gorgun tohum taýlar ýaz, tomus aýlary seýislenip, boş wagtlary daşy aýlanan medeni örüde (lewadalarda) saklanylýar. Bu döwürde taýlary seýislemek atçylyk zawodlarynyň öz ýerli aýlawlarynda geçirilýär.

Gorgun tohumly taýlary aýrybaşga turgenleşdirip, seýislemeklik işi atlary işletmegi kem-kemden artdyrmak, atlaryň seýislenilýän hereketleri bolan ýuwaş gorgun (trot) seýislemegiň başynda we soňunda giň gerimli ylgawyna gorgun (mah) hereketlerde işletmek we işletmegiň aralygyny köpeltmek bilen geçirilýär.

Gorgunly ýaryşlar üçin aýlaw ýodalary 1600 metr aralyga dogrulanandyr. Ol bolsa taýlary seýislemegiň bölekleýin aralyklaryny ylgaw ýaryş aralyklaryna ýakyn bolan 800, 1600, 3200 metr aralyklara türgenleşdirmäge mümkinçilik döredýär. 1,5 ýaşar taýlar maý - iýun aýlarynda hepdede 6 gün ýeňil gorgun işletmek bilen seýislenýär. Şonda ilki aralygy 4800 metrden başlap, iýun aýynyň aýaklaryna 6400 metre ýetirilýär. Iýul aýynda hepdede 4 gün ýeňil gorgun we 2 gün erkin gerimli gorgun (2-nji we 5-nji günleri) işledilýär. Ýuwaş gorgun işledilýän günleri 3200 metre ýuwaş gorgun, 800 metr ýöriş we ýene 3200 metr ýuwaş gorgun işledilýär.

Çaltlaşdyrylan hereketlerde erkin gerimli we doly güýjüne ýyndam gorgun işledilýän taýlary işletmek, ikä bölüp, aşakdaky tertipde geçirilmelidir. Birinji tapgyrda 2800 metr ýuwaş gorgun, erkin gerimli gorgun, 400 metri 50-55 sekuntda geçmek bilen, ýöriş 800 metr. Ýörişden soň ikinji bölege başlanyp, 2800 metr ýuwaş gorgun, erkin gerimli gorgun 400 metri 45-50 sekuntda geçmek bilen seýislenip, soňra at işletmek 30 minutlyk ýöriş bilen tamamlanýar.

Awgust aýynda ýuwaş gorgun işletmek tertibi: 3200 metr aralyga, 800 metr ýöriş we ýene ýuwaş gorgun 3200 metr, ýöriş 800 metr aralyga işledilýär.

Sentýabr aýynda atlary işletmek 12800 metr aralyga geçirilip, aşakdaky tertipde işledilýär: ýuwaş gorgun 4800 metr, ýöriş 800 metr, ýuwaş gorgun 4800 metr, ýöriş 800 metr, ýuwaş gorgun 3200 metr. Erkin gerimli gorgun işledilýän günleri 1 ýa-da 2 gün, ol ikä bölünip işledilýär.

Birinji bölümde ýuwaş gorgun 2400 metr aralyga, erkin gerimli gorgun 1600 metr aralygy 3 minut 30 sekuntda geçmek bilen, ýuwaş gorgun işletmek 800 metr, ýöriş 1600 metr aralyga işledilýär;

At işletmegiň ikinji bölüminde ýuwaş gorgun 2400 metr, erkin gerimli gorgun 1600 metr aralygy 3 minut 20 sekuntda geçmek bilen, ýuwaş gorgun 800 metr we 30 minut ýöriş hereketde gezim bermek bilen tamamlanýar.

Atyň doly güýjüne ylgawyna gorgun işledilýän (4-nji ýa-da 5-nji günleri) birinji bölümde ýuwaş gorgun 2400 metr, atyň doly güýjüne ylgawyna gorgun 1600 metri 3 minut 20 sekuntda geçmek bilen, ýuwaş gorgun 800 metr, ýöriş 1600 metr aralyga işledilmelidir.

Işletmegiň ikinji boleginde ýuwaş gorgun 2400 metr, atyň doly güýjüne ýyndam ylgawyna gorgun - 1600 metr aralygy 3 minut 10 sekuntda – 3 minut 20 sekuntda geçmek bilen, ýuwaş gorgun 800 metr, ýöriş bilen gezim bermek 30 minut.

Oktýabr, noýabr aýlary ýokarky tertipde işledilip, howanyň gowy günleri erkin gerimli gorgun we atyň doly güýjüne ýyndam ylgawyna gorgun işletmegi birneme köpeltmek bolar. Gyş aýlary howanyň bulaşyk, ýagynly günleri atlar ýeňil işledilýär, üç at goşulan rus ekipažlarynda, garda typýan arabajyklara goşulyp işledilýär. Fewral mart aýlary gorgun atlary her gün 3 bölümde seýislemek bilen atyň doly güýjüne ýyndam ylgaw gorgun işletmegiň gözegçilik wagty 1600 m aralyga 2 minut 50 sekuntdan 3 minuta ýetirilýär.

Ýokarda getirilýän gorgun atlary işledip seýislemegiň tertibi mysaly bolup, sürüji üns bilen seljerip, atlary ýadatman işletmelidir. Ýadawlyk alamatlary – iýmini iýmezlik, gorgun hereketiniň bozulmalary, derlemeklik bolup durýar.

Şeýle ýagdaýlar ýüze çykanda atlary işletmegi kemeltmeli ýa-da olara dynç bermeli bolýar. Atçylyk zawodynyň aýlawynda seýislenýän döwri atlarda ýüze çykýan şertli refleksleri ösdürmek bilen, bäsleşme höwesini öwretmeli bolýar. Atlary ugrukdyryjy mehaniki karuselde ýöriş işletmek atbakaryň kömegi bilen geçirilip bilner. Ol karuseller birbada 8 aty gezdirmäge mümkinçilik berýär. Şonda karuseliň boýuntyrygyna atlar nogtanyň kömegi bilen daňylýar. Aşgabadyň aýlawynda hem 1984-nji ýylda 5 sany karusel (wodila) gurlup, olar soň aýryldy.

Seýislenen atlar aprel aýynyň aýaklaryna aýlawlara geçirilip, işeňňir seýislenip başlanýar. Gorgun atlary seýislemek olary daşy aýlanan örülerde saklamak we otarmak bilen utgaşdyrylyp geçirilýär.

## Gorgun atlaryny aylawda seyislap, synag etmegin ayratynlyklary

Gorgun atlaryny aýlawda seýislemek olary ýeňil ekipažda – iki tigirli arabajyklarda gorgunyna ylgaw ýaryşlaryna gatnaşmak bilen utgaşdyrylyp, alnyp barylýar.

Bütinrussiýa atçylyk ylmy barlag institutynyň barlag tejribeleriniň netijesinde gorgun atlaryny seýislemegiň çyzgydy kesgitlenipdir. Olar iki ýaşar atlary aşakdaky tertipde türgenleşdirip seýislemegi teklip edýär:

Hepdäniň birinji güni üçe bolmek bilen at işletmek:

Birinji bolüm: ýuwaş gorgun 2400 metr, erkin gerimli gorgun 1600 metri 3 minut 00 sek geçmek bilen, ýuwaş gorgun 800 metr, ýöriş 800 metr.

Ikinji bölüm: ýuwaş gorgun 1600-2400 metr, doly güýjüne ylgawyna gorgun 2 minut 40 sekuntdan 3 minut 0,05 sekuntda geçmek bilen, ýeňil gorgun 800 metr aralyga, ýöriş 1600 metr.

Üçünji bölum: ýuwaş gorgun 1600-2400 metr, gerimli gorgun işletmek 100-200 metr aralyga, doly güýjüne ylgawyna gorgun 1600-2400 metre 2 minut 40 sekuntda geçmek bilen, ýuwaş gorgun 800 metr, ýöriş 1 sagat. Baýrak üçin ylgaw ýaryşlaryna soňky taýýarlykda ikinji gün karuselde işletmek bilen atlara dynç bermek gerek bolýar.



**Fransiýanyň paýtagty Pariž şäheriniň Wensen aýlawynda gorgun tohumly atlaryň ylgaw ýaryşlary**

Üçünji gün ýuwaş gorgun 4800 metr, ýöriş 800 metr we ýene-de ýuwaş gorgun 3200-4800 metr aralyga işledilmelidir.

Dördünji gün birinji gündäki ýaly işlenilýär, ýöne ýyndamlygyna doly güýjüne ylgawyna işledilmeýär.

Bäşinji gün ikinji gündäki ýaly işledilýär.

Altynjy gün üçünji gündäki ýaly işledilýär.

Üçünji bolum: ýuwaş gorgun 1600-2400 metr, gerimli gorgun işletmek 100-200 metr aralyga, doly güýjüne ylgawyna gorgun 1600-2400 metre 2 minut 40 sekuntda geçmek bilen, ýuwaş gorgun 800 metr, ýöriş 1 sagat. Baýrak üçin ylgaw ýaryşlaryna soňky taýýarlykda geçirilýär.

Ikinji gün karuselde işletmek bilen atlara dynç bermek.

Üçünji gün ýuwaş gorgun 4800 metr, ýöriş 800 metr we ýene-de ýuwaş gorgun 3200-4800 metr aralyga işledilýär.

Dördünji gün birinji gündäki ýaly işlenilýär, ýöne ýyndamlygyna doly güýjüne ylgawyna işledilmeýär.

Bäşinji gün ikinji gündäki ýaly işledilýär.

Altynjy gün üçünji gündäki ýaly işledilýär.

Ýedinji gün dynç güni seýislenen atlar gorgunyna ylgaw ýaryşlaryna gatnaşýarlar.



**Gorgun atlarynyň gorgunyna ylgaw hereketi**

3-4 we ondan uly ýaşar gorgunly atlar, ýokarda getirilýän çyzgytlardaky ýaly seýislenip, ýyndamlyga doly güýjüne ylgawyna işledilmek bilen seýislenilýär we atlar hepdede bir gezek ylgaw bäsleşiklerine gatnaşýarlar. Sürüjiler atlaryny şol br çyzgytdaky yzygiderlikde seýisleseler, ýaryşlarda gowy netijeleri gazanmaga mümkinçilik bolýar. Şonda olar her bir atyň häsiýetini, galdawlygyny gowy bilip, seýisleme işinde olary göz öňüne tutmalydyrlar.

Aýlawda seýislenýän döwri atlara badalga beriji maşyndan badalga almagy öwretmeli hem-de aýlaw ýodanyň soňky 400 metr göni böleginde, gowy ylgamak refleksini oňat berkitmeli.

Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň seýisleri gorgunly atlary seýislänlerinde tizlikli usullary ulanyp, aýlawyň ylgaw ýaryşlaryna ýörite seýisleýärler. Olar 1,5 ýaşar taýlary noýabr aýynda seýisläp başlan bolsalar, bir aý soňra her günde 3 mile (1609 metr ýuwaş gorgun işledip ), ýene goşmaça 1 mil aralygy 3 minut 20 sekunt wagtda geçmek bilen erkin gerimli gorgun işledýärler. Dekabryň aýaklaryna erkin gerimli gorgun işletmek 2 minut 55 sekunda çenli ýetirýärler.

Aýlawa ugradylmagyna bir aý galanda doly güýjüne giň gerimli gorgun we erkin gerimli gorgun işletmek ýuwaş gorgun işletmek bilen utgaşdyrylýar. Atlara diňe dynç günleri dynç berilýär.

Gorgun tohum atlary seýislemek we synag etmek Russiýa Federasiýasynyň we beýleki daşary ýurtlaryň aýlawlarynda ýörite araba goşulýan esbaplary ulanyp, iki tekerli ýörite paýtunjyklara (dwukolka) goşlamak bilen geçirilýär. Ol esbaplar atyň erkin gorgun hereketine päsgel bermeýärler. Arabajyklaryň ata bolan aslyşma güýji örän azdyr we ýeňildir.

Gorgun tohum atlary ýörite aýlaw ýodalarynda geçirilýän ylgaw ýaryşlarynda synag edilýär. Şonda ylgaw bäsleşiklerinde aňryçäk 2 ýaşar atlary aýda 2 gezek, 3 ýaşar atlary 3 we 4 hem-de uly ýaşar atlary 4 gezek ýaryşlara gatnaşdyrmak maslahat berilýär.

Russiýa Federasiýasynyň aýlawlarynda atlar gorgun ylgawyna ýyndamlygy boýunça ýedi topara bölünip, özbaşdak toparlarda ylgadylýar. Ol toparlara atlary bölmek ýyndamlygy boýunça, atlaryň aýlaw bäsleşiklerde gazanan utuş ballarynyň jemi boýunça 14-nji tablisada getirilýän tertipde geçirilýär.

*14-nji tablisa*

| **Toparlar** | **2 yaşar** | **2 yaşar** | **2 yaşar** | **2 yaşar** |
|---|---|---|---|---|
| Ýedinji | 200-e çenli | 470-e çenli | – | – |
| Altynjy | 470 – « – | 800 – « – | 1330 – « – | – |
| Bäşinji | 730– « – | 1330 – « – | 200 – « – | 6700– « – |
| Dördünji | 1000 – « – | 2000 – « – | 400 – « – | 10700 – « – |
| Üçünji | 1330 – « – | 2670 – « – | 6000 – « – | 1600 – « – |
| Ikinji | 1860 – « – | 4000 – « – | 10000 – « – | 20000 – « – |
| Birinji | 2530 – « – | 6700 – « – | 1600 – « – | 33000 – « – |
| Topardan çykan | 2530 we ondan köp | 6700 we ondan köp | 1600 we ondan köp | 33000 we ondan köp |

# VII BÖLÜM. SEYISLENYAN ATLARYN FIZIOLOGIK AYRATYNLYKLARY

## Seyislenyan atlaryn fiziologik ayratynlyklary

Atlar at çapyşyklaryna, atçylyk sportuna, uzak aralyklara atly ýörişlere we marafon çapuwlaryna seýislenende, olaryň belli-belli fiziologik alamatlaryny bilmeli we gözegçilikde saklamaly bolýar. At organizminiň gowy häsiýetleriniň biri-de, onuň «kliniki görkezijileriniň» at işledilende ýa-da çapylanda çalt üýtgäp we soňra ýene öňki kadaly ýagdaýyna gaýdyp gelmäge ukyplylygydyr. Atlary ylmy nukdaýnazardan esaslandyrylan we döwrebap öňdebaryjy usullarda seýislemek üçin seýislenýän atlaryň dem alyş, atyň derlemegi we at deriniň görnüşleri, at işledilende organizminde emele gelýän artykmaç ýylylygyň kadalanyşy, ýürek, gan we gan aýlanyş, atyň nerw ulgamy bilen baglanyşykly we dürli çylşyrymly ýagdaýlarda özüni alyp barşy barada düşünje bolmalydyr. Agzalan alamatlar atyň seýisleniş derejesi, çapuw taby bilen ýakyn arabaglanyşykda bolýar.

**Dem almak.** Atlarda dem alyş ulgamy has ösen bolup, onuň ylgawyna gaçyp gutulmak häsiýeti bilen baglanşyklydyr. Ewolýusiýa prosesinde Aziýanyň we Afrikanyň sonarly sähralarynda kemala gelen täk toýnakly atlar maşgalasynyň wekilleriniň çalasyn we çalt hereketiniň, energiýa alyş-çalşygynyň ösmegine, netijede, dem alyş ulgamynyň has kämil derejä ýetmegine kömek edipdir. Bularyň hemmesi atyň adam üçin peýdaly häsiýeti bolan ýadaman, çalasyn we çalt hereketiniň ösmegine getiripdir. Dem almak atyň bedeni bilen daşky gurşawyň arasynda kislorod alyş-çalşygy bolup, dem alyş ulgamynyň (burun, burun boşlugy, kekirdek we öýkeniň) kömegi bilen bolup geçýär. Ol daşky dem alyş – öýkeniň alweollalarynda gyzyl gan öýjükleriniň kislorody kabul edip, dokumalara bermegi we emele gelýän kömürturşy gazyny bölüp çykarmagy bilen bolup geçýär. Içki dem alyş ýa-da dokumalaryň dem almagy ganyň (gemoglobiniň) her bir dokuma baryp, madda çalşygy pursatlarynda kislorody berip, çuňňur biohimiki reaksiýalara gatnaşmaklarynda bolup geçýär. Atlaryň dem alşy reflektor hadysa bolup, enesinden doglandan başlanmak, esasan, döş kapasasynyň we diafragmanyň kömegi bi-

len, durmazdan yzygider dem almak bilen bolup geçýär. Atyň umumy ýagdýyny, çapuw ýaly iş ukybyny gözegçilikde saklamakda dem alşyň görnüşlerini we ýygylygyny öwrenmek çylşyrymly bolmadyk ýönekeý we elýeterli usuldyr.

Atlar dynç wagtynda minutda 8-16 gezek dem alýar. Çapýan ýa-da seýislenip işledilýän wagty atyň dem alşy ýygylaşýar we minutda 120 gezege çenli baryp ýetmegi mümkin. At dynç wagtynda bir demde 5-6 litr howany demine alýan bolsa, çapýan wagty ýa-da sport ýaryşlary pursatlarynda her demde 12-18 litre çenli howany demine alyp bilýär.

Atyň öýkeniniň minutlyk howa göwrümi dynç wagtynda ortaça 40-60 litre deň bolsa, onuň ýeňil hereketde wagty 400-500 litre we uzaboýuna ylgawyna çapýan wagty 2000 litre çenli baryp ýetmegi mümkin. Dem alyş ýygylygyny kesgitlemegiň ýönekeý usuly 1 minutda burnunyň giňäp-daralmalaryny sanamak bilen geçirilýär. Atyň dem alyş ulgamynyň mümkinçiligi örän uludyr. Üsti adamly atyň ýöriş wagty dem alýan howasy 4-6 gezek, gorgun sürlende 6-8 gezek we öňürdiklände 12-15 gezek köpelýär.

Aşa artykmaç işledilip, çapylýan atlarda kislorod ýetmezçiligi (gipoksiýa) hadysasynyň ýüze çykmagy mümkin. At birbada zor bilen işledilip ýa-da çapylyp başlanda, myşsalara barýan kislorod gereginden azlyk edýär. Netijede, atyň bedeninde işeňňir madda alyş-çalşygy zerarly emele gelýän süýt kislotasy doly dargap ýetişmeýär, bedende turşulyk (pH) ýokarlanýar, öýkende kesip barýan agyrynyň ýüze çykmagy mümkin. Süýt kislotasy gana geçip, kislorod ýetmezçiligini döredýär. Atda ýygy-ýygydan haslap dem almak başlanýar. Soňra aralyk funksiýany ýerine ýetiriji kömür kislotasynyň köp böleginiň gandan öýkene geçmegi bilen turşulyk gaýtarylyp, pH aralyk derejä çenli peselýär we kadalaşýar. Şondan soň atyň ikinji dem alyş ulgamynyň açyldygy hasap edilýär.

Aty kem-kemden yzygider işledip seýislemegiň netijesinde, onuň dem alyş ulgamy kämilleşýär. Netijede, ikinji dem alyş ulgamynyň öýkende agyrysyz we çalt açylmagyny gazanmak bolar. Artykmaç köp işledilýän, çapylýan atlarda, aýratyn hem, ýeterlik derejede seýislenmedik atlarda dem alanda öýkene düşýän ejir zerarly, umumy öýkeniň we onuň öýjükleriniň alweollalarynyň giňelmegi

hem-de alawlamagy mümkin. Şonuň ýaly atlarda öýkeni giňelmek bilen, çalt-çalt doly däl haslap dem almak (odyşka), öýkeniň batmagy (zapal) ýa-da öýken çişme (emfizema) ýaly ýokanç däl keselleriň ýüze çykmagy mümkin.

Şol keselleriň döremeginiň sebäbi seýsi ýetmedik aty mümkinçiliginden artykmaç zor işledip seýislenmegi, agyr çapuw zerarly öýkeniň alweollalarynyň giňelmegi, üýtgemegi we öýken dokumasynyň maýyşgaklygynyň peselmegi bolup biler. Şonuň ýaly ýagdaýlaryň öňüni almak üçin çapyp gelen atlaryň deri gaýdyp, demini gowy dürseýänçä, idip gezdirmeli. Howanyň salkyn we sowuk wagtlary üstüne basyrgy, atkeçe atyp, sowaşýança, idip gezim bermek esasy şertleriň biridir.

## Atyn deri ortuginin, derlemeginin we at derinin ayratynlyklary

Deri örtügi atyň bedenini daşky gurşawdan gorap saklamaga, dem almagyna, derlemek bilen bolsa, bedende emele gelýän artykmaç ýylylygyň, artykmaç suwuň we artykmaç ýagyň, duzlaryň, madda alyş-çalyşygynda emele gelýän zyýanly (azotly galyndy) maddalaryň bölünip çykmagyna kömek edýär. Şonuň bilen bir hatarda deri örtügi duýgy organy bolup hem hyzmat edýär. Mysal üçin, tenine siňek, gögeýin gonsa, derisini titredip kowýar.

Ahalteke atlarynyň deri örtügi örän ýukadyr we beýleki tohumdan bolan atlaryňky bilen deňeşdirilende dykyzdyr. Olar inçejik gan damarlary – kapillýarlar bilen gowy üpjün edilen, seýislenýän wagtlary we çapuwdan çykan badyna ol damarjyklar atyň derisinde emele gelýän owadan tor şekilli bildirip durýar. Şeýle hadysany Garazat atly gara atda (Gaplaň we Gaçgyrdan) awtora çapuwdan soň köp gezek gözegçilik etmek miýesser etdi. Gaplaňyň ugruna degişli atlaryň köpüsinde deri örtügi ýuka we örtük tüýleri ýumşakdan kelte, ýaly, guýrugy selçeň bolýanlygyny belläsimiz gelýär.

Uly atlar athanada dynç duran wagty ortaça 1 sagatda 692 kilokaloriýa ýylylyk der we bug görnüşinde 330 gram suw we 103 litr kömürturşy gazyny bölüp çykarýar. Deri örtügi atyň bedeninde emele gelýän artykmaç ýylylygyň (aýratynam, işledilýän we çapuw wagty) 80-85 göterimine çenli mukdaryny bölüp çykarmaga ýardam edýär.

Atyň bedeninde madda alyş-çalyş, okislenme-dikeldiş pursatlarynda ummasyz mukdarda ýylylyk emele gelýär we ol ýylylyk bölünip çykmaly bolýar. Aýratyn hem, sport ýaryşlary, çapuw, beýleki at üçin agyr ýaryşlarda we at işeňňir seýislenip işledilende, energiýanyň köp harajat edilmegi netijesinde, intensiw madda alyş-çalşygy emele gelýär. Atyň işeňňir hereketi zerarly, energiýa harajatynyň 20 essä çenli köpelmegi mümkin. Şonda bedende emele gelen artykmaç ýylylyk atyň organizminden aşakda görkezilen dürli ýollar bilen bölünip çykmaga ukyplydyr.

1.Dem alnanda öýkene barýan sowuk howanyň ýylamagy we öýkenden çykýan ýyly çyg (bug) bilen ýylylyk bölünip çykýar;

2.Deri örtüginiň üstüniň hemişe ýelpenmegi – şemallap durmagy (konweksiýa) bilen ýylylyk bölünip çykýar;

3.Derlemek bilen suwjumak ýyly deriň (suwuň) bölünip çykmagy we deriniň üstünde onuň bugarmagy netijesinde atyň endamyndan suw we bug bilen ýylylyk bölünip çykýar.

At beýleki köp haýwanlardan tapawutlylykda ähli endamy bilen derleýär. Seýislenmedik ýa-da ýaramaz seýislenen atlar köp derleýär, özleri hem, aýdylyşy ýaly, sabynlanan yaly, ak köpük bolup derleýär. Derläninde emele gelýän ak köpürjikleri protein (belok) alyş-çalşygynda emele gelýän galyndy maddalar emele getirýär diýlip hasaplanylýar. Gowy seýislenen atlar az hem ýönekeý suw derleýär we onuň deri çalt guraýar. Der bilen bilelikde, atyň bedeninde madda alyş-çalşygy pursatlarynda emele gelýän zyýanly artykmaç maddalar, dürli duzlar we artykmaç ýaglar (žiropot görnüşinde) bölünip çykýar.

Deri örtügüniň üýtgeşmelerine – atyň göwresiniň her ýyl çalyşýan örtük tüýleri, gorag (ýaly, guýrugy, saçy) gyllary, gözüniň töwereginde, dodaklarynda we burnunda, gulagynda nerw süýümleriniň ujy bilen bagly bolan duýgy gyllary we gow, gyllaw we bakanyň iç tarapyndan ahalteke ig atlarynda gyllaw tüýleriniň ornuna ösýän buýnuz ösüntgi (şpor) we toýnak (toýnak buýnuzy) girýär.

Atyň maňlaýyndaky aýlawly burma üstüniň şekili aýrybaşga atlarda dürli-dürlüdir we käwagtlar atlary biri-birinden tapawutlandyrmak üçin ulanylýar.

Gow we bakan buýnuzy (şpor) atlaryň ata-babalaryndan galan 2-nji we 4-nji barmaklarynyň ornunda galan ösüntgilerdir.

## Gan we gan aylanyş ulgamy

Atyň bedeninde aýlanýan ganyň mukdary onuň dynç wagty diri agramynyň 7-8 göterimine barabardyr. Gorgun atlarynyň 1 millilitr ganynda ortaça 9 million gyzyl gan bedenjikleri (eritrosit) bar bolsa, müngi, şol sanda ahalteke atlarynda olaryň sany 10 milliondan geçýär. Çapyp barýan atlaryň organizminiň ätiýaçlygynyň hasabyna ganynda gan bedenjikleriň sany 12,8 milliona (28%) çenli köpelip biler. Ganyň esasy görkezijileriniň biri-de gandaky gemoglobiniň mukdarydyr. Ol atlarda ortaça 16 gram göterime deňdir.

Ýürek esasy gan aýlandyryş organy bolup, atlarda dynç wagty 1 minutda 15-40 litr we hereketlenýän wagty – 150-den 250 litre çenli gany öz üstünden aýlaýar. Atyň çapýan wagty ganyň organizmde doly bir aýlawy 25-32 sekunt aralykda bolup biler diýen maglumatlar bar. Ýüregiň işiniň möçberini kesgitleýän onuň ýürek urgusydyr (pulsudyr). Duran atlarda ýürek urgusynyň ýygylygy minutda 28-44 (ortaça 30) urga barabardyr. Atyň ýürek urgusy onuň saglygyna, seýisleniş derejesine, jynsyna baglylykda üýtgäp durýar. Seýislenýän atlarda ýürek urgusy seýreklenýär, işeňňir işledilenden soň bolsa, onuň çalt kadalaşmaga ukyplylygy artýar. Şeýle-de bolsa, çapyp barýan we sport ýaryşlary wagtynda atyň ýürek urgusy minutda 120-130 urga çenli ýetip biler. Atyň minutlyk ýürek urgusynyň sanawy onuň seýisleniş derejesiniň görkezijisi bolup hyzmat edýär. Seýsi ýeten atlarda ýüreginiň işleýşi uly çapuw ýaryşlardan soň tiz kadalaşmaga uýgunlaşmagydyr.

Atyň ýürek urgusyny sanamagyň aňsat we ýeňil usuly aşaky äňiniň aşagyndaky wena damarynyň urgusyny (pulsuny) sanamakdyr. Kadaly şertlerde ganyň aşgarlygynyň derejesi – pH-7,4 deňdir. Gan plazmasynyň aşgar ätiýaçlygy gorgun ýöreýän atlarda 580-620 milligram göterime, agyr ýük çekýän atlarda 450-540 milligram göterime deňeçerdir. Çapuw atlarynda aşgar ätiýaçlygy has ýokarydyr. Gandaky aşgar ätiýaçlary işeňňir işledilmekden döreýän güýçli madda we energiýa alyş-çalşygyň netijesinde atyň ganynda emele gelýän turşulyklary (süýt kislotasyny we ş.m.) deňeçerlemäge harçlanylýar. Mysal üçin, çapylýan atlaryň duran wagty aşgar ätiýaçlygy 540 milligram göterime çenli bolsa, ol çapuwdan soň 270 milligram göterime çenli azalýar.

Atlaryň seýisleniş derejesini, çapuwlara, atçylyk sporty ýaryşlaryna taýýarlygyny onuň göze görünýän (kliniki) alamatlaryny we göze görünmeýän fiziologik ýagdaýyny hem-de görkezijilerini barlamak bilen goşmaça anyklamak bolar. Şeýle barlaglar seýislenýän atyň ýürek urgusyny, dem alyş ýygylygyny we temperaturasyny ölçemek bilen geçirilýär. Dogry, anyk netije çykarmak üçin ol barlaglar atyň dynç wagty, işledilip ýa-da çapylyp gelenden soň we işledilenden 1 sagat geçenden soň geçirilimelidir. Ol görkezijiler bolmaly möçberinden ýokary bolsa, atyň ýaramaz seýislenmeginiň, seýislenmek ýa-da çapmak zerarly, ýadawlygynyň ýa-da ýarawsyzlygynyň alamatydyr. Atyň dem alyş, gan ulgamynyň esasy görkezijileri 15-nji tablisada getirilýär.

*15-nji tablisa*

**Çapuw we sport atlarynyň dürli hereketlerdäki ýagdaýyna we seýisleniş derejesine kliniki görkezijileri boýunça baha bermegiň kadalary (W. Mýuzeler, 1980)**

| Seýislenen derejesi | Ýürek urgusynyň ýygylygy, minutda | Dem alyş ýygylygy, minutda | Temperaturasy, gradus | Seýisleniş-türgenleşik derejesine, ýagdaýyna baglylykda üýtgeýşi |
|---|---|---|---|---|
| Dynç wagty:<br>gowy seýislenen<br>ýeterlik seýislenmedik | 22-34<br>34-44 | 6-12<br>10-18 | 37,2-38,3<br>37,5-38,5 | Seýislenen derejesi we ýagdaýy ýaramazlaşanda görkezijiler ýokarlanýar<br>Seýisleniş derejesiniň kämilleşmegi we işjeňlik ukybynyň ýokarlanmagy bilen görkezijiler peselýär |
| At işledilenden soň:<br>gowy seýislenen<br>ýeterlik seýislenmedik | 54-76<br>66-88 | 22-32<br>32-48 | 38,5-39<br>38,8-39,5 | Işledilenden 30 minut geçenden soň kada çenli diýen ýaly kemelýär<br>Işlenilenden 30 minut geçenden soň görkezijiler 65-70 göterime çenli peselýär |
| Ýaryşlardan soň:<br>gowy seýislenen<br>ýeterlik seýislenmedik | 108-72<br>66-142 | 124-122<br>62-100 | 40,0-41,5<br>40,5-42,0 | Ýaryşdan 10 minut geçenden soň 25-30 göterime çenli peselýär.<br>Ýaryşdan 10 minut geçenden soň 10-15 göterim peselýär, kähalatlarda bolsa, tersine, ýokarlanmagy mümkin |

Atlary seýislemegiň iş tejribesinde marafon we beýleki uly çapuwlary, atçylyk sporty ýaryşlary geçirmegiň şertleriniň çylşyrymlaşmagy we talaplaryň ýokarlanmagy häzirki wagtda ylmy nukdaýnazardan esaslandyrylan we atlaryň seýislenen derejesini, ýaryşlara taýýarlygyny barlamagyň usullaryny önümçilige ornaşdyrmagy talap edýär. Atlary seýislemek bilen myşsalaryň işiniň netijesinde madda we energiýa alyş-çalyş pursatlarynda bolup geçýän hadysalaryň atyň sport fiziologiýasyny öwrenmek bilen çözgüdini tapmak bolar.

Ýokarky usullary seýislemegiň önümçiligine ornaşdyrmak atlary dogry seýislemäge, atyň doly güýjüni we ýyndamlyk häsiýetini iş tejribede aňryçäk ýokarlandyrmaga mümkinçilik döredýär.

Çapuw we sport atlarynyň fiziologik-kliniki görkezijileri (temperaturasy, ýürek urgusy, dem alyş ýygylygy) atyň dynç wagty we işeňňir işledilip seýislenýän pursatlary at organizminiň hakyky ýagdaýyny anyk häsiýetlendirýär, barlamak üçin aňsat we elýeterlidir. Ol görkezijiler atyň bütin organizminiň işleýşini, mukdar we hil taýdan bolup geçýän fiziologik-biohimiki üýtgeşmeleri gowy häsiýetlendirýär.

Halkara marafon at çapyşyklaryna we atly sport ýaryşlaryna gatnaşýan atlar ýaryşlaryň başynda, arasynda 20-30 minut dynç alandan soň weterinar gözegçilik barlaglarynda düzgün boýunça atyň temperaturasy 38,5 gradus, dem alyş ýygylygy minutda 34 gezek we ýürek urgusy 64 urgudan geçmeli däldir. Görkezijiler kada boýunça talapdan ýokary geçse, ol atlar ýaryşlardan aýrylýar ýa-da baýrakly orunlardan mahrum edilýär.

Ýokarky görkezijilerden başga-da, atyň ganynyň görkezijilerini – ganyň gemoglobine baýlygyny, 1 millilitr göwrümde eritrosit sanyny, gan elementleriniň we gan plazmasynyň özara göterim gatnaşygyny barlamaly bolýar. Gynansak-da, ýokarda görkezilen üç sany esasy kliniki alamatlara barlaglardan başga, beýleki içki (interýer) fiziologik görkeijileri ahalteke we ýomut tohum atlarynda, onda-da seýislenýän atlarda şu caka çenli öwrenilmän gelýär.

## Atyn nerw ulgamy

Atlary tohumçylyk işlerine seçip almakda, at çapyşyklaryna, sport ýaryşlaryna saýlanylanda olaryň ýokary nerw ulgamynyň gurluşyna, gowy häsiýetlerine we bar bolan kejir, çendenaşa ürkek,

garaçy ýaly häsiýetlerine aýratyn üns bermek gerek bolýar. Atyň nerw ulgamy bilen baglanyşykly çapuw we sport ýaryşlarynda özüni alyp barşyny ýörite usullarda seýislemek bilen olaryň gowy tarapyna ösdürip we kämilleşdirip bolýar. Atyň merkezi nerw ulgamy atyň bitewi organizmini reflexleriň kömegi bilen daşky gurşaw arkaly özara baglanyşdyrýar, gurşawyň täsirine jogap berýär. I.P.Pawlowyň nerw ulgamynyň gurluşynyň klassifikasyýasy boýunça ahalteke atlarynyň nerw gurluşynyň esasy güýçli deňagramlaşan we çalt oýanýan görnüşli bolup, olarda şertli refleksler çalt ýüze çykýar.

Şertsiz refleksler atlarda enesinden doga bolsa, şertli refleksler soňra döreýär. Atlary seýislemek, türgenleşdirmek bilen şertsiz reflexleri kämilleşdirmek, şertli refleksleri oýandyrmak we berkitmek bolýar. Atlaryň, onda-da, ahalteke atlarynyň ýokary nerw ulgamy gowy ösen bolup, olarda ýatkeşlik, seýsiň, çapyksuwaryň aty jylaw bilen, debsilemek bilen, gamçy bilen we ses bilen ugrukdyryjy hereketlerine düşünmek we oňa doly boýun bolmak duýgusy bardyr. Ahalteke atlary hemişe bir seýse, bir çapyksuwara, bir atbakara endik edýär, olary çalşyp dursaň halamaýar, kejirlik edýär (mysal üçin, 685 Angar, 885 Garlawaç, 1038 Garlawaç 2 ýaly atlar del adamlary ýataklaryna salmazdylar).

Atbakar, seýis ata sypap-sermäp, mylaýymlyk bilen seredýän bolsalar, ol hem kişňäp, hoşroýlyk bilen garşylaýar.

Şu ýerde atlaryň özüni alyp barşy, seýse, atbakara bolan gatnaşygy iş tejribede duşýan häsiýetleri barada durup geçeliň.

**Kişňemek** – atyň ozüniň barlygyny beýleki atlara, eýesine, seýsine duýdurmak ýa-da uzak ýola gitmäge taýýarlygyny duýdurmagynyň alamatydyr. Şu ýerde şahyr Gurbanýaz Daşgynowyň goşgusyndan mysal getirmek ýerlikli bolsa gerek.

Görüň, münende atlar –
Görke geler ýigitler.
Derrew saýlanar mertler,
Bedew atlar kişňese.

Ol – bir gury ses däldir.
Düşünene - dessandyr.
Ilim, bagtyň pes däldir,
Bedew atlar kişňese!

**Atlar hokranýarlar.** Hokranmak atlaryň ot, iým, suw ber diýýän ýaly eýesine, atbakara duýdurmagynyň alamatydyr, emdirýän baýtallar taýlaryny görmeseler, hokranyp, taýlaryny gözleýärler, çagyrýarlar.

**Atlar horgurýarlar.** Horgurmak – haýsydyr bir zatdan gorkanda, howp abananda, ürkende atlar horgurýarlar, kürtdürip süren tarapyňa ýöremeýärler.

**Ýer peşemek häsiýeti** atlarda, köplenç, töwereginde beýleki atlar bar wagty gaharlanýanlygynyň, birahatlanýanlygynyň ýa-da haýbat atmagyň alamatydyr. Höwür atlar ýanyndaky ata, deme gelen baýtala haýbat atanda gapdal bakyp, batly sesi bilen ýarym kişňäp, aýagy bilen ýer depip, azm edýär.

Atlar gowy eşidýär, gündizine, gijesine gowy görýär, ýolda-yzda gowy ugur tapýar, basjak ýerini seljerip basýar. Ahalteke atlary örän duýgurlygy, galdawlygy we örän gujurlylygy (temperamenti) bilen tapawutlanýarlar.

Gujurlylyk atyň enesinden doga häsiýeti bolup, nerw ulgamlary bilen arabaglanyşykda onuň tebigy ýagdaýda özüni alyp barşydyr. Atyň dürli gowy häsiýetleri atbakara, seýse, çapyksuwara boýun bolmak, eýerletmek, üstüne mündürip ýöremek, çapmak ýaly häsiýetidir. Seýislemek, türgenleşdirmek we dressirlemegiň netijesinde şertsiz reflöksleriň ösmegi, şertli reflöksleriň ýüze çykmagy bilen ol häsiýetler ösýär we kämilleşýär.

Atyň ýaramaz häsiýetlerine dişlemek, depmek, alyp gaçmak, jyrtlap üstündäkini ýykmak, ürkeklik, süren ýeriňden ýöremezlik, garaçylyk, çapuw wagty ýoldan sowulmak we ş.m. girýär. Atyň ýaramaz endiklerini dürli ýollar bilen aýyrmak seýsiň başarnygyna baglydyr.

Atlar tebigaty boýunça topulýan (agressiw) haýwan däldir. Olaryň köpüsi ürkek bolýar. Gowy gylyklar ata mylaýymlyk bilen öwredilmelidir.

Ahalteke atlary eýesine wepaly bolýar, çapuw ýaryşlaryna, atçylyk sportuna belli bir seýis seýislese, ýeňil seýislenýär. Türkmenistanyň halk artisti, atly sirk we milli at üstündäki oýunlaryň ussady Amandurdy Annaýew bütin ömrüni ahalteke atlary bilen atly sirkde işläp, olaryň ýeňil dressirlenýänligini aýdardy.

# VIII BÖLÜM. SEYISLENILYAN WE ÇAPUW ATLARYNYN KADA BOYUNÇA IYMITLENDIRILIŞI

## Seyislenilyan we capuw atlaryny iymitlendirmegin nazary esaslary

Atlaryň beýleki mallardan tapawudy olaryň esasy önümi myşsalaryň işi, has takygy, atyň çalasyn ýöriş, gorgun, öňürdik-ylgaw hereketleri bolup durýar. Şol aýratynlyklar bolsa, olaryň madda, energiýa alyş-calşygyny we iýmit siňdiriş aýratynlyklaryny kesgitleýär.

Gylýallar maşgalasynyň, şol sanda atlaryň iýmit siňdiriş organlary beýleki mallaryňky ýaly kän bir çylşyrymly däl. Täk toýnakly, çalasyn hereketli mallar toparyna degişli bolany üçin ewolýusiýa prosesinde olarda uly bolmadyk garny we iýmit siňdiriş organlary emele gelipdir. Garny bary-ýogy 15-20 litr göwrümde bolup, ol bolsa, atlary ýygy-ýygydan iýmitlendirmegi talap edýär.

Häzirki wagtda atlar üçin, şol sanda seýislenilýän ýaş we uly ýaşar atlar üçin ot we iýmleriň energiýa ýokumlylygy, bir gije-gündiziň dowamynda atyň seýislemek maksady bilen işledilişine, çapuwa we sport ýaryşlaryna gatnaşýanlygyna baglylykda olaryň siňňitli energiýa we beýleki ýokumly maddalara bir gije-gündizdäki mysaly kadalaşdyrylan talaby işlenilip düzülendir. Atlaryň iýmitlendiriş kadalaryna laýyklykda gije-gündizde berilýän iýmitlik ot-iýmleriň görnüşleri, berilmeli möçberi – iýmitlendiriş paýy düzülýär. Şonda olaryň iýmitiniň ýokumlylygyna baha bermekde we gündelik kadaly iýmitlendirmekde, ot-iým hakyndaky düşünjäniň, at iýmitiniň – dürli ýokumly maddalaryň toplumyndan durýanlygyny we ýokary derejede ösen at organizminiň madda alyş-çalşygy pursadynda (prosesinde) onuň energiýa we ýokumly maddalara bolan talaby – fizilogik ýagdaýyna, diri agramyny saklamaga, ýaşyna, işjeňlik ukybyna we seýislenen derejesine bagly bolup durýar. Seýislenilýän we çapuw atlary iýmitlendirmek ýokarda agzalanlary ol ýa-da beýleki derejede kanagatlandyrýanlygyna esaslanandyr.

Häzirki wagtda atyň iýmitindäki ot-iýmleriň at üçin ýokumy, olaryň gündelik iýmitiniň dürli peýdaly we atyň organizmine siňýän

bölegine baha bermek bilen kesgitlenendir. Ot-iýmleriň energiýa ýokumlylygy onuň umumy ýokumlylygynyň çäklenen bir ýokumly we siňňitli bölegidir. Energiýa alyş-çalşygynyň çeşmesi bolup, atyň iýýän iýmitiniň hasabyna garyna düşýän uglewodlar, ýaglar we organizme siňdirilýän protein hyzmat edýär.

Häzirki döwürde atlar kada boýunça iýmitlendirilende energiýa iýmit birligi bilen bir hatarda, goşmaça öňden ulanylýan süle iýmit birligi we at organizminiň minerallara, witaminlere we mikroelementlere bolan talaby hem hasaba alynýar.

Energiýa çalşygy MJ-da (megajoulda) aňladylýar. Ol 1 million Joula deňdir. 1 – Joul bolsa 0,2388 kaloriýa deňdir.

Atlara berilýän ot we iýmlerde bar bolan siňdirilýän energiýa – ot-iýmleriň düzümi, ýokumly maddalaryň siňdirilişi azalýan (regressiýa) deňleme aşakdaky formula boýunça hasaplanylýar.

**Atlar üçin siňdirilýän energiýa:**

**S.E. = 19,46 s.P.+35,43 s.Ý.+15,95 s.K.+15,95 s.A.E.M.**

Bu ýerde – **s.P** – siňdirilýän protein, gram ; **s.Ý**.– siňdirilýän ýag, gram; **s.K.** – siňdirilýän kletçatka, gram ; **s.A.E.M** – siňdirilýän azotsyz eksraktiw maddalar, gram .

**Süle iýmit birligi** diýlip, 1 kg süläniň mala bolan ýokumlylygyna (150 gram ýag beklemäge) ýa-da beýleki ot-iýmleriň oňa deň ekwiwalent ýokumlylygyna aýdylýar.

Atlara bir gije-gündizde berilýän iýmitiň **energiýa ýokumlylygy diýlip, energiýa madda calşygy pursadynda (prosesinde) iýmitdäki ot-iýmlerden alýan ýokumly maddalaryň atyň organizminde siňdirilip, özleşdirilen bölegine aýdylýar.**

Işeňňir işledilip seýislenýän ýa-da beýleki işlerde ulanylýan wagty atlar öz organizminiň iş hereketi üçin energiýa harajatyna, iýmitinden alan uglewodlaryny, ylmy maglumatlara görä, ilkinji 3 sagatda diýen ýaly harçlaýarlar. Bu görkeziji beýleki mallar bilen deňeşdirilende az wagt içinde ýokumly maddalaryň organizmde bolan ätiýaçlygyny harçlaýanlygyny aňladýar. Şonuň üçin işledilýän we çapylýan atlary wagtly-wagtyna we ýygy-ýygydan (gerek bolsa, dört-bäş menziline bölüp) iýmitlendirmek uly ähmiýete eýedir.

Atlaryň iýmitindäki siňdirilýän protein onuň ýaşaýyş durkuny, fiziologik ýagdaýyny saklamaga we ýaş taýlaryň boý alyp ösmegine, şonuň yaly-da, atyň beýleki iýmitlerden alýan energiýasynyň harajatlarynyň üstüni doldurmaga harç edilýär. Aýratynam, 1,5 we 2 we 3 ýaşyndaky entek boýuna ösýän gunanlaryň iýmitiniň düzüminde proteiniň hem onuň düzümindäki çalşylyp bolmaýan lizin aminokislotalarynyň, makro we mikroelementleriň at organizminiň talabyna ýeterlik bolmagy gerek. Şeýle-de seýislenilýän ýaş taýlar iýmitlendirilende süňk, myşsa ulgamlarynyň ösüşine harçlamak üçin ýeterlik mukdarda mineral maddalar, aýratynam, kalsiý, fosfor elementleri we dürli aminokislotalar gerek bolýar.

Atyň muskullarynyň hereketlerinde ýerine ýetirýän işi ýokumly ätiýaçlyk madda glikogeniň, ýaglaryň, proteiniň dargamagynyň hasabyna madda çalşygynyň ýokarlanmagyna getirýär.

Ot-iým bilen atyň organizminde emele gelýän energiýany we onuň belli bir işleri amal etmekde harç edilişini hasaba almak üçin ýylylygyň mehaniki iş ekwiwalenti ulanylýar. Ol 1 kkal = 425 kilogram metr işe deň hasaplanylýar.

## Seyislenilyan we çapuw atlarynyn kada boyunça iymitlendirilişi

Ýaş, ösüp boý alýan, çapuwlara we sporta işeňňir seýislenilýän, türgenleşdirilip dressirlenilýän we ýaryşlara gatnaşýan atlaryň gündelik iýmitinde witaminler - A (retinol), D (kalseferol), E (tokoferol), $B_1$ (tiamin), $B_2$ (riboflawin), $B_{12}$ (siýanokobalamin), $B_5$ (nikotin turşusy), $B_3$ (pantoten turşusy), $B_c$ (foliý turşusy), $B_4$ (holin) organizme gerekli ýeterlik mukdarda bolmalydyr we gündelik iýmitlendiriş paýynda kadalaşdyrylmalydyr.

Ýaş atlary iýmitlendiriş kada (norma) laýyk, gündelik ölçegli iýmitlendirmek üçin iýmitlendiriş paýy düzülende olaryň ösüşini we boý alşyny, seýislenilýän bolsa, ýerine ýetirýän işini göz öňünde tutup, 2 ýaşyndaky atlara uly atlara berilýän ot-iýmleriň möçberiniň 75-85 göterimini, 3 ýaşyndaky atlara 95-100 göterimine çenli bermeli bolýar.

Degişli ykrar ediji kitaplarda (sprawoçniklerde) berilýän we biziň maslahat berýän aşakdaky seýislenilýän atlary iýmitlendirmegiň gündelik kadasy (normasy) ahalteke we ýomut tohum atlary üçin ortaça bolup, atyň tohumyna, jynsyna, gujurlylygyna, gündelik at işletmegiň aralygyna (kilometrlerde), ýaş atlaryň ösüşine (agramynyň artmagyna we boý almagyna), uly atlarda atyň saglygyny we durkuny belli bir derejede (kondisiýada) saklamaga, her bir atyň berilýän ot-iýmleri dannap iýişine we beýleki aýratynlyklaryna baglylykda düzülendir.

Seýislenilýän we çapylýan, atçylyk sportunda ulanylýan atlaryň gündelik energiýa harajadynyň üstüni doldurmaga kada boýunça talaby gury ot-iýmleriň hasabyna hasaplanylmalydyr. Gury ot-iýmler belli bir möçberde atyň iýmit siňdiriş aýratynlygyny göz öňünde tutup, atyň her 100 kilogram agramyna çäklendirilen bolsa maksada laýykdyr.

Ýaş seýislenilýän müngi we dürli ýaşdaky çapuw atlarynyň iýmitleriniň möçberine we ýokumly maddalaryna bolan kadalaşdyrylan talaby 16-njy tablisada getirilýär.

1,5 – 2 ýaş aralygyndaky seýislenilýän ýaş atlaryň 1 başyna gije-gündizde berilmeli ot-iýmleriň (gury madda hasabynda) iýmitlendiriş paýy, olardaky ýokumly maddalaryň we siňdirilýän energiýanyň kadalaşdyrylan möçberi 17-nji tablisada getirilýär. Şonda at taýlaryň jyns aýratynlyklaryna baglylykda ýokumly iýmit maddalaryna bolan talaby gysraklara garanda 10 göterim ýokary düzülýär. Sebäbi olaryň, birinjiden, jyns taýdan ýetişýän döwri. Ikinjiden, olar işledilýän wagty, athanada özlerini biynjalyk alyp barýarlar we şol sebäpli artykmaç energiýa sarp edýärler.

Seýislenilýän atlara ot-iýmleriň görnüşleri boýunça gündelik berilmeli möçberi – iýmitlendiriş paýy kesgitlenende atyň ortaça agramyny, seýislemek üçin işledilýän işleriniň (gezimleriniň) dowamlylygyny we aralygyny göz öňünde tutmak bilen olaryň şol işleri ýerine ýetirmekde kada laýyklykda energiýa harajatlaryna bolan talaby (16-njy tablisa) kanagatlandyrmalydyr.

*16-njy tablisa*

**Seýislenilýän ýaş müngi we çapuw atlarynyň iýmitleriň ýokumly maddalaryna kada boýunça bolan talaby**

| Görkezijiler | 1,5-2 ýaş aralygyndaky taýlar | 2-3 ýaşar gunanlar | Uly ýaşar atlar | Atlaryň seýislenýän we ýaryşlara gatnaşýan döwri | Seýislenmeýän dynç wagty |
|---|---|---|---|---|---|
| Ot-iýmler – gury madda hasabynda her 100 kg agramyna, kg | 2,6 | 2,5 | 2,5 | 2,5 | 2,2 |
| 1 kg gury maddada bolmalysy: Iýmit birligi | 0,83 | 0,85 | 0,85 | 1,0 | 0,85 |
| Energiýa çalşygy*, MJ | 8,68 | 8,9 | 8,9 | 10,46 | 8,90 |
| Siňdirilýän protein, g | 76 | 76 | 76 | 72 | 72 |
| Lizin, g | 5 | 4.5 | 4.5 | 4.5 | 4,5 |
| Nahar duzy, g | 2,5 | 2,8 | 2,8 | 5 | 3 |
| Kalsiý, g | 5 | 5 | 5 | 5 | 5,4 |
| Fosfor, g | 4 | 4 | 4 | 4 | 4 |
| Magniý, g | 1,3 | 1,3 | 1,3 | 1,3 | 1,3 |
| Mis, mg | 8,5 | 8 | 8 | 8,5 | 8 |
| Demir, mg | 80 | 80 | 80 | 100 | 80 |
| Sink, mg | 25 | 25 | 25 | 30 | 25 |
| Kobalt, mg | 0,5 | 0,5 | 0,5 | 0,5 | 0,5 |
| Marganes, mg | 30 | 30 | 30 | 40 | 30 |
| Ýod, mg | 0,5 | 0,5 | 0,5 | 0,5 | 0,5 |
| Karotin, mg | 6,2 | 6.2 | 6,2 | 10 | 6,2 |
| Witamin A (retinol), müň H.B.* | 2,5 | 2,5 | 2,5 | 4 | 2,5 |
| Witamin D (kalsiferol), müň H.B. | 0,25 | 0,25 | 0,25 | 0,45 | 0,2 |
| Witamin E (tokoferol), mg | 25 | 25 | 25 | 30 | 25 |
| Witamin $B_1$ (tiamin), mg | 3 | 3 | 3 | 3 | 3 |
| Witamin $B_2$ (riboflawin), mg | 3 | 3 | 3 | 3 | 3 |
| Witamin $B_3$ (pantoten turşusy), mg | 3,5 | 3,5 | 3,5 | 4,5 | 3,5 |
| Witamin $B_4$ (holin), mg | 150 | 150 | 150 | 150 | 150 |
| Witamin PP (niatsin), mg | 6,5 | 6,5 | 6,5 | 10 | 6,5 |
| Witamin $B_6$ (piridoksin), mg | 1,5 | 1,5 | 1,5 | 2,5 | 1,5 |
| Witamin $B_{12}$ (sianokobal-amin), mkg | 6 | 6 | 6 | 6 | 6 |
| Witamin Bc (foliý turşusy), mkg | 1 | 1 | 1 | 2 | 1,5 |

*H.B.- halkara birligi.

Siňňitli ýa-da siňdirilýän energiya çalşygy diýlip, atyň iýýän ot-iýmlerinden alýan we onuň bedeninde madda çalşygy pursatlaryna gatnaşýan ýokumly energiýa bölegine aýdylýar.

Siňdirilýän energiýa atlar üçin aşakdaky ýaly hasaplanylýar.

S.E.= ata berilýän ot we iýmlerdäki jemi energiýa – tezekde + peşewde + metan (gaz) görnüşinde bölünip çykýan energiýadan galan bölegine – tapawudyna aýdylýar.

*17-nji tablisa*

**1,5 – 2 ýaş aralygyndaky münüşe öwredilýän we seýislenýän gunanlaryň ýaşyna, agramyna we jynsyna baglylykda bir gije-gündizde ot-iýmlere we ýokumly iýmit maddalaryna bolan talabynyň kada möçberi**

| Görkezijiler | Gysraklar diri massasy | | At taýlar diri massasy | |
|---|---|---|---|---|
| | 350 kg | 400 kg | 350 kg | 400 kg |
| Ot-iýmler, gury madda hasabynda, kg | 8,5 | 9,6 | 9,0 | 10,4 |
| Iýmit birligi | 7,1 | 8,0 | 7,5 | 8,6 |
| Energiýa çalşygy, MJ | 73,8 | 83,3 | 78,1 | 90,2 |
| Siňdirilýän protein, g | 646 | 729 | 684 | 790 |
| Lizin, g | 43 | 48 | 45 | 52 |
| Nahar duzy, g | 21 | 24 | 23 | 26 |
| Kalsiý, g | 43 | 48 | 45 | 52 |
| Fosfor, g | 34 | 38 | 36 | 42 |
| Magniý, g | 11 | 12,5 | 12 | 14 |
| Mis, mg | 72 | 82 | 76 | 88 |
| Demir, mg | 680 | 768 | 720 | 832 |
| Sink, mg | 212 | 240 | 226 | 260 |
| Kobalt, mg | 4,2 | 4,8 | 4,5 | 5,2 |
| Marganes, mg | 255 | 290 | 270 | 312 |
| Ýod, mg | 4,2 | 4,8 | 4,5 | 5,2 |
| Karotin, mg | 52,5 | 59,5 | 56,2 | 65,0 |
| Witamin A (retinol), müň H.B. | 21,0 | 24,0 | 22,5 | 26,0 |
| Witamin D kalsiferol, müň H.B. | 2,1 | 2,4 | 2,2 | 2,6 |
| «E (tokoferol), mg | 212,5 | 240 | 225 | 260 |
| «$B_1$ (tiamin, mg) | 23 | 28 | 27 | 31 |
| «$B_2$ (riboflawin), mg | 25 | 28 | 27 | 31 |
| «$B_3$ (pantoten) turşusy, mg | 30 | 34 | 31,5 | 36 |

| | | | | |
|---|---|---|---|---|
| «$B_4$ (holin), mg | 1275 | 1440 | 1350 | 1560 |
| «PP (niatsin), mg | 55 | 63 | 58 | 67 |
| «$B_6$ (piridoksin), mg | 13 | 14,9 | 13,5 | 15,5 |
| «$B_{12}$ (sianokobalamin), mkg | 51 | 57,6 | 54 | 62 |
| «Bc (foliý turşysy), mkg | 8,5 | 9,6 | 9,0 | 10,4 |

*18-nji tablisa*

**Seýislenilýän çapuw atlarynyň bir gije-gündizde ýokumly iýmit maddalaryna bolan talabynyň kada möçberi**

| Görkezijiler | Seýislenilýän 2-3 ýaşar atlar | | Seýislenilýän 4 we uly ýaşar atlar | |
|---|---|---|---|---|
| | diri massasy | | diri massasy | |
| | 450 kg | 500 kg | 450 kg | 500 kg |
| Ot we iýmler, gury madda hasabynda, kg | 11,2 | 12,5 | 112 | 12,5 |
| Iýmit birligi | 9,57 | 10,6 | 9,5 | 10,6 |
| Energiýa çalşygy, MJ | 99,7 | 115,0 | 997 | 111,8 |
| Siňňitli protein, g | 851 | 881 | 851 | 950 |
| Lizin, g | 50 | 56 | 50 | 56 |
| Nahar duzy, g | 31 | 35 | 31 | 35 |
| Kalsiý, g | 56 | 62 | 56 | 62 |
| Fosfor, g | 45 | 50 | 45 | 50 |
| Magniý, g | 14,5 | 16,2 | 14,5 | 16,5 |
| Mis, mg | 95 | 100 | 89,6 | 100 |
| Demir, mg | 896 | 1000 | 896 | 1000 |
| Sink, mg | 280 | 310 | 280 | 310 |
| Kobalt, mg | 5,5 | 6,2 | 5,5 | 6,2 |
| Marganes, mg | 330 | 370 | 330 | 370 |
| Ýod, mg | 5,3 | 6,2 | 5,5 | 6,2 |
| Karotin, mg | 113 | 125 | 113 | 125 |
| Witamin A (retinol), müň H.B. | 28 | 31 | 28 | 30 |
| «D (kalsiferol), müň H.B | 2,8 | 3,1 | 2,8 | 3 |
| «E (tokoferol), mg | 280 | 310 | 280 | 300 |
| «$B_1$ (tiamin), mg | 33 | 37,5 | 33 | 37 |
| «$B_2$ (riboflawin), mg | 33. | 37 | 33 | 37 |
| «$B_3$ (pantoten turşysy), mg | 39 | 43,7 | 39 | 44 |
| «$B_4$ (holin), mg | 1680 | 1870 | 1680 | 1870 |
| «PP (niotsin), mg | 73 | 81 | 73 | 81 |
| «$B_6$ (piridoksin), mg | 17 | 19 | 17 | 19 |
| «$B_{12}$ (siano- kobalamin), mkg | 67 | 75 | 67 | 75 |
| «Bc (Foliý turşusy), mkg | 11 | 12,5 | 11 | 12,5 |

## Çapuw atlaryna bir gije-gundizde berilyan ot-iymlerin moçberi, yokumlylygy we iymitlendiriş payy

Seýislenýän we çapuwlara gatnaşýan atlara bir gije-gündizde berilmeli ot-iýmleriň görnüşleri we ortaça mukdary kesgitlenilende, atlaryň bir gije-gündizde iýmitdäki ýokumly maddalara we energiýa bolan talaby 18-nji tablisadaky görkezilen kada boýunça kanagatlandyrylmalydyr.

Seýislenýän 1,5–2 ýaşly gunanlara we 3 we uly ýaşar atlara bir gije-gündizde berilmeli ot we iýmleriň mysaly görnüşleri we möçberleri – gündelik iýmitlendiriş paýy (rasiony) 19-njy tablisada getirilýär.

*19-njy tablisa*

**Seýislenilýän çapuw atlaryna bir gije-gündizde berilmeli ot-iýmleriň iýmitlendiriş paýy we mysaly görnüşleri**

| Görkezijiler | 1.5-2 ýaş aralygyndaky gunanlara | 3 we uly ýaşar atlara |
|---|---|---|
| Bede, kg | 6 | 8 |
| Arpa ýa-da süle, kg | 5 | 6 |
| Bugdaý kepegi, kg | 0,6 | 1 |
| Şeker, kg | 0,15 | 0,2 |
| Ýumurtga, sany | 3-4 | 4-5 |
| Balyk ýagy, g | 100 | 100 |
| Käşir, kg | 2 | 3 |
| Lizin, g | 6,7 | - |
| Monokalsiý fosfat, g | 50 | 50 |
| Premiks (ýörite atlar üçin – witamin-mikroelement, çalşyp bolmaýan aminoturşulyklar garyşygy), kg | 0,15 | 0,2 |
| Nahar duzy, g | 24 | 35 |

**19-njy tablisada getirilen iýmitlendiriş paýy aşakdaky ýaly mukdarda ýokumly maddalary saklaýar:**

| | | |
|---|---|---|
| Ot we iýmler, gury madda hasabynda, kg | 12,5 | 13,7 |
| Iýmit birligi | 10,6 | 11,5 |
| Energiýa çalşygy, MJ | 115,0 | 121,9 |
| Çig protein, g | 1375 | 1507 |
| Siňdirilýän protein, g | 881 | 1040 |

| | | |
|---|---|---|
| Lizin, g | 56 | 61 |
| Çig kletçatka, kg | 2,25 | 2,5 |
| Nahar duzy, g | 24 | 35 |
| Kalsiý, g | 62 | 68 |
| Fosfor, g | 50 | 55 |
| Magniý, g | 16,2 | 18 |
| Mis, mg | 100 | 110 |
| Demir, mg | 1000 | 1100 |
| Sink, mg | 310 | 340 |
| Kobalt, mg | 6,2 | 6,8 |
| Marganes, mg | 370 | 410 |
| Ýod, mg | 6,2 | 6,8 |
| Karotin, mg | 125 | 138 |
| Witamin A (retinol), müň H.B. | 31 | 34 |
| «D (kalsiferol), müň H.B. | 3,1 | 3,4 |
| «E (tokoferol), mg | 310 | 340 |
| «$B_1$ (tiamin), mg | 37,5 | 41 |
| «$B_2$ (riboflawin), mg | 37 | 41 |
| «$B_3$ (pantoten turşusy), mg | 43,7 | 48 |
| «$B_4$ (holin), mg | 1870 | 2050 |
| «PP (niatsin), mg | 81 | 89 |
| «$B_6$ (piridoksin), mg | 19 | 20 |
| «$B_{12}$ (siano- kobalamin), mkg | 75 | 82 |
| «Bc (foliý turşusy), mkg | 12,5 | 14 |

Islendik ýagdaýda her bir ata gündelik berilmeli ot-iýmiň möçberi, görnüşleri atyň agramyna, jynsyna, fiziologik ýagdaýyna, seýislenip işledilişine we seýsiň ata bolan gözegçiligine (ot-iými saýlap iýşine, horanlygyna ýa-da artdyryp goýşuna) baglydyr. Seýisler her bir seýislenýän aty iýmitlendirenlerinde, olara aýrybaşga çemeleşmelidirler.

Ata berilýän ot we iýmleriň bir günlük iýmitlendiriş paýynyň düzümi we ýokumly siňňitli bölegi 14-nji we 15-nji tablisalarda bellenilen möçberlerdäki görkezijilere – kada laýyk gelmelidir. Bir gije-gündizde berilmeli otlaryň we iýmleriň görnüşleri hojalykda bar bolan ot-iýmleriň hasabyna düzülýär.

Ot we iýmleriň her bir görnüşiniň energiýasy, ýokumly maddalar we mineral, witamin ýokumlylygy ýörite ykrar ediji maglumatlarda (sprawoçniklerde) görkezilendir ýa-da ot-iým barlaghanalarynda barlanyp anyklanylýar.

# IX BÖLÜM. MUNGI ATLARYNYN SYNAG EDILIŞI

## Turkmen at çapyşyklarynyn taryhy

Geçmişde türkmen halkynyň ýaşaýyş-durmuşy atlary harby işlerde ulanmagyň usullaryny gowy bilmegi talap edipdir. Türkmen at çapyşyklarynyň döreýiş taryhy türkmen seýisçilik hünäriniň döreýşi bilen deňeçerdir. Seýisçilik hünäriniň ösüş ýollaryny ýokarda öwrenip geçdik. Ilkinji at çapyşyklar «Ýigidiň goşy – aty-ýaragy» bolan gadymy döwürlerde atly nökerlere at üstünde harby tälim öwretmek maksady bilen döräpdir. Şonuň ýaly at çapdyryp, nökerlere tälim bermek gadymy oguzlaryň guran döwletleriniň sap atly goşunlarynda nökerlere tälim beriji maksatly at çapyşyklary geçirilipdir. Gadymy grek edebiýatynda «massagetler» diýlip atlandyrylýan, türkmenleriň aňyrsyndaky taýpanyň 529-njy ýylda öz atly goşunlary bilen duşman goşunlaryny derbi-dagyn edip, ýeňiş gazananlygy barada taryhy maglumatlarda aýdylýar.

Türkmenler ýurduna howp abanyp, «atlan-ha-atlan» bolanda, her kim öz işiginde saklaýan atlaryny duşman üstüne ýörişe ýa-da goranyşa taýýar bolup durar ýaly hem-de ýetginjek ýigitlerini – edermen, atarman-çaparman edip ýetişdirmek maksady bilen il arasynda häzirkizaman toý at çapyşyklaryna meňzeş üýşmeleňli at çapyşyklaryny-da geçirip durupdyrlar.

At çapyşykly ilkinji toýdur dabaralar söweşlerde gazanylan ýeňişleri dabaralandyrmak maksady bilen geçirilipdir. Uly döwletler guranlaryndan soňra türkmenler üçin toýlar tutmaga we at çapdyrmaga hemişe delil tapylypdyr. Dessanlarymyzda üç, ýedi, dokuz, kyrk gije-gündizläp toýlar tutulanlygy barada gürrüňler edilýär. Türkmenler ogly bolsa-da, ogul öýerse-de, ak öýler gurup, ýurt tutsa-da, galpak toýy, sünnet toýy, garaz, sebäp tapsa, toý tutup, at çapdyrypdyr, göreş tutdurypdyr, bagşy aýtdyrypdyr, altyn gabak atdyrypdyr. Ýaryşlarda ýeňiş gazanan çapyksuwarlara baýraklar berip, atynyň başyna atgulak dakypdyr. Häzirki döwürde-de toýlara toý tutýanyň garyndaş we

dost-ýarlarynyň edýän sowgatlaryna we gelnalyjy ulaga daňylýan ýaglyklara atgulak diýilmegi şondan gelip cykýar.

Toý-tomaşada at çapdyrmak türkmen halkynyň arasynda däbe öwrülip gidipdir. At çapyşyklary halk köpçüligini özüne maýyl edýän türkmen milli sport ýaryşlarynyň ajaýyp bir görnüşine öwrülipdir.

«Görogly» şadessanynda, «Döwletýar», «Ýusup-Ahmet» ýaly halk dessanlarynda baýrakly at çapyşyklary barada köp gürrüňler edilýär. «Gorkut ata» kitabynda (VII asyr) Salyr Gazan «At çapdyran meýdanlarym galdy» diýmek bilen, atlar çapdyranlygyny ýatlaýar.

Orta asyrlara çenli we ondan soňra, oturymly daýhan hojalygyna geçýänçäler, türkmenler öz atlaryny uzak aralyklara seýisläp, uzaklara çapypdyrlar. Şonda uzak ýollara çydamly hem ýyndam atlar gerek bolupdyr. Öz döwründe şonuň ýaly atlar diňe türkmenlerde bolupdyr. XIX asyra türkmen at çapyşyklarynyň «dogry çapgy», gelnalyjynyň söýünji baýragy ugrunda «at başy» at çapyşygy, «sesýetim» we «gözýetim» aralyklara at çapyşyklary, tommuklap 25-30 aýlaw aýlawlaýyn çapmak, süýregli çapuwlar (Daşoguz welaýatynda 1958-nji ýylda ýatyryldy) ýaly görnüşleri gelip ýetipdir. Ýaryşlarda ýeňiş gazanan at eýelerine we çapyksuwarlaryna uly baýrak, ene baýrak, gunan baýrak, «çaýyrçy», ýorga baýraklar ýaly baýraklar goýlupdyr.

Türkmen toýlarynda at çapyşyklaryny tertipli geçirmek üçin il arasynda abraýly adamlardan ýörite eminler saýlapdyrlar. Atlar toýlarda uly märekäniň ýygnanmagy bilen güýz aýlary çapdyrylypdyr. Şol döwürlerde toýlar we olarda geçirilýän halk at çapyşyklary örän şowhunly geçirilipdir.

Halkara at çapyşyk ýaryşlarynyň talaplaryna laýyk gelýän, belli bir düzgün – takyk aralyk, çapyksuwaryň bellenen agramy (Ýewropa (iňlis) düzgüni) boýunça wagty sekuntlarda hasaba almak bilen aýlawlarda ahalteke tohum atlaryny çapdyrmaklyk 1901-nji ýyldan başlanýar diýsek dogry bolar. Şol ýylyň noýabr aýynyň 25-inde atlary köpeltmegiň Zakaspiý jemgyýeti tarapyndan Aşgabat şäherinde at çapyşygy ýaryşlary geçirilýär. Şonda jemi bäş çapuw geçirilip, 2 ýaşar, 3 we uly ýaşar atlar öz aralarynda çapyksuwaryň agramyny

çekdirmek bilen özbaşdak çapdyrylyp, ýaryşlarda üstün çykanlara 500 manada çenli baýraklar goýlupdyr.

Aşgabatda 1922-nji ýyldan başlap Köşi aýlawy işläp başlaýar. Ol ýerde capuw ýaryşlary belli bir ýaşdaky, belli bir bellenen aralyklara we belli bir çapyksuwar agramda ýewropa düzgüni boýunca ýazky we güýzki mowsümlerde geçirilipdir. Ilkinji ýyllar at çapyşyklary anna (juma) günleri geçirilipdir. Çapuwlara 1922-nji ýylda 47 at (şolardan 39-sy hususy atçylaryň atlary), 1925-nji ýylda 48 we 1927-nji ýylda 128 at gatnaşypdyr. Soňra Köşi aýlawynda goşmaça ýomut atlary özbaşdak çapuwlarda çapdyrylýar.

Aşgabadyň Köşi aýlawynda geçirilýän at çapyşyklary bilen bir hatarda 1939-njy ýyldan başlap türkmen atçylarynyň ýygyndy topary 1939–1941-nji ýyllarda Annaguly Kiçiýewiň seýisçilik etmeginde ahalteke atlary üçin Lwow şäheriniň aýlawynda özbaşdak guralan çapuwlara gatnaşýar. Köşi aýlawy 1959-njy ýyla çenli işleýär.

1962-nji ýylda Aşgabadyň ikinji aýlawy şäheriň gündogar çetinde, häzirki aýlawyň ýerleşýän yerinde salynýar we ol aýlaw 1983-nji ýyla çenli işleýär.

1984-nji ýylda öňki aýlawyň ornunda, Aşgabadyň häzirki işleýän üçünji aýlawy gurulýar we 2008-nji ýylda onuň ýanaşyk ýerlerini abadanlaşdyrmak bilen durky täzelenýär.

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe türkmeniň at çapdyrmak däbi täze öwüşginler bilen gaýtadan dikeldilýär. Ol halkara arenasyna çykdy. Türkmen atçylygyny we at çapyşyklaryny ösdürmek hakyndaky döwlet çäreleri barada kitabyň başynda giňişleýin durup geçildi. Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanda döwlet derejesinde at çapyşykly toýlardyr atly-sport bayramçylyklary, atly ýörüşler, milli at üstündäki oýunlary köp sanly at muşdaklarynyň we dostlukly ýurtlardan gelýän myhmanlaryň gatnaşmaklarynda uly dabaralar bilen geçirilýär.

Aşgabat şäheriniň günortasynda Köpetdagyň ajaýyp jülgesinde halkara ülňülerine laýyk gelýän 2004-nji ýylda gurlup ulanylmaga berlen Türkmenistanyň Prezidentiniň atçylyk toplumyndaky aýlaw Aşgabatda döwrebap gurlan dördünji aýlawdyr.

## Daşary yurt aylawlarynyn tejribesi

Kapitalistik ýurtlarda aýlawlar hususy kärhanalara degişli bolup durýar. Bu aýlawlaryň hemmesinde dürli görnüşdäki utluşykly, goýumly (totalizator) oýunlar giň gerimde mahabatlandyrylýar. Ol aýlawlaryň utluşykly oýunlaryň hasabyna pul girdejisi örän ýokarydyr we aýlawlar şol girdejileriň hasabyna işlerini dolandyrýarlar, baýraklar paýlaýarlar.

Ýewropa ýurtlarynyň, Amerikanyň Birleşen Statlarynyň, Awstraliýanyň, Aziýanyň köp ýurtlarynyň aýlawlary soňky onýyllyklarda elektron abzallar, fotofiniş, totalizator we tablolar bilen abzallaşdyrylyp, täzeden döwrebap dikeldilendir we dikeldilmeleri dowam edýär. Ol aýlawlar tebigatyň gözel we ulag aragatnaşygy gowy ýola goýlan, myhmanlary, syýahatçylary kabul eder ýaly ýerlerde ýerleşdirilip, döwrebap, halkara derejelerde mahabatlandyrylýar. Häzirkizaman daşary ýurt aýlawlarynyň çapuw ýodalary niwelirlenen tekizdir, öwrümli ýodalary az ýa-da ýok diýen ýalydyr. Bu bolsa atlaryň, esasan, göni ýodada päsgelçiliksiz çapmagyna, aýratynam, ýaş atlara goltukdan şikes ýetmeginiň we agsamagynyň öňüni almaga amatly şertleri döredýär. Bu bolsa atlaryň 4 we uly ýaşlarynda aýlaw çapuwlaryny alty-edi ýaşlaryna cenli dowam etmegine we netijede atlary seýislemegiň ykdysady netijeliligini artdyrmaga kömek edýär.

Häzirki döwürde dünýäniň ösen ýurtlarynda, mysal üçin, Fransiýada 247 aýlaw, Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda 100, Angliýada 100, Russiýa Federasiýasynda 25 aýlaw hereket edýär. Bar bolan maglumatlara görä, öňki SSSR-de ululy-kiçili 111 aýlaw bar eken.

Müngi atlarynyň tekiz aýlaw ýodalarynda synag edilişi gök ot ekilen ýodalarda geçirilýär. Şonuň ýaly-da, daşary ýurtlaryň käbir aýlawlarynda päsgelçilikli (barýer) we garyşyk (stiplçez) ýaryşlaryny geçirmek üçin ýörite päsgelçilikli ýodalar gurlandyr. Käbir aýlawlar güýçli yşyklandyrmalaryň kömegi bilen ilkagşamlaryna we gijelerine çapuwlary geçirmäge, esasan, goýumly oýunlary oýnamaga, pul gazanmaga, adamlaryň medeniýetli dynç almagyna we çapuw bäsleşiklerine tomaşa etmegine oňaýly edilendir. Ol aýlawlaryň tomaşaçylar üçin münberleri ekranlar, telewizion enjamlar we

goýumly oýunlary oýnaýanlar üçin elektron hasaplaýjy ulgamlar, wideo ýazgylar, surata düşürmek, fotofiniş ýaly häzirkizaman enjamlar bilen abzallaşdyrylandyr.

Käbir halatlarda, mysal üçin, Fransiýanyň Wensen, Angliýanyň Gudwud, Epsom we Russiýanyň Pýatigorsk aýlawlarynda we käbir beýleki aýlawlarda çapuw ýodalary nätekiz, beýikli-pesli bolup, şeýle gurulmagynyň maksady atyň ýyndamlygy bilen bir hatarda, atyň çigin boleginiň berkligini, çapyksuwaryň astynda atyň deňagramlylygyny saklamagyna ukyplylygyny, sagrynyň myşsalarynyň güýjüni we atyň beýleki hil taýdan görkezijilerini synamaga gönükdirilendir.

Çapuw ýodalarynyň awtomatik usullarda suwlulandyrylyşy, ýumşadylyp seredilişi, gyşyna çapuw ýodalarynyň üstki örtügine doňdurmaýan ingridiýentleri goşmak bilen, ol aýlawlary ýylyň dowamynda çapuw bäsleşiklerini kanagatlanarly ýagdaýda geçirmäge, at çapdyrmak we seýislemek üçin ulanmaga ýardam edýär. Köp aýlawlarda atlary suwa düşürer we ýüzdürer ýaly ýörite howuzlar, atlaryň saglygyny gözegçilikde saklamak üçin weterinar barlaghanalary, hassa atlary saklar we bejerer ýaly ambulatoriýalar gurlandyr.

Atlar ýokary hilli we ýokumly ot-iýmler bilen üpjün edilip, iýmitlendiriş paýy witaminler, mineral goşundylar bilen baýlaşdyrylan, köplenç, doly rasionly ýa-da granulirlenen we gerek ölçegde garjaşdyrylyp, bir günlük mukdarda gaplanan ot-iýmler bilen doly üpjün edilendir. Bu bolsa çapuw atlaryň iýmitlendirilişini we tertibini berk gözegçilikde saklamaga kömek edýär.

Daşary ýurt aýlawlarynda çapuwlary geçirmegiň tehniki üpjünçiligi uly gyzyklanma döredýär. Ol ýerlerde ulanylýan dürli kysymly häzirkizaman mehaniki badalgalar at çapyşygyna gysga wagtyň içinde gowy badalga bermäge mümkinçilik berýär. Toýhanada atlaryň geliş tertibinde ýalňyşlyk bolmaz ýaly awtomatik fotofinişler, atlaryň badalga alyş we çapuw pursatlary kino ýa-da wideo gözegçilige alnandyr. Bu bolsa, at çapyşyk bäsleşiklerini guramakda, geçirmekde we soňundan gerek bolsa seljermäge ýardam edýär, çapuwlarda bolup biljek säwlikleriň öňüni almaga kömek edýär.

Synag çapuwlarynyň netijelerini we atlaryň işjeňligini hasaba almak, goýumly oýunlaryň utuş paýlary, atlaryň we at eýeleriniň utuş pullarynyň hasaplaşygyny çalt geçirmek maksady bilen häzirkizaman elektron hasaplaýjy enjamlary giňden ulanylýar. Degişli informasiýalar çalt işlenip taýýarlanylýar. Haýsy ýurtda we nirede uly baýrakly çapuw ýaryşlarynyň geçirilýänligi barada at eýeleri Internet ulgamynyň üsti bilen öňünden habardar edilýär. Şonuň ýaly-da, halkara aýlawlar taýlaryň doglușyny, olara gaýtalanmaýan lakam dakmaklygy, çipläp, bellikli hasaba almaklygy gözegçilikde saklaýar.

## Dunyanin ondebaryjy in uly aylawlary

Dünýäniň iň uly aýlawlarynyň biri Birleşen Arap Emirlikleriniň Dubaý şäherinde ýerleşen Meýdan aýlaw toplumydyr. Aýlawyň tomaşaçylar üçin münberi 60000 tomaşaça niýetlenendir. Aýlawda ýokary klasly restoranlar, myhmanhanalar işleýär. Çapuw ýodanyň uzynlygy 2400 m. Aýlawda tölegli çapuwlar geçirilip, ol aýlawda oýnalýan iň uly halkara baýragyna «Parahatçylyk Kubogyna» gatnaşmak üçin tölegi 60000 dollardyr. Ýeňijiniň paýy 10 mln dollardyr. Kubogyň baýrak fondy 26 mln dollardyr, Angliýanyň Epsom aýlawy iň köne aýlawlaryň biri bolup, 2400 metr aralykdan üçýaşar iňlis atlary üçin XVIII asyrdan bäri oýnalýan Derby baýragynyň dörän mekanydyr.

Dünýädäki uly aýlawlaryň sanawynda ululygy boýunça dördünji ýerde durýan Awstraliýanyň Melburn şäheriniň «Flemington» aýlawydyr. «Flemington» aýlawynda çapuwlar noýabr aýynyň başynda başlanyp, bir hepde yzygider dowam edýär. Çapuwlar sagat 3-de başlanmak bilen bir hepdede 400-e golaý at çapuwlary geçirilýär. Ol ýerde uly pul utluşykly goýumlar oýnalýar. Aýlaw 1861-nji ýyldan işläp başlamak bilen, şol ýyllarda «Melburnyň Kubogy» baýragy oýnalyp, onuň baýragy 170 funt we altyn sagat bolan bolsa, 2013-nji ýylda Kubogyň baýragy 5 mln Awstraliýa dollary bilen 18 karatlyk altyndan agramy 2 kg-a deň Kubok gowşurylypdyr.

Daşary ýurtlarda köp sanly atçylyk zawodlary atlara baş öwretmek, seýislemek işleri bilen iş salyşmaýarlar. Ol işleri aýlawlar-

dan 30–40 kilometr çetde ýerleşen (mysal üçin, Fransiýada) ýöriteleşdirilen at seýisleýän nokatlaryň, aýlawlaryň üstüne ýükleýärler.

Atçylyk zawodynyň (zawod sözi fransuzça atçylyk boýunça ýokary derejeli tohumçylyk işleri, atlary ösdürip ýetişdirmegiň öňdebaryjy tehnologiýasyny ulanýan atçylyk kärhanasyna degişli bolupdyr, soňra ol söz bilen, senagat kärhanalary hem atlandyrylyp başlanypdyr) eýeleri atçylykda taýlary ösdürip ýetişdirmekde we saklamakda, şol sanda, seýisläp çapdyrmakda zähmet öndürijiligini ýokarlandyrmak we önümiň (seýislemegiň) özüne düşýän gymmatyny arzanlatmak maksady bilen pudagy ýöriteleşdirilen hojalyklarda, senagat usuldan innowasion tehnologiýalary ulanmak bilen alyp barmaga çalyşýarlar.



**Dubaý şäheriniň Meýdan aýlawy**

Mysal üçin, müngi atlaryny seýislemek üçin köp sanly bu ugurdan uly mümkinçilikleri we seýisçilik ýodalary bolan Fransiýanyň Şanti we Grobua seýisçilik merkezinde ýörite aýlaw hereket edýär. Şanti aýlawy Parižiň 35 kilometr golaýynda bolup, ol merkezde bir wagtyň özünde 2200 müngi atlaryny seýislemäge gök otly, garyndyly çäge düşelen, gyş aýlary üçin doňmaýan ýörite garyndy dökülen ýodalar, atlary gyşyn-ýazyn üznüksiz seýislemäge mümkinçilik berýär. Ol ýerde açyk we ýapyk manežler, meýdançalar, köp sanly dürli görnüşdäki ýodalar, atlar üçin ýokary derejede enjamlaşdyrylan ambulatoriýalar bar we weterinar hyzmatlary amal edilýär. Seýisler, çapyksuwarlar, atbakarlar üçin ýaşaýyş şertleri döredilipdir, atlary saklar ýaly häzirki-

zaman athanalary bar. 2012-nji ýylyň 5-8-nji oktýabrynda hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň hemaýat bermeginde Fransiýanyň Lonşan, Şanti, Şantoklau aýlawlaryna baryp, tejribe alyşmak, halkara çapuwlara gatnaşmak türkmen atçylaryna, seýislerine we çapyksuwarlaryna miýesser etdi. Fransiýa müngi we gorgun tohum atçylygynyň, atçylyk industriýasynyň has ösen ýurtlarynyň biridir. Ol ýurtda 247 aýlaw bar. Ýöriteleşdirilen Ekwidaýe telewizion kanaly işleýär. Hazirki wagtda türkmen atçylarynyň dosty Erwe Baržonyň ýolbaşçylygynda 1912-nji ýylda düýbi tutulan atçylyga degişli «Pegasus farms Ltd» kompaniýasy we 1924-nji ýylda düýbi tutulan, Baş direktor Ýuger Monzanyň ýolbaşçylygynda hereket edýän «Franse Galop» kompaniýasy Parižiň töweregindäki bäş aýlawy özünde jemleýär. Kompaniýanyň garamagyndaky 17 gektar meýdany tutýan Lonşan aýlawy XIX asyryň ortalarynda gurlup, çapuw ýaryşlaryny söýüjileriň ünsüni özüne çekiji, dünýädäki uly aýlawlaryň biridir. Lonşan aýlawynda çapuwlar şenbe we ýekşenbe günleri mart--noýabr aýlary aralygynda geçirilýär. Ol aýlawda dünýäniň ussat seýislerini, çapyksuwarlaryny, atşynaslaryny özüne çekiji ýaryşlar – uly baýraklaryň biri Triumfal Arka baýragy ugrundaky çapuwlardyr. Ol baýrak 1893-nji ýyldan Parižiň munisipal sowetiniň baýragy we 1920-nji ýyldan başlap Triumfal arka baýragy ady bilen, 3 we uly ýaşar atlaryň arasynda 2400 metr aralyga ýaryşmak dünýäniň iň ýyndam iňlis tohumly atlarynyň we gysraklarynyň arasynda oýnalýar. Onlarça ýurtdan 50 müňe golaý tomaşaçy üýşýär. Atlaryň 500 metr aralyga rekord tizligi sagatda 69,69 kilometre, ortaça tizligi sagatda 60-65 kilometre ýetýär. Lonşan aýlawynda 1992-nji ýylda 2400 metr aralyga rekord ýyndamlyk – 2 minut 24, 6 sekunda deň bolupdyr.

Şanti aýlawynda Ýewropada iň uly seýisçilik merkezi ýerleşipdir. Ol aýlaw 1835-nji ýylda gurlup, 2008-nji ýylda ol ýerde dikeldiş işleri geçirilipdir.

1936-njy ýyldan başlap Şanti aýlawynda çapuw ýaryşlary geçirilip başlanýar. Şanti aýlawyndaky seýisçilik merkezinde 100 seýis, 1000 çapyksuwar işlemek bilen, bir wagtda 2 ýaşar we 8 ýaşyna çenli uly ýaşly 3000 at seýislenýär. Atlar aýlawlara çapuw güni awtoulaglarda äkidilýär. Seýisçilik we çapuw ýodalary üç görnüşli gök



**Epsom aýlawy**

otly, çägesöw we gyşyna doňmaýan ýörite garyndy dökülen onlarça seýisçilik we daraw ýodalardan durýar. Atlar iki-ikiden daňdan we gijesine çägesöw we gök ýodalarda daralýar. Diňe çägesöw ýoluň umumy uzynlygy 140 kilometre ýetýär. Şanti aýlawynda diňe lisenziýaly rugsat edilen seýisler, çapyksuwarlar işleýärler, çapuwlara gatnaşmaga ýörite rugsatnamasy bolan atlar seýislenilýär.

Dünýäde at çapyşyk ýaryşlaryny geçirmekde uly aýlawlaryň biri-de Hytaý Halk Respublikasynyň Gonkong şäheriniň Şa Tin we Heppi Welli aýlawlarydyr. Ol aýlawlar iňlisler tarapyndan gurlup, häzirkizaman enjamlary bilen enjamlaşdyrylypdyr. Gonkongyň Şa Tin aýlawynda geçirilýän «Gonkong internasional galop miting» çapuwlarynda uly pul utuşly baýraklaryň dördüsi aýlawyň gök otly ýodasynda bäsleşmek bilen geçirilýär. Esasy baş baýrak Gonkong şäheriniň kubogy 2000 metr aralyga 3 we uly ýaşar iňlis tohumly atlaryň arasynda dünýäde iň gymmat bahaly (2230000 dollar, 2008-nji ýyl) baýrak ugrunda geçirilýär. Seýisler, çapyksuwarlar munuň ýaly uly pul baýrakly çapuwlarda uly utuşlary gazanmaga çalşyp, ýakyn we daş ýurtlardan ol ýere atlaryny getirip, çapuw ýaryşlaryna gatnaşýarlar.



**Melburn şäheriniň «Flemington» aýlawy**

Şol çapuwlarda 1600 metr aralyga 3 we uly ýaşar atlaryň arasynda utuş bahasy 1,8 million amerikan dollary bolan Gonkong Wase baýragy, 2400 metr aralyga 3 we uly ýaşar atlaryň arasynda utuş bahasy 1,8 million amerikan dollary we Gonkong Sprint baýragy 1,3 million amerikan dollary ýaly baýraklar goýulýar. Şol ýaryşlarda Şa Tin aýlawynda Oll frills Tu atly iňlis aty 1000 metr aralyga 56,4 sekunt ýokary ýyndamlyk görkezipdir.

Türkmenistanyň atçylyk sport toplumlary Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Kararlary bilen öňdebaryjy halkara ülňülerine laýyk gurlup, biziň ýurdumyzda Halkara atçylyk sporty ýaryşlaryny, halkara at çapyşyklaryny we marafon ýaryşlaryny, milli at üstündäki oýunlaryň görkezilişlerini guramaga we geçirmäge dünýä derejesindäki talap edilýän hemme şertler döredilendir. Galan meseleleri çözmek türkmen seýisleriniň we çapyksuwarlarynyň wezipesi bolup durýar.

## Ahalteke atlarynyn gatnaşmagynda yurdumyzyn çaginden daşarda geçirilen at çapyşyklary

Öňki SSSR döwletiniň döwründe Soýuzyň aýlawlarynda geçirilýän at çapyşyk ýaryşlaryny has mahabatlandyrmak üçin, Aşgabadyň Köşi aýlawy bilen bir hatarda 1939-1941-nji ýyllar-

da Türkmenistanyň ahalteke atlary Lwow şäheriniň aýlawynda çapdyrylýar. 1960-1970-nji ýyllarda Türkmenistanyň ahalteke atlarynyň bir bölegi Daşkendiň, Bakuwyň, Bişkegiň, Almaatanyň aýlawlarynda çapdyrylýar, 1980-nji ýyllarda bolsa Krasnodar şäheriniň, Tbilisiniň, Pýatigorskiniň, Çimkendiň we Mahaçkalanyň aýlawlarynda çapdyrylýar. Şol döwürlerde türkmen atçylarynyň ýygyndy topary öňki SSSR-de geçirilýän Bütinsoýuz atly sport ýaryşlaryna yzygider gatnaşyp, üstünlikli çykyş edýärler, ahalteke atlarymyzyň şöhratyna şöhrat goşýarlar.

1958-nji ýylda Moskwa şäherinde ilkinji gezek Bütinsoýuz atly-sport ýaryşlary geçirlip, oňa gatnaşan türkmen atly toparyna Ý.K.Klimenko seýisçilik edýär. Şol ýerde ussat çapyksuwar Ata Ilewiň çapan Garaly atly gysragy birinji uly baýraga mynasyp bolýar. Häzirki wagtda Garalynyň hormatyna ahalteke atlarynyň arasynda üç ýaşar gysraklaryň arasynda däp bolan baýrak goýulýar.

1958-nji ýyldan başlap Babaly Taýmazow özbaşdak seýisçilik bölüme ýolbaşçylyk edip başlamak bilen, ol ömrüniň ahyryna çenli S.A.Nyýazow adyndaky ahalteke atçylyk athanasynda seýis bolup işledi.

1961-nji ýylda Babaly Taýmazowyň we Ý.K.Klimenkonyň seýisçilik bölümleri Baku şäheriniň aýlawynda Gaplaň diýen aty SSSR-iň adyna goýlan uly baýraga, Babaly Taýmazowyň seýisleýän Gazanjyk diýen aty Baku şäheriniň adyna goýlan uly (Derbi) baýragyna we Gaçakçy diýen gysragy gysraklar üçin Uly (OKS) baýraga, Gyrsakar diýen aty bolsa, Halklaryň dostlugy baýragyna mynasyp bolup, uly baýrakly orunlary eýeleýärler.

1961-nji ýylda Moskwa şäherinde geçirilen Bütinsoýuz atly-sport ýaryşlarynda Begmyrat Myradowyň seýislän Gadam atly aty Garagum kanalynyň adyna goýlan uly baýraga mynasyp bolýar.

1962-nji ýylda Don boýundaky Rostow şäheriniň aýlawynda Ý.K.Klimenkonyň seýisleýän Walýok atly aty Rostow şäheriniň adyny göterýän uly (Derbi) baýrakly, B.Taýmazowyň seýislän Angary uly ýaşar atlar üçin goýlan uly baýrakly çapuwlarda ýeňiji bolýarlar.

1964-nji ýylda B.Taýmazowyň we I.Agamyradowyň seýislän ahalteke atlary Rostowyň aýlawynda geçirilen çapuw ýaryşlarynda ýyndamlyklaryny görkezýärler.

1965-1966-njy ýyllarda Pýatigorskiniň aýlawynda B.Taýmazowyň, Ý.K.Klimenkonyň seýisçilik bölümleriniň ahalteke atlary ýyndamlyklaryny görkezýärler.

1968-nji ýylda Pýatigorskiniň aýlawynda Agamyrat Annaseýidowyň seýislän Polatly diýen aty ussat çapyksuwar Ata Ilewiň çapyksuwarlyk etmeginde, Pýatigorsk şäheriniň adyna goýlan uly (Derbi) baýragynyň ýeňijisi bolýar. 1969-nji ýylda bolsa Pýatigorskide Babaly Taýmazow, Ata Ilew şol çapuwlara gatnaşan türkmen ahalteke atlaryna seýisçilik edýärler.

1970-nji ýylda Bakuwyň aýlawynda Babaly Taýmazowyň seýisçilik edýän bölüminiň Kömek, Goşasakar, Jeýhun ýaly atlary, Ata Ilewiň seýisçilik bölüminiň Polatly, Parlan we Arfa diýen atlary, Ilmyrat Agamyradowyň seýisçilik bölüminiň Gülbahar, Kerwen diýen atlary çapuwlara gatnaşyp, Baku şäheriniň adyna goýlan uly (Derbi) baýragy ugrundaky çapuwda I.Agamyradowyň seýislemeginde we çapyksuwarlyk etmeginde Gülbahar atly gysrak birinji ýeri eýeleýär we Ata Ilewiň seýislän Kömek diýen aty ikinji baýrakly orna mynasyp bolýar. SSSR-iň adyna goýlan baýrakda Parlan birinji ýeri (I.Agamyradyw), Polatly bolsa ikinji ýeri (Ata Ilew), «Boýnaw» baýragynda Kerwen (I.Agamyradow) birinji we Arfa atly gysrak bolsa, ikinji baýrakly orunlary eýeleýärler.

1971-nji ýylda Tbilisiniň aýlawynda geçirilen ýaryşlarda ahalteke atlarynyň capuwlaryna gatnaşyp, Babaly Taýmazowyň seýisçilik bölüminiň Donbas diýen aty iki ýaşar atlar üçin oýnalýan uly baýrakly we Patrak atly aty SSSR-iň adyna goýlan uly baýrakly çapuwlarda ýeňiş gazanýarlar.

1972-nji ýylda Pýatigorskiniň aýlawynda Ata Ilewiň we Baba Annaseýidowyň ol aýlawa goşmaça elten Ankar we Araks diýen atlary çapuwlara gatnaşyp, Ankar SSSR-iň adyna goýlan baýrakly çapuwda birinji ýeri we Araks ikinji ýeri eýeleýär.

1974-nji ýylda Pýatigorskiniň aýlawynda Babaly Taýmazowyň Karar atly aty Pýatigorsk şäheriniň adyna goýlan Uly (Derbi) baýragynyň ýeňijisi bolýar. Ülker diýen aty ol çapuwda ikinji ýeri eýeleýär. Şol ýerde SSSR-iň adyna goýlan baýrakly çapuwda Galahat birinji, Agajan ikinji ýeri eýeleýärler.

1975-nji ýylda Pýatigorskiniň aýlawyndaky çapuwlara öz seýisleýän atlary bilen Ata Ilew, Ilmyrat Agamyradow dagy gatnaşýarlar.

1976-njy ýylda Pýatigorskiniň aýlawynda seýisler B.Taýmazowyň Keman diýen aty Pýatigorsk şäheriniň adyna goýlan Uly (Derbi) baýragyna, Ata Ilewiň Gäwers diýen aty iki ýaşar gunanlar üçin goýlan Uly baýraga mynasyp bolýarlar.

1977-nji ýylda Pýatigorskiniň aýlawynda Ilmyrat Agamyradowyň seýisleýän Köpel atly aty Pýatigorsk şäheriniň adyna goýlan Uly (Derbi) we S. Budýonnynyň adyna goýlan baýrakly çapuwlarda birinji ýerleri eýeleýärler. Şol ýyl Köpel diýen dor at Aşgabadyň aýlawynda Uly Aşgabat (Derbi) baýragy goýlan çapuwda birinji ýeri eýeleýär. Munuň özi halkara at çapyşyklarynda örän seýrek duşýan hadysadyr. Şeýlelikde, Köpel iki gezek Derbi baýragyna mynasyp bolup, iki gezek derbiçi adyny alan ýeketäk atdyr. Köpel 1986-njy ýylda şol wagtlar Moskwada geçirilýän Halk hojalygynyň gazananlarynyň Bütinsoýuz sergisinde ahaltekе atlarynyň arasynda ýyndamlykda rekodçy we cempiýon diýen abraýly atlara mynasyp bolupdyr.

Ýeri gelende aýtsak, häzirki wagtda ýyndamlykda Türkmenistanyň aýlawlaryny baglan, atşynaslaryň we müňlerçe atsöýüjileriň söýgüli aty, uly baýrakly çapuwlarda ýeňiş gazanyp, on üç sany daşary ýurt markaly maşyn utan Gülüstanyň enesi Kesearkaç şol Köpeliň gyzydyr.

1978-nji ýylda Ilmyrat Agamyradowyň we Ymamguly Hojamberdiýewiň seýisçiik edýän bölümleri Pýatigorskiniň aýlawynda çapuwlara gatnaşyp, I. Agamyradowyň çapyksuwarlyk etmeginde Parasat atly at S. Budýonnynyň adyna goýlan baýrakly çapuwda birinji ýeri eýeleýär.



**Çapuwlarda uly ýeňişleri gazanyp, 13 sany daşary ýurt markaly awtoulaglary utan Gülüstan diýen at (*Goar we Kesearkaçdan*)**

1982-nji ýylda Krasnodar şäheriniň aýlawynda ahalteke atlarynyň arasynda geçirilen at çapyşyklarynda seýis Babaly Taýmazowyň seýisleýän Garazat atly aty SSSR-iň adyna goýlan baýrakly çapuwda birinji ýeri, Gülzaman diýen gysragy gysraklar üçin goýlan Uly (OKS) baýrakly çapuwda birinji ýeri eýeleýär. Şol ýyl ol aýlawda goýlan däp bolan uly baýraklaryň 10-synda Türkmenistanyň atly topary ýeňiji bolýar (şolardan 2 baýragy Gylyç Saryýewiň seýisçilik bölümi alýar). Krasnodarda geçirilen Bütinsoýuz atly-sport ýaryşlarynda bolsa, ahalteke atlary üçin goýlan baýrakly çapuwlaryň ikisinde Gylyç Saryýewiň seýisleýän Perwaz dien gyr aty (çapyksuwary Orazguly Babalyew) ýeňiji bolýar.

1983-nji ýylda Krasnodar şäheriniň aýlawynda ahalteke atlarynyň arasynda geçirilen at çapyşyklarda Babaly Taýmazowyň, Ymamguly Hojamberdiýewiň seýisçilik edýän bölümleri gatnaşyp, uly üstünliklere eýe bolýarlar. Şonda Garader diýen gara at däp bolan baýraklar üçin geçirilýän çapuwlaryň bäşisinde birinji ýeri we ýene-de toparlaýyn geçirilýän bäş capuwda birinji orny, şol ýerde geçi-

rilen Bütinsoýuz atly-sport ýaryşlarynda, uly baýrakly çapuwlarda iki gezek (çapyksuwary O. Babalyew) birinji baýrakly orunlary eýeleýär.

1984-nji ýylda Krasnodaryň aýlawynda geçirilen at çapyşyklarynda Babaly Taýmazowyň seýisçilik bölüminiň Günbatar atly al aty Narly Sähetmyradowyň erk etmeginde Krasnodar şäheriniň adyny göterýän Derbi baýragy üçin geçirilen çapuwda birinji ýeri eýeleýär.

1985-nji ýylda Krasnodaryň aýlawynda geçirilen çapuwlara Babaly Taýmazowyň we Ilmyrat Agamyradowyň seýisçilik bölümlerinde seýislenen atlar gatnaşýarlar.

1986-njy ýylda Krasnodaryň aýlawynda geçirilen Bütinsoýuz atly sport ýaryşlarynda goýlan 4 sany uly baýrakly çapuwlaryň 3-sinde türkmen atçylary ýeňiş gazanýarlar. Atly sportçularymyz bolsa päsgelçiliklerden atly bökmek boýunça ýaryşlarda komandalaýyn ikinji ýeri eýeleýär. Şol ýyl Türkmenistanyň atly sport toparyna ýolbaşçy bolmak şu setirleriň awtoryna miýesser etdi.

1988-nji ýylda Kiýew şäherinde geçirilen XXXI Bütinsoýuz atly sport ýaryşlarynda ahalteke atlary üçin goýlan baýrakly çapuwlaryň dördüsinde hem Türkmenistanyň atly topary ýeňiş gazanýar. Şol baýraklaryň ikisini Kakow Agamyradowyň seýislän Daşoguz welaýatynyň Görogly etrabynyň Hüdük Myradowyň adyny göterýän daýhan birleşiginiň Gandym diýen dor aty (1980-nji ýylda doglan, 996 Mag we 1587 Gyrçma diýen atlaryň neslinden) eýeledi.

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe türkmen at çapyşyklary täzeden dikeldildi. Hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen halkara ülňülerine laýyk gelýän welaýat atçylyk sport toplumlarynda, Halkara atçylyk sport toplumynda, Aşgabadyň merkezi atçylyk sport toplumynda bir wagtyň özünde hemme welaýatlarda atlary synag etmek boýunça at çapyşyk ýaryşlaryny ýokary derejede geçirmäge mümkinçilik döredilendir.

Türkmen atçylary Russiýa Federasiýasynda, Dubaýda we beýleki ýurtlarda geçirilýän at çapyşyklarynda uzak aralyklara geçirilýän marafon ýaryşlaryna, çapuwlara gatnaşyp, üstünlikli çykyş edýärler.

## Aylaw we onun gurluşy

Tohum atlaryň hilini gowulandyrmak maksady bilen olary çapuwlarda we atçylyk sportunda, türkmen milli at üstündäki oýunlarda, atçylyk sportunyň nusgawy görnüşlerinde synag etmegiň – çapdyrmagyň, atly sirkde ulanmagyň örän uly ähmiýeti bardyr. Atçylyk sport ýaryşlaryny gecirmekde we şonuň bilen bir hatarda atlaryň hilini gowulandyrmakda aýlawda geçiriýän synag çapuwlary uly ähmiýete eýedir.

Aýlaw diýlip, çapuw atlaryň ýörite synag (çapuw) geçirilýän, ellips şekilli tegelek we niwelirlenen tekiz çapuw ýodalardan, capuw atlary saklar ýaly athanalardan, tomaşaçylar üçin münberden we atlary synag etmek üçin gerek bolan tehniki enjamlardan ybarat bolan uly oba hojalyk kärhanasyna aýdylýar. Aýlawda synag at çapyşyklary bilen bir hatarda milli atly sport baýramçylyklary, atlaryň sergi gözden geçirilişleri we halkara atly sport yaryşlary geçirilýär.

Aýlaw tomaşa jaýy bolmak bilen bir hatarda adamlaryň köpçülikleýin medeni dynç alyş ýeri bolup hem hyzmat edýär.

Aşgabadyň köne aýlawynyň ornunda1984-nji ýylda gurlan Aşgabat atçylyk sport toplumy we ondaky aýlaw uzynlygy 2000, ini 22 metr bolan esasy çapuw ýodadan, at seýislemek üçin uzynlygy 1800, ini 8 metr seýisçilik ýodadan, paýtun goşulan gorgun ýüwürýän atlaryň ýaryşlaryny geçirmek üçin uzynlygy 1600, ini 15 metre deň bolan içki ýodalardan ybaratdyr.

Soňra 2008-nji ýylda onuň durky häzirki döwrüň talaplaryna laýyk täzelendi, ýanaşyk ýerleri abadanlaşdyryldy we ol Aşgabadyň atçylyk sport toplumy diýlip atlandyryldy. 2013-nji ýylda toplumyň aýlaw ýodasynyň durky politrek garyndylary düşelip täzelendi. Ol bolsa atlaryň ýyndamlygyny her 1000 metr aralykda 3-4 sekunt artdyrmagyna şertleri döretdi.

## Aylaw yodalaryna we athanalara bolan talaplar

Şu ýerde aýlaw gurmagyň taslamasy düzülende we aýlaw gurlanda berjaý edilmeli talaplar barada hem durup geçeliň. Aýlawyň

esasy çapuw ýodasy tekiz, ellips şekilli uzynlygy azyndan 1600 metrden kelte we ini 18 metrden az bolmaly däldir. Tomaşaçylar uçin münberiň öňünde ýerleşýän çapuw ýodanyň göni bölegininiň uzynlygy 400 metrden az bolmasa gowudyr. Ol soňky pellede atlar päsgelçiliksiz göni ýolda güýç synanyşyp, çapyşar ýaly maksat bilen edilýär. Ellips şekilli çapuw ýodanyň iki çetki öwrümlerinde ýodanyň daşky erňeginiň, ýoluň içki tekiz bölegine garanda beýikligi öwrümiň giň ýa-da gysylan darlygyna baglylykda 13-16 gradus töweregi burç bilen ýodanyň iç tarapyna ýapgyt bolmalydyr.

Çapuw ýodalar esasy üç görnüşde bolup biler:

1) Tekiz ýodaly aýlawlar müngi tohumly atlary synag etmek üçin;

2) Göni çapuw ýolda dürli päsgelçilikler goýlan, päsgelçilikli çapuwlar üçin ýodalar;

3) Gorgun tohumly atlary ylgaw ýaryşlarynda synag etmek üçin ýodalar.

Halkara atçylyk sport toplumyndaky we Aşgabadyň atçylyk sport toplumyndaky aýlawlaryň çapuw ýodalaryna 50/50 göterimde çäge garylan politrek garyndy dökülendir we ol tozamaýar, atlaryň ýeňil çapmagyna kömek edýär.

Gorgun tohumly atlaryň ylgaw ýaryşlaryny geçirmek üçin Almaatanyň aýlaw ýodasy rezin plastinalar bilen örtülendir.

Türkmenistanda ýelleriň, koplenç, demirgazyk-günbatardan öwüsýänligini we at çapyşyklaryň günüň ikinji ýarymynda geçirilýänligini göz öňünde tutup, aýlawyň tomaşaçylar üçin münberi günbatar ýa-da demirgazyk günbatar tarapdan günorta-gündogara bakdyrylyp gurulsa, amatly bolýar. Münberden çapuwlaryň gidişi tomaşaçylara we eminlere gowy görünmelidir. Aýlawdaky athanalarda her bir teblehananyň meýdany 11-12 inedördil metrden, beýikligi 3 metrden, aýnalaryň beýikligi ýerden 1,6 metrden (atlaryň gözüne Gün düşmez ýaly) az bolmaly däldir. Athananyň ortasynda giň boş ýörite manež üçin ýer bar bolsa, onuň ýokarsynyň beýikligi 4,5 metrden pes bolmaly däldir. Teblehanalaryň gapysynda atyň ady, doglan ýyly, enesi we atasynyň ady ýazylan asma ýazgy bolmalydyr.



**Halkara atçylyk sport toplumynyň taslama çyzgydy**



**Göni ýollary köpeldilen çylşyrymly gurluşly aýlawlar**

Athanalaryň ýagtylandyryş derejesi (koeffisiýenti) 1:10-1:12 (ýagny 10 inedördül metr içki meýdana 1 inedördül metr penjire meýdany hasapdan), emeli yşyklandyrma 15 lýumen ýa-da yşyklandyryjy çyralaryň kuwwaty içki koridoryň her bir inedördül metrine 5 watt

töweregi bolmalydyr. Iým ahyrlarynyň ýerden beýikligi 60 santimetr, çuňlugy 40 we ini 30 santimetr bolmalydyr. Ýodalaryň uzynlygy we çapuw aralyklar içki çilden ýoda tarap 75 santimetr süýşmek bilen 20 metrlik metaldan ýasalan ölçeg metriň kömegi bilen çapuw ýoluň ters ugruna ölçenilýär we çapuw aralyklar kesgitlenilýär. Çapuw ýodalary gök ot ekilen, çäge garyşykly gyrkyndy mata ýa-da pagta linti ýa-da kagyz gyrkyndylary ýaly goşundylar garylan bolsa, ýumşak we gowy bolýar. Hazirki döwürde ol, ýokarda belläp geçişimiz ýaly, politrek garyndylary bilen düşelýär.

Aýlawda çapuw aralyklary 500, 800, 1000, 1200, 1400, 1500, 1600, 1800, 2000, 2400, 2800, 3000, 3200, 4000, 4800 metr bolup, ol aralyklara beýik sütünler dikilip, onuň ýüzüne uly sanlar bilen ýazylan metr uzynlygy aňladýan metr aralyklar görkezilendir.

Münberiň gapdalynda çapuwlara gatnaşýan atlary eýerläp müner ýaly, ol ýa-da beýleki atdygy çipleri boýunça halkara ülňülerine laýyklykda takyk anyklamak üçin barlaglary geçirer ýaly ýörite athana – teblehanalar bar. Onuň ýanynda çapuwa gatnaşýan atlar çapuwyň öň ýanynda aýagyny ýazar ýaly gezim meýdançasy (paddok) bar. Ol ýerden atlar çapuwa ugradylýar.

Pellehananyň (finişiň) garşysynda eminler topary işlär ýaly jaýjagaz ýerleşip, ol ýerden çapuw ýodasy we çapuwlaryň gidişi gowy görünmelidir. Ol jaý ýörite elektron we radio enjamlar bilen abzallaşdyrylandyr. Eminiň jaňy, wagt ölçeýän abzallar (sekundomer), ses güýçlendiriji enjamlar, atlaryň toýhanadan geçiş tertibini we wagtyny hasaba alýan fotofiniş we ş.m. bardyr. Ýaryşlaryň geçişi, çapuwlaryň netijeleri şol ýerden ses güýçlendiriji enjamlaryň kömegi bilen tomaşaçylara habar berilýär, münberiň öňündäki monitoryň üsti bilen çapuwlaryň gidişi, gazanylan ýerler tomaşaçylar köpçüligine ýetirilýär. Aşgabadyň atçylyk sport toplumynda çapuw we sport atlary 9 sany athanalarda saklanylýar.

## Aylawlaryn çapuw atlary bilen upjun edilişi

Ahalteke tohum atlary hökmany suratda aýlawlarda geçirilýän synag çapuwlaryna ýa-da atçylyk sportuna, atly sirke gatnaşdyrylyp synag edilmelidir.

Türkmenistanyň şertlerinde tutum taýlar güýzüň aýagynda bir ýarym ýaşyndaka hojalykda ýörite zooweterinar barlaglardan geçenlerinden soň aýlawa getirilýär ýa-da atçylyk kärhananyň özünde seýislere berkidilýär.

Atlaryň ýany bilen aýlawa atyň pasporty, 1a we 2b resmi tohumçylyk ýazgysy we öň aýlawda çapan atlaryň ýany bilen bolsa, synag resmi ýazgysy (kartoçkasy) ugradylýar. Seýisçilik bölümlerinde taýlara müngi öwredilip, soňra seýislenip başlanýar. Soňra aýlawyň zooweterinar gullugy we atşynas hünärmenler tarapyndan atlar seçgilenip, olaryň tohumçylyk gymmaty – klaslary kesgitlenilýär we at çapyşyklaryna gatnaşmaga atlara rugsat berilýär. Şeýle-de atlaryň saglyk ýagdaýy, aýlawa iberilýändigi barada ykrar haty we atlaryň sagatlygy barada weterinar kepilnamasy aýlawa berilýär. Eger-de iki ýaşar, 3 we uly ýaşar atlar athana hojalyklaryň özünde saklanyp seýislenen bolsa, onda atlar aýlawa çapuwlara gatnaşmak üçin çapuw möwsümlerinde ýa-da çapuw gününde ugradylýar.

## Atlary seyislemekde we synag etmekde aylawyn wezipeleri

Aýlaw – öz garamagynda at çapyşyk ýaryşlaryny geçirmek üçin binalar toplumyndan, aýlaw ýodalaryndan we ýörite enjamlardan durýan oba hojalyk kärhanasydyr.

Atlary seýislemegiň we synag etmegiň wezipesi ol ýa-da beýleki tohum atlary köpeltmegiň we ulanmagyň maksady bilen baglanşyklydyr. Müngi atlaryny seýislemek olaryň nesilden alan ýyndamlygyny doly ýüze çykarmaga we öňürdik-ylgaw hereketini kämilleşdirmäge hyzmat edýär. Gorgun tohumdan bolan atlary synag etmek atyň gorgunyna dogry koordinirlenen hereketini, gorgunyna ylgaw hereketini we çydamlylygyny ýüze çykarmaga mümkinçilik berýär. Aýlaw çapuwlarynda atlaryň görkezen ýyndamlygy, olaryň beden gurluşynyň berkligi, kesellere durnuklylygy we tohumçylyk gymmaty bilen göni (položitel) baglanyşykda (korrelýasiýada) bolýanlygy anyklanandyr. Şonuň üçin zawod atçylary synag edilen atlara

we baýtallara ýokary baha berip, tohumçylyk işinde giňden ulanmaga çalyşýarlar.

Synag çapuwlarda yndamlykda ýokary netije görkezen atlar, düzgün bolşy ýaly, ady belli höwür aty bolup ýetişýär, ugurbaşy atlar, maşgalabaşy baýtallar bolýarlar we köp sanly ýokary hilli nesilleri almaga mümkinçilik berýärler.

Aýlawyň işleri aşakdakylardan durýar:

– Müngi we gorgun tohumly atlary aýlawlarda seýislemek bilen bir hatarda ýyndamlygyna synag etmek, çapdyrmak;

– Müngi atlaryny aýlawlarda tekiz ýollarda, päsgelçilikli (barýer) çapuwlarda we stipl çez ýaly atçylyk sportunyň çylşyrymly görnüşlerinde, gorgunly tohum atlary bolsa, iki tekerli ýeňil paýtuna goşulyp, gorgun hereketde ylgawyna ýaryşlarda, ýorga atlary ýorgalamakda (Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň aýlawlarynda) synag etmek bilen olaryň köpçülikleýin ýaryşlaryny guramak;

– Tohum atlaryň gözellik bäsleşiklerini, sergilerini we gözden geçirilişlerini guramak;

– Türkmenistanyň şertlerinde aýlawyň hyzmat ediş çägindäki döwlet we hususy atçylyk athanalaryna, atçylyk sporty mekdeplerine we atçylyk sporty bölümlerine tejribelik we usuly kömekleri bermek;

– Atçylyk hojalyklarynda tohumçylyk işlerini kämilleşdirmekde, atçylyk sportunda, milli at üstündäki oýunlarda we atly sirkde atçy sportçularyň gazananlaryny, öňdebaryjy tejribäni önümçilige ornaşdyrmak;

– Atlary synag etmegiň, atçylyk sporty ýaryşlarynyň netijelerini at tohumlary bilen geçirilýän seçgi-tohumçylyk işlerinde ulanmak maksady bilen seljermek, olary baýlaşdyrmak we neşir etmek, köpçülikleýin ýaýratmak;

– Çapyksuwarlary, seýisleri taýýarlamak, olaryň hünär ussatlygyny kämilleşdirmek üçin şertleri döretmek;

– Dünýäniň öňdebaryjy aýlawlary bilen tejribe alyşmak, atlary synag etmekde oňdebaryjy tehnologiýalary aýlawyň önümçiligine ornaşdyrmak ýaly işler aýlawyň (atçylyk sport toplumlarynyň) esasy wezipeleridir.

## Mungi atlaryny aylawlarda synag etmegin (çapdyrmagyn) tertibi we duzgunleri

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň türkmen halkynyň gadymyýetden gelýän atçylyk medeniýetini, seýisçilik, çapyksuwarlyk sungatyny, türkmen at çapyşyklaryny Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwrüne mynasyp, döwrebap kämilleşdirmek, halkara derejesine çykarmak baradaky Kararlaryndan we görkezmelerinden ugur alyp, Halkara we welaýat atçylyk sport toplumlarynda, Aşgabadyň merkezi atçylyk sport toplumynda geçirilýän halkara we milli atçylyk sport ýaryşlaryny, atlaryň synag çapuwlaryny we Türkmenistanyň milli baýramçylyklaryna bagyşlanyp geçirilýän atly sport ýaryşlaryny halkara ülňülerine laýyk geçirmek maksady bilen ýurdumyzda uly işler amala aşyrylýar. Ýurdumyzyň çäginde alty aýlawda çapuw bäsleşikleri geçirilýär.

Türkmenistanyň atçylyk sport toplumlarynda müngi atlaryny synag etmek halkara ülňülerine laýyk gelýän we «Türkmen atlary» döwlet birleşigi tarapyndan tassyklanan düzgünnama boýunça geçirilýär.

Türkmenistanyň şertlerinde ahalteke, ýomut tohumly atlar aýlawlarda özbaşdak çapdyrylýar.



Çapuwa goýberilýän atlaryň hökmany suratda döwlet tugraly möhür bilen tassyklanan pasporty bolmalydyr. Elektron usulda mikroçiplenip, bellige alynmadyk atlar çapuwlara goýberilmeýär.

Türkmenistanyň aýlawlarynda çapuwlarda synag edilýän ahalteke we ýomut tohum atlary – atlar 2 ýaşdan 8 ýaşa çenli we gysraklar 2 ýaşdan 4 ýaşa çenli çapdyrylýar. At çapyşyklary aýlaw tarapyndan düzülen bir ýyllyk çapuw meýilnamasy esasynda, ýazky we güýzki möwsümlerde geçirilýär. Şonda orta hasapdan 2 ýaşar atlary aýda 1,5 – 2 gezek, 3 we uly ýaşar atlary aýda 2 – 3 gezek çapdyrmak meýilleşdirilýär.

Aşgabadyň atçylyk sport toplumynda 2011-nji ýyl üçin synag çapuwlarynyň ýyllyk meýilnamasy 20-nji tablisada getirilýär.

Ýazky çapuw möwsümi 3 we uly ýaşar atlar üçin Nowruz baýramçylygyndan başlanýar. Iki ýaşar gunanlar ilkinji gezek çapuwa aprel aýynyň soňky dynç gününde Türkmen bedewiniň baýramçylygyna bagyşlanyp geçirilýän çapuwlara gatnaşýarlar. Daşary ýurt aýlawlarynda hem (mysal üçin, Russiýanyň aýlawlarynda) iki ýaşar gunanlar maý aýynyň 1-inden çapuwlara gatnaşyp başlaýarlar. Olar şol döwürde iki ýaşady hasaplanylýar.

Atlar ýyndamlygy boýunça jemi 5 topara bölünýär. 2 ýaşar atlar birinji gezek çapdyrylanda we beýleki çapuwlarda bir gezek ozmadyk atlar 4-nji toparda çapdyrylýar. Çapuwlarda bir gezek ozan at 3-nji topara, iki gezek ozan at - 2-nji topara, üç gezek ozan at 1-nji topara we dört gezek ozan at topardan çykan toparda, jemi 5 toparda çapdyrylýar. Her bir ata öz toparyndaky atlar bilen goşulyp, bäsleşip çapmaga rugsat edilýär. Şonda 2 ýaşar atlar özbaşyna, 3 ýaşar atlar özbaşyna we 4 hem-de uly ýaşar atlar özbaşyna diňe öz toparlaryndaky atlar bilen çapdyrylýar.

Bu bolsa ýyndamlygy boýunça bir deňräk atlary bile çapmaga mümkinçilik berýär. Şeýle çapdyrylmagynyň sebäbi ýyndam atlary ýyndam atlar bilen, ýagny aýagy deň atlary bir çapuwda goşup çapdyrmaly diýildigidir.

Üç we uly ýaşar atlaryň bir çapuwda goşulyp çapylýan wagtlary hem bolýar. Şonuň ýaly çapuwlar üçin ýörite «deňeşdirme» baýrakly çapuwlary guralýar.

*20-nji tablisa*

**Aşgabat atçylyk sport toplumynda 2011-nji ýylyň ýazky we güýzki at çapyşyk möwsüminiň meýilnamasy**

| Atlaryň ýaşy, jynsy | Mart aýynyň 21-i | Mart aýynyň 27-si | Aprel aýynyň 3-i | Aprel aýynyň 10-y |
|---|---|---|---|---|
| 2 ýaşar atlar we gysraklar | – | – | – | |
| 3 ýaşar atlar we gysraklar | At çapyşyk möwsüminiň «Açylyş» baýragy. 1800 metr, 6000 bal.<br>3 topar. 3 çapuw. 1400 metrden=600 bal.<br>4 topar, 4 çapuw. 1200 metrden=500 bal. | 2 topar, 1 çapuw, 1600 metrden= 800 bal.<br>3 topar, 4 çapuw. 1400 metrden = 500 bal. | Seýdi baýragy. 1200 metrden = 4000 bal.<br>Açyk baýrak. 1800 metrden=1500 bal.<br>3 topar, 2 çapuw. 1400 metrden=600 bal.<br>4 topar, 4 çapuw. 1200 metrden = 8000 bal. | 3 topar, 4 çapuw, 1400 metrden = 600 bal.<br>4 topar, 5 çapuw. 1200 metrden = 500 bal. |
| 4 we uly ýaşar atlar | Açyk baýrak. 2400 metrden=1400 bal.<br>Topardan çykan, 1 çapuw. 2200 metrden =1800 bal.<br>1 topar, 1 çapuw. 2000 metrden =13000 bal.<br>2 topar, 1 çapuw, 2000 metrden=800 bal.<br>3 topar, 1 çapuw. 1800 metrden = 800 ball | 2 topar, 1 çapuw, 1600 metrden = 800 bal.<br>3 topar, 4 çapuw. 1400 metrden = 500 bal | Gelşikli baýragy. 1400 metrden = 1400 bal.<br>Açyk baýrak. 2000 metrden = 1800 bal.<br>Topardan çykan, 1 çapuw, 2400 metrden = 1800 bal.<br>1 topar, 1 çapuw. 2000 metrden = 3000 bal.<br>2 topar, 1 çapuw, 2000 metrden = 1000 bal. | Topardan çykan, 1 çapuw, 2200 metrden = 1800 bal.<br>1 topar, 1 çapuw. 2000 metrden = 1300 bal<br>2 topar, 1 çapuw. 2000 metrden = 1000 bal.<br>3 topar, 1 çapuw. 1800 metrden = 800 bal. |
| Çapuwlaryň sany | 13 çapyşyk | 12 çapyşyk | 13 çapyşyk | 13 çapyşyk |

*20-nji tablisanyň dowamy*

| Atlaryň ýaşy, jynsy | Aprel aýynyň 17-si | Aprel aýynyň 24-i | Aprel aýynyň 3-i | Maý aýynyň 8-i |
|---|---|---|---|---|
| 2 ýaşar atlar we gysraklar | – | – | Atlar üçin «Synag» baýragy. 1200 metrden = 4000 bal.<br>Gysraklar üçin «Synag» baýragy. 1200 metrden = 4000 bal. | 4 topar, 5 çapuw. 1000 metrden = 400 bal. |
| 3 ýaşar atlar we gysraklar | 3 topar, 4 çapuw. 1400 metrden=600 bal. 4 topar, 5 çapuw, 1200 metrden =500 bal. | Açyk baýrak. 1800 metrden =1500 bal.<br>2 topar, 2 çapuw 1600 metrden =800 bal. | 3 topar, 1 çapuw. 1400 metrden =600 bal.<br>4 topar, 3 çapuw. 1200 metrden =500 bal. | Açyk baýrak. 1800 metrden =1500 bal.<br>3 topar, 2 çapuw. 1400 metrden =600 bal.<br>4 topar, 2 çapuw. 1200 metrden =500 bal. |
| 4 we uly ýaşar atlar | Topardan çykan, 1 çapuw, 2200 metrden=1800 bal.<br>1 topar, 1 çapuw. 2000 metrden 13000 bal.<br>2 topar, 1 çapuw, 2000 metrden=1000 bal.<br>3 topar, 1 çapuw. 1800 metrden=800 ball. | Türkmen bedewiniň baýramçylygy mynasybetli Türkmenistanyň Prezidentiniň baýragy. 2000 metrden =6000 bal.<br>Topardan çykan, 1 çapuw. 2000 metrden=1800 bal.<br>2 topar, 1 çapuw. 2000 metrden =1000 bal. | Topardan çykan,<br>1 çapuw. 2400 metrden=1800 bal.<br>2 topar, 1 çapuw 2000 metrden 1000 bal.<br>3 topar, 1 çapuw, 2000 metrden =800 bal. | Açyk baýrak. 2400 metrden=1800 bal.<br>1 topar,1 çapuw 2200 metrden=1300 bal.<br>2 topar, 1 çapuw, 2000 metrden =1000 bal.<br>3 topar, 1 çapuw, 2000 metrden =800 bal. |
| Çapuwlaryň sany | 13 çapyşyk | 6 çapyşyk | 13 çapyşyk | 14 çapyşyk |

| **Atlaryň ýaşy, jynsy** | **Maý aýynyň 15-i** | **Maý aýynyň 22-si** | **Maý aýynyň 29-y** | **Iýun aýynyň 5-i** |
|---|---|---|---|---|
| 2 ýaşar atlar we gysraklar | Toparbaý baýragy. 1200 metrden =6000 bal.<br>Açyk baýrak. 1200 metrden =1200 bal.<br>4 topar, 3 çapuw. 1400 metrden =400 bal. | 4 topar, 4 çapuw. 1000 metrden =400 bal.<br>4 topar, 2 çapuw. 500 metrden =400 bal. | Gülsary baýragy. 1400 metrden =5000 bal<br>Açyk baýrak. 1200 metrden =1200 bal<br>4 topar, 4 çapuw. 1000 metrden =400 bal. | 4 topar, 4 çapuw. 1000 metrden= 400 bal.<br>4 topar, 2 çapuw. 500 metrden =400 bal. |
| 3 ýaşar atlar we gysraklar | Polatly baýragy. 1800 metrden =6000 bal.<br>Açyk baýrak. 1800 metrden=1500 bal.<br>3 topar, 1 çapuw. 1400 metrden=600 bal.<br>4 topar, 2 çapuw. 1200 metrden=500 bal. | 3 topar. 1 çapuw 1500 metrden =600 bal.<br>4-nj topar, 3 çapuw 1400 metrden =500 bal. | Meleguş baýragy. 1800 metrden =4000 bal.<br>Garaly baýragy. 1600 metrden =6000 bal.<br>Açyk baýrak. 1800 metrden =800 bal.<br>3 topar, 1 çapuw. 1500 metrden =800 bal.<br>4 topar, 2 çapuw. 1400 metrden =600 bal. | 3 topar, 2 çapuw. 1500 metrden =800 bal.<br>4 topar, 2 çapuw. 1400 metrden =600 bal. |
| 4 we uly ýaşar atlar | Görogly baýragy. 2000 metrden=10000 bal.<br>Açyk baýrak. 2400 metrden=1800 bal.<br>2 topar, 1 çapuw, 2000 metrden=1000 bal.<br>3 topar, 1 çapuw. 2000 metrden = 800 bal. | 1 topar. 1 çapuw. 2200 metrden=1300 bal.<br>2 topar, 1 çapuw, 2000 metrden=1000 bal.<br>3 topar, 1 çapuw, 2000 metrden=800 bal. | Garader baýragy. 2400 metr-den=18000 bal.<br>Açyk baýrak. 2400 metrden=1800 bal.<br>2 topar, 1 çapuw, 2000 metrden 1300 bal.<br>3 topar, 1 çapuw, 2000 metrden=800 bal. | 2 topar, 1 ça-puw, 2000 metr-den=3000 bal.<br>3 topar, 1 ça-puw, 2000 metr-den=800 bal. |
| Çapuwlaryň sany | 14 çapyşyk | 13 çapyşyk | 13 çapyşyk | 13 çapyşyk |

*20-nji tablisanyň dowamy*

| Atlaryň ýaşy, jynsy | Awgust aýynyň 28-i | Sentýabr aýynyň 4-i | Sentýabr aýynyň 11-i | Sentýabr aýynyň 18-i |
|---|---|---|---|---|
| 2 ýaşar atlar we gysraklar | Meleguş baýragy. 1400 metrden=6000 bal.<br>3 topar, 1 çapuw. 1200 metrden =500 bal.<br>4 topar, 3 çapuw. 1000 metrden=400 bal. | 3 topar, 1 çapuw. 1200 metrden=500 bal.<br>4 topar, 4 çapuw. 1000 metrden =400 bal.<br>4 topar, 2 çapuw. 500 metrden=400 bal. | Açyk baýrak. 1500 metrden =1200 bal.<br>3 topar, 1 çapuw. 1200 metrden =500 bal.<br>4 topar, 3 çapuw. 1000 metrden = 400 bal. | 3 topar, 2 çapuw. 1200 metrden=500 bal.<br>4 topar, 3 çapuw. 1000 metrden = 400 bal.<br>4 topar, 2 çapuw. 500 metrden = 400 bal |
| 3 ýaşar atlar we gysraklar | Absent baýragy. 2000 metrden = 6000 bal.<br>Açyk baýrak. 1800 metrden =1500 bal.<br>3 topar, 1 çapuw. 1600 metrden=600 bal.<br>4 topar, 2 çapuw. 1500 metrden=500 bal. | 3 topar, 1 çapuw, 1600 metrden=600 bal.<br>4 topar, 2 çapuw 1500 metrden =500 bal. | Gözel baýragy. 1800 metrden=10000 bal.<br>Açyk baýrak. 1800 metrden = 1500 bal.<br>2 topar, 1 çapuw. 1800 metrden = 1500 bal.<br>3 topar, 1 çapuw. 1600 metrden = 600 bal.<br>4 topar, 2 çapuw. 1500 metrden = 500 bal. | 3 topar, 2 çapuw. 1600 metrden=600 bal.<br>4 topar, 2 çapuw. 1500 metrden = 500 bal. |
| 4 we uly ýaşar atlar | Gelşikli baýragy. 1400 metrden = 8000 bal.<br>Açyk baýrak. 2400 metrden = 1800 bal.<br>2 topar, 1 çapuw, 2000 metrden = 1000 bal. | Topardan çykan, 1 çapuw. 2200 metrden=1800 bal.<br>2 topar, 1 çapuw, 2000 metrden=1300 bal.<br>3 topar, 1 çapuw, 2000 metrden = 800 bal. | Elita baýragy. 2400 metrden = 15000 bal.<br>Açyk baýrak. 2400 metrden = 1800 bal.<br>2 topar, 1 çapuw 2000 metrden = 1000 bal. | 1 topar, 1 çapuw, 2200 metrden =1300 bal.<br>2 topar, 1 çapuw, 2000 metrden =1300 bal.<br>3 topar, 1 çapuw, 2000 metrden =800 bal. |
| Çapuwlaryň sany | 13 çapyşyk | 13 çapyşyk | 14 çapyşyk | 14 çapyşyk |

| Atlaryň ýaşy, jynsy | Sentýabr aýynyň 25-i | Oktýabr aýynyň 2-si | Oktýabr aýynyň 9-y | Oktýabr aýynyň 16-sy |
|---|---|---|---|---|
| 2 ýaşar atlar we gysraklar | «Pöwrize» baýragy. 1400 metrden=6000 bal.<br>Açyk baýrak. 1500 metrden = 1200 bal.<br>3 topar, 2 çapuw. 1200 metrden = 500 bal.<br>4 topar, 3 çapuw. 1000 metrden = 500 bal. | 3 topar, 2 çapuw. 1200 metrden = 500 bal.<br>4 topar, 2 çapuw. 1000 metrden=400 bal.<br>4 topar, 2 çapuw. 500 metrden =400 bal | Pereň baýragy. 1600 metrden =15000 bal.<br>Açyk baýrak. 1500 metrden =1200 bal.<br>3 topar, 2 çapuw. 1200 metrden =500 bal. | 3 topar, 2 çapuw. 1200 metrden =500 bal.<br>4 topar, 2 çapuw. 1000 metrden =400 bal.<br>4 topar, 2 çapuw. 500 metrden =400 bal |
| 3 ýaşar atlar we gysraklar | Gysraklar üçin uly baýrak. 2400 metrden = 20000 bal.<br>Açyk baýrak. 2400 metrden =1500 bal.<br>2 topar, 1 çapuw. 1800 metrden =800 bal. | 3 topar, 2 çapuw, 1600 metrden =600 bal.<br>4-nj topar,.3 çapuw 1500 metrden =500 bal. | «Uly Aşgabat» baýragy. 2400 metrden = 40000 bal.<br>«Boýnaw» baýragy. 2400 metrden =20000 bal.<br>Açyk baýrak. 2200 metrden =1500 bal.<br>2 topar, 1 çapuw. 1800 metrden =800 bal.<br>3 topar, 2 çapuw. 1600 metrden=600 bal. | 3 topar, 2 çapuw. 1600 metrden =600 bal.<br>4 topar, 3 çapuw. 1500 metrden =500 bal. |
| 4 we uly ýaşar atlar | «Keýmirkör» baýragy. 3000 metrden=20000 bal.<br>Açyk baýrak. 2800 metrden =1800 bal.<br>2 topar, 1 çapuw, 2000 metrden =1000 bal. | 2 topar, 1 çapuw, 2000 metrden =1000 bal.<br>3 topar, 1 çapuw, 2000 metrden =800 bal. | Ahal baýragy. 3200 metrden =40000 bal.<br>Açyk baýrak. 2800 metrden =1800 bal.<br>1 topar, 1 çapuw. 2200 metrden =1300 bal.<br>2 topar, 1 çapuw. 2000 metrden = 1000 bal. | 2 topar, 1 çapuw, 2000 metrden =1500 bal.<br>3 topar, 1 çapuw, 2000 metrden =800 bal. |
| Çapuw-laryň sany | 13 çapyşyk | 13 çapyşyk | 14 çapyşyk | 14 çapyşyk |

Çapuw möwsüminiň meýilnamasynda görkezilen çapuw günlerine atlary çapuw tertipnamasyna ýazmak aýlawyň zootehniginiň, nobatçy seýsiň we weterinar gullugynyň wekiliniň gatnaşmagyndaky iş topary tarapyndan geçirilýär.

Seýis aýlawyň atlary çapuwlara ýazmak boýunça iş toparyna çapuwa ýazýan atynyň adyny, ýaşyny, toparyny, jynsyny we çapuw aralygyny we baýragyň adyny, çapyksuwaryny görkezmek bilen resmi haýyşnama berýär. Seýsiň haýyşnamasynyň at eýesi üçin ýerine ýetirilmegi hökmanydyr.

Atlaryň çapuwdaky tertip belgisi bije atmak (däp bolan uly baýraklarda bije atyşmaga seýsiň haky bardyr) bilen kesgitlenýär. Atlar çapuwa ýazylandan we kabul edilenden soňra çapuw gününiň tertipnamasyna hiç hili goşmaçalar, düzedişler girizilmeli däldir.

Çapuw tertipnamasy her bir çapuw güni üçin aýratyn, belli bir görnüşde, daşynda atçylyk sport toplumyň (aýlawyň) ady, geçirilýän senesi, çapuw güni we başlanýan wagty görkezilýär.

Capuw tertipnamasy kitapça görnüşinde neşir edilip, degişli seýislere, eminler toparynyň agzalaryna we hünärmenlere paýlanylýar, köp sanly at söýüji tomaşaçylar üçin satuwa çykarylýar. Tertipnamada çapuwlaryň geçirilýän senesi, wagty (sagady we minuty), çapuw tertibi we aralygy, çapuwa gatnaşýan atyň ady, reňki, gelip çykyşy (enesi-atasy), aýlawda öňki çapuwlarda gazanan orunlary we görkezen wagty, degişli hojalygy, nünär derejesini görkezmek bilen seýsi we talap edilýän agramyny görkezmek bilen çapuksuwary ýazylýar.

Çapuwa ýazylan at şol çapuwa gatnaşmalydyr. Bellenilen çapuwdan aty aýyrmak weterinar gullygynyň wekiliniň sebäbini görkezmek bilen ýazmaça görkezmesi esasynda geçirilýär.

Çapuwlarda ahalteke atlaryny aýlawlarda çapmaga rugsat edilýän aralyklar:

2 ýaşar atlara – 500 metr, 800, 1000, 1200, 1400, 1500 we 1600 metr aralyga çenli;

3 ýaşar atlara – 1000 metr, 1200, 1400, 1600, 1800, 2000, 2400, 2800 we 3000 metr aralyga çenli;

4 we uly ýaşar atlara – 1200 metrden 4800 metr aralyga çenli. Müngi atlaryny synag etmekde çapyksuwaryň agramyna aýratyn üns berilýär.



**At çapyşyk bäsleşigi**

Çapuw başlanmanka, çapyksuwarlaryň agramlary medisina terezisinde ölçenilip, agramy edilýän talaba ýetmese, goşmaça gurşun bölekleri bilen üsti ýetirilýär (gurşun bölekleri eýeriň kisesine salynýar).

Çapyksuwaryň agramyna bolan talaplar: 2 ýaşar atlarda – 57 kilogram; 3 ýaşar atlarda – 58; 4 we uly ýaşar atlarda – 59 kilogram (eýeriň, çekiniň, içirginiň agramyny goşmak bilen) bolmalydyr.

Gysraklar atlar bilen goşulyp çapdyrylanda çapyksuwaryň agramyna bolan talap 2 kilogram azaldylýar (gýsraklaryň ýaşyna laýyklykda - 55, 56, 57 kilogram). Gysraklar üçin özbaşyna çapuwlarda ol ýeňillik berilmeýär. Atoglanlar hünärli çapyksuwarlar bilen bile goşluşyp, at çapyşanlarynda, olar bellenilen agramdan 2 kilogram az agram göterýär.

Baýrakly orunlary eýelän çapyksuwarlaryň takyk agramy çapuw geçirilen badyna ýene bir gezek gaýtadan ölçenilýär. Çapuw tertipnamasynda görkezilen agrama capyksuwaryň agramy ýetmese, çapuwyň netijesi boýunça gazanan baýrakly ornundan mahrum edilýär (uýanyň agramyny göz öňünde tutmak bilen 300 grama çenli ýetmeýän agram hasap edilmeýär).

At söýüji höwesjeň atoglanlar üçin agram çäklendirlmedik, ýeňil agramly oglanlara diňe özbaşdak çapuwlarda erkin agramda at çap-

maga hem rugsat edilýär. Käbir aýlawlarda iki ýaşar atlara 50 kilogram agram götermage rugsat edilýän aýlawlar (mysal üçin, Russiýa Federasiýasynyň aýlawlarynda) bar.

Dünýäniň pul utluşykly oýunlary oýnalýan aýlawlarynda iň ýyndam atlar arany has üzüp, ozýan bolsa, düzgünde görkezilen agrama goşmaça agram goşup «gandikap» çapuwlar geçirilýär. Şonda ýörite hünärmen «gandikapýor» şonuň ýaly atlara näçe kilogram (3,5 kilograma çenli) goşmaça agram götermelidigini kesgitleýär we ol tertipnamada görkezilýär. Çapyksuwarlaryň agramy ölçenilýän wagty terezihanada başga adamlaryň bolmagy gadagandyr.

Çapyksuwarlar hökmany suratda ätiýaçlandyryş gullugy tarapyndan töleg puly tölenip, ätiýaçlandyrylan bolmalydyr. Çapuw wagty tertipnamada görkezilen tertip belgide, özüne bellenilen reňkdäki çapyksuwar eşiginde we howpsuz baş geýimde, gorag äýnekli bolmalydyr.

Çapuw atlaryň dogry eýerlenmegine we eýer esbabynyň düzüwligine seýis jogap berýär. Ätiýaçlyk çekisiz (trok) ýa-da ikinji çekisiz atlary çapuwa ugratmak gadagandyr.

Çapuw gamçysy 70 santimetrden uzyn bolmaly däldir we ujy ýumşak şelpe görnüşli bolmalydyr. Çapuw wagtynda aýlawda bellenilen tertipden köp aty gamçylamak bolmaýar.



**Çapyksuwaryň eşikleriniň görnüşleri**

At eýerlenýän athanada we çapuwlara ugradylýan gezim meýdançada (paddokda), münberiň öňündäki ýodalarda we baýrak gowşurylýan meýdançada geregi bolmasa, atlara gamçy çalmak, gykylyklap, haýbat atmak bolmaýar.

Çapuw tertipnamasyna girizilýän üýtgeşmeler çapuwlar başlamazdan azyndan iki sagat öň, aýlawyň weterinar lukmanyndan, zootehniginden baş emin tarapyndan kabul edilýär. Atlar çapuwdan diňe aýlawyň weterinar lukmanynyň ýazmaça görkezmesi boýunça aýrylyp bilner. Çapuw tertipnamasyna girizilen üýtgeşmeler çapuwa 30 minut galanda diktor tarapyndan çapuwa gatnaşýan atlaryň sanawy, olara girizilen üýtgeşmeler tomaşaçylara habar berilýär.

Nobatdaky çapuwyň başlanmagyna 10 minut galanda çapuwa gatnaşýan atlar aýlawyň çapuw ýodasyna çykyp, tomaşaçylaryň öňünden tertip belgileri boýunça yzygiderlikde geçmelidirler.

Gaýdyş pellede mehaniki badalgadan ýa-da atlara badalga beriji emin tarapyndan elde badalga berilýär. Mehaniki badalga aralyk görkeziji sütüniň azyndan 3 metr yz tarapynda goýulmalydyr. Atlar mehaniki badalga 3 minutyň dowamynda salynmalydyr.

Mehaniki badalga girmeýän atlary gaýdyş pellede we beýleki sebäplere görä, baş emine habar bermek bilen çapuwdan alyp galmaga ugradyjy emine ygtyýar berlendir.

Badalga berlip, çapuwa gatnaşýan atlar gaýdyş pellede aralyk görkeziji sütüniň deňine gelende, ol ýerde duran baýdakçy baýdagyny ýatyrandan soň (eminiň bir jaň sesi) çapuw başlandy hasap edilýär. Eger atlar çapuwa goşulyp bilmeseler (falstart) eminler tarapyndan köp jaň kakmak bilen çapuw saklanyp, atlara täzeden badalga berlip, çapuwa goýberilýär.

## Çapuwlarda goyulyan bayraklar

Dünýäniň aýlawlarynda, şol sanda Türkmenistanyň aýlawlarynda milli aýratynlyklarymyz bilen baglanyşykly ahalteke atlarynyň arasynda baýraklaryň dürli görnüşleri ugrunda çapuw bäsleşikleri geçirilýär.

**Toparlaýyn baýraklar** – ol ýa-da beýleki topardaky atlar üçin goýulýan ýönekeý baýraklardyr. Mysal üçin, 4-nji topardaký 2 ýaşar atlar üçin, 2-nji topardaký 3 ýaşar atlar üçin we ş.m. baýraklardyr.

**Atly baýraklar** diýlip, ol ýa-da beýleki senä (Halyçylar gününe, Oba hojalýk işgärleriniň gününe we ş.m.) ýa-da ilhalar adamlarýň hatyrasyna bagýşlanyp goýulýan baýraklara aýdylýar.

**Däp bolan baýraklar** – uly pul utuşly baýraklar bolup, her ýylda çapuw möwsüminiň belli bir senesinde, aýlawda iň ýyndam çapan atlaryň arasynda goýulýar

Türkmenistanyň aýlawlarynda däp bolan iň uly baýrak Türkmenistanyň Prezidentiniň baýragy bolup, ol 1992-nji ýyldan başlap 3 ýaşar atlaryň we gysraklaryň arasynda 2800 metr aralyga her ýylyň oktýabr aýynda, Türkmenistanyň Garaşsyzlyk baýramçylygyna bagyşlanyp geçirilýän toý-baýramçylyk at çapyşyklarynda goýulýar.

Soňky ýyllar Türkmenistanyň Prezidentiniň baýragyna mynasyp bolan atlaryň sanawy we olaryň görkezen wagty aşakdaky ýalydyr:

2004-nji ýylda – Ýelsona, gara gysrak, Garadaşly we Aýdere diýen atlaryň neslinden, 2800 metr aralygy 3 minut 24,8 sekuntda geçipdir. Eýesi Çarymyrat Muhammedow, seýsi Ç.Muhammedow, çapyksuwary ussat çapyksuwar E.Babalyýew.

2005-nji ýylda – Garadag, dor at, Akylly we Ýeňiş diýen atlaryň neslinden, 2800 metr aralygy 3 minut 25,0 sekuntda geçipdir. Eýesi Türkiýäniň raýaty H.Ýaman, seýsi Türkmenistanyň at gazanan atşynasy B.Hydyrow, çapyksuwary E.Hydyrow.

2006-njy ýylda – Alkata-2, dor gysrak, Garahanjar we Gülkamar diýen atlaryň neslinden, 2800 metr aralygy 3 minut 25,0 sekuntda geçipdir. Serdar Gylyçmämmedowyň hususy aty, seýsi onuň özi, çapyksuwary ussat çapyksuwar E.Hydyrow.

2007-nji ýylda – Maýa, dor gysrak, Garadem we Altynaý diýen atlaryň neslinden, 2800 metr aralygy 3 minut 20,4 sekuntda geçipdir. Türkmenistanyň Prezidentiniň atcylyk toplumynyň gysragy, seýsi Türkmenistanyň at gazanan atşynasy, ussat seýis K.Agamyradow, çapyksuwary B.Agamyradow.

2008-nji ýylda – Aýhan, mele at, Aksakal we Altyn diýen atlaryň neslinden. 2800 metr aralygy 3 minut 25,2 sekuntda geçipdir. Serdar Gylyçmämmedowyň hususy aty, seýsi onuň özi, çapyksuwary ussat çapyksuwar E.Hydyrow.

2009-njy ýylda – Ýagmyr, dor at, Ýaňgala we Ýeňiş diýen atlaryň neslinden, 2800 metr aralygy 3 minut 20,4 sekuntda geçipdir.

Eýesi Türkiýäniň «Polimeks» firmasy, seýsi Türkmenistanyň at gazanan atşynasy B.Hydyrow, çapyksuwary E.Hydyrow.

2010-njy ýylda – Garadag, garador at, Garadil we Arzuw diýen atlaryň neslinden, 2800 metr aralygy 3 minut 25,2 sekuntda geçipdir. Eýesi H.Şadurdyýew, seýsi D.Myratgulyýew, çapyksuwary M.Seýidow.

2011-nji ýylda – Garazat, gara at, Garadem we Perwana diýen atlaryň neslinden, 2800 metr aralygy 3 minut 35,5 sekuntda geçipdir. Eýesi E.Babalyýew, seýsi O.Babalyýew, çapyksuwary E.Babalyýew.

2012-nji ýylda – Dalbedew, dor at, Goar we Aýdere-2 diýen atlaryň neslinden, 2800 metr aralygy 3 minut 40,1 sekuntda geçipdir. Türkmenistanyň Prezidentiniň atcylyk toplumy, seýsi Türkmenistanyň at gazanan atşynasy, ussat seýis K.Agamyradow, çapyksuwary B.Agamyradow.

2013-nji ýylda – Dalbedew, dor at, Goar we Aýdere-2 diýen atlaryň neslinden, 3200 metr aralygy 4 minut 15,7 sekuntda geçipdir. Türkmenistanyň Prezidentiniň atcylyk toplumy, seýsi Türkmenistanyň at gazanan atşynasy, ussat seýis K.Agamyradow, çapyksuwary ussat çapyksuwar B.Agamyradow.

Aşgabadyň merkezi atçylyk sport toplumynda goýulýan Uly baýraklaryň sanawyna Aşgabat şäheriniň adyna goýulan Uly Aşgabat baýragy (Derbi baýragy) we «Türkmen atlary» döwlet birleşiginiň Göçme kubogy girýär. Däp bolan uly baýrakly çapuwlara atlary ýazmak «Türkmen atlary» döwlet birleşigi tarapyndan döredilen iş topary atlary gözden geçirmek bilen geçirýär. Şonda atyň ýyndamlygyna, fiziki ýagdaýyna, çapuwa gatnaşmaga arza berlen atlaryň sanyna we aýlawyň tehniki mümkinçiligine (mehaniki badalgada boksuň sanyna) görä, käbir atlary çapuwdan aýyrmaga iş toparynyň hukugy bardyr.

Däp bolan uly bayraklaryň biri Uly Aşgabat (Derbi) baýragy her ýyl güýzki at çapyşyk möwsüminde, oktýabr aýynyň başlarynda 2400 metr aralyga ýylyň dowamynda iň ýyndam çapan 3 yaşar atlaryň we gysraklaryň arasynda goýulýar. Uly Aşgabat baýragyna soňky 50 ýylda mynasyp bolan atlaryň sanawy, seýisleri we çapyksuwarlary 21-nji tablisada getirilýär.

Uly Aşgabat baýragyna 1951-nji ýylda 678 Aksakal diýen dor at, 1954-nji ýylda 769 Mergen, 1956-njy ýylda bolsa 739 Kemer diýen atlar mynasyp bolupdyrlar.

«Türkmen atlary» döwlet birleşiginiň Göçme kubogy – her ýyl däp bolan uly baýraklaryň biri bolup, 3 ýaşar atlarda we gysraklarda 2800 metr aralyga saýlama atlaryň arasynda, güýzki çapuw möwsüminiň ahyrlarynda goýulýar. Başlangyç döwürde oýnalan Türkmenistanyň Oba we suw hojalyk ministrliginiň Göçme kubogy baýragyna 1958-nji ýylda 1172 Dorogaýa, 1960-njy ýylda 835 Fed, 1962-nji ýylda 1173 Doýduk diýen atlar we gysraklar mynasyp bolupdyrlar. Düzgün boýunça haýsy hojalygyň aty Göçme kubogy yzygider üç ýyl eýelese, Kubok ol hojalykda hemişelik galdyrylýar.

«Türkmen atlary» döwlet birleşiginiň Göçme kubogy ugrundaky çapuwlarda ýeňiş gazanan atlaryň we olaryň seýisleriniň, çapyksuwarlarynyň köp ýyllyk netijeleri 22-nji tablisada getirilýär.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe türkmen halkynyň atşynaslyk medeniýetini, halypa-şägirtlik däp-dessurlaryny dikeltmek, ýaş nesilleri watançylyk ruhunda terbiýelemek, halypa atşynaslaryň abraý-mertebesini galdyrmak maksady bilen 2012-nji ýyldan başlap Halkara atçylyk sport toplumynda Türkmen bedewiniň baýramçylygyna bagyşlanyp Halypa çapyksuwarlaryň bäsleşigi geçirilýär.

Halypa çapyksuwarlaryň ýaryşlaryna jar çekdirip, bije atmak bilen gatnaşmak üçin aşakdaky şertler berjaý edilmelidir. Bäsleşikde 3 ýaşar atlar 1000 metr aralykdan gaýdyş pellede telpek ýatyrmak bilen badalga alyp bäsleşýärler.

Bäsleşige gatnaşýan atlar «Türkmen atlary» döwlet birleşiginiň sanawyna girýän hojalyga degişli bolmaly we çapuwa gatnaşýan atlaryň sany 7 at bilen we halypa çapyksuwarlaryň ýaşy 30-dan uly bolmagy çäklendirilendir. Atlar bije atylyp saýlanylýar. Çapyksuwarlar milli egin-eşikde bolmalydyr.

Halypa çapyksuwarlaryň bäsleşigine öz bedewini gatnaşdyrmaga isleg bildirýän at eýesi hojalyklar her bir bedewini at çapyşygyna gatnaşdyrmak üçin döwlet tarapyndan bellenilen möçberdäki pul goýumlaryny goýýarlar. Bäsleşige goýan pul goýumlarynyň (atşynaslaryň we beýleki taraplaryň (howandarlaryň) goýan jemi pul möçberi ýaryşyň baýrak möçberini emele getirýär. Bäsleşikde ýeňiji bolanlara dabaraly ýagdaýlarda baýraklar gowşurylýar.

*21-nji tablisa*

**Arassa ganly ahalteke tohum atlarynyň dürli ýyllarda aýlawlarda Uly Aşgabat (Derbi) baýragynda birinji ýeri eýelän (2400 metr aralyga) atlaryň sanawy**

| Ýyllar | Lakamy | Reňki we jynsy | Atasy we enesi | Görkezen wagty, (min./sek.) | Seýsi | Çapyksuwary |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 |
| 1960 | Gaplaň | gara at | Keýmir we Kelteden | 2,56,4 | D.Klimenko | B.Annaseýidow |
| 1961 | Gazanjyk | gara at | Garlawaç we Garajadan | 2,55,0 | B.Taýmazow | B.Taýmazow |
| 1962 | Angar | dor at | Arsenal we Gaçgyrdan | 2,47,5 | B.Taýmazow | Ata Ilew |
| 1964 | | | Oýnalmady | | | |
| 1965 | Waka | gyr gysrak | Salýut we Gaýçydan | 2,54,0 | B.Taýmazow | Ata Ilew |
| 1966 | Sektor | mele at | Spesiwyý we Kesgitliden | 2,52,8 | B.Taýmazow | I.Agamyradow |
| 1967 | Akmämmet | al at | Fakirpälwan we Akýalmeleden | 2,44,0 | Ö.Begliýew | B.Annaseýidow |
| 1968 | Ýelhan | gyr at | Posman we Ýelimden | 2,44,00 | O.Aşyrow | A.Zekaşow |
| 1969 | Fakel | dor at | Almaz we Filfilden | 2,47,0 | B.Annaseýidow | B.Annaseýidow |
| 1970 | Ankar | al at | Agat we Aýdenden | 2,49,1 | B.Annaseýidow | B.Annaseýidow |
| 1971 | Kerkaw | gyr gysrak | Keýmir we Garrydan | 2,47,2 | I.Agamyradow | I.Agamyradow |
| 1972 | Dorsekil | dor at | Gammar we Kamynadan | 2,51,6 | Ö.Begliýew | K.Töräýew |
| 1973 | Ýerbent | dor at | Gammar we Ýeňişden | 2,50,0 | I.Agamyradow | I.Agamyradow |
| 1975 | Gögerçin | al gysrak | Gyşyksakar we Dorogaýadan | 2,54,2 | A.Garrybaýew | R.Ýarsähedow |

*21-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1976 | Pudak | mele at | Polatly we Kaplýadan | 2,50,0 | I.Agamyradow | I.Agamyradow |
| 1977 | Köpel | dor at | Kömek we Finaldan | 2,53,0 | I.Agamyradow | I.Agamyradow |
| 1978 | Dagly | al gysrak | Akbilek we Derýadan | 2,52,0 | A.Garrybaýew | B.Aşyrow |
| 1979 | Gadyr | dor at | Gindiguş we Garagyrdan | 2,49,8 | B.Myradow | A.Hydyrow |
| 1980 | Garader | gara at | Kerwen we Ýelsonadan | 2,50,1 | Ý.Hojamberdiýew | N.Sähetmyradow |
| 1981 | Päle | mele at | Pudak we Kaplýadan | 2,51,2 | I.Agamyradow | I.Agamyradow |
| 1982 | Dorgoňur | gara at | Gökdepe we Odadan | 2,55,0 | A.Gazakow | M.Muhammedow |
| 1983 | Mülk | dor gysrak | Kerwen we Mahymdan | 2,59,8 | H.Myradow | O.Babalyýew. |
| 1984 | Gülnahal | al gysrak | Pelwert we Gülendamdan | 2,58,2 | K.Agamyradow | R.Agamyradow |
| 1985 | Ýalta-2 | gara at | Ýalta we Ýedigenden | 2,51,6 | M.Myradow | S.Seýidow |
| 1986 | Garaguş | gara at | Ahal we Maraldan | 2,59,8 | T.Taýmazow | S.Seýidow |
| 1987 | Garamaşal | dor at | Köpel we Ýelsonadan | 2,56,3 | Ata Ilew | S.Seýidow |
| 1988 | Kömekli | gara at | Köpel we Kekeneden | 2,55,0 | B.Hydyrow | S.Seýidow |
| 1989 | Ýeňiş-2 | gara gysrak | Kerwen we Ýelsonadan | 2,59,5 | Ata Ilew | A.Meredalyýew |
| 1990 | Aýdere | gara gysrak | Arkadag we Garagyzdan | 2.56.6 | B.Hydyrow | S.Seýidow |
| 1991 | Kebir-2 | mele at | Kebir we Toýgülden | 2,56,1 | A.Meredalyýew | A.Meredalyýew |
| 1992 | Dordepel | dor at | Dostluk we Pergülden | 2,53,3 | S.Orazow | S.Seýidow |
| 1993 | Seýetir | al at | Sowhoz-2 we Saýadan | 2,58,3 | B.Babaýew | A.Babaýew |
| 1994 | Apaly | dor gysrak | Dost-2 we Aýjahandan | 2,55,2 | K.Agamyradow | T.Babaýew |

*21-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1995 | Täze-2 | dor gysrak | Ýalta-2 we Tarhundan | 2,54,9 | M.Taýlyýew | M.Taýlyýew |
| 1996 | Garadag | gara at | Garlawaç we Aýdereden | 2,50,9 | M.Abaýew | M.Kicigulow |
| 1997 | Pälwan | gara dor at | Peleň we Sowgatdan | 2,54,7 | Ý.Aşyrow | M.Şirliýew |
| 1998 | Gelin | mele gysrak | Goar we Guşgudan | 2.55.4 | C.Muhammedow | T.Babaýew |
| 1999 | Tarhan | mele at | Teleguş-2 we Gülbahardan | 2,55,2 | M.Gelenow | N.Annasähedow |
| 2000 | Mahatma | dor gusrak | Meget we Arkalykdan | 2,54,7 | K.Agamyradow | T.Babaýew |
| 2001 | Karkara | gyr gysrak | Keramatly we Dorjerenden | 2.58,9 | M.Gelenow | N.Annasähedow |
| 2002 | Dorsekil | dor at | Ýalta-2 we Andyzdan | 2,53,7 | Gylycmämmedow | B.Meredalyýew |
| 2003 | Gülüstan | dor at | Goar we Kesearkaçdan | 2,51,5 | K.Agamyradow | T.Babaýew |
| 2004 | Ýelsona | gara gysrak | Garadaşly we Aýdereden | 2,54,8 | C.Muhammedow | E.Babalyýew |
| 2005 | Nesip | gara at | Gajar we Nesibeden | 2,55,2 | M.Gurbangulyýew | B.Agamyradow |
| 2006 | Dostluk | dor at | Goar we Garagyzdan | 2,53,0 | Ç.Muhammedow | E.Babalyýew |
| 2007 | Maýa-2 | dor gysrak | Garadem we Altynaýdan | 2,49,1 | K.Agamyradow | B.Agamyradow |
| 2008 | | | Oýnalmady | | | |
| 2009 | Merjen | dor gysrak | Şabelent we Parçadan | 2,47,0 | D.Myratlyýew | Ö.Ýalkabow |
| 2010 | Gyzyldon | dor at | Kanal we Periden | 2,53,3 | K.Agamyradow | B.Agamyradow |
| 2011 | Garazat | gara at | Garadem we Perwanadan | 2,53,2 | O.Babalyýew | E.Babalyýew |
| 2012 | Dalbedew | dor at | Goar we Aýdereden | 2,40,1 | K.Agamyradow | B.Agamyradow |

*22-nji tablisa*

**«Türkmen atlary» döwlet birleşiginiň Göçme Kubogynda 2800 m aralyga dürli ýyllarda birinjiligi eýelän ýeňijileriň sanawy**

| Ýyly | Lakamy | Reňki we jynsy | Atasy we enesi | Görkezen wagty, min/sek | Çapyksuwary | Seýsi |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 |
| 1965 | Kanal | dor at | Keýmir we Sonardan | 3,19,5 | A.Ilew | A.Garrybaýew |
| 1966 | Derbi 2 | gyr at | Keýmir we Pobedadan | 3,19,5 | B.Annaseýidow | N.Ataýew |
| 1967 | Garakeýik | gara gysrak | Spesiwiý we Krasawisadan | 3,25,0 | B.Myradow | A.Garrybaýew |
| 1968 | Sere | mele at | Synok we Garamaşaldan | 3,21,6 | B.Annaseýidow | N.Ataýew |
| 1969 | Bürgüt | gyr at | Pereň we Keýmirçiden | 3,22,6 | B.Annaseýidow | N.Ataýew |
| 1970 | Senem | dor gysrak | Akbilek we Sadapdan | 3,24,6 | B.Annaseýidow | A.Garrybaýew |
| 1971 | Gyşyksakar | dor at | Agat we Aýjerenden | 3,17,8 | B.Annaseýidow | M.Abaýew |
| 1972 | Garlawaç | akýal mele at | Gadam we Kakadan | 3,19,4 | B.Annaseýidow | B.Annaseýidow |
| 1974 | Mag | gara at | Geliý we Melekeýikden | – | B.Annaseýidow | B.Annaseýidow |
| 1975 | Belli | gyr at | Bahar we Leýliden | 3,23,8 | I.Agamyradow | O.Atamyradow |
| 1976 | Şahy | gara at | Bahar we Şöhratdan | 3,20,8 | I.Agamyradow | B.Hydyrow |
| 1977 | Melegaýdar | mele at | Ganat we Kiçitüňňüden | 3,24,3 | I.Agamyradow | B.Hydyrow |
| 1978 | Serdar | dor at | Akbilek we Senemden | 3,25,5 | I.Agamyradow | N.Ataýew |
| 1979 | Meýlis | al at | Akbilek we Maýadan | 3,21,3 | K.Agamyradow | N.Ataýew |
| 1980 | Sarykel | dor at | Sowhoz we Pälwandan | 3,22,2 | A.Hydyrow | G.Annalyýew |
| 1981 | Summar | dor at | Mag we Sülgünden | 3,24,4 | B.Aşyrow | A.Garrybaýew |
| 1982 | Ýerli | dor gysrak | Gökdepe we Ýylandan | 2,16,9 | O.Babalyýew | A.Gazakow |
| 1983 | Gülendam | dor gysrak | Kermek 2 we Doýdukdan | 3,22,1 | O.Babalyýew | A.Gurbanow |
| 1984 | Serdar | dor at | Ahal we Sülgünden | 3,22,0 | G.Garrybaýew | A.Garrybaýew |
| 1985 | Ýalta-2 | gara at | Ýalta we Ýedigenden | 3,21,7 | O.Babalyýew | B.Myradow |
| 1986 | Garaguş | gara at | Ahal we Maraldan | 3,340 | O.Babalyýew | T.Taýmazow |

*22-nji tablisanyň dowamy*

| 1 | 2 | 3 | 4 | 5 | 6 | 7 |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1987 | Merkez | dor at | Ahal we Maýkadan | 3,34,3 | O.Babalyýew | A.Saparmyradow |
| 1988 | Ülker | dor at | Ýyldyz we Gülruhdan | 3,31,6 | R.Agamyradow | G.Annalyýew |
| 1989 | Kiçidag | mele at | Kemal we Meleperiden | 3,29,7 | S.Seýidow | S.Seýidow |
| 1990 | Aýdere | gara gysrak | Arkadag we Garagyzdan | 3,29,7 | O.Babalyýew | M.Abaýew |
| 1991 | Maýa | al gysrak | Soltan we Gunçadan | 3,24,8 | D.Orazow | S.Seýidow |
| 1992 | Gülbahar | dor gysrak | Arkadag we Gülnahaldan | 3,23,8 | A.Babaýew | A.Babaýew |
| 1993 | Ýelmar | gara at | Abdulrahman we Ýelpaýdan | 3,26,5 | T.Babaýew | B.Babaýew |
| 1994 | Apaly | gara dor gysrak | Dost 2 we Aýjahandan | 3,28,7 | T.Babaýew | K.Agamyradow |
| 1995 | Gülden | gyr gysrak | Watançy we Gülçähradan | 3,25,2 | G.Sähedow | B.Babaýew |
| 1996 | Toýçy | mele at | Genjim we Dürdäneden | 3,23,7 | E.Babalyýew | A.Garageldiýew |
| 1997 | Sawut | gara dor at | Pamir we Göwherden | 3,26,7 | H.Annageldiýew | D.Myratgulyýew |
| 1998 | Kuwwatly | dor gysrak | Wezipe we Köwserliden | 3,27,2 | M.Agamyradow | K.Agamyradow |
| 1999 | Gülgün | dor gysrak | Teleguş-2 we Gülzardan | 3,45,1 | M.Şirliýew | Ç.Muhammedow |
| 2000 | Gaplaň | al at | Parahat we Aýdereden | 3,46,7 | E.Hydyrow | Ç.Muhammedow |
| 2001 | Gülhanym | mele gysrak | Erekdag we Gaýtardan | 3,49,4 | M.Agamyradow | K.Agamyradow |
| 2002 | Menzilli | dor gysrak | Keýmir 2 we Melejandan | 3,24,1 | T.Babaýew | T.Babaýew |
| 2003 | Gülüstan | dor at | Goar we Kesearkaçdan | 3,25,4 | T.Babaýew | K.Agamyradow |
| 2004 | Ýelsona | gara gysrak | Garadaşly we Aýdereden | 3,26,4 | E. Babalyýew | C.Muhammedow |
| 2005 | Nesip | gara at | Garadaşaýak we Nesibeden | 3,32,0 | E. Babalyýew | B.Agamyradow |
| 2006 | Dostluk | dor at | Goar we Garagyzdan | 3,24,1 | E. Babalyýew | C.Muhammedow |
| 2007 | | | Oýnalmady | | | |
| 2008 | | | Oýnalmady | | | |
| 2009 | Dünýägözel | gara gysrak | Garadaşaýak we Dabaralydan | 3,21,0 | B.Agamyradow | K.Agamyradow |
| 2010 | Akdaşaýak | al at | Arkadag-2 we Gülbahardan | 3,24,6 | Ş.Agamyradow | Ş.Agamyradow |
| 2011 | Bereket | mele at | Akgala we Gözelden | 3,49,5 | Y.Saparow | D.Agamyradow |
| 2012 | Dorsekil | dor at | Garadem we Aýlardan | 3,22,1 | Y.Saparow | D.Saparow |
| 2013 | Gurgun | gara at | Gülüstan we Gülzadadan | 3,29,4 | M.Agamyradow | R.Agamyradow |

Däp bolan uly baýraklaryň sanawyna Uly Ahal baýragy 4 we uly ýaşar atlarda 4000 metr aralyga, Eýeberdi Teleke baýragy 2 ýaşar atlarda 1600 metr aralyga goýulýan we beýleki däp bolan baýraklar girýär.

Aýlawda baýrakly orunlary eýelän atlara utuş baly berilýär we utuş balynyň möçberine görä, pul baýragy, gymmat bahaly sowgatlar – awtomaşyn, haly, telewizor we ş.m. dabaraly ýagdaýda gowşurylýar.

## Synag çapuwlaryny geçirmegin tertibi

Çapuwa gatnaşýan atlar ilkinji toýhana çyzygyny geçen pursadynda eminler tarapyndan bir gezek jaň kakmak bilen at çapyşygynyň tamamlanýandygy tomaşaçylara habar berilýär. Atlaryň çapuwda görkezen wagtlary minutda we sekuntda (0,10 sekunt ülüşine çenli) hasaba alynýar.

Baýrakly orunlary eýelän çapyksuwarlaryň agramy çapuw gutaransoň goşmaça ýene bir gezek ölçenilýär we şol çapuwa degişli hemme maglumatlar ýygnalandan soň, eminler topary tarapyndan atlaryň eýelän orunlary, görkezen wagtlary bellige alnyp, ses güýçlendiriji enjamlaryň üsti bilen tomaşaçylara habar berilýär.

At çapyşygyna gatnaşyjylaryň hemmesi çapuw düzgünnamasynyň kadalaryny doly berjaý etmelidir, şonda:

– Badalga berlenden soň, dogry ýolda 100 metr we öwrümli ýerde 50 metr göni ýol geçmän, çapyksuwarlara çapuw ugruny üýtgetmek gadagandyr;

– Iki ýaşar atlara gamçy ulanmak bolmaýar;

– Öňdäki çapyksuwaryň yzyndan ýetip, oňa tarap gamçylap, onuň atyny ürküzmek, gapdala gysmak ýa-da onuň çapuwyna päsgel bermek bolmaýar;

– Yzdan gelýän at çapyşygyna gatnaşyjydan, azyndan iki at göwre aralygy ozup geçmezden, onuň öňüni kesip (krosing), at çapmak gadagandyr;

– Iki atly bolup dilleşip, üçünji atlyny ara salyp gysmak (gapyrjaga salmak) bolmaýar;

– Gykylyklap, iki tarapa at oýnakladyp, at çapmak gadagandyr;

– Bilgeşländen çapýan atynyň badyny saklap, at çapmak (falşpeýs) we ozmazlyk bilen, beýleki dilleşilen çapyksuwary ozdurmak gadagandyr;

– Çapuw ýodasyndan sebäpsiz çykyp gitmek bolmaýar.

At çapyşyklarynyň agzalan we beýleki kadalaryny bozan çapyksuwarlara, seýislere aşakdaky ýaly temmi çäreleri görülýär:

– Baýrakly orunlardan mahrum etmek;

– Çapyksuwarlyk hukugyndan şol çapuw güni, 1 aý, bir möwsüm ýa-da bir ýyl mahrum etmek;

– Duýduryş bermek we aýlawyň administrasyýasy tarapyndan beýleki temmi çäreleri görülýär.

**Eminler topary we olaryň wezipeleri.**

Eminler topary aýlawyň teklibi bilen bellenilip, «Türkmen atlary» döwlet birleşigi tarapyndan tassyklanylýar. Baş emin aýlawyň tabyn bolan ýokary guramasy tarapyndan bellenilýär. Eminler toparynyň düzümine baş emin, kätip we çapuwyň wagtyny hasaba alýan, gaýdyş pellede çapuw atlara badalga beriji emin, çapuwlary ugradyjy we çapyksuwarlaryň agramyna gözegçi emin girýär.

Eminler toparynyň agzalary, at çapyşyklarynyň kadalaryna laýyk geçirilmegine jogap berýär. At çapyşyklarynyň guramaçylykly geçirilmegine aýlawyň ýolbaşçylary, weterinar gullugy, zootehnigi kömek bermelidirler. Şeýle-de, aýlaw tarapyndan çapuwlary talabalaýyk guramaçylykly geçirmäge tehniki hyzmatlar kömegi berilmelidir.

Baş emin synag çapuwlarynyň Kadalar boýunça geçirilmegine, çapyksuwarlaryň baýraklar ugrundaky bäsleşikleriň şertlerini ýerine ýetirişlerine gözegçilik edýär, çapuwa gatnaşýan hemme çapyksuwarlaryň eýeleýän orunlaryny, baýrakly orunlary kesgitleýär.

Badalga beriji emin çapyksuwarlar tarapyndan atlaryň gaýdyş pellede öz wagtynda mehaniki badalga salynmagy, olaryň sanawy we birdeň badalga almagy barada synag çapuwlara gatnaşyjylara zerur görkezmeleri we çapuwa badalga berýär. Gaýdyş pellede çapyksuwaryň bellenilen düzgün-nyzamy gödek bozan ýa-da şol atyň synag çapuwyna gatnaşýan beýleki gatnaşyjylar üçin howply bolmagy ýüze çykan halatynda baş emine habar bermek bilen ol aty gaýdyş pellede çapuwa goşmazlyga onuň hukugy bardyr.

Nobatçy weterinar şol günki synag çapuwlaryna gatnaşýan atlaryň saglyk ýagdaýyna gözegçilik edýär, atlar tötänleýin kesellän ýa-da olaryň bedenine şikes ýeten halatynda zerur çäreleri görýär. Dürli sebäplere görä, atlary çapuwdan aýyrmak hakynda gelnen netijäni ýazmaça baş emine ýetirýär.

Wagt ölçeýji emin ölçeýji abzallaryň, atlaryň ýyndamlygyny ölçeýän beýleki enjamlaryň saz işlemegini üpjün edýär we pellehana ilkinji gelen atyň, şeýle-de şol bir wagtda synag çapuwyna gatnaşyjy beýleki atlaryň her biriniň görkezen wagtyny hasaba alýar.

Ugradyjy emin çapuw ýodada atlaryň düzgün boýunça talabalaýyk çapmagyna we çapuw wagtynda düzgün bozulmalar bar bolsa, çapuw gutaran badyna çapuwyň netijesi barada dogry netije çykarar ýaly baş emine dilden we ýazmaça habar bermelidir.

Eminler topary at çapyşyklary, atly sport ýaryşlary bellenen kada laýyklykda berk tertip we düzgün boýunça geçirmelidirler. Eminler çapuwlarda gazanylan baýrakly orunlary, atlaryň görkezen wagtyny bellige almalydyrlar. Eger-de çapuwlarda düzgün bozulmalary bar bolsa, olar barada dogry netije çykarmalydyrlar.

Çapuwlaryň netijesi we ol ýa-da beýleki jedelli meseleler ýüze çykanda, eminleriň arasynda sese goýmak bilen çözülýär. Şonda baş eminiň iki ses hukugy bardyr.

## Synag çapuwlarynyn netijesi barada hasabat

At çapyşyklaryň netijesi barada eminler topary tarapyndan beýan görnüşinde çapuw gününiň hasabaty ýazylýar. Şol hasabata resmi maglumatlar bilen doldurylan (atlaryň çapuwda eýelän orny, alan baýragy, görkezen wagty we ş.m. görkezmek bilen) baş emin we kätip tarapyndan gol çekilen iki nusgada çapuw tertipnamasy çatylýar. Bular resmi hasabat bolup, aýlawda hemişelik saklanmaga degişlidir. Beýanda çapuw ýodalaryň talabalaýyklygy, synaglar geçirilýän gündäki howanyň ýagdaýy (temperaturasy, ýel, ýagyş we ş.m.), sebäplerini görkezmek bilen atlaryň synaglardan aýrylanlygy, synaglaryň kadalarynyň bozulanlygy, berlen temmi çäreleri baradaky kabul edilen kararlar, synaglary geçirmek boýunça gelnen netijeler we ýüze çykarylan kemçilikleri düzetmek baradaky teklipler ýaly maglumatlar görkezilýär.

Aylaw bir ýylda geçirilen çapuwlaryň netijelerini kitapça (katalog) görnüşinde neşir edýär. Ol bolsa çapuw atlaryň işeňňirlik, ýyndamlyk görkezijilerini seljermäge we tohumçylyk işinde ulanmaga ýardam edýär (*23-nji tablisa*).

*23-nji tablisa*

**Aşgabat atçylyk sport toplumynda 2011-nji ýylyň ýazky we güýzki at çapyşyk möwsümlerinde çapuw synaglaryndan geçirilen atlaryň görkezen ýokary ýyndamlyk netijeleri**

| Ter. belg. | Aralyk, metr | Görkezen wagty, min/sek. | Atyň lakamy | Reňki we jynsy | Atasy | Enesi | Ugry | Degişli hojalygy |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **2 ýaşar atlar we gysraklar** | | | | | | | | |
| 1. | 500 | 0.31.5 | Altynaý | dor gysrak | Gadyr | Güldaş | Gelşikli | S.Seýitgulyýew |
| 2. | 1000 | 1.47.1 | Dorgoňur | dor at | Dorgunan | Gülsadap | Garlawaç | Türkmenistanyň Içeri işler ministrligi |
| 3. | 1200 | 1.21.0 | Perizat | dor gysrak | Ýakymly | Kiçi | Garlawaç | S.Jummadow |
| 4. | 1400 | 1.38.3 | Şagyzy | dor gysrak | Dorhan | Garaýel | Garlawaç | A.Annakow |
| 5 | 1600 | 1.47.1 | Dorgoňur | dor at | Dorgunan | Gülsadap | Garlawaç | Türkmenistanyň Içeri işler ministrligi |
| **3 ýaşar atlar we gysraklar** | | | | | | | | |
| 6. | 1200 | 1.22.1 | Arslan | gurtmele, at | Akgala | Münewwer | Pereň | Türkmenistanyň Çig-mal haryt biržasy |
| 7. | 1400 | 1.35.3 | Şirpeleň | dor at | Dorgunan | Perwana | Garlawaç | Ruhabat etr., Garadaşaýak obasy |
| 8. | 1500 | 1.43.3 | Baharly | dor at | Baýrakly | Ýelmik | Garlawaç | Türkmenistanyň Nebitgaz toplumynyň Baharly atçylyk hojalygy |
| 9. | 1600 | 1.52.3 | Gutlysakar | dor at | Merdana | Sarguş | Gelşikli | Türkmenistanyň Prezidentiniň ahalteke atçylyk toplumy |

| | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 10. | 1800 | 2.02.1 | Karar | dor at | Kanal | Mahatma | Ýel | Türkmenistanyň Prezidentiniň ahalteke atçylyk toplumy |
| 11. | 2400 | 2.51.5 | Dordepel 2 | dor at | Dordepel | Şähribossan | Garlawaç | O.Täçnazarow |
| 12 | 2800 | 3.35.5 | Garazat | gara at | Garadem | Perwana | Garader | E.Babalyýew |
| 13 | 3000 | 4.07.1 | Gutlysakar | dor at | Merdana | Sarguş | Gelşikli | Türkmenistanyň Prezidentiniň ahalteke atçylyk toplumy |

**4 we uly ýaşar atlar**

| | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 14. | 1400 | 1.35.1 | Söhbet | gara at | Sazanda | Keteni | Gyrsakar | Türkmenistanyň Nebitgaz toplumynyň Baharly atçylyk hojalygy |
| 15. | 2000 | 2.18.3 | Daghan | dor at | Dorsekil | Garaly | Garlawaç | Ç.Hekimow |
| 16 | 2200 | 2.42.3 | Täze | mele at | Tebigat | Pile | Meleguş | Türkmenistanyň Prezidentiniň ahalteke atçylyk toplumy |
| 17. | 2400 | 2.51.3 | Ýagmyr | dor at | Ýaňgala | Ýeňiş | Garlawaç | «Polimeks» türk kompaniýasy |
| 18. | 2800 | 3.43.5 | Asudalyk | gyr at | Armangala | Akja | Skak | Türkmenistanyň Içeri işler ministrligi |
| 19. | 3000 | 4.03.0 | Gelşikli | dor at | Galkan | Menekli | Posman | Türkmenistanyň Prezidentiniň ahalteke atçylyk toplumy |
| 20. | 3200 | 4.52.2.2 | Şahymerdan | gara at | Garakerwen | Ýelgamak | Gyrsakar | S.Balakaýew |
| 21. | 4000 | 4.57.2 | Gyzyldon | dor at | Kanal | Peri | Ýel | Türkmenistanyň Prezidentiniň ahalteke atçylyk toplumy |

Atlaryň ýyndamlyk boýunça gazanan ýokary netijeleri (rekordlary), diňe arassa ganly ahalteke we ýomut tohumyndan bolan atlar üçin aýratynlykda, bellenilen aralyklarda aýlaw ýodalarynda geçirilen resmi synag çapuwlarynda birinji orna mynasyp bolan halatynda ýokary netije (rekord) hasaplanylýar. Ýokary netijeler atlaryň tohumy, ýaşy we jynsy boýunça aýratynlykda bellige alynýar. Ýokary netijeler bir aýyň dowamynda eminler toparynyň ýörite beýany bilen resmileşdirilip, döwlet tohumçylyk gullugy tarapyndan at eýelerini höweslendirmek üçin ýörite höweslendiriji pul baýraklary bilen bellenilýär.

Türkmenistanyň atçylyk toplumlarynda çapuw bäsleşiklerinde ýeňiji bolan atlara berilýän pul ýa-da beýleki gymmat bahaly baýraklary paýlamak Türkmenistanyň Prezidentiniň 2010-njy ýylyň 4-nji noýabryndaky Kararyna laýyklykda ýurdumyzda ösdürilip ýetişdirilen bedewlere döwlet aýlawlarynda geçirilýän at çapyşyklarynda, atly marafon ýaryşlarynda, şeýle hem halkara bedew bäsleşiklerinde ýeňiş gazanandygy üçin berilýän baýraklar, bedewiň şeýle derejä ýetmegine dahylly taraplaryň arasynda aşakdaky tertipde (*24-nji tablisa*) paýlanylýar.

*24-nji tablisa*

| **Tertip belgisi** | **Bedewe dahylly taraplar** | **Paýyň möçberi, %** | |
|---|---|---|---|
| | | **At çapyşyklarynda we atly marafon ýaryşlarynda** | **Gözellik bäsleşiklerinde** |
| 1. | Atyň eýesine | 50 | 60 |
| 2. | Atyň seýsine | 25 | 25 |
| 3. | Atyň çapyksuwaryna | 10 | - |
| 4. | Atyň ýetişdirilen ýerine (kärhana, hususy hojalyk) | 10 | 10 |
| 5. | At çapyşygyny we gözellik bäsleşigini geçirýän edara | 5 | 5 |

## Çapyksuwarçylyk

Geçmişde türkmenleriň arasynda çagalaryna at münmegi öwretmek olaryň ýaşlygyndan başlanypdyr. Olar on-onki ýaşlaryna ýetenlerinde eýýäm at münüp başlapdyrlar. Gadymy zamanlardan başlap, tä XIX asyrlara çenli türkmenleriň her bir maşgalasynyň öz aty bolup, öýdäki erkek oglanlaryň we adamlaryň hemmesi diýen ýaly at münüp, olary gerek ýerinde ulanmagy başarypdyr. Ýetginjek ogullaryna ene-atalary taý sowgat beripdirler. Olaryň arasynda «hem daýymlara gidýärin, hem taýyma baş öwredýärin» diýmek bilen, iki işi bir deň ýöredýänligi barada pähim döräpdir.

Türkmen çapyksuwarçylyk hünäri, biziň pikirimizçe, gadymy türkmen toýlaryndaky at çapyşyklarda döräpdir. Gadymy Oguz-türkmen döwletleri çapyksuwarlyk hünäriniň ilkinji dörän mekanydyr diýip, ynamly aýytmak bolar.

Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe Türkmenistanyň çapyksuwarlary Ýewropa ýurtlarynda geçirilýän aýlaw çapuwlaryna gatnaşyp, öňdebaryjy tejribe alyşýarlar. Hormatly Prezidentimiziň hut özi at seýislemek we at çapmak bilen ýaş çapyksuwarlarymyza görelde görkezýär, halypaçylyk edýär. Hazirki wagtda çapyksuwarlary, atçylyk sporty we milli at üstündäki oýunlary boýunça hünärmenleri taýýarlamak üçin Aşgabadyň merkezi atçylyk sport toplumynda ýokary derejede abzallaşdyrylan atçy hünärmenleri, çapyksuwarlary, atçylyk sporty boýunça türgenleri taýýarlamak boýunça okuw merkeziniň binasy gurlup, ulanylmaga berlendir. Munuň özi Türkmenistanyň atçylyk sport toplumlarynda arassa ganly ahalteke we ýomut tohum atlarynyň synag çapuwlaryny, atçylyk sporty ýaryşlary, milli baýramçylyklary geçirmegiň Kadalaryny çapyksuwarlaryň halkara derejesinde doly berjaý etmegine uly mümkinçilikleri döredýär.

Çapyksuwar diýlip, çapýan atynyň üstünde özüne erk edip, müngi (çapuw) atlaryny tekiz aýlaw ýodalarynda çapmaga ukyply hünär derejesi (lisenziýasy) bolan, fiziki taýdan sagdyn, at çapmagyň tilsimlerini we usullaryny ussatlyk bilen başarýan, agram we hünär kämillik derejesini talap edilýän çäklerde saklaýan atçy hünärmenlere aýdylýar.

Çapyksuwarçylyk hünär bolup, ol çapyksuwarlardan erjelligi, çalasynlygy we özüniň sport formasyny, agram ölçeglerini belli bir

derejede saklamagy talap edýär. Aýdylyşy ýaly, çapyksuwar bolup dogulmaly we çapyksuwarlyk durkuny saklamaly bolýar.

Çapyksuwarlar atçylyk sport toplumlarynda müngi atlaryny işletmek boýunça işleýän seýisçilik bölümlerinde öz wezipe-borçlaryny we aýlawyň içki tertip-düzgünlerini berjaý etmek bilen bir hatarda, Türkmenistanyň atçylyk sport toplumlarynda geçirilýän at çapyşyk ýaryşlarynda çapuwlara gatnaşýan pursatlarynda, ýurdumyzyň çäginde hereket edýän at çapyşyklary geçirmegiň Kadalaryna laýyklykda, aýlawyň we eminler toparynyň talaplaryny doly hem dogry berjaý etmäge borçludyrlar.

Çapuwlara gatnaşýan çapyksuwarlar çapuw wagtynda seýisleriň görkezmelerini doly berjaý etmelidirler.

Indi at üstinde oturmagyň dürli görnüşli tilsimlerine seredip geçeliň.

Biziň pikirimizçe, häzirki döwürde at üstünde oturmagyň üç görnüşini - türkmen, ýewropa we häzirkizaman çapyksuwar oturşyny aýratynlykda tapawutlandyrmak bolar.

Türkmenler atyna türkmen eýerini eýerläp, öz meýline at münende aýagyny ýarym epip, üzeňňä jaýly basyp, çep elinde atyň jylawyny we sag elinde gamçysyny tutup, atyň üstünde örän jaýly oturýar. Şeýle jaýly oturmaga oňa türkmen eýeri we onuň otyrýeriniň gurluşy kömek edýär. Yewropaly at üstünde oturanda üzeňňiniň bagyny aýagynyň uzynlygyna diýen ýaly goýberip, aýagyny üzeňňä diräp, göwresini dik tutup, atyň üstünde joňkaryp oturýar.



**Halkara derejeli ussat çapyksuwar Ata Ilew**

Häzirkizaman çapyksuwarynyň atyň üstünde oturşy atyň tizligine baglylykda döreýän howa garşylygyny azaltmaga, ýokary hereketde çapyp barýan atyň hereket ugry bilen bile ugurdaş we sazlaşykly, ata söýget berip oturmaga ugrukdyrylandyr. Çapyksuwar üçin esasy zatlaryň biri-de, çapýan aty bilen çapyksuwaryň arasyndaky (sinhron) arabaglanyşygy saklamakdyr. Diňe çapýan at bilen çapyksuwaryň özara «düşünişmegi», çapýan ata söýget berip, arabaglanyşyk saklamaga kömek edýär.

Çapýan atyň ýyndamlyk, uzakçyllyk, galdawlyk ýaly çapuw häsiýetlerini gowy bilmek bilen, çapyksuwar her bir çapuwyň başynda, aralygynda we soňunda öz çapýan atyny ýerlikli tizlikde sürmegi, gamçy ulanmagy başarmalydyr. Şonda çapyksuwaryň ähli hereketleri soňky maksada, capuw ýaryşynda ozmaklyga, ýagny ýeňiş gazanmaklyga gönükdirilmelidir.

Türkmen çapyksuwarlyk sungatynda yz galdyran Ata Ilew, Ilmyrat Agamyradow, Orazguly Babalyýew halkara derejesindäki ussat çapyksuwarlar bolup, olar köpsanly şägirt capyksuwarlary terbiýeläp ýetişdiren, hünärine ezber ussat halypalardyr. Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ussat çapyksuwarlar Toýlymyrat Babaýew, Enwerguly Babalyýew, Begenç Agamyradow, Annaoraz Hydyrow, Baýly Begliýew ýaly çapyksuwarlar hünärine ussat, halkara at çapyşyklaryna gatnaşan we geljekde-de gatnaşyp biljek, türkmen çapyksuwarçylyk hünäriniň häzirki döwürde döwrebap ösmegine, kämilleşmegine uly goşant goşýarlar. Aýal-gyzlaryň arasynda çapyksuwar hünäriniň eýesi bolan Gözel Geldiýewanyň, Gunça Akmyradowanyň adyny bellemek bolar.

## Çapyksuwarlary tayyarlamakda çapuw atynyn okuw-turgenleşik trenazyory bilen işlemegin tertibi

Türkmenistanda çapyksuwarlary taýýarlamak senagat (industrial) esaslarda ýola goýlandyr. Şu maksat bilen Aşgabadyň atçylyk sport toplumynda atçylyk sportunyň konkur görnüşi we çapyksuwar hünärli okuwçylary taýýarlamak üçin atçylyk boýunça usuly okuw merkezi işleýär. Türkmenistanyň milli sport we syýahatçylyk institutynda çapyksuwarlary taýýarlaýan gysga möhletli okuwlar hereket edýär.

Türkmenleriň gadymy halypa-şägirtlik ýoly bilen çapyksuwarlary taýýarlamak usuly köp wagty, birnäçe ýyllary talap edýär. Ýewropa ýurtlarynda çapyksuwarlary köpçülikleýin taýýarlamakda innowasion tehnologiýa we tejribede at münmek bilen utgaşdyrylan usulda gysga wagt aralygynda taýýarlanylýar. Bu bolsa hünärli çapyksuwarlary 6 aýda taýýarlamaga mümkinçilik berýär. Bu usul Türkmenistanda hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen çapyksu-

warlary taýýarlamakda Interaktiw innowasion tehnologiýada ýasalan MK-9 trenažýory bilen we tejribelikde at münmek bilen utgaşdyryp ulanmak ýola goýlandyr.

MK-9 trenažýoryň aňryçäk göterýän agramy 102 kilograma çenlidir.



**Çapuw atynyň okuw-türgenleşik trenažýory**

Çapuw atynyň okuw-türgenleşik trenažýory kompýuteriň kömegi bilen ýörite goýlan programma boýunça işleýär.

Çapuw pursatlary we çapuwyň netijesi telegörnüşde berilýär. Trenažýory işletmegiň tertibi:

1.Esasy elektrik kabeli elektrik çeşmesine birikdirmeli.

2.Elhernet (ýaşyl reňkli) kabeli kompýuter bilen birikdirmeli.

3. Kompýuteriň elektrosetini we audio kabeli telewizora dakmaly.

4. Klawiaturany we «syçanjygy» kompýutere dakmaly.

Trenažýory ulanmagyň tertibi:

1) Telewizory açmaly (awtomat usulda hem açylmagy mümkin);

2) Monitorda ilki suratyň ortasynda «mawy nyşan» (znaçok) bar we ol trenažýory programma salmak üçin hyzmat edýär.

3) «Syçanjygyň» çep dişini basyp, dürli görnüşdäki aýlaw ýodalarynyň birini ekranyň haýsy-da bolsa bir ýerine basmak bilen işleýän çapuw aralygyňy saýlamaly.

4) Ýerine ýetiriji 1, 2, 3... sanlaryň birini basyp çapuwa başlamaga badalga (start) bermek. 4-nji san çapuwyň dürli görnüşlerinden birini saýlamaga mümkinçilik berýär.

5) Çapuwyň şertlerini kesgitlemeli. Çapuwyň kyn, orta kynçylykly we ýeňil, 3 görnüşinden birini saýlamaly.

6. Ekranda görünýän 5 atdan tertip belgisi boýunça birini saýlap «enteri» basmaly. Ol seniň hakyky çapýan (trenažýor) atyňdyr. Soňra çapuwa badalga (start) bermeli.

Çapuw gutarandan soň trenažýor bilen geçiren çapuwyň netijesi barada maglumat peýda bolýar. Geçirilen çapuwyň netijesini seljermek üçin 2-nji opsini saýlap basmaly.

2-nji düwmäni bassaň, indiki çapuwa şertler döreýär.

Elde işledilýän pultuň kömegi bilen mugallymyň özi trenažýory özbaşdak dolandyryp biler. Şonda trenažýor atyň gapdalyndaky gyzyl reňkli diody basmaly, ol işläp durmaly.

Çapuw wagty çapuwyň başynda jylawy çekip tutsaň, at energiýany az harç edýär we ol çapuwyň soňunda trenažýor atyň gowy çapmagyna şert döredýär. Atlar çapuwa saýlanylandan soň, atyň üç derejeli tizlikleri bar. Olary işletmek atyň boýnunda 2, 3, 4 tijendiriji elektron nokatlary bolup, olar jylawyň tutawajy bilen herekete girizilýär.

Tizlendiriji nokatlar atyň sagrysynda we çigin-pilçe böleginde hem bardyr. Ol nokatlara gamçy ursaň, atyň tizligi ýokarlanýar. Ilki başda jylawy çekibräk gerşiň üstüne basyp oturyp, ýuwaş çapmak atyň energiýa harajatyny az harçlamagyna we soňra jylawy kem-kem öňe süýşürip, çapuwyň ortasynda we ahyrlarynda güýçli çapmagyna mümkinçilik döredýär.

Çapuw gutarandan soň, çapuwyň geçişi, atlaryň gazanan ýerleri, çapuwyň tizligi, atyň güýç energiýa harajady, çapyksuwaryň atyň üstünde deňagramlylygyny saklap oturşy barada maglumatlar diagramma görnüşinde ekranda ýüze çykýar. Oňa talybyň özi mugallym bilen bile seljerme bermelidir.

## Peydalanylan edebiyatlar


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy. 2009.
2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Älem içre at gezer. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy. 2011.
3. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Türkmenistan – sagdynlygyň we bagtyýarlygyň ýurdy. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy. 2012.
4. Bedew – Galkynyşyň ganaty. W.M.Hramowyň redaksiýasy bilen. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy. 2013.
5. Ganatly bedewler. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy. 2011.
6. *Meredow B.* Atçylyk. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy. 2012.
7. *Meredow B.* Türkmen seýisçilik sungaty taryhda we häzirki döwürde. Türkmenistanyň milli sport we syýahatçylyk institutynyň ylmy habarlar ýygyndysy. Aşgabat, «Ylym», 2001.
8. *Meredow B.* Türkmen seýisçilik sungatynyň ösüş ýollary. «Türkmen bedewi we dünýäniň seýisçilik sungaty» atly II halkara ylmy-amaly maslahatynyň tezisleri. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy. 2010.
9. *Meredow B.* Türkmen at çapyşyklary taryhda we Täze Galkynyş zamanasynda. «Türkmen bedewi we dünýäniň seýisçilik sungaty» atly III halkara maslahatynyň ýygyndysy. Aşgabat, Türkmen döwlet neşirýat gullugy. 2011.
10. Sap ganly ahalteke tohum atlarynyň döwlet tohumçylyk kitaby. «Türkmen atlary» döwlet birleşigi. Aşgabat, 2003.
11. Türkmenistanyň aýlawlarynda ahalteke we ýomut tohum atlaryny synagdan geçirmegiň kadalary. «Türkmen atlary» döwlet birleşigi, Aşgabat, 1997.
12. Ахал – теке. Информационный альманах, Москва, 2011, 2012 гг.
13. *Белоногов М.И.* Выращивания и тренинг молодняка ахалтекинской породы лошадей. Ашхабад, 1955.
14. *Горелов К., Яковлев А.* Тренинг и испытания верховых пород лошадей. Москва, 1955.

15. *Дорофеев В.Н., Дорофеева Н.В.* Наставление по спортивному тренингу и испытаниям молодняка лошадей верховых пород. Всероссийский научно-исследовательский институт коневодства, 2012.

16. Конный мир. Алманах. Москва, «Королевский издательский центр», 2004.

17. Рекомендации по подготовке скаковых лошадей к испытаниям. – Москва, «Колос», 1981.

18. *Horses.* Animal genetik resurses of the USSR. FAO and UNEP. Rome, 1989.

## MAZMUNY


Giriş ........................................................................ 7

**I bölüm. Türkmen atçylygy Berkarar döwletiň bagtyýarlyk döwründe** ........................ 16

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň «Gadamy batly bedew» kitabynyň ylmy, filosofiki, taryhy we häzirkizaman ähmiýeti ........................ 29

«Atçylyk we atly sport hakynda» Türkmenistanyň Kanuny ........ 33

**II bölüm. Behişdi bedewler barada** ........................................ 37

Atyň synasy, syna-beden gurluşy ........................................ 39

Atyň göwre synasynyň agzalary ........................................ 40

Atyň synasyna baha bermegiň usullary ........................................ 41

Atyň esasy we goşmaça ölçegleri ........................................ 42

Beden gurluş indeks görkezijileri ........................................ 46

Atyň daşky syna-beden gurluşyny öwrenmegiň ähmiýeti ........................................ 48

Atlary biri-birinden tapawutlandyrýan alamatlar ........................ 58

Atlaryň nyşanlary we tegmilleri ........................................ 64

Atyň usully yzygider hereketleri ........................................ 67

**III bölüm. Müngi (çapuw) atlarynyň tohumlary** .................... 74

Arassa ganly ahalteke tohum aty ........................................ 74

Ahalteke atlarynyň halkara sergilerinde gazanan üstünlikleri..... 76

Ahalteke atlarynyň dürli aralyklara görkezen ýokary (rekord) ýyndamlyk görkezijileri........................................ 86

Ýomut tohum atlary........................................ 89

Arassa ganly arap tohum aty ........................................ 91

Arassa ganly iňlis tohum aty ........................................ 93

Çapuw atynyň esbaplary........................................................96
Atyň toýnagyny gözegçilikde saklamak......................................101
At toýnagynyň nallanylyşy.....................................................102

**IV bölüm. Müngi (çapuw) atlarynyň seýislenilişi**..................104

Türkmen seýisçilik sungatynyň ösüş ýollary...............................104
Seýis we seýisçilik barada......................................................104
Seýisçilikde halypaçylyk ýoly. Halypa seýisler..........................106
Seýisleriň wezipeleri..............................................................110
Seýisçilik ýollary barada düşünje. Gadymy türkmen,
ýewropa (iňlis) we häzirkizaman türkmen seýisçilik ýollary.......111
Seýisçilik barada nazary düşünje..............................................116
Atlary seýislemegiň fiziologik esaslary.....................................120
Müngi atlaryny seýislemegiň häzirkizaman usulyýetleri.............121
Atlary seýislemegiň döwürlere bölünişi.....................................122
Atçylyk hojalyklarynda taýlaryň toparlaýyn işletmek
bilen seýislemäge taýýarlanylyşy. Şpringarten...........................123
1,5 ýaşly tutum taýlaryň seýisçilik bölümlerine paýlanylyşy.......128
Taýlarýň müngä öwredilişi......................................................128
Çapuw atlarynyň synasyna, hereketine we klasyna baha berip,
synag çapuwlaryna gatnaşmaga rugsat etmegiň düzgünleri.........130
1,5 – 2 ýaş aralygyndaky gunanlaryň seýislenilişi.....................132
Daşary ýurt aýlawlarynda gunanlaryň seýislenilişi.....................139
Dürli ýaşdaky atlary çapuwlara çenli aýlawda seýislemek..........140
2 ýaşar atlaryň çapuw möwsüminde
aýlawda seýislenilişi...............................................................143
3,5 we uly ýaşar atlaryň aýlawda seýislenilişi............................144
3,5 we uly ýaşar atlary seýislemekde daşary ýurt
aýlawlarynyň tejribesi.............................................................146
Atlaryň arakesmeler bilen we dynç berlip,
«interwal» işledilişi................................................................148
Çapuwyň öň ýany we çapuw güni atlary seýislemek..................149
Seýisçilik bölümlerindäki işgärleriň sanawy..............................150
Seýisçilik athanalarynda işleriň gün tertibi................................151
Çapuw atlaryny iýmitlendirmegiň tertibi...................................152

**V bölüm. Uzak aralyklara (marafon) çapuwlara we atly ýörişlere atlary seýislemek**......154
Uzak aralyklara çapuwlara atlary seýislemek ......154
Uzak aralyklara (marafon) çapuwlara taýýarlanylýan we çapuwlara gatnaşýan wagty atlara weterinar gözegçiligi ......165
Atly ýörişlere atlary seýislemek ......167

**VI bölüm. Gorgun tohumly atlaryň seýislenilişi**......172
Gorgun atlarynyň seýislenilişi ......172
Gorgun atlaryny aýlawda seýisläp, synag etmegiň aýratynlyklary ......175

**VII bölüm. Seýislenýän atlaryň fiziologik aýratynlyklary** ......179
Seýislenýän atlaryň fiziologik aýratynlyklary ......179
Atyň deri örtüginiň, derlemeginiň we at deriniň aýratynlyklary ......181
Gan we gan aýlanyş ulgamy ......183
Atyň nerw ulgamy ......185

**VIII bölüm. Seýislenilýän we çapuw atlarynyň kada boýunça iýmitlendirilişi**......188
Seýislenilýän we capuw atlaryny iýmitlendirmegiň nazary esaslary......188
Seýislenilýän we çapuw atlaryň kada boýunça iýmitlendirilişi....190
Çapuw atlaryna bir gije-gündizde berilýän ot-iýmleriň möçberi, ýokumlylygy we iýmitlendiriş paýy ......195

**IX bölüm. Müngi atlarynyň synag edilişi** ......197
Türkmen at çapyşyklarynyň taryhy ......197
Daşary ýurt aýlawlarynyň tejribesi......200
Dünýäniň öňdebaryjy iň uly aýlawlary ......202
Ahalteke atlarynyň gatnaşmagynda ýurdumyzyň çäginden daşarda geçirilen at çapyşyklary ......206
Aýlaw we onuň gurluşy......212
Aýlaw ýodalaryna we athanalara bolan talaplar......212
Aýlawlaryň çapuw atlary bilen üpjün edilişi......215

Atlary seýislemekde we synag etmekde
aýlawyň wezipeleri ........................................................................ 216
Müngi atlaryny aýlawlarda synag etmegiň
(çapdyrmagyň) tertibi we düzgünleri ............................................ 218
Çapuwlarda goýulýan baýraklar ................................................... 228
Synag çapuwlaryny geçirmegiň tertibi ......................................... 237
Synag çapuwlarynyň netijesi barada hasabat ............................... 239
Çapyksuwarçylyk ........................................................................ 243
Çapyksuwarlary taýýarlamakda çapuw
atynyň okuw-türgenleşik trenažýory bilen işlemegiň tertibi ........ 245
Peýdalanylan edebiýatlar ............................................................. 248

Bazarbaý Meredow

# MÜNGI ATLARYNYŇ SEÝISLENILIŞI WE SYNAG EDILIŞI

Ýokary okuw mekdepleri üçin okuw kitaby


| | |
|---|---|
| Redaktor | *N. Kakabaýew* |
| Surat redaktory | *G. Orazmyradow* |
| Teh. redaktory | *O. Nurýagdyýewa* |
| Korrektor | *M. Atanyýazowa* |
| Kompýuter işleri | *D. Piriýewa* |
| Neşir üçin jogapkär | *A. Çerkezow* |

Çap etmäge rugsat edildi 17.08.2017. Ölçegi 60x90$^{1}/_{16}$.
Edebi garniturasy. Şertli çap listi 16,0.
Hasap-neşir listi 14,65. Şertli reňkli ottiski 64,25.
Çap listi 16,0. Sargyt № 1174. Sany 400.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy.
744000. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744015. Aşgabat, 2127-nji (G. Gulyýew) köçe, 51/1.